**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**

**Gurbanowa O.**

**Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin niýetlenen**

# TÜRKMENISTANYŇ TARYHY
# (XVII asyrdan – 1917-nji ýyla çenli)

**okuw gollanmasy**

**Aşgabat – 2010**

**O. Gurbanowa. Türkmenistanyň taryhy (XVII asyrdan – 1917-nji ýyla çenli)**. Ýokary okuw mekdepleriniň taryh hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. Aşgabat, 2010.

Taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent **Berdi Esenowyň** ylmy redaksiýasy bilen.

**Türkmenistanyň Bilim ministirligi tarapyndan hödürlendi**

**©Ogultäç Gurbanowa**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

# 1. Giriş

Türkmenistan öz Garaşsyzlygyny alandan soňra türkmen jemgyýetinde we dünýäde Watanymyzyň taryhya bolan gyzyklanma görülip-eşidilmedik derejede ýokarlandy. „Türkmenistanyň taryhy“ diýarymyzyň ähli okuw mekdeplerinde öwrenilip başlandy. Ol öz-özünden düşnüklidir. Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistanyň taryhyny düýpli öwrenmezden ösüp barýan ýaş nesilde öz Watanyna söýgi duýgusyny terbiýelemek mümkin däl. Garaşsyzlygymyzdan öňki taryhy işler, okuw maksatnamalary türkmen halkynyň müňlerçe ýyllar dowam eden taryhyny ýoýup görkezýärdi, onuň özboluşlylygyny doly açyp görkezip bilmeýärdi.

Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda 1992-nji ýylyň 14-nji dekabryndaky „Türkmenistanyň halkyna Ýüzlenmesinde“ türkmen halkynyň taryhyny öwrenmek hakynda wezipeler kesgitendi: „Onlarça ýyllaryň dowamynda türkmen halkyndan gizlenip saklanylan türkmen taryhyny hakyky dolulygyna hem bolşy-bolşy ýaly edip, halkyň özüne gaýtaryp bermegimiz gerek. Türkmen halkynyň bolsa, geçmişde örän beýik taryhynyň bolandygyny bu gün bütin dünýä ykrar edýär“. Türkmenistanyň taryhynyň millilik, umumynsanyýet gymmatlyklary esasynda ýazylmalydygy beiienildi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ak pata beren Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamy Watanymyzy täze-täze üstünliklere besläp, biziň kalbymyza nur çaýyp, batly gadamlar bilen öňe barýar. Döwrümiziň özgerişi, kämilleşişi mähriban halkymyzyň ykdysady, syýasy, medeni we jemgyýetçilik durmuşynda aýdyň görünýär.

Milli Liderimiziň ýurdumyzda ylym-bilim ulgamynda geçirýän ajaýyp özgertmeleri hemmeleriň ýüreklerinde joşguny, söýgüni we işleri durmuşa geçirmäge goşant goşmak

hyjuwyny döredýär. Bilim işgärlerini täzeçe, döredijilikli, yhlasly işlämäge ruhlandyrýar.

Täze Galkynyş eýýamynda halkymyzy ruhy taýdan galkyndyrmak üçin geçirilýän döwlet derejesindäki çäreler bu gün halkymyzyň kalbynda ajaýyp duýgular döredip, ol Hormatly Prezidentimize bolan söýgümizi goşalandyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen halkynyň taryhyny hemmetaraplaýyn öwrenmeklige aýratyn üns berip, bu babatda ylymly-bilimli kadrlary taýýarlamaklygy öz işlerinde we çykyşlarynda nygtaýar. “Biziň buýsanmaga myhasyr zadymyz kän, sebäbi türkmen halky gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdýan beýik medeniýetiň eýesidir”. “Türkmenler gaýtalanmajak medeni, ruhy we edebi gymmatlyklary döreden, adamzadyň medeni we ylmy genji-hazynasyna taýsyz goşant goşan dünýäniň iň gadymy halklarynyň biridir” diýip Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow belläp geçýär.

Türkmenistanyň XVII-XX asyryň başlaryndaky taryhy dagynyklyk we baknalyk döwrüni öz içine alýar. Bu döwür türkmen halkynyň taryhynda syýasy wakalaryň ýitileşip, sarsgynly krisizlere öwrülen, ykdysady taýdan pese düşmekligiň, tozgunçylygyň jemgyýetiň durmuşynda uzak dowam eden durgunlygyň zamanasy bolupdy. Bu ýagdaýlar köp şäherleriň we tutuş sebitleriň boşap galan wagty boldy. Ilatyň köpçülikleýin ondan-oňa süýşmegine, göçmegine getirdi we özara çaknyşmalara alyp bardy. Şonuň üçin-de halk köpçüliginiň hal-ahwaly pese gaçdy. Halk her näçe jebir çekse-de bu döwürde Türkmenistanyň territoriýasynyň kesgitlenen, ilatynyň belli bolup başlan ykdysadyýetiniň käbir ugurlarynyň dörän wagtydyr. Biziň ata-babalarymyzyň halkyň garaşsyzlygy, onuň özboluşly aýratynlygy ugrunda gaýduwsyz göreş alyp baran wagtydyr. XIX asyryň ortalarynda türkmen halkynyň garaşsyzlyk ugrundaky göreşde gazanan netijeleri guwandyryjy wakalardyr. Sarahs söweşi (1855), Garrygala söweşi (1858),

Mary-gajar söweşi (1861) türkmen taýpalarynyň birleşip agzybirlik bilen duşmany ýeňmegi türkmen taryhynda uly yz galdyrdy. Türkmenleriň ýerlerine uly goşun toplap gelen duşmanyň garşysyna söweşmekde türkmen hanlary Nurberdi hanyň, Gowşut hanyň harby serkerdelik ussatlyklary nusga alarlykdyr. Şu söweşlerde gazanylan ýeňişler türkmen taýpalarynyň jebisleşmegine, agzybirligine uly itergi berdi.

Bulardan başga-da türkmen halkynyň taryhyna milli klassyki edebiýatynyň, şahyrlaryň döremeginiň we ösmeginiň döwri boldy. Türkmen klassyki şahyrlaryň döredijiliginde türkmen taýpalarynyň birleşip agzybir ýaşamagy, zähmet çekmegi meseleleri aýratyn orun tutupdy. Şu döwürde türkmen halky Magtymgulynyň eserlerine we adyna aýratyn sarpa goýdy. Şeýle hem şu döwürde türkmen halky öz gadymy binagärçiligi, saz sungatyny, ady belli meşhur bagşylary, senetçiligi, haly önümlerini döretmek, zergärçilik, at bezemek, ýarag öndürmek, dürli zähmet gurallaryny ýasamak, agaç we demir ussaçylygyny we beýleki hünärmentçiligiň dürli görnüşlerini döretmegini dowam etdiripdi.

XIX asyryň II ýarymynda patyşa Russiýasy türkmen ýerlerine aralaşdy we basyp aldy. Bu döwre kolonial-baknalyk döwri diýilýär. 1869-njy ýylda Krasnowodskide (Türkmenbaşy) ilkinji rus harby otrýady düşürülen gününden hasap edilýär. Patyşa Russiýasy Türkmenistanyň basyp alýan döwründe we ondan soňky ýyllarda bu ýerde baknalyk (kolonial) syýasat ýöretdi, birnäçe özgerişlikler ýüze çykdy, türkmen halkynyň taryhynda pajygaly ýagdaýlar emele geldi (Gökdepe gyrgynçylygy, Gazawat gyrgynçylygy we başgalar), onuň gündelik durmuşynda-da üýteşmeler boldy.

**Döwre degişli taryhy çeşmeler.** Garaşsyzlyk döwründe Türkmenistanyň taryhyny dogruçyl we düýpli öwrenmek üçin zerur şertleriň döredildi. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň türkmen taryhyny düýpli öwrenmekde edýän tagallalary bimöçberdir. Hormatly

Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow türkmeniň şöhratly taryhy we baý medeni mirasyny düýpli, çuň öwrenmek üçin dürli halkara maslahatlary geçirmekde uly şertler, mümkinçilikler döretdi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň: “Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr”, "Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I, II tom", " Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk", "Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz" atly kitalary we beýleki eserleri türkmen taryhyny öwrenmekde esasy çeşmedir.

XVII asyrda türkmen ýerleri nominal (ýarym garaşly) taýdan özbaşdak bolsa-da hakykat ýüzunde dürli goňşy döwletleriň düzümine giripdirler. Şonuň üçin bu döwrüň taryhy esasan şol goňşy döwletleriň ýazarlarynyň taryhy eserlerinde beýan edilipdir.

Olaryň arasynda esasylary Orta Aziýada we Eýranda ýazylan eserlerdir. XVII-XVIII asyrlarda Türkmenistan barada Gündogar ýurtlaryň ýazarlarynyn ýazan eserleri öňki döwür bilen deňeşdirilende ep-esli azdyr. Sebäbi şu döwürde Orta Aziýanyň syýasy we ykdysady taýdan pese düşüp, dünýädäki bolup geçýän wakalara edýän täsiri ep-esli gowşaýar. Şol bir wagtda Şeýbany han ölenden soň Orta Aziýada dörän Buhara we Hywa hanlyklary barada düýpli ylmy işleri tapmak bolýar. Birnäçe taryhy işlerde Şeýbany hanyň we onuň nebereleriniň köp sanly ýörüşleri, şol sanda türkmen ýerlerini eýelemek ugrunda Buhara bilen Hywanyň we Eýranyň uzaga çeken göreşi giňişleýin beýan edilýär.

Eýran taryhy çeşmelerinde hem türkmen-Eýran gatnaşyklary barada örän köp maglumatlar alyp bolar. Eýran taryhçylary Mir-hond onuň agtygy Hondemir ähliumumy taryhy düzmek bilen Orta Aziýa barada giňişleýin gürrüň berýärler.

Munşi lakamyny göteren Iskanderbek “Älemeniň bezegi Abbasyň taryhy” diýen işinde XVII a. birinji ýarymyna çenli

bolan wakalar beýan edilýär. Ol beýik wezipeleriň golastynda işläp bolan wakalara özüniň gowy beletdigini görkezipdir.

Türkmen halkynyň taryhynda bahasyna ýetip bolmajak işleriň biri-de XVII a. Hywa hany Abulgazy tarapyndan ýazylan "Türkmenleriň nesil daragty" we "Türki halklaryň nesil daragty" diýen kitaplarydyr. Türkmenleriň arasynda köp ýyllar ýaşan Abul Gazyhan halkyň arasynda giňden ýaýran köp sanly rowaýatlar esasynda gadymy döwürleri beýan edýär. XVII asyrda bolup geçen wakalara onuň özi gönüden-göni gatnaşan adamdy. Şonuň üçin bu döwri ol şaýat hökmünde beýan edýär. Ol türkmen halkynyň XVI-XVII aa. taryhy, ykdysadyýeti, sosial gatnaşyklary barada deňi-taýy bolmadyk maglumatlary bize galdyrypdyr.

Bu kitap ilki bilen 1916 ý. çap edilýär. Soňra 1960 ý. A.Kononow ony teswirler bilen çap edýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda 1991 ý. ol türkmen dilinde-de çap edildi.

Türkmenistanyň XVIII a. taryhy barada Eýran ýazary Merwde häkim bolup oturan Muhammed Kazimiň "Älemiň bezegi Nediriň kitaby" (Nama alem ara-i Nadiri) örän gymmatly maglumatlar berýär. Bu eser 3 tomdan ybarat bolup, onuň birinji bölüminde Türkmenistanyň sosial, ykdysady, syýasy ýagdaýy, türkmen taýpalarynyň ýerleşişi, olaryň göçhä-göçlügi, Nedir şanyň türkmen ýerlerine ýörüşleri giňişleýin beýan edilýär.

Muhammed Kazimiň işi XVIII a. başga bir ýazary bolan Mehdi han Astrabatlynyň "Dünýäni Eýelän Nedir" (Jahanguş-i Nadiri) diýen işine seredende has köp ygtybarly materiallar berýär. Nedirşanyň resmi taryhçysy bolan Mehdi han esasy ünsi Nedirşanyň harby üstünliklerini öwmäge gönükdiripdir. Nedir şa, Magtymguly, Keýmir kör baradaky rowaýatlar hem XVIII a. türkmenleriň taryhy barada köp wakalary beýan edýärler.

Türkmen halkynyň taryhyny öwrenmekde az mukdarda saklanyp galan Hywa we Buhara hanlyklarynyň arhiwleri-de belli bir orun tutýarlar. Olardan bu hanlyklaryň türkmen taýpalaryň ýerleşişi, syýasy, ykdysady, sosial ýagdaýlary

barada maglumatlar saklanýar. Şol arhiwde resmi we ýarym resmi senenamalar hem saklanýarlar.

Hywaly taryhçylar Munis “Bagtyň behişt bagy” atly eseri XVIII a. birinji ýarymyna çenli aralyga onuň ýegeni Agehi bolsa bu kitaby 1872 ý. çenli ýetiripdir.Bu hakykat ýüzünde taryh bolman senenama bolupdyr. Beýan edilişi çakdanaşa birtaraplaýyn. Şoňa seretmezden bu iş özüniň jikme-jikligi bilen Buhara we Kokant hanlyklary barada ýazylan işlerden gowy tarapa tapawutlanýar.

Işde esasan harby wakalara, syýasy durmuşa, diplomatik gatnaşyklara üns berilip, içeri durmuşa uly üns berilmändir.

XIX a. türkmen halkynyň taryhynda örän çylşyrymly prosessler bolup geçýär. Birinji tarapdan Türkmenistany eýelemek ugrunda goňşy we beýik döwletleriň ymtylyşlary güýçlenýär. Ikinji tarapdan türkmen halkynda jebisleşmäge ymtylyş, onuň watany garamakda görülip-eşidilmedik gahrymançylyk sypatlary äşgär bolýar. Bu ýagdaýlar barada birnäçe gymmatly taryhy çeşmeler bar.

Eýran taryhçysy Muhammet Aly al-Huseýniniň “Jeňte Merw” diýen işinde türkmen-eýran gatnaşyklarynyň XIX a. has ýitileşmeginiň sebäpleri, türkmen halkynyň durmuşy barada gürrüň berilýär. Awtor 1861 ý. Eýran goşunlarynyň Mara bolan ýörüşine gatnaşypdyr we gerek zatlaryny beýan edýär. Ol Eýran goşunlarynyň ýeňilmegini esasan goşunyň türkmenleriň söweşjeň ukybyny äsgermezlik edileni bilen düşündirýär.

Edil şu tema barada türkmen ýazary Abdysetdar Kazy hem “Jeňnama” (Tekeleriň söweşleri barada hekaýat”) kitabyny ýazýar. Ol şahyrana görnüşde türkmenleriň gahrymanlygyny türkmen serkerdeleriniň ussatlygyny beýan edýär. Eýranlylaryň ýörüşine gatnaşan fransuz fotografy Guliber de Blokwiliň türkmenlere ýesir düşüp başdan geçirenleri barada “Türkmenlerde ýesirlikde” diýen nuktaý-nazardan baha bermäge mümkinçilik döredýär.

Seýitnazar Seýdiniň, Gurbandurdy Zeliliniň goşgulary türkmen taýpalarynyň Buhara emiriniň we Hywa hanynyň ýörüşlerine garşy göreşi beýan edilýär.

**Türkmen-rus gatnaşyklary barada taryhy çeşmeler.** Türkmen halkynyň dagynyklyk döwri barada birnäçe Ýewropa we rus syýahatçylarynyň-da işleri bardyr. XVII-XVIII asyrlarda rus-türkmen syýasy we ykdysady gatnaşyklary barha janlanyp başlanýar. Bu gatnaşyklar Russiýa imperiýasynyň Arheografik komissiýasy we Kawkaz arheografik komissiýalary tarapyndan XIX a. ikinji ýarymynda taýýarlanan, çap edilen taryhy resminamalardan açyk görünýär.

Iwan Hohlowyň 1620-1622 ý. Buharada ilçi hökmünde, Iwan Fedotewiň 1669-1700 ý. Hywada ilçi hökmünde boluşy, A.Bekowiç-Çerkasskiniň 1713-1717 ý. türkmen ýerlerinde ekspedisiýasy barada hasabatlar, 1740-1741ý. Gladyşewiň we Murawiniň Hywa syýahaty, 1753 ý. Samara täjiri Rukawkiniň Hywa gelip gitmegi, rus ofiserleri Beneweniniň, W.Kopytowskiniň M.Ladyženskiniň, I.Tokmaçewiň, Gmeliniň, Woýnowiçiň ekspedisiýalarynyň materiallarynda türkmenleriň durmuşy, ýerleşişi, olaryň rus patyşasynyň raýatlygyna geçip başlamagy bilen baglanşykly wakalar beýan edýärler. Bu işlerden Türkmenistanyň deňiz boýy ýerleri, hünärleri barada başga taryhy çeşmelerde duş gelmeýän maglumatlar örän kän.

Öň aýdyp geçişimiz ýaly, XIX asyrda türkmen halkynyň durmuşynda örän çylşyrymly, pajygaly wakalar bolup geçdi. Şonuň üçin bu wakalara, aýratyn-da türkmen-rus gatnaşyklaryna degişli edebiýatyň örän köpdigi düşnüklidir. Bu edebiýätda dürli ýazarlar gapma-garşylykly pikirleri öňe sürýärler.

XIX asyryň I ýarymynda Orta Aziýäny basyp almak meselesi boýunça iňlis-rus bäsleşmegi netijesinde iki ýurt hem Türkmenistana köp sanly jansyzlary, ekspedisiýalary, žurnalistleri gizlin ýa-da açyk görnüşde iberip durupdyrlar. Olar hem öz gören-eşiden zatlaryny ýazga geçirip çap

edipdirler. Şu nukdaý nazardan XIX asyryň başynda Günbatar Türkmenistany torç eden rus ekspedisiýalarynyň materiallary aýratyn orun tutýar. K. Bode, A. Borns, Turpaýew, G.S. Karelin, N.N. Murawýew, F. Nazarow, P. Nebolsin, N. G. Petrusewiç, Ewersman, Ýe. Eýhwald, I.F. Blaramberg, M.I. Bogdanow, P.P. Iwanow Günbatar Türkmenistany, Kaspiý deňzini we onuň kenarlaryny, türkmen taýpalarynyň ýerleşişini, olaryň hojalyklaryny, däp-dessurlaryny, Russiýa garaýyşlaryny öwrenýärler. Şol bir wagtda beýleki Ýewropa ýurtlarynyň wekillerinden O,Donowan, Abbot, Şekspir, J.Frezer, A. Wamberi, Mak-Gahan Türkmenistanda bolup, ony öwrenipdirler, käbirleri bolsa türkmenleri ruslara garşylyk görkezmäge we iňlislere gol ýazmaga çagyrmak üçin işläpdirler.

M.Alihanow-Awarskiý, G.Demurow, M.Iwanin, A.Kwitna, Kolokolsew, A.Kun, A.N. Kuropatkin, W. Şahowskiý, A.W. Şerbak, N.I. Gradekow, Ýe.zelýabužskiý, W.A. Tugan-Mirza-Baranowskiý we beýleki birnäçe awtorlar Türkmenistanyň ýerlerinde 1873-1886 ý.ý. harby hereketleriň boluşyny beýan edipdirler, ruslaryň we türkmenleriň söweşjeň ukyplaryna baha beripdirler.

Russiýanyň Türkmenistanda ornaşmagy baradaky meselä syýasy we aňyýet garaýyşlara baglylykda dürli adamlar, hatda şol bir adamlar tarapyndan hem dürli wagtda dürlüçe baha berýärler.

Ýokarda agzalan rus generallary Russiýä Türkmenistany basyp aldy, ýaragly ýol bilen eýeledi, şonuň üçin bu ýerde ruslar hojaýyndylar we özlerine bähbitli syýasat geçirmelidiler, türkmenler bolsa ýurda eýeçilik edeni üçin ruslara minnetdar bolmalydyrlar diýen nukdaý-nazardan ugur alýärdylar. Şeýle ýagdaý tä 1917-nji ýylda bolup geçen oktýabr rewolýusiýasyna çenli dowam edipdi.

1917-nji ýyldan soň hem Patyşa Russiýasy Türkmenistany basyp aldy diýen nukdaý nazardan ugur

alynýardy. Emma bu döwürde bolşewikleriň internasionalizm syýasatyndan ugur alynyp kolonializm, imperializm syýäsaty, patyşa Russiýasynyň 1917-nji ýyla çenli Türkmenistanda alyp baran syýasaty düýpli ýazgarylýärdy. Indi ähli halklar deňdirler we dogandyrlar diýen şygar öňe sürülýärdi. Arbekow, Gopuzo, G.I. Karpow, P. Alekseýw, N. Ýomudskiý, S. Öwezbaýew öz makalalarynda patyşa hökümetiniň ýklabyndan öňki syýasatyny ýazgarýardylar. 1940-njy ýylda taryhçy A. Garryýew ``Mugallymlara kömek`` žurnalynyň 8-nji nomerinde ``Patyşa Russiýasynyň Orta Aziýany basyp almagy`` diýen makalalar toplumy bilen çykyş etdi.

Ýazuw çeşmeleriň arasynda has gowy tutuşlukda saklanýany arhiw resminamalarydyr.Arhiwde döwlet, partiýa, jemgiýetçilik, dini döredijilik guramalryň, dürli şahsyýetleriň ýazuw resminamalary saklanýar. Türkmenistanyň taryhy barada arhiw resminamalarynyň iň gadymylary, (XVI-XVII a.a. degişlileri ) Russiýanyň, Eýranyň, Özbekistanyň (Hyýwa, Buhara) , Gruziýanyň, Ermenistanyň arhiwlerinde saklanýar.

Türkmenistany Russiýa basyp alandan soň XIX a.ahyryndan başlap, Turkmenistanyň özünde-de arhiw resminamalary toplanyp başlaýar. Sowet döwründe Türkmenistanda respubilkan, welaýat, edara, partiýa arhiw ulgamlary döreýär.

Ondan başgada soňky döwürde arhiwlerde kino, audio, widio, fota resminamalar hem toplanylýar.Olaryň hemmesi öz döwrüniň şaýatnamalarydyr.

Dürli wahtlarda taryhçy alymlaryň özleri Türkmenistanyň taryhyna degişli dürli mazmunly eserler döredipdirler. XIX-XX asyryň sepgidinde Zakaspi oblastyndaky gadymy ýadygärlikleri öwrenen W.A. Žukowskiý, A.A. Semýonow dagylar peýdaky taryhy maglumatlary köpçülige ýetiren bolsa, I.N. Bereziniň, A.N.Samoýlowiçiň türkmen dili edebiýaty, halk döredijiligi (folklory) boýunça çap eden işleri tutuşlygyna dünýä ylmy

jemgyýetçiligine mälim bolupdy. Türkmen halkynyň taryhyny beýan etmekde belli gündogarşynas, görnükli alym, akademik W.W.Bartolda (1869-1930) aýratyn orun degişlidir. Merkezi Aziýa halkalrynyň taryhy boýunça köpsanly umumylaşdyryjy eserler bilen bir hatarda ol türkmen halkynyň VIII-XIX asyrlardaky taryhy boýunça düýpli ylmy işleri ýazdy. Onuň 1929-njy ýylda rus dilinde çap etdiren “Türkmen halkynyň taryhynyň oçerkleri” diýen işi käbir soňlanmadyk pikirleriň bardygyna garamazda Türkmenistanyň taryhyny öwrenýänler üçin gymmatly gollanma bolup durýar.

XX asyryň ortalarynda ilkinji milli taryhçylarymyz ýetişip başlapdy. Bu hadysa XX asyryň 50-nji ýyllarynda köpçülikleýin häsiýete eýe bolupdy. 50-nji ýyllaryň ahyrynda “Türkmenistan SSR-niň taryhy” atly kitap çap edildi. Bi iki tomlyk Türkmenistanyň iň gadymyýetinden başlap 1957-nji ýyla çenli döwri öz içine alýar. 60-70-nji ýyllarda Türkmenistanyň taryhynyň esasan hem sowet döwrüniň aýry-aýry problemalary boýunça monografik neşirler peýda boldy. XX asyryň ikinji ýarymynda ýurdumyzyň taryhçylary tarapyndan taryhyň aýry-aýry meseleleri, arheologiýay, etnologiýasy boýunça dürli mazmunly, dürli möçberli ylmy problemalaryň üstünde işlenildi.

Türkmenistan patyşa Russiýasy tarapyndan basylyp alnandan soň, türkmenleriň erkana ýaşaýyş durmuşy wagtlaýyn tamamlanýar. Gazawat gyrgynçylygy, Gökdepe pajygasy ýaly wakalar halkyň aňynda ýatdan çykmajak yz galdyrdy.

Türkmenistan Garaşsyzlyga eýe bolanyndan soň, has-da Täze Galkynyş zamanasynda türkmen halkynyň taryhyna bolan garaýyş, onuň taryhy öwrenmäge çemeleşiş bütinleý özgerdi.

## 2. XVII-XIX asyryñ birinji ýarymynda türkmenleriñ goñşy döwletler bilen gatnaşygy. Türkmen-Eýran gatnaşyklary.

**Nedir şa we onuñ türkmenler barada syýasaty. Keýmir kör.** XVI asyryñ başyndan bäri Eýrany dolandyryp gelen Sefewiler döwleti XVIII başlarynda synýar. Bu ýagadaý ýurduñ durmuşyna uly täsir edýär we ol hakykat ýüzünde birnäçe ownuk administratiw topara bölünýär. Günorta Eýarany owganlaryñ gilzaý tiresinden bolan Mir Mahmyt eýeleýär. Ol güýjüni jemläp, sefewileriñ paýtagty Yspyhany basyp alýar we özüni "Eýranyñ şasy" diýip yglan edýär.

Mazenderanda, Gürgende türki dilli taýpalardan bolan gajarlar dinastiýasyndan Tahmasp häkimýeti ele alýar. Horasanda hiç kime-de boýun bolmak islemeýän birnäçe ownuk feodal birleşme döreýär. Döwürdeşleriniñ ýazmagyna görä, bu ýerde her şäher ýa-da gala, ilatly punkt özbaşdak hanlyga meñzeýär. Olaryñ arasynda häkimýeti ele almak ugrunda göreş tutaşýar. Ỳagdaýdan asly oguzlaryñ afşar tiresinden bolan, geljekde bütin Aziýa belli imperator, "Gündogaryñ Isgender Zulkarneýni" adyny alan Nedir şa (1688-1747) peýdalanýar. Ol 1688-nji ýylda Kelatyñ eteginde ýaşaýan, deri eýlemek bilen meşgullanýan garamaýagyñ maşgalasynda eneden bolýar.

Afşarlar iki tirä – gasymlulylara we arhlulylara (kyrklulylara) bölünipdir. Nedir şa şolaryñ kyrklu tiresindendir.

Nedir şanyñ çagalygy ýeñil geçmändir. Ol entek ýigdekçe wagtlary, ýagny 1704-08-nji ýyllarda ejesi bilen Hywa ýesir düşüpdir. Il içindäki gürrüñlere görä Nedirguly Hywadan Ahala gaýtjak bolup, kösenip ýörkä, Keýmir kör bilen tanşypdyr we olaryñ arasynda gatnaşyk başlanypdyr.

Nedirguly Ahala gelip, Abywerdiñ hökümdaryna gulluga durupdyr. Şol döwürden onuñ türkmenler bilen gatnaşygy ýitileşip başlapdyr. Ol, bir tarapdan-a her edip – hesip edip,

türkmenleri öz tarapyna çekjek bolupdyr , beýleki tarapdan-da, olara garşy talañçylykly syýasaty ýöredipdir.

Nedirguly ilki Abywerdiñ töwereklerinde ýaşaýan türkmenleriñ üstüne galtamançylykly çozuşlary gurapdyr. Onuñ Abywertden 12-13 km. uzaklykdaky Nikki galanyñ töweregindäki ýemrelileriñ üstüne ýörişi türkmenleriñ garşysyna eden ilkinji uly ýörişidir. Şonda ýemreliler Nedirgula güýçli gaýtawul görkezipdirler. Uzaga çeken gabaw ýemrelileri hayrsoñy boýun bolmaga mejbur edipdir. Bu gaýtawuly ýokuş gören Nedirguly olara "göz görkezmek" üçin galany tep-tekiz edip ýemrelileri toparlara bölüp, çar tarapa göçüripdir.

Nedir Durun we Nusaý etraplarynda ýaşaýan türkmenleriñ üstüne-de talañçylykly ýöriş gurap durupdyr. Ol Bagabadyñ töweregindäki türkmenleriñ üstüne çozanda, Eýran taryhçysy Mehdi han aýtmyşlaýyn, "Öldürmek we talamak üçin zerur zatlaryñ" hemmesini edipdir. Ondan soñ nobat gadymy Merw topragyna ýetipdir.

Nediriñ Merwe çozuşynyñ öñsyrasynda, ýagny 1723-24-nji ýyllarda ol ýerde 30-40 müñ çemesi adamyñ heläk bolmagyna getiren garahassalyk bolan eken. Kem-kemden adam ganyna öwrenşip barýan Nedirgulynyñ bu toprakdaky talañçylygy ýerli ilat üçin ikinji garahassalyk keseline öwrülipdir. Ol 1727-nji ýylda Merwi eýelemek bilen ony esesy suw desgasyny-Soltanbendi ýykdyryp, ilaty suwsuz goýupdyr. bu bolsa ekinleriñ guramagyna getiripdir. Nedirguly ýesirleri jezalandyryp, aýallary , çagalary gula öwrüpdir.

Nedir Etrek – Gürgen sebitlerinde ýaşaýan türkmenleriñ üstüne-de çozup durupdyr. 1729-30-njy ýyllarda Nedirguly şanyñ adyndan hereket edip, Eýrandan owganlylary kowup çykarýar. Şondan soñ onuñ daşary ýurtlara basypalyjylykly ýörişleri başlaýar.Ol Owganistana, Yraga, Zakawkaziýa hüjüm edýär. Nedir şa türkmen atlylaryna uly ähmiýet beripdir. Olary her edip- hesip edip, öz tarapyna çekmek, keseki ýurtlary basyp almakda ulanmak isläpdir. Nediriñ taryhyny ýazmakda belli

taryhçy , onuñ Merwdäki weziri Muhammet Kazymyñ sözlerine görä, ol türkmenleriñ taýpa-tire ýolbaşçylaryny şa köşgüne çagyryp: “Eger maña boýun egseñiz, hyzmat etseñiz Eýranýn ýa Turanyñ islendik ýerinde ýurt tutunyp bilersiñiz” diýipdir, şoña mümkinçilik hem döredipdir. Namysjañ türkmenler şanyñ “peşgeşine” aldanman: “Keseki ýurtda şa bolandan öz ýurduñda geda bol” diýen halk pähimine gulluk edipdirler we onuñ gan döküp edýän zulumyny goldamak islemändirler. Şanyñ dikmeleri türkmenlerden hökmany suratda nöker bermegini talap edipdir. Bu talap türkmen taýpalarynyñ Nedir şaga garşy göreşmegine sebäp bolupdyr. Eýranyñ demirgazyk araçaklerinde türkmenleriñ, esasan hem ýomutlaryñ we gökleñleriñ şaga garşy çykyşlarynyñ arasy üzülmändir. Iñ uly gozgalañlaryñ biri 1730-njy ýylda bolupdyr. Şonda tekeleriñ, ýomutlaryñ , ärsarylaryñ, saryklaryñ birleşen 10 müñden gowrak goşuny Nedire gaýtawul beripdir.

Nedir şanyñ zulumyna çydamadyk türkmen taýpalarynyñ birnäçesi Hywa tarap göçüpdir. XVIII asyryñ 30-njy ýyllarynda olar Merkezi Aziýada Eýran basybalyjylaryna garşy çykar ýaly goşun birleşmeleriniñ esasyny düzüpdirler. Hywa hany Ilbars (1728-40) türkmen atlylaryna daýanyp, 1735-nji hem-de 1739-njy ýyllarda Horasana hüjüm edipdir. Nedir şa Türkmenistanyñ ýerlerine , türkmenleriñ üstüne duýdansyz goşun iberip, obalary otlap, mallary talap, ekinleri ýakyp , adamlary ýesilige äkidip durupdyr. Onuñ ürkmenler babatyndaky zalymlygynyñ çägi bolmandyr. her halda Nedire türkmenleri tutuşlygyna boýun egdirmek başratmandyr.

1736-njy ýylda goşunyñ kömegi bilen häkimýeti basyp alan Nedir “Eýranyñ şasy” diýlip yglan edilipdir we ony 1747-nji ýyla çenli dolandyrypdyr.

Nedir şa türkmen ýerlerinden gadymy Merw oazisine uly ähmiýet beripdir. Ol Hindistana ýörişe başlamazynyñ öñýanynda, Merwi dikledip, imperiýasyna demirgazykdan abanjak howpdan gorar yaly harby baza döretmek isläpdir.

Onuñ üçin 1733-nji ýylda Merw şäherini-de, Soltanbendi-de dikeltmäge perman beripdir. Bu işlerde işlemek üçin Horasanyñ dürli ýerlerinden 10 müñ adam Merwe getirilipdir. Olaryñ 3 müñi gurluşyk işlerindäki dikeldişiñ agyr şertlerine çydap bilmän heläk bolupdyr. Merwe Eýranyñ dürli ýerlerinden 3 müñ daýhan hojalygy-da göçürilip getirilipdir. Olar, döwürdeşleriniñ häsiýetlendirişine görä, esger daýhanlardy. Olar hem-ä ekin ekmelidi, hem-de şa imperiýasyny goramagy alyp barmalydy. Şeýlelikde, Merwde Eýran şasynyñ harby koloniýasy döredilipdi.

Nedir şanyñ goşunlarynyñ türkmenerden yzygiderli gaýtawul alan ýerleriniñ biri-de Amyderýanyñ aýak akymalydyr. Hywa hanlygyna degişli hasaplanýan ol ýerlere 30-njy ýyllarda Nedir şanyñ zulumyndan gaçyp, Günorta – Günbatar , Gündogar Türkmenistandan türkmenleriñ uly topary gelipdi. Olar ondan öñ hem Hywa hanlygynyñ ýerlerinde köpçülikleýin ýaşap gelýän türkmenler bilen birleşipdi. Şeýlelikde, şol dürde Hywa hanlygy türkmenleriñ köpçülikleýin jemlenen ýerine öwrülipdi. Nedir şa özüne tabyn bolmakdan boýun gaçyran türkmenleri we hanlygyñ esasy ilaty bolan özbekleri boýun egdirmek üçin ol ýerede harby ýöriş geçirmegi maksat edinýär. Ol ilki bilen 1740-njy ýylyñ tomsunda Buhara hanlygyny añsatlyk bilen boýun egdirýär. Nedir şa ýeñişden peýdalanýar, şol ýylyñ oktýabr aýynyñ 7-ne Hywa ýörişe başlaýar. Birleşen türkmen-özbek goşunynyñ Nedir şanyñ goşuny bilen ilkinji söweşi 1740-njy ýylyñ 21-nji oktýabrynda Türkmenabadyñ golaýýnda bolýar we Nedir şanyñ peýdasyna tamamlanýar. Nedir şa garşy türkmenler hem göreşipdir.

Basyp alan ýerlerinde-de Eýranda-da zalymlykda ýakasyny tanadan Nedir şa boýun egmezek türkmenlere agyr salgytlar salypdyr. Muhammet Kazymyñ belleýşi ýaly, ol salgydy tölemeýänleri-de, tölemäge ukyby ýoklary-da gaýgyrmandyr. Nedir şanyñ imperiýasynyñ dürli ýerlerinde

gozgalañlar bolup durupdyr. Nedir şa 59 ýaşynda aradan çykypdyr.Ol zalym, ganhor,urşujy şa hökmünde taryha giripdi.

Türkmen taypalarynyň biri bolan tekeler hem beýleki kowumdaş taýpalary ýaly başyndan agyr günleri başyndan geçiripdirler. Olar Türkmenistanyň dürli ýerlerinde mekan tutupdyrlar. Oturan öz ýurtlaryny talaňçylardan, gelmişeklerden gorapdyrlar. Teke taýpalarynyň uly toparlary Owganystanyň demirgazyk ýerlerinde ýaşapdyrlar. XVIII asyryň başynda Antguýy (Owganystanda) diýen ýerde Hojanepes batyryň maşgalasynda bir oglan dünýä inýär. Oňa Keýmir (aňladýan manysy: gaýtmaz, dönmez, göni, sowulmaz) diýip at goýýarlar. Döwletmämmet Düýegöz Orazmämmet ogly şol wagt tekeleriň ýaşulysy bolupdyr. Keýmir onuň terbiýesinde kämilleşýär. Şirgazy hanyň söwer dosty Döwletmämmet Düýegöz aga Şirgazy handan ygtyýar alyp 1719-njy ýylda öz topary bilen Wasa göçüp barýar. Şonda Keýmir ilki öz tireleriniň, soňam Döwletmämmet Düýegözüň baş serdary, orunbasary ýaly wezipelerde halkyna hyzmat edipdir. Şirgazy hanyň ölüminden (1728) soň kada-kanunlaryň üýtgänleriň, şertnamalaryň bozulanlygy, Wasa çekilen aryk-ýaplaryň gömlüp suwuň kesilenligi hem-de özüniň gaty garranlygy sebäpli Döwletmämmet Düýegöz aga ýaşululygy Keýmire tabşyrýar hem-de oňa gadymy mekana Ahala we Merkezi Garaguma dolanmagy maslahat berýär. Şondan köp wagt geçmänkä şol ýerde aradan çykýar.

Tekeler Tejen – Üçburç, Ýolbarsly sebitlerinde mesgen tutunyp, Damla, Ýerbent, Kyrkguýy, Mamur, Garryçyrla, Kürtüş sebitlerinden tä Balkan ýakalaryna çenli ýaýraýarlar. Emma Eýranyň dikmeleri – Etek galalarynyň baş hany Ugurly gazak (ýemreliniň gazak tiresinden), Mary welaýatynyň baş hany Baýramaly han (şyga gajarlaryň hany) we Eýran hanlyklary bilen birleşip, tekeleri ýene-de sürgünde bolan ýerlerine kowmak isleýärler. Olar Eýran goşunlary bilen goşulyşyp, çarwa tekelere gün bermeýärdiler.

Tekeler Balkan eteginde oturanlarynda Eýran leşgerleri ençeme çozuşlar edýär.

Keýmir kör Garagum çölünde berkitme-gala hem gurýar.

Hemişe-de teke türkmenlerini halamadyk Baýramaly han tekeleri gelen ýerlerine kowmak üçin her-hili pyssy-pyjurlyklar edýär. Marynyň aýagynda oturan teke çarwalaryny talap, azar ýamanyny berýärler.

Bu ýagdaýdan soň Garaguma ýaýrap oturan tekeleriň ähli aksakgallaryny we serdarlaryny ýygnap, Keýmir uly mejlis-maslahat geçirýär.

Maslahatda tekeler kömek sorap Hywa hanyna ýüz tutmagy makullaýarlar.

Eýran bilen bolan gatnaşyklarynda Nedir şadan soñ hem türkmen durmuşynda asudalyk bolmandy, türkmenleriñ ýaşaýan welaýaty bolan Horasan tä, XVIII asyryñ ahyryna çenli Nedir şanyñ nesli tarapyndan dolandyrylypdy. Ol indi bir bitewilik däl-de, birnäçe ownuk eýeçilige, özboluşly hanlyklara bölüpdi. Bu ýagdaý türkmenleriñ ýaşaýşyna-da täsirini ýetirip, olara Ahal – Etrek ýerlerinde täzeden köpçülikleýin ýurt tutunmaga şert döredipdi .

Ownuk çaknyşyklaryñ ençeme gezek bolandygyna garamazdan, XVIII asyryñ ikinji ýarymynda türkmen –Eýran gatnaşyklarynda uly syýasy-harby wakalar bolmady.

**XIX asyryñ başlarynda Etrek-Gürgen türkmenleriniñ gozgalañy.**

XIX asyryñ birinji ýarymynda Kaspiniñ kenarlaryndan tä Sarahsa çenli aralykda ýaşaýan türkmenler Eýran goşunlarynyñ çozuşyny birnäçe sapar yza serpikdiripdi. Olar özbaşdaklyk ugrunda göreşipdirler. Garaşsyzlyk ugrundaky gozgalañlaryñ biri 1813-nji ýylda bolupdy. Maý aýynda başlanan bu gozgalañ uzak dowam etmän , eýýäm şol ýylyñ sentýabr aýynda Eýran goşunlary tarapyndan basylyp ýatyryldy. Onuñ başlanmagy we gidişi Türküstan hojalygyndan bolan Ỳusup (Muhammet) hojanyñ Eýran şasyna garşy göreşi

bilen baglanşyklydy. Ỳusup hoja ýomutlary we gökleñleri Eýran şasyna garşy göreşe taýýarlapdyr. Ony ýomutlardan Gurbangylyç han goldapdy. 1813-nji ýylyñ gozgalañy türkmenler üçin şowsuz tamamlanypdy. Gozgalañ wagty Ỳusup hojanyñ özi hem öldürilipdir.

Türkmen halkynyň XIX asyr syýasy taryhy örän baýdyr.

Goňşy döwletleriň zulmuna garşy türkmenler ömürboýy gozgalaň, göreş edip gelendir. Eýrandaky gajarlar dinastiýasynyň sütemine garşy gökleňler bilen ýomutlaryň birleşip, 1813-nji ýylda turuzan gozgalaňy birinji rus-eýran urşy döwründe bolup geçipdi we taryha "Gülüstan wakasy" hökmünde giripdi. Gozgalaň 1813-nji ýylyň ýaz aýlarynda gökleňleriň arasynda başlandy we derrew ähli gökleň we ýomut taýpalaryny gurşap aldy.

Gajarlaryň azgynçylykly düzgünleriniň, Astrabat häkimleriniň çäksiz eden-etdiliginiň, bimöçber tölegleriň, adamlary zor bilen goşuna almak, zamuna (girew) saklamak düzgünine garşy Etrek-Gurgen türkmenleri gozgalaň edýär. Gozgalaňa gökleňler bilen ýomutlaryň arasynda peýda bolan Seýit Muhammet Ýusup Soltan atly bir hajy baştutanlyk edýär. Maglumatlara görä ol Fat Aly şadan göwni galan asly badahşanly hojalardan bolan derwüş bolupdyr. Tähranda zamunlaryň yzyndan gelen ýa-da özi zamuna alnan ýomutlaryň hany Gurbangylyja sataşyp onuň bilen ýakyn gatnaşykda bolupdyr. Her hili harby we söweş enjamlaryny satyn alýar hem-de Gurbangylyç bilen Etrek-Gürgene gaýdýar. Bu derwüş hajynyň türkmenleriň arasyna gelmegi olaryň gozgalaň etmegine itergi bolýar.

Hajy gökleňlerden uly ýygyn toplap, tizara serhetdäki parslaryň Peserek galasyny eýeläpdir. Wakalar örän tiz ýaýbaňlanypdyr. Fat Aly şanyň permany bilen onuň ogullary Horasanyň hökümdary şazada Muhammetweli mürze, Astrabadyň hökümdary şazada Muhammetguly mürze öz otrýadlary bilen iki tarapdan gozgalaňçylaryň garşysyna

hereket edipdir. Gündogardan Maşadyň otrýady gökleňleriň, günbatardan Astrabadyň otrýady ýomutlaryň üstüne barmalydy. Jeza beriji goşunlaryň umumy sany 25 müň adamdan ybarat bolupdyr. Gozgalaňçylar bilen şa goşunlarynyň arasyndaky söweş 1813-nji ýylyň maý-iýun aýynda Gürgen boýunda bolup geçýär.

Gozgalaňyň başlananlygy baradaky habar deňziň beýleki kenaryna derrew ýetipdir. Russiýanyň Kawkazdaky baş komanduýuşisi general N.F.Rtişew 1813-nji ýylyň iyun aýynyň 26-synda eskadrasyna türkmenleriň gozgalaň baradaky habarynyň çyndygyny, şeýle bolsa, "Onda arka durmagy we hemmetaraplaýyn kömek bermegi wada edip, türkmenleriň Eýran hökümetine garşy ol meýillerini hemme çäreler arkaly goldalydygy" barada buýurýar. Patyşa Aleksandr I N.F.Rtişewe "şu halkyň tutan bu tutumlaryny mümkin boldugyça goldamaga, hatda olar bilen şertnama baglaşmaga-da" ygtyýar beripdir.

Türkmen wekillerini Kaspi deňziniň günbatar kenarynda hormat bilen garşylapdyrlar. Olaryň ýanyna flot serkerdesiniň baştutanlygynda kiçiräk kazak atly otrýadyny goşup, ýol harjy hökmünde her haýsyna altmyş bäş golland altyn puluny berip, komanduýuşiniň Garabagdaky Gülüstan diýen ýerde ýerleşen lagerine ugradypdyrlar. Olar bilen bir günde Gülistana general Rtişew bilen ýaraşyk şertnamasyny baglaşmak üçin Eýran şasynyň wekili hem gelip ýetişipdir. Mürze Abdylhasan "Russiýa tarapyndan goldanylýan türkmenleriň öz ýurdy üçin neneňsi howpludygyny bilipdir" we Russiýa hökümetiniň "olar bilen hiç hili gatnaşyk açmazlygyny" talap edipdir. Rtişew munuň bilen razylaşypdyr we 1813-nji ýylyň 12-nji oktýabrynda Gülüstan ýaraşyk şertnamasyna gol çekipdir.

Şeýlelik bilen, Kaspi deňziniň kenarýaka türkmenleriniň missiýasy şowsuz gutardy. Gozgalaň bolsa möwç alýardy. Gürgen derýasynyň sag kenarynda Eýran goşunlary bilen

gozgalaňçylaryň aldym-berdimli baş söweşi bolupdyr. Esasy söweş 1813-nji ýylyň sentýabr aýynyň 11-ine bolupdyr. Şonda Hajy gökleňlerden we ýomutlardan edermen ýigitleriň 20 müňüsini nyzam bilen Astrabadyň hökümdary şazada Muhammetguly mürzäniň goşunlarynyň öňünden çykarypdyr. Söweş güni Hajynyň özi şahsy gahrymançylyk görkezipdir. Ilkinji bolup öz atyny debsäp, jeň meýdanyna çykypdyr, eline naýza alyp, duşmana topulypdyr, tä Gürgeniň kenaryna barýança atynyň başyny çekmändir. Onuň yzy bilen türkmen gozgalaňçylary-da gahrymançylyk we edermençilik görkezipdir. Olar hüjüme geçip, şazadanyň goşunlaryny derbi-dagyn edipdir, onuň nökerleriniň köpüsi janyndan gorkup, basga düşüpdir, özlerini suwa urup, heläk bolupdyr. Söweşde Hajy wepat bolupdyr.

Bu söweşden soň gozgalaňçylar öz ýeňşiniň miwesinden peýdalanyp bilmändirler. Hajy wepat bolansoň gozgalaň kiparlap başlapdyr, gökleňleriň we ýomutlaryň arasynda agzalalyk artypdyr. Bu bolsa onuň ýeňilmegine, netijesiz gutarmagyna getiripdir. Şeýdip Etrek-Gürgen türkmenleriniň Eýrandaky gajarlar dinastiýasynyň sütemine garşy gozgalaňy netijesiz tamamlandy. 1813-nji ýylyň gozgalaňyň tolkunlary diňe türkmenleriň arasynda däl, eýsem Orta Aziýa, Eýrana, Russiýa ýaýrady. Gozgalaň Eýranyň Astrabat, Horasan, Mazenderan welaýatlaryny sarsdyrdy.

Eýran bilen ýekme-ýek galan gozgalaň eden türkmenlere garşy telim gezek ýöriş edip, olara jeza berildi. 1832-1833-nji ýyllarda şazada Apbas Mürze ýomutlaryň we gökleňleriň üsti bilen geçip, Sarahsa ýetip, ony ýumrup gaýtdy. 1836-njy ýylda Muhammet şanyň hut özi ýomutlar bilen gökleňleriň üstüne agyr goşun bilen ýöriş edipdi. Muňa bahana bolan zat şol ýylyň Magtymguly aýynda düýeçi tiresinden Magtymguly hanyň baştutanlygynda ýomutlar bilen gökleňleriň birleşen güýji Astrabadyň häkiminiň dogany Mürze Mämmet han Maksatlynyň goşunlaryny Gürgen boýunda derbi-dagyn

etmegi, onuň şol söweşde ölmegi, 1400 nökeriniň bolsa ýesir düşüp, Hywanyň gul bazaryna sürülmegi boldy.

Muhammet şanyň we Feridun Mürzäniň goşunlarynyň çozmagy netijesinde türkmenler örän köp zyýan çekdi. Şa goşunlary köp aýal, oglan-uşaklary ýesir aldy, on müňlerçe goýun, iri şahly mal, gäwmişleri, ýabylary we düýeleri sürüp äkitdi, ilatyň ähli emlägini otlapdyrlar.

**Garrygala söweşi.** XIX asyryñ ortalarynda Eyýran bilen Hywanyñ arasynda “türkmen meselesi” has-da ýitileşipdi. Olaryñ ikisi-de Merwde agalyk sürmek niýetini durmuşa geçirmek bolýardy. Biri-birine ilçi iberip, garşydaşlarynyñ Merwe Sarahsa garaýşyny anyklaşdyrjak , şeýdip ol ýerleri eýelemekde biri-birinden öñürtjek bolýardylar. Türkmenler duşmanyñ hiç biri bilen-de uruşmagyñ tarapdary däldi . Oña garamazdan, XIX asyryñ ortalarynda uly möçberli türkmen – Eýran , türkmen-Hywa uruşlary bolupdy. Türkmenler özbaşdaklyk , azatlyk ugrundaky göreşlere baş götermäge mejbur bolupdyrlar.

1855-nji ýylyñ Sarahs urşunda Hywa goşunynyñ ýeñilmegi Eýran şasynyñ türkmen ýerlerinde öz agalygyny berkitmek pikirini has-da janlandyrdy. Diñe bir Eýran şasy däl , eýsem onuñ türkmen ýerlerine ýakyn welaýatlardaky dikmeleri-de türkmenleri boýun egdirmäge täzeden çemeleşip başladylar. Bu bolsa täze türkmen – Eýran uruşlaryna getirdi . Olaryñ has ulularynyñ biri 1857-58-nji ýyllarda bolup geçen Garrygala urşudy. Ol uruşda Eýran goşunyna Büjnürdiñ kürt ilhany Japarguly han ýolbaşcylyk edipdi. Ol kim, nähili adamdy? Taryhy çeşmelerde berilän maglumatlara görä, Japarguly han 1846-50-nji ýyllarda Abul Hasan han Salar bilen Eýranyñ merkezi hökümýetine garşy gozgalaña ýolbaşçylyk edipdir. Il içindäki rowaýatlara görä, Japarguly hana teke serdarlarynyñ birnäçesi ynanmandyr. Olar Nurberdi hana ondan ätiýaçly bolmagy teklip edipdirler. Wakalaryñ soñky ösüşi şol serdarlaryñ mamladygyny subut edýär.

Eýranda Nasyr ed–Din şa tagta geçenden soñ, Japarguly hanyñ günäsi geçilipdir we ýurduna çagyrylypdyr. Büjnürt häkimligine bellenen Japarguly han haýdan-haý türkmenler dönüklik edip özüni gutlamaga baran 60 täsirli teke wekilini ýesir saklapdyr. Onuñ yzysüre- de Arçmana çapawulçylyk edip, ýerli ilaty talapdyr. Tekeler Japarguly hanyñ bu "hokgasyny" örän ýokuş görüp, onuñ garşysyna iş görüp başlapdyrlar. Şeýle ýagdaýda Eýran şasyndan tekeleri derbi-dagyn etmäge we Garrygalany eýelemäge buýruk alan Japarguly han urşa girişipdir.

Garrygalanyñ esasy ilaty bolan gökleñler uly howpyñ abanýanyny añyp, Ahal-tekelere we ýomutlara kömek sorap ýüz tutupdyrlar. Kyn günde birek-biregi goldamak türkmenleriñ ganyna siñen däpdir. Şoña görä umumy duşmany ýeñmek üçin gökleñleñler, tekeler, ýomutlar birleşipdirler. Kömege baran teke atlylarna Nurberdi han, Dykma serdar ýomut atlylarny Tuwakmyrat Taraş, Mahmyt Işan, Gökleñ atlylarna Durdyhan we Yagşy mergen dagy ýolbaşçylyk edipdirler. Şonda ýomutlarda 7-8 mün atly kömege gelipdir. Ỳaşulylaryñ maslahatynda birleşen gökleñ-teke goşunyna ýolbaşçylyk etmek Nurberdi hana tabşyrlypdyr.

Uruş hereketleri Garrygaladan uzakda bolmadyk Monjukly depede bolupdyr. Birnäçe güne çeken bu uruş Japarguly hanyñ doly ýeñlişi bilen tamamlanýar. Duşman goşuny birleşen türkmenler tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Bu söweşde tekelerde Çopan kir, ýomutlardan Pena serdar ýaly serkerdeler tapawutlanypdyrlar.

**Mary söweşi. Gowşut han.** Türkmenleriñ Garrygala söweşindäki uly ýeñşi Ahal-Hazar aralygyndaky Eýran täsiriniñ soñuna çykypdyr. "Aman" diýmek kyn bolara çemeli . Eýran şasy özi üçin masgaraçylykly Garrygala urşundan soñ hem türkmen ýerlerni eýelemek niýetinden elçekmändir. bu bolsa iki tarapy-da ýene söweşe getiripdir.

1861-nji ýylyñ Gorkut aýynda Eýran şasynyñ iñ ýakyn garyndaşlaarnyñ biri Nasyr Ed-din , Hemze- Mürze Hişmedet , Döwläniñ 30-müñ adam çemesi ybarat bolan goşuny 32-top ok-däri , azyk suwlygy bilen Merw tekelerniñ üstüne hüjüme başlapdyr. Bary ýogy 10-müñ atly goşun jemläp bilen Gowşut han bu uruşda uly serkezdelik ussatlygny görkezipdir. Ol duşmany Merw galasynda däl-de Garaýapda garşylamagy we oña gaýtawul bermegi makul bilipdir. Atlylarny Maşada tarap iberip, ýolda duşmanyñ üstüne bölekleýin çozup, olary ysgyndan gaçyrmak taktikasyny unapdyr. Tekeler şeýle-de edipdirler. Gajar goşunlary bolsa Maşadyñ golaýynda çenli aralykda türkmenleri gorkuzjak bolup, wagtal-wagtal top atyp gelipdirler, şol bir wagtda-da tekeleriñ duýdansyz çozuşlary ntijesinde köp ýitgi çekipdirler. Türkmenler gazar goşunlarna meýdandan ot-çöp almaga-da, atlarny suwa ýakmaga-da mümkinçilik bermändirler. Sarahs-Merw aralygyndaky gumda Gjar goşuny köp kynçylyga sezewar bolup, Merwe gelende, eýyäm söweşe ukypsyž eken .

Aktiw uruş hereketleri başlamazynyñ öñ ýanynda türkmen hanlary duşmanyñ uruşmazlygy, ýaraşygy teklip edýarlar. Gepleşikler iki güne çekýär, türkmenler tarapyndan gepleşige giden adamlaryñ arasynda öñ ençeme ýyl Eýran zyndanynda ýatan Saparek diýen batyry hem bar eeken. Türkmenler gajar tarapy ýaraşygy makullasa, özlerniñ Horasan ýoluny talamajakdygny, hat-da goşunyna gulluk eder ýaly atly we pyýada esger bermäge razydygy baradaky teklibi orta atýarlar. Gajar tarapy bu tekliplere türkmenleriñ aldawy diýip düşünip, uruşdan el çekmeýär.

Ỳaragly güýçleriñ mynasybetini öz peýdasyna däldigini göz öñüne tutup, uruşda türkmenler gaça uruş taktikasyny saýlap alýarlar. Olar duýdansyz çozuş edip, duýdansyz hem berkitmä gaçyp gitmegi başarýarlar. Urşuñ birinji gününde aldym-berdimli söweş 4-5 sagada çekýar.

Jerendepe diýen ýerdäki söweş has gazaply bolýar, şonda 7-8 müñ türkmen atlysy soweşe gatnaşyp 1000 gajar atlysyny gyrýar, 100-çesini ýaralaýar we ýesir alýar. Jerendepe söweşinde Gajarlar 1500 türkmenler 200 gezek top atýarlar. Uzak gün dowam eden bu söweşde gajar şasynyñ goşynbaşy Nasr eddin Hemze Mürze Hişmedet Döwle ýeñiş gazanyp bilmeýar. Ol gün onuñ serkezdesi Muhammet Hasan hem öldürilýär, we Eýran goşuny yza çekilýär.

Iýul aýynyñ aýaklarynda türkmen atlylary dañdanlar gajar goşunynyñ bir böleginiñ üstüne duýdansyž çozýarlar. Alty sagada çeken bu söweş 1861-ýylyñ urşunyñ ykbalyny çözýär. Türkmenler duşmanyñ gorhanasyny ýakyp, nökerleriniñ birnäçesini öldürýärler, esir alýarlar. Ỳesir düşenleriñ arasynda Fransyž syýahatçysy Gulibef de Blokwill hem bsar eken.

Iýul söweşinden sön Hemze Mürze ýurduna gaçmak bilen bolýar. Bu habary eşiden eýranly serbazlar hem dowla düşüp gaçyp başlaýarlar. Türkmenler gaçýan duşmany Sarahsa , Çemenebide çenli kowalapownuk söweş edýärler . Köp ýesir we olja alýarlar. Bu uruşda-da türkmen taýpalary birleşýärler. Ahalyñ hany Nurberdi marylylara kömege gelýär . Ỳeri gelende bellesek, şu wakadan soñ marylylar Nurberdi hana dul gelni – Güljemaly aýallyga alyp berýärler. Ol türkmen taryhynda geljekki Güljemal handy. Şeýlelikde 1861-nji ýylyñ türkmen Eýran urşy türkmenleriñ ýeñşi bilen gutarýar. Türkmenler bu uruşda 32 top olja alýarlar. Bu uruşdan soñ türkmen ýerlerine goñşy döwletler bolan Eýranyñ, Buharanyñ we Hywanyñ basypalyjylykly ýörişleri tamamlandy. Indi beýleki bir basypalyjy patyşa Russiýasy Türkmenleriñ ýurduna tarap harby hereketlerni ýygjamladyp başlaýar. Imperalistik Angliýa hem ondan kem galmazlyga dyrjaşýar.

**Abdysetdar Kazy we onuñ “Jeñnamasy”.** Şahyrlar taryhy wakalary beýan eden eserleri döredipdirler. Türkmen halkynyň taryhyna, ar-namysyna, rahat durmuş ugrundaky göreşlerine köşk taryhçylary tarapyndan göz-görtele şyltak atylyp durka, onuň gaýraty, mertligi, ruhy beýikligi barada eser döretmegiň nähili ähmiýetiniň boljakdygy öz-özünden düşnüklidir. Halkyny töhmetden goramak uly bir raýatlyk duýgynyň alamatydyr.

Abdysetdaryň “Jeňnamasy” 60-njy ýyllarda ýazylyp, ynjalygy alnan, degnasyna deglen, gan ýuwutdyrylan halkyň, göreş hyjuwynyň hiç wagt kemelmändigini, öz azatlygy ugrunda mydama kuwwatly gaýratynyň bolandygyny nygtanlygy bilen gymmatlydyr.

“Jeňnamanyň” ýazylan döwri türkmen halkynyň Eýran şasyna we onuň ýerli dikmeleri bolan Horasan beglerine garşy aýgytly göreşe galkynan döwri bolup häsiýetlenýär. Eger-de asyryň başlarynda Kaspi deňzinden başlap, Murgap oazisi aralykda heniz mäkäm oturymlyga geçip, sosial-ykdysady taýdan berkemedik halkyň syýasy erki Hywadyr Buhara hanlyklaryna bagly bolan bolsa, 40-njy ýyllardan başlap aýgytly syýasy öwrülişikler halkyň aňynda özbaşdaklyk ugrundaky milli duýgusyny oýarypdy. Murgap, Tejen, Gürgen oazislerinde we Ahal etraplarynda oturymlylygyň maşstablaýyn häsiýete öwrülmegi hanlyk hakdaky pikiri has hem ösdüripdi. Maryda Gowşudyň, Ahalda Nurberdiniň hanlygy güýjäp başlapdy. Ownuk tire hanlarynyň özakymlaýyn suratda merkezleşip barýan bitewi hanlaryň daşyna jebisleşmek prosesi gidýärdi. Döwür harby jebislik diýen ideýany orta çykarypdy. Şol jebisligiň kuwwatyny halk öz gözi bilen gördi. Ol 1855-nji ýylda Hywa hany Mädeminiň 30-40 müň esgerli goşunyny Marynyň eteginde derbi-dagyn etdi. Indiki mesele Ahal we Mary hanlaryny birikdirmekden ybaratdy. Şeýlelikde, döwlet döretmegiň syýasy esasy tutulyp bilinjekdi. Şu ýagdaýy goňşy hökümdarlar – Eýran şasy Nasreddinem, Hywanyň täze hany

Seýitmuhammedem görüp otyrdylar. Üstesine-de, aralykda duran ummasyz giden ykdysady baýlygy iki hökümdaryň hem elden gideresi gelenokdy, biri-birinden gabanýardylar. Şeýlelikde, uruş gutulgysyz çykalga bolup durdy. Şol urşy hem ilki bolup Eýran başlady. Nasreddin hersi 40 müň esgerden ybarat bolan iki ýöriş geçirdi. Olaryň birinjisi 1858-nji ýylda Garrygalanyň üstüne sürüldi. Oňa Horasanyň Astrabat häkimi Japarguly başlyklyk etdi. Ikinji ýöriş Nasreddin şanyň agasy Hemze Mürze tarapyndan 1861-nji ýylda Marynyň üstüne geçirildi. Ýörişleriň ikisi hem Eýran üçin şowsuz gutardy. Eýran agyr ýitgiler çekip, it masgarasy bolup ýeňildi. Şol söweşlerden soň Nurberdi han Marynyň hem hany diýip yglan edildi. Göräýmäge bitewileşmek prosesi gutaran ýaly. Emma jebislik we bitewilik prosesi şol ýeňişler bilen hem diňe isleg bolup tamamlanypdy. Geleňsizlik we biagyrylyk halky ýene-de Hywanyň garamagyndaky welaýata öwrülipdi.

"Jeňnama" poemasynyň mazmunyny, ine, şu iki urşuň wakalary düzýär. Abdysetdar şu iki jeňiň döwründäki halkymyzyň söweşjeňlik ruhuna syýasy taýdan baha beripdi, şahyrana güýjüniň ýetdiginden janlandyrypdy.

2200 setirden durýan bu eseriñ birinji bölümi birleşen türkmen taýpalarynyñ Garrygala söweşinde (1857-58), ikinji bolümi Mary gajar jeñinde (1861) üstun çykandygyny beýan edýär. Jeñnama poýemasynda  söweşýän taraplar, anyk şahslar barada taryhy maglumatlar köpdir. Olardan: Nurberdi han, Gowşut han, Öwezli Tentek, Saparek, Gülten bahadyr Durdy han, Çary batyr, Marydan gelen Gulten batyr, Çopan kir, Eşret batyr, ýomutlaryñ serkerdesi Mahmyt işan, gökleñlerden Ỳagşy mergen we beýlekiler bar.

Abdysetdar Kazy "Jeñnama" eserinde Mary – Gajar söweşine gatnaşan ençeme batyr teke serdarlaryñ atlary getirilýär. "Jeñnama" eseri türkmen halkynyñ XIX asyryñ ortasynda alyp baran söweşleri barada esasy çeşmedir. Rus

alymy akademik A.N. Samaýlowiç “Jeñnama” eserini ylmy taýdan öwrendi.

Abdysetdar Kazynyň durmuş ýoly hakda maglumat juda ujypsyz. Şahyr Gökdepäniň Kelete obasynda önüp-ösüpdir, ýaşlygy şol ýerde geçipdir, başlangyç sowady hem şol ýerde alypdyr. Maglumatlara görä şahyr bu eseri ýazanda Keletede ýaşaýar eken.

Şahyryň doglan we aradan çykan wagty takyk belli däl. Emma onuň XIX asyryň ikinji ýarymynda ýaşap geçendigini anyk aýtmak bolar.

## 3. Türkmen-Hywa gatnaşyklary.

**XVII asyryñ I ýarymynda Hywa hanlygynda türkmenleriñ täsiriniñ güýçlenmegi.** XIX asyryñ ortalarynda Eýran bilen Hywanyñ arsynda türkmen topragy ugryndaky göreş hasda ýitileşýär.

1855-nji ýylda Sarahs söweşinde we beýleki söweşlerde daşarky güýçleriñ derbi-dagyn edilmegi türkmen tire-taýpalarynyñ agzybirliginiñ netijesidi. Bu söweşlerde teke, ýomut, gökleñ, salyr, ärsary we beýleki tireler birleşip, duşmany yza serpikdirdiler.

XVII asyryň 20-nji ýyllarynda Horezmde tagt ugrunda içki gapma-garşylyklar has ýitileşýär. Naýmanlar we uýgurlar Arapmuhammet hana garşy çykyş edýärler. Arapmuhammet hanyň ogullary Hebeş bilen Ilbars özbek taýpalarynyň güýjüne daýanyp, öz kakasyny tagtyndan agdarýar. Hanyň beýleki ogullary Isfendiýär bilen Abylgazy pitneçi doganlaryna garşy durýar. Häkimiýet ugrundaky açyk harby çaknyşyklardan soň Isfendiýar Eýrana, Abylgazy Buhara gaçyp gitmäge mejbur bolýar.

1622-nji ýylda Isfendiýar Balkan daglarynda ýaşaýan tekelerden, saryklardan we ýomutlardan ybarat kiçenräk goşuny

bilen Horezme gaýdyp gelýär. Ol birbada Tuka şäherinde Hebeşe garşy güýçli zarba uran hem bolsa, soň ondan ýeňilýär we Maňňyşlaga-türkmenleriň arasyna gaçýar. Şol ýerden 300 adamdan ybarat türkmen nökeri bilen ýaňadan Horezme gelip, pitneçi doganlaryny derbi-dagyn edýär, olaryň ikisini-de öldürýär. Bu söweşde Gürgenjiň, Weziriň töwereginde ýaşaýan, Maňňyşlakdan göçüp gelen salyrlar, ärsarylar, çowdurlar Isfendiýary goldapdyrlar.

Isfendiýar hanyň Horezmi dolandyran döwründe (1623-42) onuň iň ýakyn geňeşçisi Taňryberdi diýen türkmen bolupdyr, özi-de ýanynda ýüz atly türkmeni janpena saklapdyr. Tagta çykmagynda esasy daýanjy türkmenler bolansoň, olary döwleti dolandyrmak we salgyt ýygnamak işlerine aktiw çekipdir. Umuman, Isfendiýaryň döwründe türkmenler Horezmiň syýasy-harby durmuşynda agalyk ediji ýagdaýy eýeläpdir.

Gürgençdäki özbek han-begleriniň belli bir topary Abylgazynyň töweregine jebisleşip, syýasy häkimiýeti ele almak ugrunda Isfendiýara garşy göreşipdir. Isfendiýar han Abylgaza Gürgenji özbaşdak dolandyrmaga mümkinçilik bermändir.1628-nji ýylda Isfendiýar bilen Abylgazy bilelikde Horasana ýörüş edýär. Isfendiýaryň Merwe eden hüjümi şowsuz gutarýar, sebäbi ol Eýran goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Abylgazy özbeklerden we türkmenlerden düzülen goşun bilen wagtlaýynça Durny, Nusaýy, Abywerdi eýeleýär. Tizara ol hem Eýran goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilip, Horasanda ene sefewileriň hökümdarlygy dikeldilýär.

Horezmde häkimiýet ugrundaky özara göreş sebäpli Isfendiýar Abylgazyny Horasana edilen ýörşüň günäkäri hasaplap, ony bendi hem-de girew gökmünde Eýrana iberýär. Ol şol ýerde 1629-njy ýyldan 1639-njy ýyla çenli bolýar.

1642-nji ýylda Isfendiýar han ölenden soň, türkmenler hanlykda öňki ýaly uly täsirli güýç bolmagyny saklap

bilmändirler. Horezmde özara gazaply uruşlar başlanýar. Muňa Buhara hem gatyşýar.

**Abulgazy han we onuñ "Türkmenleriñ nesil daragty" eseri.** Özbek han-begleriniň goldamagynda Abylgazy 1643-nji ýylda Horezmiň bir bölegi bolan Aralda "han" diýlip yglan edilýär. Abylgazy bilen türkmenleriň arasyndaky gapma-garşylyklar ýitileşýär. Abylgazy Maňňyşlakdan Hywa gelýän türkmen täjirleriniň kerwenlerini talapdyr. Astrahanyň, Maňňyşlagyň üstünden geçýän söwda ýollary esli wagt hereketsiz diýen ýaly galypdyr.

Birnäçe harby çaknyşykdan soň 1646-njy ýylda Abylgazy Hywany eýeleýär. Ol türkmenleriň babatda duşmançylykly syýasatdan el çekmändir. Abylgazy öz hökümdarlygyny döwlet guramasyny pugtalandyrmaktan başlaýar. Döwlet guramasynda agalyk ediji toparlaryň 360-y özbekleriň uýgur, goňrat, maňňyt we gypjak taýpalaryndan bolupdyr. Onuň iň ýakyn 32 kömekçisi hem şolardan eken. Umuman, bu dört taýpa hanlykdaky suwarylýan erleriň hemmesini diýen ýaly öz ellerinde saklapdyr. Abylgazy türkmenleri güýçden düşürmek we özüne tabyn etmek üçin her dürli hilegärlikden gaýtmandyr. Ilkinji nobatda ol türkmenleriň köpüsini er-suwdan mahrum edipdir. Onuň adamlary türkmen we rus täjirlerini talap başlapdyr, ähli günäni bolsa bihaýalyk bilen türkmenleriň üstüne atypdyr.

XVI asyryň ahyrlarynda-XVII asyryň başlarynda Horezmiň paýtagty türkmen sähralaryndan uzakda bolan Hywa geçirilipdir. Şondan soň bu oazis "Hywa hanlygy" diýip atlandyrylyp başlanýar. Abylgazy 1646-nji ýylda Hywadan uzakda bolmadyk ýerde täze Ürgenç (häzirki Ürgenç) şäherini gurduryp, özbek ilatynyň köp bölegini şol ýere göçürýär. Şondan soň Horezmiň birwagtlar gülläp ösen paýtagty harabaçylyk bolup galýar we ol "Köneürgenç" diýlip atlandyrylýär. Abylgazynyň bu syýasaty Amyderýanyň aşak

akymlarynda ýaşaýan türkmen ilatyny suwdan kesmäge mümkinçilik beripdir.

Abylgazy Hywany eýeländen soň, türkmenleriň Hazaraspyň günortasyndaky guma gaçan toparynyň kethudalary Gulam bahadury, Dinmuhammet onbegini we Ors onbegini çagyryp, olaryň ”günäsini geçirýändigini ” mekirlik bilen ynandyrylypdyr. Ertesi Hazaraspyň etegindäki türkmenleriň toýa ýygnanmagyny teklip edipdir. ” Toý” wagtynda Abylgazynyň goşunlary türkmenleriň 2 müňüni kethudalary bilen bilelikde öldürilipdir. Şondan soň han goşunlary beýleki türkmen mekanlaryna duýdansyz çozup, köpüsini gyryp, emlägini talapdyr.

Bu ýagdaý türkmen taýpalarynyň köpüsini Horezmi taşlap, Tejene, Ahala gitmäge mejbur edýär.

1651-nji ýylda Abylgazy demirgazyk Etrekde ýaşaýan saryklaryň üstüne çozup, olaryň kethudasy Baýrajy öldürýär. 1653-nji ýylda Goç obasynyň golaýynda emrelileri, soňra Uzboýda Dinar guýusynyň ýanynda salyr obalaryny talaýar. Ol türkmenleriň üstüne başga-da ençeme talaňçylykly ýörüş gurapdyr. Özüniň aýtmagyna görä, şol ýörüşlerde jemi 20 müň türkmen pida bolupdyr. Her niçik bolsa-da, türkmenler öz garaşsyzlygyny saklamak üçin Abylgazynyň gan döküşikli syýasatyna garşy aýgytly göreşipdirler. Beýle kyn ýagdaý olary dagynyk ýaşamaga mejbur edipdir. Müňgyşlakdaky çowdurlaryň, igdirleriň bir bölegi Astrahana göçüp, Russiýanyň raýatlygyny kabul edipdir. Olaryň nesilleri häzirem şol ýerlerde ýaşaýarlar.

Abylgazy Merkezi Aziýa halklarynyň taryhy bilen gyzyklanýan eken. Özem sada we türki halklara düşnükli özbek dilinde ýazyp bilýän şahyr hökmünde tanalypdyr. Onuň aýtmagyna görä, türkmen işan-mollalary we han-begleri ondan türkmeniň dogry taryhyny ýazmagy haýyş edipdir. Abylgazy hem öz ”günäsini ýuwmak” üçin oňa razylyk beripdir. 1660-61-nji ýyllarda Abylgazy ”Şejereý-i terakime” (”Türkmenleriň

nesilnamasy”) diýen eserini ýazyp tamamlapdyr. Onda türkmenleriň gelip çykyşy, ýaýran ýerleri, alyp baran söweşleri, kärleri, tagmalary we sosial taryhy giňişleýin beýan edilýär. Awtor türkmenleriň gelip çykyşyny Oguz han we onuň nesilleri bilen baglanyşdyrýar. Bu eser türkmen halkynyň geçmiş taryhyny we medeniýetini öwrenmekde möhüm çeşmeleriň biri hasaplanýar. Her halda onuň işi dilden aýdylan rowaýatlar esasynda ýazylandygy sebäpli, wakalar köplenç fantastik öwüşginde suratlandyrylýar.

”Şejereýi terakime” A.K.Tumanskiý tarapyndan 1897-nji ýylda ilkinji gezek, akademik A.N.Kononow tarapyndan 1958-nji ýylda ilkinji gezek rus diline terjime edilip, çapa taýarlandy. Bu kitap türkmen diline diňe 1992-nji ýylda terjime edildi. ” Şejereýi terakimäniň” golýazmasynyň belli bir bölegi häzir Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar institutynyň fondunda saklanýar.

Abylgazynyň ogly Anuşa hanyň (1663-88) Hywa hanlygyny dolandyran döwründe türkmenleriň Hywa bilen gatnaşyklary birneme gowulaşýär. Ol türkmenleri öz tarapyna çekip, ýurdyň harby güýçlerinde peýdalanmak üçin Günorta Horezmde gadymy Badak we Buwe kanallarynyň ugrundan täzeden Şabat hem Ýarmyş diýen uly kanallary geçirdýär. Bu bolsa türkmenleriň Günorta Horezmiň çäklerinde ykjam mesgen tutmagyna mümkinçilik beryär. Türkmen ilaty ýer, suw bilen üpjün edilýär. Şeýlelikde, türkmenler Hywa hanynyň goşunynyň esasy bölegini düzüp, ýurduň syýasy durmuşynda ýene-de gýüçli rol oýnap başlaýarlar. Olar Anuşa hanyň Buhara, Eýrana we beýleki ýerlere eden harby ýörüşlerine aktiw gatnaşýarlar.

Şol döwürde Hywada häkimiýeti ele almak ugrunda türkmen we özbek han-begleriniň arasynda göreş dowam edýärdi. Netijede, dilduwşuk arkaly Anuşa han tagtdan düşürilýär. Hywa tagtyna onuň ogly Ereň han çykarylýar. Ereň han döwleti gysga wagtlyk dolandyran mahalynda, türkmen

han-begleri häkimiýeti öz ellerinde saklapdyrlar. Ereň han türkmenleriň güýjüne daýanyp, özbek han-begleriniň eden-etdiligini çäklendiripdir. Tizara Ereň han hem öldürülýär. XVII asyryň aýagynda Hywa hanlygyny dolandyran Şanyýaz hanyň döwründe özbek han-begleri ýene agalyk ediji ýagdaýy eýeleýärler. Türkmen taýpalary birneme gysylyp, salgyt tölemäge borçly edilýär. XVIII asyryň başlarynda Hywa hanlygynda syýasy häkimiýeti elde saklamak ugrunda çaknyşyklara goşulmak bilen, türkmenler öz öňlerinde esasan iki maksat goýupdyrlar. Birinjiden, Hywa oazisinde suwarymly ýerlerde ornaşmak, ikinjiden, harby ukyplylygyna daýanyp, hankylda güýçli täsirini saklamak isläpdirler. Munyň özi hakykatda Hywa hanyna tabyn bolman, olaryň garaşsyz ýagdaýda ýaşamagyny aňladýardy. Üstesine-de, türkmen taýpalarynyň kämahal özara oňşuksyzlygy olaryň Hywa hanlygynda jebisleşip ýaşamagyna päsgel beripdir. Bu oňşuksyzlygy Hywa hanlary has hem beter öjükdirip, türkmenleriň belli bir bölegini öz tarapyna çekmäge synanyşypdyrlar. Şeýdip, olary özlerine tabynlykda saklamak isläpdirler. XVIII asyryň birinji ýarymynda türkmenleriň Hywa bilen gatnaşyklary ýiti häsiýete eýe bolupdyr. Ol bolsa türkmen taýpalarynyň oturymly ýagdaýda ýaşamagyna mümkinçilik bermändir. Olaryň köp bölegi Hywa oazisinde göçüp-gonup ýörmäge mejbur bolýar. Her niçik-de bolsa, türkmenleriň esasy bölegi Hywa hanlygynyň günortasynda Buzgömen, Aksaraý we demirgazyk-günbatarda Köneürgenç etraplarynda mekan tutupdyr.

Günorta we Günorta-Günbatar Türkmenistanda ýaşan türkmenler nominal taýdan Hywa hanynyň raýatlygy hasaplanypdyr. Şirgazy hanyň (1715-28) döwründe-de hanlykdaky türkmenler käýarym hyraç tölemäge borçly edilipdir. Hywa hanlary Merw, Köpetdag etegindäki, Etrek, Müňgyşlak türkmenleriň üstüne häli şindi talaňçylykly çapawulçylyklar geçiripdirler.

1764-nji goňrat taýpasynyň serdary Muhammet Emin ynak bilen soýuz baglaşyp, maňňytly han-beglerden üstün çykýar. Ýomutlaryň bir bölegine Ýaňýarykdan (Hywadan 18 km) ekin ekilýän ýerleri bolup bilýär. Şol döwürde Hywa hanlygynda ýomutlaryň 6-7 müň öýlüsi ýaşaýar eken. Käbir sebäbe görä, Muhamet Emin bilen ýomutlaryň arasynda dyşmançylyk başlanýar. Hywa hany salyr we teke taýpalaryny ýomutlaryň garşysyna öjükdirmegi başarypdyr. Ondan nägile özbek han-begleriň bir bölegi ýomutlara goşulypdyr.

1768-nji ýylda Araphan galasynyň golaýynda bolan aýgytly söweşde Hywa hanynyň goşunlary ýomutlar tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Netijede, ýomutlaryň serdarlary Meňligeldi sakaw, Dönmez, Kahyrguly we beýlekiler Hywada syýasy häkimiýeti öz eline alýarlar. Döwlet dolandyryşynda esasy wezipeler öňki özbek emeldarlarynyň elinde galdyrylypdyr.

Türkmenleriň Hywa hanlygynda ýer-suw ugrundaky göreşi şunuň bilen gutarmandyr. 1778-79-nji ýyllarda Amyderýanyň orta akymynda ýaşaýan salyrlar, tekeler, saryklar göreşi dowam etdiripdirler. Muhamet Emine garşy göreşde olary Buhara atalygy Daniýal biý goldapdyr. Birleşen güýjüň garşysyna göreşmek üçin Muhamet Emin ýene-de ýomutlary Hywa çagyrýar. Ýomutlaryň kömegi bilen ol tekeleri, salyrlary we Buhara goşunlaryny yzyna serpikdirip, Hywada goňrat dinastiýasynyň häkimiýetini gutarnykly berkarar edýär.

Görşümiz ýaly, XVIII asyryň ahyrlarynda türkmenleriň köpüsi Hywa goşunynyň iň söweşjeň bölegini düzüpdir. Olar nöker gullugy üçin Hywada ýer-suw paýyny alyp, başga-da köp ýeňňilikden peýdalanypdyrlar. Meselem, harby hereketler wagtynda Hywa goşunynda nöker bolup gulluk eden her bir türkmene döwlet, harby hereketler wagtynda Hywa goşunynda nöker bolup gulluk eden her bir türkmene döwlet ýerinden bir zatlyk paý bölünip berlipdir. Atlyk esasan 30 tanapa (12 ga) barabar bolup, döwrüne we , döwrüne we ýeriň hiline

baglylykda 50 tanapa bilen köpeldilip ýa-da 8 tanapa çenli kemeldilip bilnipdir. Atlyk eýeleri ýer salgydyndan-da, gazuw işlerinden-de boşadylypdyr. Atlyk ýerleri adatça nöker beren türkmeniň adyna ýazylan hem bolsa, ondan garyndaş toparlaram peýdalanyp bilipdir ýa-da şolara kärendesine berlipdir.

Hywa hanlary XIX asyryň birinji çäreginde häzirki Türkmenistanyň beýleki ýerlerini-de eýelemek üçin uruş alyp barýarlar. Türkmenleri tabynlykda saklamak olara ýeňil düşmändir, hatda Hywa oazisiniň özünde ýaşaýan türkmenler hem hana doly boýun egmändirler.

Günorta Türkmenistanyň ilaty köp halatda Hywa hanynyň tabynlygyndan çykyp, oňa salgyt tölemekden boýun gaçyrypdyr. Şonuň üçin Hywa hanlary türkmenleriň üstüne talaňçylykly ýörüşler edip durupdyr. Hywa hany Muhamet Emin (Mädemin) dolandyran 10 ýyllygynyň (1845-55) dowamynda Merw, Sarahs, Tejen topragyna jemi 8 gezek uly ýörüşler edýär. Ol her gezek hem ýerli ilatyň berk gaýtawulyna sezewar bolýar. 1847-nji ýylda Jemşit Mir Ahmet hanyň baştutanlygynda Hywa goşunlary Merwe ýörüş edende, onuň düzümindäki 500 adamdan ybarat ýomut nökerlerine Atamyrat hanyň agasy Amannyýaz serdar ýolbaşçylyk edýär. Ol goşun baştutany bilen tersleşip, söweşe gatnaşmakdan ýüz dönderýär. Şonuň üçin ýomut nökerleriniň her biri 5 tylla jerime tölemeli edilip, Amannyýaz serdaryň özi Hywadaky iň beýik minaradan zyňlyp öldürilipdir. Hywa hanynyň bu ýetmişi soň-soňlaram ýomutlaryň ýüreginde tagma bolup galýar.

**Sarahs söweşi.** XIX asyryň birinji ýarymynda Günorta Türkmenistanyň ilaty özleriniň erkinligi we özbaşdaklygy ugrunda Hywa hanlarynyň yzygiderli çozuşlaryna garşy gaýduwsyz göreşipdirler. 1832-nji ýylda salyr türkmenleri Apbaz mürzäniň goşunyndan ýeňlinden soň, Ahaldan, Marydan, tejenden, Bäşgaladan (häzirki Kaka etraby) baran teke türkmenleriniň aglabasy Sarahsda ýaşapdyrlar. Olara

Hojamşükür han bilen Oraz ýagly baştutanlyk edipdir. Bu iki han özara oňuşmandyr. Şonuň üçin Hojamşükür öz ilini alyp, 1847-nji ýylda Murgabyň aýagyndaky Garaburun diýen ýere göçüp gelýär.

Hywa hanlarynyň talaňçylykly ýörişleri, aýratyn-da, Muhammedemin (Mädemin) hanyň (1845-1855) döwründe has güýçlenipdir. Ol hanlyk eden döwründe Mary, Sarahs, tejn sebitlerinde ýaşaýan türkmenleriň üstüne her ýyl diýen ýaly ýöriş gurapdyr. Her gezekki ýörişde onuň nökerleri ýerli ilatyň mal-garasyny we öý goşlaryny talapdyrlar, ekin meýdanlaryny zaýalapdyrlar. 1847-nji ýylda Mädemin hanyň hut özüniň baştutanlygyndaky Hywa goşunlary Baýramaly han galany zabt edip bilmänsoň, orulmadyk bugdaýlary otlap gaýdypdyr. 1852-nji ýylda Hywa nökerleri Mary töweregindäki saryk çopanlaryny öldürip, olaryň 40 müň düýesini, 80 müň goýnuny alyp gidipdirler.

Şu galagoply döwürde Sarahs tekeleri özlerine belli bir baştutan saýlamak barada maslahat geçirip başlapdyrlar. Oraz ýagly indi garrapdy. Hojamşükür öýke-kine edip gidipdi. Han saýlamak baradaky halk geňeşlerinde demokratiýanyň gadymy ýörelgeleri berjaý edilýärdi. Netijede, 1853-nji ýylda Gowşut han Sarahs tekeleriniň hany saýlanylýar.

1854-nji ýylyň ahyrlarynda sarahsly tekeler hem Hywa hanynyň salgyt ýygnaýjylarynyň talaplaryny berjaý etmän, (malyň baş sanyndan kyrkdan biri möçberde zekat tölemeli eken), olara berk gaýtawul görkezýärler. Gahary gelen Hywa hany 40 müň adamly goşun jemläp, azyk-suwlugyny 30 müň düýä ýükläp, Sarahsa ýörüş edýär. Türkmenleriň arasynda uly hormata mynasyp bolan, şol wagtlar Köneürgençde sapak berip ýören Ak işanyň”Öz raýat il-halkyň üstüne goşun çekip gitme, pälinden gaýt” diýen töwellasyny almadyk Muhamet Emin han agyr goşun bilen Garaýapda (Merwiň demirgazyk – günbatarynda) düşleýär. Ol Sarahs tekeleriniň Merwe göçüp gelmelidigini we salgyt tölemek borçlaryny hökman berjaý

etmelidigini haýbat bilen talap edýär. Sarahslylar Hywa hanyna tabyn boljakdygyny, ýöne öz aköýlüleriniň girew hökmünde Maşatda saklanýanlygy sebäpli, Sarahsdan Merwe göçüp bilmejekdigini aýdýärlar. Gowşut hanyň: “Uruşmalyň, gan dökmäliň” diýip geçiren diplomatik ussatlygy-da, aksakallarynyň töwellalary-da netije bermänsoň, söweşe çynlakaý taýarlyk görülýär.

Köpden bäri Hywa goşunynyň söweşjeň bölegini şol hankykda ýaşaýan ýomutlar düzýärdi. Bu gezek hem şeýledi. Bu ýagdaýa gowy düşünýän Gowşut han ýomutlara:“Siz biziň bilen uruşmaň, Mädeminiň çäresini özümiz göreris” diýip ýüzlenipdir. Ýomutlar öňem handan öýkeli bolansoň, milli duýga eýerip, ertirki boljak urşa goşulmazlygy wada berýärler. Olaryň tarapyna emreliler hem, garadaşlylar hem geçýär. Şeýlelikde Hywa hanynyň garşysyna türkmenleriň birleşigi döreýär. Galyberse-de, günorta türkmen ýerleri babatda Hywa hanynyň bäsdeşliginden sabyr käsesi dolup ýören Eýran hem Hasan hanyň baştutanlygynda sarahslylara 500 nökeri kömege iberýär. Az kem goşun bilen ýeňiş gazanyp bolmajagyna göz ýetiren Muhamet Emin han 1855-nji ýylyň  19-nji (käbir çeşmede 12-nji) martynda tutuş goşunyny Sarahs galasyny gabamaga gönükdirýär. Özi bolsa beýik depede çadyr gurduryp, uruşhereketlerine syn edýär. Agehiniň ýazmagyna görä, bu günki gazaply çaknyşykda türkmenlerde erkek adamlardan başga-da aýallar, çagalar hem elleri dokma keserli, syndyly, pyçakly duşmana garşy söweşipdirler.Olar duşman sulsadyny dargadyp, hanyň özüni hem öldüripdirler. Hywa goşunynyň köpüsi ýesir alnypdyr, galan bölegi Garaýabyň üsti bilen yzyna gaçypdyr. Gazaply söweşiň bolan ýerini türkmenler (”Ýaglydepe”) diýip atlandyrypdyrlar. öz bähbidini aran Eýran goşunynyň uly bolmadyk böleginiň ýardam bermegidir. Şu ýeňlişden soň Hywa hanlarynyň Günorta Türkmenistana harby ýörşi düýbünden kesilýär.

Sarahs söweşinde Gowşut han özüniň başarjaň serkerde we uly diplomatdygyny görkezýär. Amansähet serdar, Täçgök serdar ýaly iň ýakyn dostlary onuň her bir parasatly hereketlerini goldapdyrlar.

Sarahs tekeleri 1857-nji ýylda Mara göçüpdirler. Ol ýerde ymykly ornaşyp Murgapde bent gurupdyrlar. Ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Salyrlar bolsa Sarahsa süýşüpdirler.

Sarahsyň eteginde duşmanyň derbi-dagyn edilmegi Hywa hökümetiniň türkmenler babatda alyp barýan syýasatyna uly urgy boldy. Üstesine-de, hanlgynyň öz içinde türkmen-Hywa gatnaşyklary ýene ýitileşipdi. Onuň esasy sebäplerinin biri Hywa nahynyň Daudan kanalynda bent gurup, ýomutlaryň ekin ýerlerini suwdan kesmegidi. Hywa hanynyň bu eden-etdiligine garşy Atamyrat hanyň baştutanlygynda türkmenler eli ýaragly çykyş edýärler. Hywa hanlgynda ýaşaýan türkmenleriň garaşsyzlyk ugrundaky bu göreşi az-kem arakesme bilen 1855-67-nji ýyllarda dowam edýär. Şu waka XIX asyrda Merkezi Aziýada bolan halk hereketleriniň iň ulularynyň biridir.

Muhamet Emin handan soň onuň doganoglany Abdylla han Hywada tagta çykýar. Ol 1855-nji ýylyň maýynda hem awgustynda ýomut gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin iki gezek harby ýörüş edýär. Harby hereketler Aksaraý, Ýylgynly, Ekederek diýen ýerlerde alnyp barylýar. Soňky söweşiň aýgytlaýjy pursatynda Hywa goşunynyň düzümindäki emreli, çowdur nökerleri Öwezmuhamet wekiliň baştutanlygynda duygudaşlyk edip, ýomutlaryň tarapyna geçýär. Netijede, türkmenleriň birleşen topary Hywa goşunyny derbi-dagyn edip, Abdylla hanyň özünden hem dynýar.

**Türkmenleriñ Hywa hanynyñ zulymyna garşy gozgalñlary.** Abdylla han öldürilenden soň, Hywada tagta çykan Gutlymyrat han (1855-56) türkmenler babatda örän hilegär syýasat alyp barmaga mejbur bolýar. Ol, birinjiden,

abraýly kethudalaryň käbirini öz tarapyna çekip, türkmen taýpalarynyň arasynda agzalalyk döretmäge synanyşýar, ikinjiden, Ahal, Merw türkmenlerinden-de harby taýdan goldaw tapmagy ýola goýar. Muňa garamazdan, 1855-nji ýylyn noýabr-dekabr aýlarynda bolan uly söweşde ýomut, emreli, çowdur we beýleki türkmen türe-taýpalary Atamyrat hanyň baştutanlygynda özara birleşip, Hywa goşunyny ýeňýärler. Şondan soň Hywa hanlygynyň bütin demirgazyk-günbatarynda Atamyrat han öz hökümdarlygyny ýöredilip we türkmenleriň köp bölegi Hywa hanyna tabynlykdan çykypdyr.

1856-nji ýylyň fewralynda ýomutlaryň salak tiresinden bolan Baba bagşynyň baştutanlygynda Gutlymyrat han hem öz köşgünde garyndaşy Muhametnyýaz baý tarapyndan öldürilýär. Atamyrat han bu dildüwşüge garşy bolup, oňa gatnaşmandyr. Bu waka türkmenler üçin pajygaly gutarýar. Olar duýdansyzlykda Hywa hanynyň goşunlaryna üstüni bastyrýar. Uruşda käbir maglumata görä, müňden gowrak türkmenler gyrlypdyr. Özbaşdak pikirde duran Baba bagşy ýene-de Atamyrat hanyň toparyna goşulýar. Şu wakadan soň Hywada tagta çykan Seýit Muhamet han (1856-64) türkmenleri ýarag güýji bilen boýun egdirip, bilmejigine göz ýetirip, türkmen tire-taýpalaryny bir-birine garşy öjükdirmek syýasatyny alyp barypdyr. Şol bir wagtda-da özüne tabyn bolmadyk türkmen, özbek, gazak gozgalaňçylaryna garşy harby güýç ulanypdyr.

1858-nji ýylyň oktýabrynda Atamyrat hanyň kömek bermeginde Goňrat begliginde garagalpak gozgalaňçylary hem ýeňiş gazanýar. Muhammet Pena bolsa Goňratyň hany diýlip ykrar edilýär. Hakykatda Goňrat begligi ýomutlaryň 25 sany kethudasy tarapyndan dolandyrylyp, ähli işlere Atamyrat hanyň egindeşi Berdi iňlis ýolbaşçylyk edýär. Ýöne ýomutlar bu ýerde eden-etdilige ýol berip, halkyň närazylygyny dörеdýär. Bu ýagdaýdan peýdalanyp, Hywa hany Goňrat begligini ýene-de özüne tabyn edýär. Atamyrat han we ony goldaýan toparlar bolsa hiç wagt Hywa hanyna tabyn bolmandyrlar. Emma

türkmenler agzala bolansoň, öz maksadynyň amala aşmajagyna gowy düşünipdirler.

1865-nji ýylda türkmenleriň barlyşyksyz duşmany Seýit Muhammet Rahym II Hywa tagtyna çykýar. Ol türkmen etraplaryna akýan ýaplaryň suwyny bekläp, olara garşy goşun sürýär. 1866-67-nji ýyllarda olaryň arasynda harby çaknyşyklar yzygiderli gaýtalanyp durupdyr. Bu agyr ýagdaýdan hiç hili çykalga bolmansoň Atamyrat han patyşa Russiýasyndan howandarlyk isläp, olara birnäçe gezek ýüz tutýar. Ol hem netijesiz gutarýar. Üstesine-de, Hywa hany türkmenlere Hywa bazaryna barmagy we galla satyn almagy gadagan edýär. Bu agyr ýagdaý türkmenleriň belli bir bölegini Hywa hany bilen umumy ylalaşyga gelmäge mejbur edýär.

Atamyrat hanyñ Hywa hanlarynyñ sütemine garşy 12-ýyllap alyp baran aýgytly göreşiniñ iñ soñky çykyşy 1867-nji ýylyñ tomsunda basylyp ýatyrylýar.

**Atamyrat han.** Atamyrat han Köneürgenç etrabynda ýaşan ýomutlaryň öküz urugynyň gutlybaý tiresinden bolup, ýaş wagtynda Hywa medresesinde bilim alýar. Ol Hywa hanlygynda ýaşaýan türkmenleriň 1855-67-nji ýyllarda garaşsyzlyk ugrundaky göreşine baştutanlyk edýär. Türkmenleriň bu gozgalaňy XIX asyrda Orta Aziýada bolan halk hereketleriniň iň ulusydyr. Atamyrat hanyň kakasy Orazmuhammet Serdar we agasy Amannyýaz serdar Hywa goşunynyň düzümindäki türkmen nökerlerine baştutanlyk edip, birnäçe gezek harby ýörişlere gatnaşypdyr. Emma Mary etrabyna edilen harby ýörişleriň birinde Amannyýaz serdar milli duýgudaşlyga eýerip, öz türkmenlerine garşy söweşmekden boýun gaçyrandygy üçin, Hywa hany ony beýik minaradan zyňdyryp öldüripdir. Onsuz-da, türkmenler bilen Hywa hanynyň arasynda ýer-suw meselesi babatda ýiti gapma-garşylyk dowam edýärdi. Hywa hanynyň eden-etdiligine garşy Atamyrat hanyň ýolbaşçylygynda türkmenler köpçülikleýin baş göterýärler.

Atamyrat hanyñ uzak ýyllaryñ dowamynda alyp baran göreşiniñ düýp maksady türkmen taýpalaryny birleşdirip, Hywa hanynyñ süteminden dynmakdan hem-de özleriniñ hiç kime garaşsyz bolmagyny upjün etmekden ybaratdy. Maksat amala aşmadyk bolsada, türkmenler ruhdan düşmändir. Olar soñky ýyllarda –da göreşi dowam etdirip, hanlygyñ zulumyna garşy duran esasy güýç bolup galypdyrlar.

## 4. Türkmen-Buhara gatnaşyklary.

**Buhara emirligindäki türkmenleriň ýagdaýy.** Amyderýanyň orta akymlarynda ýaşaýan türkmenleriň ýerleriniň üstünde Buhara, Eýran, Hywa, Owganystan döwletleriniň ýer-ýurt dawalary ýatmandyr.

Şeýbanylardan soň Buhara hanlygyny aştarhanylar dinastiýasy dolandyrypdyr (1597-1740). Olar Çingiz hanyň ogly Joçynyň nesillerinden eken. Aştarhanylar Hywadan tä Hindistana çenli aralykdaky goňşy döwletler bilen dartgynly syýasy gatnaşyklarda bolupdyr.

Aştarhanylar Lebap türkmenlerine güýçli täsir edip bilmändir. 1740-nji ýylda Eýran şasy Nediriň Buhara emirligine eden harby ýörişi netijesinde aştarhanylaryň iň soňky hökümdary Ebulfeýz han oňa boýun bolupdyr. Lebap boýlary, şol sanda Çärjew töwerekleri hem Eýranyň golastyna düşüpdir. Mundan başga-da Eýran goşunyna türkmenlerden we özbeklerden nöker alnypdyr. Olar Hywa garşy ýörişde ulanylypdyr.

Aştarhanylardan soň Buharanyň tagtyna maňňytlar dinastiýasynyň wekili Muhammet Rahym (1756 ý) gelýär. Belli gündogarşynas W.W.Bartoldyň pikirine görä, gündogaryň taryhy çeşmelerinde nogaýlary maňňytlar diýlipdir. Olar Buharany tä, 1920-nji ýyla çenli dolandyrypdyrlar.

1770-80 (1758-1785)-nji ýyllarda Buharany ejesi tarapyndan aştarhanylara degişli Daniýal baý dolandyrypdyr. Megerem, şol sebäpli hanlykda nägilelikler döretmezlik üçin ol hanlygy öz adyndan däl-de, ogly Maassumyň adyndan alyp barypdyr. Massumyň dürli ýaşlarda dürlüçe atlandyrylmaklygy hem üns bererlikdir. Oňa çagalygynda Begjan, kämillik ýaşynda bolsa, Şamyrat diýipdirler. Türkmen taryhynda Maassum Şamyrat Welnamy ady bilen bellidir. Ol emir adyny alyp, 1785-1800-nji ýyllarda Buhara hany bolýar. Şamyrat dindar adam bolup, Buharada wajyp özgertmeler geçiripdir, pul dolanyşygy, salgyt ýygnamagy, edra-iş ulgamyny düzgünleşdiripdir, özbaşdak bolmagy isleýän iri baýlara garşy göreş alyp barypdyr. Şamyrat Welnamy Buhara emirliginiň daşarky syýasatyny-da işeňňirleşdiripdir. Amyderýanyň çep kenarynda ýerleşen türkmenler Buhara emirligine gutarnykly tabyn edilýär. Ahmet şa Dürrany tarapyndan basylyp alnan Balh, Meýmene, Mazari-Şerif, Andhaý (Antguýy), Akja ýaly türkmenleriň ýaşaýan etraplaryny-da gaýtaryp almak isläpdir.

1787-nji ýylda Buhara hany tarapyndan Mary şäheri ýer bilen ýegsan edilýär. Türkmenler ýene-de öz milli döwlet merkezini dikeldýärler. Şamyrat Welnamynyň döwründe türkmen-Buhara gatnaşyklary ýitileşipdir. Merwde Buhara aralygyna garşy göreş başlanypdyr. Emir Şamyrat bolsa, oňa jogap hökmünde 1785-86-njy ýyllarda Merwe garşy birnäçe ýörişler gurapdyr. Şol döwürde Mary oazisi gajarlaryň we türkmenleriň elinde bolup, milli görnüşde Eýrana tabyn ýagdaýdady. Şamyradyň goşunlary esasan Lebap, Buhara, Kaşkaderýa, Balh türkmenlerinden ybaratdy. Merw hökümdary Baýramaly han Buhara bilen arany diplomatik ýol bilen sazlajak bolup synanyşýar. Emma Şamyrat Welnamy bu synanyşygy ret edýär. Esasy güýçlerini bukuda goýup, müň atly goşun bilen Marydaky Baýramaly hanyň galasynyň üstüne çozup başlaýar. Baýramaly han gije galadan çykyp söweş edende bukuda ýatan goşunlarynyň arasyna baryp, gabawa

düşýär we şol söweşde ölýär. Baýramaly hanyň atasy gajarlaryň izeddinli tiresinden, ejesi bolsa salyr türkmenlerden bolupdyr. Onuň kellesini kesip Buhara iberipdirler, ähli neberesine hem şol ýere we Samarkanda göçüripdirler. 1790-njy ýylda Şamyrat Welnamy 2-nji gezek Marynyň üstüne dökülýär, sebäbi onuň goýup giden häkimleriniň arasynda çaknyşyklar dowam edýärdi. Ol bütin oazisi suwlandyryp duran Soltanbendiň ýanyndaky galany eýeläp, bendi ýumurmagy buýurýar.

Welnamy täjirleriň kömegi bilen Murgapdaky Soltanbendi goraýan galany ýumurypdyr we Merwi suwdan kesipdir. Bent ýykylandan soň bolsa Marynyň ilatyna ony dikeltmäge rugsat bermändir, sebäbi bent dikeldilse Marynyň ilaty Buhara tabyn bolmaz diýip pikir edipdir. Soltanbendiň ýykylmagy Murgap sebitini tozgunçylyga getiripdir, ekerançylyk hojalygy pese gaçypdyr. Ilat galla we başga azyk harytlaryny Hyratdan, Maşatdan getirip mydar edipdir, Diňe derýanyň aşak akymynda, saryklar, salyrlar, tekeleriň bir bölegi ekerançylyk bilen meşgul bolýarlar. Şamyrat Welnamy Baýramaly han galanyň ilatynyň köpüsini Mawerannahra göçüripdir, ilatyň galanlary Maşada tarap gaçypdyr. 1807-nji ýylda türkmenler Marydan gajarlaryň iň soňkylaryny gutarnykly suratda kowup çykarypdyrlar. Galada diňe 400-500 adamdan ybarat Buhara garnizony galypdyr.

Türkmen taýpalary Buhara emiriniň dikmelerine-de doly tabyn bolmandyr, häli-şindi olar bilen çaknyşypdyrlar. Şamyrat Welnamy ahyrda Maryny edara etmegi öz ogly Din Nasyr bege tabşyrypdyr.

**Buharanyň Murgap ýerlerini eýelemäge gönükdiren syýasaty. Türkmenleriň Buhara emirine garşy gozgalaňlary.** Merwiň hökümdary edilip emiriň dogany Omar baý bellenipdir. Ol derýanyň bendini dikeldipdir we Buhara tabyn bolmandyr. Emir Şamyrat ýene-de Merwe ýöriş edip, bendi ýykdyrypdyr we şäheri agyr ýagdaýda goýupdyr. Şeýle halatda ýerli ilat Şamyrada şäheriň derwezesini açyp beripdir.

Şamyrat 1797-nji ýylda bendi dikeldipdir. Emma ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak uzaga çekipdir.

1800-1826-njy ýyllarda Emir Şamyradyň ogly Seýit Haýdar Töre (Mirhaýdar) Buharany dolandyrypdyr. 1801-1802, 1824-nji ýyllarda Lebap boýlarynda ärsary türkmenleriniň köpçülikleýin gozgalaňlary bolýar. Türkmenler Buhara tarapyndan agyr salgytlaryň salynmagyna garşy göreşýärler. Gozgalaňlaryň rehimsizlik bilen basylyp ýatyrylyşy hakynda Seýdiniň, Zynharynyň eserlerinde beýan edilýär. Şondan soň türkmenleriň bir bölegi Lebapdan Hywa hanlygyna göçüpdirler.

Bu wakalaryň yzysüre Merwiň häkimi emir Haýdaryň dogany Din Nasyr beg özbaşdaklyk yglan edipdir. Ony boýun egdirmek üçin Mirhaýdar Nyýazbeg perwançyny Merwe iberipdir. Ol Merwiň garşysyna öňküler ýaly ýene-de Soltanbendi ýumurmak usulyny ulanypdyr. Merw ýene boýun egmäge mejbur edilipdir. Din Nasyr beg müňe golaý Merwli (maşgala) bilen Maşada gaçypdyr. Şäheri ele salandan soň Mirhaýdar 200-den gowrak maşgalany Zeröwşen derýasynyň boýlaryna göçüripdir. Şu çylşyrymly ýagdaýdan peýdalanyp, Hywa hany Muhammet Rahym 1825-nji ýylda Merwi basyp alypdyr.

Buhara emirligindäki türkmenleriň ykbaly Mirhaýdaryň ogly Nasrulla Bahadur hanyň (1826-1860), onuň ogly Muzaffar ed-diniň (1860-1870) we olardan soňky döwürlerde-de üýtgemändir.

Ýokardaky wakalardan görnüşi ýaly, maňňyt hökümdarlary, Eýran hem-de Hywanyň arasyndaky ýer-ýurt dawalarynyň ezýeti elmydama Lebap hem-de Merw türkmenleriniň gerdenine düşüpdir.

Buhara döwletiniň düzümine girýän türkmen ýerleriniň administratiw-jemgyýetçilik gurluşy nähili bolupdyr? XIX asyryň birinji ýarymyna çenli türkmenleriň ýaşaýan ýerleri Çärjew we Kerki begliklerine (kähalatlarda welaýat hem diýipdirler) bölünipdir. XIX asyryň ikinji ýarymynda

dolandyrmagy kämilleşdirmek hem-de salgyt ýygnamagy kadalaşdyrmak üçin bu ýerlerde emir tarapyndan ýene-de dört beglik – Burdalyk, Kelif, Narazym hem-de Gabakly döredilýär.

Begligiň häkimligi adatça, begden, iş kagyzlaryna serenjam berýän mürzeden, goraçylaryň başlygy ýasawulbaşydan, maliýe işleriniň ýolbaşçysy diwanbegiden düzülipdir. Mundan başga-da häkimlige mirşab ýa-da şabugord-polisiýa, salgyt ýygnaýan aminaneçi, iki zekatçy, ýakyn hyzmatkärler-mähremiler, atbakarlaryň ýolbaşçysy-mirahyr, ýaraglara we zyndana jogap berýän topçybaşy giripdir.

Beglikler emläkdarlyklara, olaram öz gezeginde aksakgallyklara bölünipdirler. Aksakgallyklaryň başynda ýaşulular, kethudalar, seýrek halatlarda emirler durupdyrlar. Emläkdarlyklary dolandyrmak üçin 20-ä golaý gullukçy bolupdyr. Her emläkdarlykda suwaryş desgalaryna gözegçilik edýän miraplary bolupdyr. Zekatçylar, dargabaşylar we beýleki salgytçylar Buhara ibermek üçin salgyt ýygnamak bilen meşgul bolupdyrlar.

Buhara emiri öz golastyndaky türkmenlerden wagtly-wagtynda salgytlary ýygnap almak üçin hilegär syýasat alyp barypdyr. Ol emire gulluk edýändikleri üçin türkmenleriň ýolbaşçylaryny salgyt tölemekden hem-de agyr işlerde işlemekden boşadypdyr. Mundan başga-da olara döwlet tarapyndan birnäçe paý suw sylag berilipdir.

Hanlykda gulluk üçin aýlyk tölenmänsoň, wezipeli adamlaryň eklenji salgytlaryň ýygnalyşy bilen baglanyşykly bolupdyr. Nedir şanyň imperiýasy daganda, ärsarylaryň gara tiresinden Rüstem beg Kerki welaýatyna hökümdar bellenýär. Mirhaýdar döwründe Çärjew şäheriniň hökümdarlygyna türkmen Ýunus Muhammet beg bellenipdir. Onuň esasy eklenji Amyderýanyň geçelgeleriniň 41-sinden her ýyldaky ýygnalýan salgydyň ýarysy bolupdyr.

Buhara hanlygynda salgytlaryň 50 töweregi bolupdyr. Olaryň 40-a golaökmany eken. Türkmenler şol salgytlaryň köp

görnüşlerini töläpdirler. Olaryň arasynda mysal üçin, hyraç-ýer salgydy, zekat-mal salgydy, aminane-bazarda dürli harytlary satmak üçin salgyt, mirabana-miraplary saklamak üçin töleg, jykyr puly we başgalar bolupdyr. Salgytlar pul ýa-da önüm görnüşinde tölenipdir. Olaryň möçberi ýerli hojaýynlar tarapyndan çen bilen bellenipdir.

Salgyt ýygnamak meselesinde ýerli han-begler tarapyndan dürli eden-etdiliklere ýol berilipdir. Şonuň üçin türkmen ilaty emiriň syýasatyna ynamsyzlyk bilen garapdyr.

Lebap türkmenlerinde ýerden-suwdan peýdalanmak Buhara hanlygyndaky ýaly görnüşlerde bolupdyr. Olar döwlet-emläk, hususy-mülk, harby gulluk üçin-tanh, diňe degişli wakf ýerleridir.

Buhara hany özüniň harby-syýasy we ykdysady bähbitlerini göz öňünde tutup, türkmenlere hanlygynyň beýleki ýerleri bilen deňeşdirende, ýeňillikler beripdir. Sebäbi türkmen atlylary hanlygyň günorta serhetlerini häli-şindi gaýtalanyp duran Owgan hem-de Eýran çozuşlaryndan goraýan eken.

Umuman, XVIII-XIX asyrlarda türkmen-buhara gatnaşyklary çylşyrymly häsiýetde bolupdyr. Her näçe synanyşsalar-da, Buhara hanlary türkmenleri doly boýun egdirip bilmändirler. Ilat her hili betbagçylyklara sezewar edilse-de, öz türkmen ruhuny, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny, maddy-medeni gymmatlyklaryny saklamagy başarypdyr.

## 5. XVII-XIX asyryñ birinji ýarymynda türkmen-rus gatnaşyklary.

XVII asyrdan başlap ruslaryñ Hazar deñzinin kenaryna gelmegi bilen, rus-eýran gatnaşyklarynda türkmeniñ ykbalynyñ kemsidilendigine, oturymly ýereriniñ azaldylandygyna, türkmen halkynyñ taýpa-tire agzalalygynyñ, goñşy döwletler

bilen ýer-suw dawalarynyñ daşyndan gurnalandygyna taryh şaýatdyr.

Taryhy wakalara ser salanyňda, onda patyşa Russiýasynyň Orta Aziýa hüjüm etmekleriniň esasan şol ýurtda kapitalistik gatnaşyklarynyň ösüşi bilen baglydygyna göz ýetirýärsiň. Dünýä paýlaşygyndan hakyny almak, koloniýa edinmek, ony talamak we onuň hasabyna baýamak, çig mal gözlegi we ş.m. sebäpler patyşa Russiýasynyň Orta Aziýanyň beýleki ýerleri ýaly Türkmenistany hem basyp almaklygyna getirdi.

Türkmenleriň Russiýa bilen aragatnaşygynyň taryhy kökleri has irki wagtlara baryp ýetýär.

XVI asyryň II ýarymyndan başlap Orta Aziýa halklarynyň Russiýa bilen ilçilik aragatnaşyklary we kerwenli söwdasy hemişelik häsiýete eýe bolýar. Şol wagtlar esasan türkmenleriň oturumly ýeri bolan Mangyşlagyň we Üstýurduň üsti bilen Astrahandan Horezme gelýän söwda ýoly aýratyn möhum ähmiýete eýe bolýar. Orta Aziýadaky özara uruşlar aragatnaşygy kynlaşdyrypdyr.

Moskwa döwletiniñ hökümdary Iwan IV Grozni Kazan hanlygyny (1525) we Astrahady (1557) boýun egdirenden soñ, Merkezi Aziýa halklarynyñ aragatnaşyga giñ ýol açylýar. Russiýa ol ýerdäki hanlyklar hem-de türkmen taýpalary bilen gös-göni araçäkleşýär. Söwda hem diplomatik gatnaşyklar üçin zerur şertler ýüze çykýar.

1558-60-njy ýyllarda iñlis täjiri Antoniw Jenkinson Iwan IV-niñ ilçisi hökmünde iki gezek şu ýerlerde bolýar. Birinji gezekde Eýrana geçip barýarka Kaspiniñ kenarynda düşende, türkmenlere paç töländig, olardan düýe satyn alandygy barada ýazypdyr. Ikinji gezeginde Hywa hanlygynyñ ýolunda Sargamyş töwereklerinde “türkmen patyşalygy” barada belläpdir.

XVII asyrdan başlap, eýýäm türkmem-rus söwda gatnaşyklary barada maglumat berýän dokumentler pýda

bolýar. Türkmen taýplaraynyñ ýaşaýan ýerleriniñ üstünden geçen rus diplomatik wekilleriniñ sany artýar. Olar köplenç ýol ugrunda gören-eşiden zatlaryny ýazyp galdyrypdyr. 1616-njy ýylda rus ilçisi Tihonow Horezimiñ üstünden Eýrana geçýär. Ol türkmenler bilen gatnaşygyñ dostlukly bolandygyny aýdýar. Ýene dört ýyldan soñ (1620) beýleki bir ilçi Iwan Hohlow Hywa ýolunda bulagaýlygyñ höküm sürýändigini belleýär. Sebäbi şol wagt Hywada tagt üçin Hywada güýçli göreş dowam edýär eken.

XVII asyryñ ikinji ýarymynda türkmenler bilen russiýanyñ arasyndaky gatnaşyklar diñe söwda häsýetine däl, eýsem diplomatik häsýete hem eýe bolýar.1641-nji ýylda türkmenleriñ ajy tiresiniñ wekilleri Moskwada söwda edipdir. 1677-nji ýylda türkmen wekilleri özleriniñ Russiýa raýatlygyna kabul edilmegini sorap, Astrahana barypdyrlar. 70-80-nji ýyllarda türkmen çarwalary Astrahan guberniýasynyñ çäklerinde gyşlapdyrlar.

XVIII asyrda Aziýada goňşy döwletleriniň ýagdaýy has agyr bolup ugraýar. Aziýa ýurtlarynyň köpüsinde senetçilik we söwda pese gaçyp ugraýar, goňşy döwletleriň hökümdarlarynyň degişli girdejileri azalypdyr, olar şol girdejileriň öwezini ezijilik güýji bilen ödemäge synanyşyp, önümçiligiň – oba hojalygynyň esaslaryny opurypdyrlar. Ykdysadyýetiň pese düşmegi, şäherlileriň we daýhanlaryň gedaýlaşmagy, özara uruşlaryň biçak ýitileşmegi – bu zatlaryň hemmesi tutuşlykda ykdysadyýetiň umumy pese düşmeginiň has agyr ýagdaýyny görkezýärdi, şol wagtda Gündogar ýurtlarynyň köpüsi üçin şol ýagdaýdan önümçiligiň has ýokary usulyna geçmek arkaly çykmak mümkinçiligi bolmandyr.

Bir tarapdan, Aziýanyň güýçden düşen goňşy döwletleri Günbatar Ýewropanyň ykdysady taýdan öňde barýan ýurtlarynyň, ozaly bilen-de Angliýanyň mülkdarçylyk girisine düşüpdirler we mülklere we ýarym mülklere öwrülipdirler. Beýleki tarapdan, Aziýanyň öz sosial-ykdysady ösüşiniň

derejesi boýunça yza galan gatnaşyklaryny saklap galdyran käbir taýpalary syýasy meýdana ýene-de has içgin çykyş edip ugraýarlar. Şol taýpalar goňşy döwletleriniň güýçden düşmeginden peýdalanyp, ekerançylyk welaýatlaryna täzeden çozup girýärler we käwagtlarda olary basyp alyp, täze döwletleri döredýärler.

Bu zatlaryň hemmesi Türkmenistanyň ýerlerine hem galtaşypdyr.

XVIII asyrda Rus döwletiniň Orta Aziýanyň hanlyklary we türkmen bilen özara gatnaşyklarynyň taryhynda täze sahypa açylýar. Günbatarda Rus döwleti üçin ýol çekip, Pýort I döwletiň gündogar böleginiň serhetlerini hem ünsden düşürmändir; ol, bir tarapdan, bu ýerde Orta Aziýa we Hindistan bilen we beýleki tarapdan, Uzak Gündogar bilen aragatnaşyk etmek üçin has amatly ýollary barlamak işini geçiripdir. Rus mülkdarlarynyň we täjirleriniň bähbitleri üçin hereket eden bu patyşa Aziýa bilen Ýewropanyň arasynda aralykçy hökmünde rus söwdasyny giňeltmegiň ähmiýetini hem mümkinçiligini göz öňünde tutupdyr. Taryhçy S.M.Solowýowyň sözlerine görä, Pýotr I “Baltika deňzinde we Gara deňizde Ýewropa penjire açyp, şol wagtyň özünde gyrgyz we türkmen sähralarynyň üsti bilen Aziýa ýurtlarynyň hemmesine açar we derwezeler gözläpdir”. Ol Kaspi deňziniň kenarlaryna we Kawkazyň hem Orta Aziýanyň üsti bilen Gündogara barýan ýollara aýratyn üns beripdir.

XVIII asyryň başynda Russiýada bütinrus bazarynyň döremänligi we ýurduň ilatynyň esasy köplügini düzýän krepostnoý daýhanlaryň satyn alyjylyk ukybynyň pes bolamgy, döwletiň öňünde daşarky bazarlary gözlemek meselesini goýupdyr.

Pýotr I, Russiýa bu meseläni Gündogar we Günbatar bilen ýakyn aragatnaşygy ýola goýup, çözüp biler diýip, çak edipdir.

Russiýa Baltika deňzine çykalga gazanyp, Günbatar Ýewropa bilen ykdysady, syýasy we medeni aragatnaşygy berkitmäge mümkinçilik gazanypdyr. Indi Kawkaz, Eýran, Orta Aziýa we aýratynam Hindistan Pýotr I-niň ünsüni özüne çekýärdi.

Şol döwürde iň arzan transport suw ýoly bolupdyr we Hindistana barýan iň ýakyn ýol Amyderýanyň üstünden geçipdir.

Pýotr I-niň döwri barada ýene-de bir bellemeli zat Şwesiýa bilen uruş döwlet gaznasyny boşadypdy. Girdejini, aýratynam gymmat bahaly metallaryň hasabyna köpeltmegiň gyssagly çäresi we usuly gerekdi. Şol döwür Sibiriň baýlyklary-da heniz açylmandy.

Türkmenleriň abdal taýpasyndan bolan maňgyşlakly Hojanepes Söýün ogly Astrahanda Eýranyň Gilýan şäherinden gelip, hristian dinini kabul eden Zaman beg atly bir täjir bilen tanyşýar. Duşuşyklaryň birinde Hojanepes oňa rus imperatoryna möhüm bir habary ýetirip, “döwlet üçin örän bähbitli işiň başyny başlamakçydygyny” mälim edýär. Öz gezeginde Zamanow (Zaman beg) ony rus imperatory bilen duşurmak mümkinçiliginiň bardygyny syzdyrýar. Bu ylalaşykda Zamanowyň, ozaly bilen, öz hususy bähbitlerinden ugur alandygyny unutmak bolmaz. Netijede, Zamanow Hojanepesi Sankt-Peterburga alyp gidýär. Dogrudanam, XVIII asyryň başlaryndaky obaly türkmen adamy üçin rus patyşasynyň ýanyna gidibermek ýeňil-ýelpaý iş däldi.

Türkmen halkynyň şol döwürdäki keç ykbaly Hojanepesi bu ýeňil bolmadyk ýola çagyrypdy. Hojanepesiň şol taryhy sapary 1713-nji ýylda bolup geçipdi. Zamanow Hojanepes bilen ilki duşuşugynda-da rus imperatorynyň adyny tutmak bilen, Sankt-Peterburgda ýaşaýan gwardiýa poruçigi Aleksandr Bekowiç-Çerkasskä ynanýardy. Şonuň üçin ol Hojanepesi Peterburgda ilki A.Bekowiç-Çerkasskiý bilen tanyşdyrýar.

A.Bekowiç-Çerkasskiniň kömegi netijesinde Hojanepes 1714-nji ýylyň ýazynda rus imperatory Pýotr I bilen duşuşmaga mümkinçilik döreýär. Hojanepesiň maglumatlaryny imperatoryň hut özi uly gyzyklanma bilen diňläpdir.

Öz ähmiýeti boýunça şu taryhy duşuşykda Hojanepes Amyderýanyň ozal Kaspi deňzine guýandygyny, emma hywalylaryň ony Aral deňzine tarap öwrendigini Pýotra habar berýär. Şonda ol hywalylaryň muny "esasan Russiýanyň howpundan goranmak üçin", olaryň Kaspi deňizden Uzboýa geçip, Hywa hanlygyna çenli ýüzüp gelmeginiň öňüni almak niýeti bilen edendiklerini imperatora düşündirýär. Hywalylaryň basan şol böwedini açyp, derýany henizem saklanyp galan öňki ugry bilen ýene akdyryp boljakdygyna Pýotryň ünsüni çekýär. Eger ruslar bu işe başlamakçy bolsalar, olara türkmenleriň höwes bilen kömek etjekdigine wada berýär. Hojanepes bilen birlikde Amyderýanyň ugrunda altynly çägäniň hem bardygyny imperatora maglumat berýär. Bu bolsa Pýotr I üçin-de, rus imperiýasy üçin-de iň bir täsin we zerur maglumatdy.

Hojanepesiň "altynly çäge" baradaky maglumaty Pýotr I-de uly gyzyklanma döredýär. Ol maglumat paýtagta gelen Sibir general-gubernatory knýaz Gagarin tarapyndan we 1714-nji ýylda Russiýadaky Hywa ilçisi Aşyr beg tarapyndan tassyklanýar.

Olaryň birinjisi "Kiçi Buharada Galmyk eýeçiliginde Irket şäheriniň ýanyndaky derýada altyn bardygyny" habar berýär.

Hywa ilçisi bolsa, Hojanepesiň maglumatyny diňe bir tassyklaman, eýsem Pýort I-ä "şol ýerde ýakyn ýerde Amyderýanyň Kaspi deňzine guýýan ýerinde, gala gurmagy we ony garnizon bilen üpjün etmegi" teklip edýär.

Eýrana tarap ýörişler diýlip at berilýän we Pýotr I-iň hut özi gatnaşan ýörişleriň hem daşyndan ol Orta Aziýa ekspedisiýalary ondan öň hem ýollapdyr. Şol ekspedisiýalaryň wezipesi patyşanyň 1714-nji ýylyň 14-nji maýynda senata

beren permanynda kesgitlenipdir. Şol permanda şeýle diýilýär: “Tagta çykanlygy mynasybetli gutlamaga Hywa (hanyň ýanyna) ilçi ibermeli, ol ýerden bolsa Buhara hanyň ýanyna gitmeli, şunda söwda işini delil edinmeli, işiň düýp maksady bolsa Erket şäheriniň ýerleşişini, bu şäheriň Kaspi deňzinden nähili uzakda ýerleşýändigini, ol ýerden ýa-da şol ýeriň golaýyndan Kaspi deňzine tarap akýan haýsy-da bolsa bir derýanyň bardygyny-ýokdugyny bilmeklikdir”.

Kaspi deňziniň gündogar kenaryna ekspedisiýa ugratmak meýli şeýle döreýär we ol Preobreženskiý polkunyň poruçigi knýaz A.Çerkasskä tabşyrylýar.

Knýaz A.Çerkasskiý kim we name üçin Pýotr I, şol döwür üçin ägirt uly proýekt bolan Amyderýany öňki akymy boýunça Kaspä tarap öwürmegi hut Çerkasskä tabşyrýar?

Çerkasskiniň biografiýasy barada gysgaça aýdylanda, ol Kabardada (Kawkazda) täsirli knýaz maşgalasynda dogulýar. Onuň hakyky ady Döwlet Kizden Mürze (Döwlet Gireý). Ylym öwrenmek üçin, aýratynam deňizde ýüzmegi öwrenmek üçin daşary ýurtda bolup gelýär. 1713-nji ýylda Pýotr I-niň ynamdar adamsyna öwrülýär. Pýotr I-ni terbiýelän belli knýaz B.A. Golisynyň gyzy Mariýa Borisowna Golisyna öýlenýär.

Döwlet işine berlen, birnäçe dilleri bilýän, ýaş başarjaň ofiser A.Çerkasskiý Pýotr I-niň Amyderýany Kaspi deňzine öwürmek baradaky we Russiýadan Hindistana barýan gönümel suw ýoluny açmak ýaly ägirt uly proýektini ýerine ýetirmäge mynasyp bolupdyr.

1714-nji ýylyň 29-njy maýynda Kaspi deňziniň gündogar kenarlaryny barlamaga we Amyderýanyň guýýan ýeri barada, Hywa, Buhara barada goşmaça maglumatlary ýygnamak üçin A.Bekowiç Çerkasskiniň ýolbaşçylygynda deňiz ekspedisiýasyny ugratmak barada Pýotr I-niň adyndan perman çykýar.

Ekspedisiýanyň öňünde birnäçe mesele, ýagny Kaspi deňziniň gündogar kenarlaryny barlamak, geçilen kenaryň, duş

gelen derýalaryň we duralgalaryň kartasyny düzmek, Amyderýanyň nirä guýýandygyny we Irketi (Ýarkent) şäherini Kaspi deňzi bilen baglanyşdyrýan derýa badygyny, şeýle hem ýerli ýaşaýjylardan sorap Amyderýanyň öňki akymynyň nirede ýerleşýändigini anyklamak meselesi goýulýar.

Knýaz A.Çerkasskiý derrew ekspedisiýany taýýarlamaga girişýär. Onuň Kaspi deňzine birinji ekspedisiýasy üçin 34 924 manat harçlanylýar.

1715-nji ýylda Pýotr Orta Aziýa edil bir wagtyň özünde diýen ýaly iki ekspedisiýa: knýaz Bekowiç-Çerkasskini we Buhgolsy ýollapdyr. Bu işleriň birinjisine Hojanepes diýen türkmeniň beren gürrüňi sebäp bolupdyr.

Baryp 1715-nji ýylyň aprelinde, özüniň Hywa ýörişiniň öňünçäsi, Bekowiç-Çerkasskiý Pýotr I-niň buýrugy boýunça Kaspi deňziniň kenarlaryny barlamak üçin ekspedisiýa gidipdir.

Bekowiç-Çerkasskä uly tabşyryklar: Hywa hanynyň ýanyna barmaly bolan diplomatik missiýa baştutanlyk etmek, Hywa barýan ýolda birnäçe gala gurmak we Hindisatana barýan suw ýoluny barlamak we şonuň bilen baglanyşykly Amyderýanyň akymyny ozalky hanasyna öwürmegiň mümkinligi hakyndaky meseläni aýdyňlaşdyrmak işi ýüklenipdir.

Taryhy resminamalarda Rus imperatory bilen Hojanepesiň arasynda bolan gürrüňiň ýazgysynyň galmanlygy üçin ony hemmetaraplaýyn öwrenmek kyn. Ýöne welin türkmen halkynyň wekiliniň uzak aralyklary söküp, dürli kynçylyklara döz gelip, Russiýa üçin zerur bolan maglumaty ýetirmekden başga, ýene nähili hususy bähbidiniň bardygyny Peterburgda soralandyr, çünki Hojanepes üçin iň esasy zerurlyk Balkan etraplaryna Amyderýanyň suwyny gaýtaryp bermekdi. Emma rus imperatorynyň wekilleri 1714-1717-nji ýyllar aralygynda Balkan türkmenleriniň durmuşy bilen gyzyklanmandyrlar. Pýotr I we onuň işini dowam etdirijiler

Hojanepesiň maglumatlaryny rus imperiýasynyň Gündogar baradaky daşary syýasatynyň peýdasyna ulanypdyrlar.

Peterburgda bolan Hywa ilçisi Aşyr beg hem Amyderýa ozal Kaspi deňzine guýupdyr diýip tassyklapdyr. Edil şol wagtyň özünde diýen ýaly Sibiriň gubernatory Gagarinden Kiçi Buharada, Erket (häzirki Sinszýandaky – Hytaýda Ýarkentşäheri göz öňünde tutulýar) şäheriniň golaýynda, Derýanyň kenarynda altynly cage bar diýen habar gelipdir. Bu habarlar Pýotr I-e uly täsir edipdir, ol öz pikirini amala aşyrmaklyga özüne mahsus gujur bilen girişipdir. Şonuň netijesinde ol bu möhüm işiň ugruna haýal etmän çykylmagyna özi görkezme berip başlapdyr. Şol babatda onuň 1714-nji ýylyň 29-njy maýynda çykaran Permany aýratyn ähmiýete eýedir. Ol senata beren görkezmesinde Hywa hanynyň tagta çykmagy bilen oňa gutlag ugratmagy, şondan soň Buhara hanlygyna baryp, söwdanyň halyndan habar almagy, şol bir wagtda Erket şäheri barada hem gerekli maglumatlary toplamagy tabşyrýar. Şol günün özünde beýik imperator Kazan gubernatory P.S.Saltykowa agzalan çäreleri amala aşyrmak hem-de Kaspi deňziniň Gündogar kenaryny we Amyderýanyň deňze guýýan ugruny barlamak üçin A.Bekowiç-Çerkasskiniň ýolbaşçylygynda guralmaly ekspedisiýa ähli zerur bolan şertleri döretmek barada görkezme berýär.

Birinji ekspedisiýa 1715-nji ýylyň 25-nji aprelinden 9-njy oktýabr aralygynda geçýär. Arhiw resminamalary ekspedisiýanyň deňiziň gündogar kenarlaryny barlamagynda Müňgyşlak türkmenleriniň ysnyşykly hereket edendiklerine şaýatlyk edýär. Olar 1715-nji ýylyň 25-nji iýulynda Astrahan gubernatoryna ýazan hatlarynda şeýle diýilýär: “Biziň ata-babalarymyz üç ýüz ýyla ýakyn hökümdara gulluk etdiler we häzir beýik hökümdaryň ukazy boýunça bize knýaz Aleksandr-Bekowiç geldi we onuň buýrugyny biziň hemmämiz ýerine ýetirdik”.

A.Bekowiç-Çerkasskiniň özi hem Kaspi deňziniň gündogar kenarynyň ilatynyň özleri bilen gowy gatnaşykda bolandyklaryny, ähli tarapdan kömek berendiklerini boýun alýar. Gurýewe gelende A.Çerkasskiý çarwalardan Amyderýany köne akymyna öwürip boljakdygyny, ýöne onuň üçin Gyzyl suw aýlagyna tarap 20 wýorst (1,06 km deň rus uzynlyk ölçegi) uzynlykdaky kanal gazmagyň zerurdygyny eşidýär. Ýüzüş örän kyn şertlerde geçipdir.

Haçan-da ekspedisiýa Düýp-Garagan aýlagyna ýetende knýaz Hojanepesiň ýolbaşçylygynda öz ynamdar adamlary Zwanskini we Feodorowy Aral hem-de Kaspi deňizleriniň aralygyndaky ýerleri barlamak we Krasnowodsk aýlagyna çykmak üçin ugradýar.

Bular kerwen ýoly bilen 10 günläp ýöreýärler we Hywa hanlygynyň araçägine ýetýärler. Bu ýerde olar beýikligine bir we giňligine üç sažene (2,134 m barabar rus uzynlyk ölçegi) barabar aralyga uzalyp gidýän seňňer tapdylar. Bu emeli böwet (gaçy) 5 wýorst aralyga uzalyp gidýärdi. Onuň golaýyndan Amyderýa akyp geçýärdi. Ýerli ýaşaýjylar ony derýanyň akymyny bekleýän gatlagyny tassyklaýarlar. Seňňeriň ýanyndan jülge başlaýar, ony bolsa ýaşaýjylar Amyderýanyň köne akymy diýip tassyklaýarlar. Bu jülge hamala Kaspi deňizine çenli uzalýarmyş. Jülgäniň iki tarapynda ilatly punktlaryň harabalyklary we olar tarapyndan geçirilen kanallaryň yzlary, sudurlary görünýär. Görnüşine görä ýolagçylar Garagaç diýen ýerde bolupdyrlar. Olar Garagaçdan derýanyň hanasyny yzarlap 20 wýorst ýöränlerinden soň Ata-Ybraýym diýen ýere gelýärler. Şonda Hojanepes hywalylar tarapyndan çozuş edilmeginden howatyrlanýandygyny aýdyp, kerweni ýoldan sowýlyar we Krasnowodsk aýlagyna ugraýar. Ol ýerde bolsa A.Çerkasskiý bilen duşuşmalydy. Çerkasskiý bolsa Kaspiniň gündogar kenary bilen ýüzüp, Gyzyl suw aýlagyny we Amyderýanyň öňki akymyny gözleýär. Ol

Krasnowodskiniň gündogar bölegi hasaplanýan Balkan aýlagyndan derýanyň guýýan ýerini tapýar.

1715-nji ýylyň 4-nji awgustynda Pýotr I-ä ýazan hatynda A.Çerkasskiý Amyderýanyň Kaspi deňzine guýýan ýerini tapandygyny barada habar berýär.

A.Çerkasskiý ilkinji bolup möhüm geografik açyş etdi, ýagny Uzboýyň öňki guýýan ýeri – Aktamy tapdy.

A. Çerkasskiniň ekspedisiýasynyň diňe bir Amyderýanyň köne akymyny gözlemek bilen çäklenmän, eýsem şol döwür üçin ägirt uly ylmy ähmiýeti bolan Kaspi deňziniň gündogar kenarlaryny ilkinji gezek karta geçirendigini belläp geçmek möhümdir.

Ilkinji ekspedisiýanyň netijeleri boýunça taýýarlanylan arhiw resminamalaryndan A.Bekowiç-Çerkasskiniň Hojanepesi ygtybarly adam hasap edendigi, oňa uly hormat goýandygyny aýdyň duýulýar. Ol ony Krasnowodskden ýöne ugradyp goýberäýmändir. Ony öz ekspedisiýasynyň agzasy hököminde Düýp Garagan aýlagyna çenli gämide alyp gaýdypdyr. Hojanepes bu barada şeýle diýýär: “Biz şol Gyzylsuwdan (Krasnowodskden) tä Garagan aýlagyna çenli gämide bile ýüzüp gitdik. Şol ýerden meni jenap Bekowiç-Çerkasskiý türkmen iline ugratdy, özi bolsa Astrahana tarap gitdi”.

1715-nji ýylyň ahyrynda knýaz A.Çerkasskiý Kaspi deňziniň gündogar kenarlaryna birinji ekspedisiýasynyň netijesi barada habar bermek üçin Pýotr I-niň ýanyna ugraýar. Ol patyşany Libawadan (Riganyň golaýy) tapýar. Knýaz Çerkasskiniň hususy dokladyndan we gürrüňinden soňra Pýotr I onuň zähmetini makullap, gatla barada we onuň derýanyň köne akymyndan näçe uzaklykda ýerleşýändigi barada has anyk maglumat toplamagy A.Çerklasskä tabşyrýar.

Täze tabşyrygy ýerine ýetirmek üçin, A.Çerkasskiý uly bolmadyk otrýad bilen Amyderýanyň aşak akymlarynda gury ýer boýunça barlag geçirdi.

Täze maglumatlar bilen A.Çerkasskiý Moskwa gelýär. Senatyň we patyşanyň çagyrýandygy baradaky permany bilen tanyşyp Peterburga ugraýar. 1716-njy ýylyň fewralynda Pýotr I bilen üçünji gezek duşuşýar. Pýotr I knýazyň dokladyny diňläp, öňünde has giň we möhüm meseleleri goýup, Orta Aziýa täze ekspedisiýany ugratmak barada karara gelýär.

Pýotr I bu ekspedisiýa ýolbaşçylyk etmegi ýene-de A.Çerkasskä tabşyrýar, hyzmaty üçin bolsa, gwardiýanyň kapitany çini berýär.

1716-njy ýylyň 14-nji fewralynda A.Çerkasskiý patyşadan 13 punktdan ybarat instruksiýany we Senatyň "Knýaz Çerkasskini Hywa ilçi edip bellemek, Buhara hanlygyna we Hindistanyň beýik mogollaryna täjirleri ugratmak we olary ynandyryjy gramota bilen üpjün etmek hakyndaky" ýokary permany alýar. A.Çerkasskä kömekçi edip rus flotunyň poruçigi A.I. Kožin bellenipdir.

Şol gün Pýotr I öz eli bilen permanyň ähli bölümlerini Çerkasskiniň adyna ýazýar. Onda bolsa ekspedisiýanyň öňde durýan esasy meselelerini kesgitleýär.

Permanda şeýle wezipeler görkezilýärdi: birinjiden, Hywa, Buhara, soňra bolsa Gündogar Türküstana we Hindistana barýan suw we gury ýer söwda ýollaryny öwrenmelidi.

Ikinjiden, Amyderýanyň akymyny, onuň Kaspi deňiz tarapyndaky ähli gatlalary yhlas bilen barlamaly.

Üçünjiden, Hywa hanyny wepadarlyga we Russiýanyň raýatyna çekmek, Buhara hanyny bolsa "dostluga getirmek". Onda Pýotr I han häkimiýetleriniň zulumyna garşy halk köpçüliginiň çykyşlaryny göz-görtele kakdyryp, Orta Aziýa hanlary özleriniň golastyndakylardan horluk çekýärler diýip, belläp geçýär.

Şu maksatlary amala aşyrmak üçin, Pýotr I ekspedisiýa 4 müň adamly regulýar goşuny, 1,5 müň ýaik, greben kazaklaryndan 500 sini, 100 dragun, gämi "näçe gerek bolsa",

azyk we amunisiýa bilen doly üpjün dilen inženerleri, nawigatorlary, deňiz ofiserlerini bölüp bermegi buýurýar.

A.Bekowiç-Çerkasskiniň Hywa ekspedisiýasy bilen bir wagtda Eýrana ilçi hökmünde A.P. Wolynskiý ugradylýar.

Pýotr I-niň 1716-njy ýylyň 21-nji aprelindäki Şirgazy hana ýazan gramotasynda şeýle diýilýär: 1714-nji ýylda Pýotryň ýanyna Hywa ilçisi Aşyr beg täjirler iki döwletiň ýerinden arkaýyn geçip biler ýaly, ýagny olara "erkinlik bermek, azar bermezlik we salgyt salmazlyk" üçin, Hywa bilen Russiýanyň arasyndaky söwda şertnamasyny baglaşmagy teklip edýär. Muňa özüniň razylygyny bildirip, Pýotr I "Russiýa döwleti üçinem, Hywa ýerleri üçinem umumy peýdasy bolan möhüm işler" üçin Hywa hanlygyna A.Bekowiç-Çerkasskini ilçi hökmünde iberýändigini habar berýär.

Senatyň buýrugy we A.Çerkasskiniň aýratyn talap etmegi bilen, onuň ygtyýaryna hersi 1200 adamdan ybarat 3 polk, 595 dragun, 1500 ýaik, 500 greben kazaklaryny, 43 artilleriýaçy, 2 inžener berilýär, bulardan başga-da Astrahan dworýanlary, täjirler, dilmaçlar we beýlekiler jemi 110 adam goşulýar.

1716-1717-nji ýyllaryň ekspedisiýasyna Deňiz wedomstwasynyň ofiserlerinden we kiçi çinlerden başga 6350 adam gatnaşýar.

Bu umumy maglumat knýaz A.Çerkasskiý tarapyndan Astrahan ober-komendantyna berlen maglumat esasynda çykarylýar.

Otrýady Kaspi deňziniň kenarlaryna alyp gitmek üçin Astrahandaky, Kazandaky we Wolganyň aşak akymyndaky ähli şäherlerindäki gämileriň hemmesini bermek buýrulýar we Çerkasskiniň talabyna laýyklykda täze gämileri gurmak tabşyrylýar.

1716-1717-nji ýyllaryň ekspedisiýasy üçin dürli ululykdaky we dürli atdaky gämileriň 147 sanysy

mobilizlenýär. Ekspedisiýanyň çykdajysy 183 157 manada barabar bolupdyr.

A.Bekowiç-Çerkasskiý Kaspi deňzine ikinji ekspedisiýasyna 1716-njy ýylyň 20-nji sentýabrynda ugraýar we 9-njy oktýabrda Düýp-Garagan burnuna gelýär, ol ýerde goşun düşürilýär we “Mukaddes Pýotr” diýip atlandyrylan galany esaslandyrýar.

Düýp-Garagandan knýaz Çerkasskiý Hojanepesi iki sany astrahanly dworýanlar I.Zwanskiý we H.Feodorow bilen bilelikde Amyderýäniň köne akymyny we Kaspa barýan suwuň ýoluny bekleýän gatlany barlamaga Hywanyň çägine ugraýar. Edil şol bir wagtda-da flotuň poruçigi Kožini Buhara hanyna ilçi hökmünde bellenen podporuçik Dawydowy ugratmak üçin, suw ýoly bilen Astrabada iberýär.

“Mukaddes Pýotr” galasynyň günortasynda, soňra Çerkasskiniň adyna “Aleksandr-baý” diýip atlandyrylan ikinji galasyny esaslandyrýarlar.

Knýaz A.Çerkasskiý 1716-njy ýylyň 23-nji oktýabrynda Gyzyl suwa ugraýar, ol ýere 3-nji noýabrda gelýär we gala gurdurýar. A.Çerkasskiý ol ýerden 1716-njy ýylyň 17-nji dekabrynda 100 adamdan ybarat konwoýyň we 60 sany türkmeniň ugratmagynda Astrahana gidýär we 1717-nji ýylyň 20-nji fewralynda Astrahana gelýär.

Krasnowodskdäki galanyň gurluşygy tamamlanýança ol ýerde polkownikler Hruşýowyň we fon-der Wideniň ýolbaşçylygynda iki polk pyýada goşuny goýup gaýdýar.

Şeýlelikde, ikinji ekspedisiýa tamamlanýar. Onuň esasy netijesi Kaspi deňziniň kenarynda üç sany galanyň esaslandyrylmagydyr.

1717-nji ýylyň maý aýynyň başynda knýaz A.Bekowiç-Çerkasskiý üçünji ekspedisiýanyň ahyrky etabyna taýýarlanyp başlaýar. Astrahandan Gurýewe goşun we kazak otrýadlary ugradylýar we olar ol ýerde dört hepdäniň dowamynda Hywa ýörişiniň soňky taýýarlygyny alyp barypdyrlar. Otrýadyň sany

3 müň adama ýetipdir. A.Bekowiç-Çerkasskiý Gurýewe deňiz bilen 1717-nji ýylyň iýunynda gelýär.

Ekspedisiýanyň işine knýaz Zamanow, astrahanly dworýanin Kireýtow, mayor Frankenberg we Palçikow, knýaz A.Çerkasskiniň doganlary Söýünç we Ak Mürze, şeýle hem Hojanepes gatnaşypdyrlar. Otrýadyň esasy ýol görkezijisi edip galmyk hany Aýuki han tarapyndan iberilen Manglaý-Bakşa (başga resminamalarda Kaşka) bellenýär. Otrýadda alty müňe golaý at bolupdyr. Otrýad ýylyň yssy döwri (20 iýun – 15 awgust 1717 ý.) suwsuz çölüň içi bilen Gurýewden Hywa 45 günüň dowamynda 1350 wýorst ýol geçýär. Suwy guýulardan alyp, ony bolsa her düşelgede gazmaly bolupdyrlar. Bu örän agyr ýöriş bolupdyr. “Ýalňyz” guýusynyň ýanynda düşlänlerinde A.Bekowiç-Çerkasskiý Astrahan dworýany Kireýtowy 100-e golaý kazak bilen Beýik Pýotryň ilçisiniň gelýändigini habar bermek üçin, hat we sowgatlar bilen Hywa ugradýar. Haçan-da Çerkasskiniň otrýady Çundan guýusynyň ýanynda düşläňinde, esasy ýol görkezijisi Manglaý-Bakşa öz adamlary bilen ýitirim bolýar. Şundan soň Hojanepes ýol görkezijisi bolýar. Otrýaddan gizlinlikde gaçyp gaýdan Bakşa Hywa Kireýtowyň otrýadyndan biraz soňrak gelýär. Haçan-da Hywa Bakşa gelende, hywalylar Kireýtowyň otrýadyny ýaragsyzlandyrýarlar we tussag edýärler. Şol pursatdan Hywa hany 24 müň atla ýetýän goşun ýygnaýar. Öňki ýol görkezijisi Bakşa Aýuki hanyň tabşyrygy boýunça Hywa hany Şirgaza knýaz A.Çerkasskiý Hywa ilçi hökmünde däl-de, uruş etmek üçin gelýär diýip duýdurýar. Arhiw resminamalaryndan görnüşine görä, Aýuki han dönüklik, ikiýüzlülik roluny oýnaýar.

1717-nji ýylyň 18-nji awgustynda Çerkasskiniň otrýadynyň üstüne hywalylar çozuş edýärler. Iki güne çeken çaknyşykdan soň, hywalylaryň hüjümi yzyna serpikdirilýär.

1717-nji ýylyň 20-nji awgustynda hanyň wekili Işim Hoja rus lagerine gelýär we ol Çerkasskä hywalylaryň handan

birugsat çozuş edendiklerini we günäkärleriň jezalandyryljakdygyny düşündirýär. Ýöne Işim Hoja gidensoň, hywalylar rus lagerine ýene-de hüjüm edýärler. Şonda A.Çerkasskiý olary top okuna tutmagy buýurýar. Hywalylar gopgun tutzup gaçýarlar we rus lagrine ýene-de Işim Hoja gelýär we A.Çerkasskini hanyň ýanyna çagyrýar. A.Çerkasskiniň özi gitmeýär we hanyňka öz wekillerini Mürze Smaýly we Kuzaguly iberýär. Olar A.Çerkasskiniň "uruş bilen däl-de ilçi" hökmünde gelendigini tassyklaýarlar.

Açyk söweşde ýeňilensoň, Şirgazy han mekirlige ýüz urýar. Ol A.Çerkasskä özüniň ýakyn adamlary Kolumbaý bilen Nazar Hojany iberýär. Olar hywalylaryň hüjüminiň handan birugsat edilendigini, knýa Çerkasskiniň ilçi hökmünde gelendigini we ony hanyň çagyrýandygyny habar berýärler. Hanyň ilçileri ruslara ýamanlyk etmejeklerini söz berip, Kurany-Keremden ant içýärler. Olar hemmeleriň öňünde Gurhany ogşaýarlar.

Çagyryşy kabul edip, A.Çerkasskiý 50 ofiseriň we 700 dragunyň ugratmagynda Hywa lagerine ugraýar. Hana patyşanyň sowgatlaryny gowşurylýar.

Gepleşiklerden soň, ýaraşyk baglaşylýar. Hanyň özü-de "rus otrýadyna hiç-hili zyýan ýetirmejegini" söz berip, Gurhany ogşaýar. A.Çerkasskiý bolsa patyşa tarapyndan parahatçylykly gepleşikler üçin iberilendigini aýdyp, haçdan kasam edýär.

24-nji awgustda han A.Çerkasskä bilelikde hereket etmegi teklip edip, Hywa ugraýar. Knýaz razylaşýar. Hywa hem-de rus goşunlary üç gün ýöränlerinden soň, Hywanyň golaýyndaky Porsy kölüniň ýanynda düşleýärler.

Şonda Şirgazy han knýaz Çerkasskä rus goşunynyň ählisini Hywada saklap bilmejegini aýdyp, goşuny bäşe bölüp hanlygyň beýleki şäherlerine ýerleşdirmegi teklip edýär. Knýaz Çerkasskiý muňa ynanyp, mayor Frankenberge goşuny bölmek hakynda buýruk berýär. Ol Çerkasskiniň buýrugyny ýerine ýetirmekden üç gezek ýüz dönderýär. Frankenberg dördünji

gezekde buýrugy ýerine ýetirmäge mejbur bolýar. Goşun 400-600 adamdan bölünip, dürli tarapa ugran badyna hywalylar olary gabaýarlar we garşylyk görkezenleri öldürip, garşylyk görkezmedikleri ýesir alýarlar.

Rus otrýadynyň nähili heläk bolandygy barada, 1717-nji ýylyň güýzünde tussaglykdan boşamagy başaran birnäçe ýörişe gatnaşyjylardan bilinýär. Bular ýaik kazaklary F.Ýemelýanow, M.Belotelkin, A.Useýnow we rus otrýadynyň ýol görkezijisi Hojanepesdir. Bular 1717-nji ýylyň oktýabrynda Kazanyň gubernatory P.S. Saltykow tarapyndan sorag edilýärler, olardan üçüsi: Hojanepes, M.Belotelkin we A.Useýnow bolsa, 1717-nji ýylyň noýabrynda Peterburgda Senat tarapyndan ikinji gezek sorag edilýär.

M.Belotelkin özüniň görkezmesinde: “otrýadyň bir bölegi lagerden çykyp 5 wýorst ýöränsoň, üstlerine hywalylaryň çozandygyny we ähli zatlaryny alyp, otrýady gyrandyklaryny” aýdýar.

A.Çerkasskiniň goragyny düzýän otrýad bolsa, haçan-da beýleki rus güýçleriniň heläk bolandygy belli bolandan soň ýok edilýär. A.Çerkasskiniň otrýadynyň doly ýok edilendigine göz ýetirensoň, Şirgazy ilki dworýanin K.Ýekonomowy, soňra M.Zamanowy, ahyrsoňunda-da A.Çerkasskini jezalandyrmagy buýurýar. Knýazyň hem-de onuň ýakyndakylaryň kellesi kesilýär.

Şeýlelik bilen, knýaz Aleksandr Bekowiç-Çerkasskiniň soňky ekspedisiýasy pajygaly ýagdaýda tamamlanýar.

Pýotr I A.Çerkasskiniň we onuň otrýadynyň pajygaly heläk bolmagyna gynanypdyr. Ýöne bu gynançly waka her näçe agyr degse-de Russiýanyň, Buharanyň üstünden Hindisatn bilen söwda aragatnaşyklaryny dikeltmek mümkinçiligini aradan aýyrmandy.

Şol wagt Peterburgdaky Buharanyň ilçisi Buhara hanynyň Russiýa bilen diňe bir söwdany goýmak höwesini

tassyklaman, eýsem, oňa rus ilçisini – “paýhasly adamy” ibermegi maslahat beripdir.

Beýle çagyryş Pýotr I-ä ýarapdyr. Hanyň haýyşy, Florio Beneweniniň diplomatik missiýa bilen Buhara syýahatyny guramaga esas bolup hyzmat edipdir.

Ilki bilen – Florio Beneweni kim we name üçin patyşa Pýotr I şeýle kyn we jogapkärli meseläni ýerine ýetirmegi oňa ynanypdyr. Ol barada maglumat örän az. Florio Beneweniniň awtobiografiýasy baradaky maglumatlar “Russiýanyň daşary syýastynyň arhiwinde” we “Gadymy aktlararyň merkezi döwlet arhiwinde” saklanýar.

Resminamalarda görkezilişine görä, Florio Beneweni Raguza şäheriniň ýaşaýjysy bolupdyr (Makedoniýa). 1708-nji ýylda Konstantinopoldaky (häzirki Stambul şäheri, Türkiýe) rus ilçisi P.A. Tolstoý ony gulluga alýar. Görnüşine görä, Pýotr Andreýewiç ynamdar terjimeçä mätäç bolup, ony ilçihananyň ştatyna kabul edipdir. F.Beneweni pars, türk, italýan dillerini örän gowy bilipdir. Şol döwürde Gündogarda diplomatik işlerde italýan dili köp peýdalanylypdyr.

Pýotr döwründe Russiýa daşary ýurtly deňizçileri, harby işgärleri, inženerleri, terjimeçileri we ş.m. uly höwes bilen gulluga alypdyr. Şeýle daşary ýurtlylaryň biriniň F.Beneweni bolan bolmagy mümkin. Ol “ilçihananyň gümrük işlerinde dogruçyl dilmaç bolup gulluk edipdir”. Gullugyň ilkinji iki ýylynda F.Beneweniniň durmuşy asuda geçipdir. Ýöne 1710-njy ýylyň 20-nji noýabrynda Türkiýe Russiýa garşy urşa başlamakçy bolupdyr we eýýäm bir hepde geçensoň, rus ilçihanasynyň bütin düzümi tussag edilipdir. Ilçiler bilen bilelikde F.Benewenini hem Ýedikule (ýedi minaraly gala) türmesine salýarlar. Diňe 1714-nji ýylda rus ilçisi P.A. Tolstoý F.Benewenini ýatdan çykaranok. Tolstoý onuň tejribesine we bilimine uly baha berip, ony öz töwereginde saklaýar. Ol Pýotr I-niň daşary ýurda gaçan şazada ogly Alekseýi yzyna gaýtaryp getirmek baradaky jogapkärli tabşyrygyny ýerine ýetirmek

üçin, Awstriýa we Italiýa gidende F.Benewenini hem ýany bilen alyp gidýär.

"Belli komissiýa" gatnaşanlygy üçin F.Beneweni ýokary gulluga çekilýär. Ol dilmaçlykdan oriýental ekspedisiýanyň secretary wezipesine geçýär. Ol 1718-nji ýylyň ortalarynda bolup geçýär. Pýotr I Buhara hanynyň çagyryşyndan peýdalanmak maksady bilen, F.Benewenini ilçi hökmünde Buhara ibermek isleýär. F.Beneweni 1718-nji ýylyň martynda Peterburgdan Moskwa we ondan hem Astrahana barýan Buhara ilçisiniň yzyndan ýetip, onuň bilen bile gitmelidi.

F.Benewenіniň diplomatik missiýasynyň esasy maksady we meseleleri Pýotr I-niň 1718-nji ýylyň 13-nji iýulyndaky ýörite instruksiýasynda kesgitlenilýär. Özüniň mazmuny boýunça ony iki bölege – syýasy we söwda meselelerine bölmek mümkin.

Birinji bölümde patyşa 1718-nji ýylyň maýynda Moskwadan goýberilen we Astrahanda rus ilçisine garaşmaga söz beren Buhara ilçisiniň yzyndan ýetmek üçin F.Benewenіniň Buhara gyssagly ugradylmagynyň zerurlygyny görkezýär. Onda iki ilçiniň gelejekki uzak ýoly bile dowam etmelidigi göz öňünde tutulýar. Ýene-de instruksiýada Buhara barýan deňiz ýolunda we gury ýollarda, aýratynam, Buhara ýerlerindäki gämi duralgalaryny we şäherlerini, olaryň ýgdaýyny, olardan Kaspi deňzine uly we kiçi derýarlar nireden akýarlar we nirä guýýarlar, olaryň näili gämileriniň bardygyny hökman bilmelidigi instruksiýanyň ikinji punktynda görkezilýär. Bu ýerde ilçiniň hereket etmek usulyny öz ýagdaýyna görä saýlap almagy bellenýär. Buhara hanlygynyň paýtagtyna ýetmek we han bilen duşuşygy gazanmak, oňa Pýotr I-niň ynandyryjy gramotasyny gowşurmak barada üçünji punktda aýdylýar. Gramotada Russiýanyň Buhara bilen dostlukly ýagdaýy barada aýdylýar. Eger-de mümkinçilik bolsa, onda "olar bilen ähli duşmanalara garşy özara goranyş soýuzyny baglaşmaly".

Ilki bilen “Buharanyň Türkiýe, Eýran we Hywa bilen nähili gatnaşykdadygyny, olar tarapyndan Buhara çozulmagyna garaşylýarmy, hanlygyň önünde “onuň golastyndakylar gozgalaň etmäge meýillimi” ýa-da ýok” şulary yhlas bilen barlamak barada instruksiýanyň bäşinji punktynda aýdylýar.

Özüniň Buharada bolan wagty bu ýerde nähili dolandyryşyň bardygyny, Buhara hanlygynyň haýsy ýerler bilen araçäkleşýändigini, bu döwletde näçe galanyň bardygyny, goşunyň ýagdaýyny we nirede ýerleşýändigini, artilleriýa barmy we olar nähili ýagdaýda we ş.m. zatlary kesgitlemek barada instruksiýanyň dördünji punktynda bellenýär.

Zerurlyk bolan halatynda ilçi hana Pýotr I-niň adyndan, onuň şahsy goragy üçin aýratyn rus gwardiýasyny hödürlemäge hukukly bolupdyr.

F.Benewenininiň syýasy tabşyryklary şulardan ybarat bolupdyr, ýöne olar esasy maksady ýerine ýetirmek üçin, ýagny Buhara bilen we onuň üstünden bolsa Hindistan bilen söwda aragatnaşyklaryny dikeltmek üçin diňe serişde bolup hyzmat etmeli bolupdyr.

Biziň ýokarda belläp geçişimiz ýaly, Pýotr I Hindistan bilen söwda gatnaşyklaryny guramaga uly höwes bildiripdir. Öň şu esasdaky tabşyryk Eýrandaky rus ilçisi A.P. Wolynskä we knýaz A.Çerkasskä berilipdi.

Şuňa meňzeş mesele Florio Benewenä hem tabşyrylypdy. Ol “buharalylarda nähili harytlaryň bardygyny”, olaryň nirede söwda edýändigini, Buharada rus söwdasyny ýola goýmaga nähili mümkinçiligiň bardygyny, bu ýerde nähili harytlara isleg bardygyny we nähili ýol bilen – deňiz üsti bilenmi ýa-da gury ýerden eltip boljakdygyny barlamaga borçludy. Şu zatlaryň ählisi barada ýazgy etmelidigi barada instruksiýanyň altynjy punktynda görkezilýärdi.

Instruksiýanyň ýedinji punktynda näçe Buharada ýaşaýan hywalylar barada maglumat ýygnamak, olaryň hanlygynda derýa ýakasynda altyn bardygy çynmy we ol

ýerden berkitme gurmak mümkinçiligini anyklamak tabşyrylýar.

Toplanan ähli maglumatlary haýal etmän patyşa habar bermelidi, ilçiniň özi bolsa Buharada uzagrak galmalydy.

Florio Beneweni instruksiýany we Pýotr I-niň Buhara hanynyň adyna ýazylan ynanç hatyny alyp, 1718-nji ýylyň sentýabrynda Moskwadan Kazana, ol ýerden bolsa Wolganyň üsti bilen Astrahana gidýär. 13-nji noýabrda ol Astrahana barýar we Buhara ilçisi bilen duşuşyp, gelejekki ýoly maslahatlaşýar. Şeýlelikde 7 ýyla çeken, howplardan doly syýahat başlanýar.

Buhara hanynyň ilçisi hanlygyň paýtagtyna Müňgyşlagyň we Hywanyň üstünden barmagy teklip edýär, ol barada bolsa, öň öz hanyndan rugsat alypdy. Beneweni bolsa başga marşrut boýunça, ýagny Şemahyň üstünden ýa-da Astrabadyň üstünden Maşada, soňra Buhara barmagy teklip edýär.Beneweni şu ýoly teklip etmek bilen, ony hywalylar tarapyndan mümkin bolan çozuşa garanyňda has howpsuz diyip hasaplapdyr. Bu teklip bilen Buhara ilçisi ylalaşýar we "onuň bilen Eýranyň üstünden gitmäge taýýardygyny" aýdýar.

Beneweni Eýranyň ýerleriniň üstünden özüniň barlagynyň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin Russiýanyň kansleri graf Golowkinden Eýran şasynyň adyna gramota we özlerini ugratmak üçin harby garawullaryň iberilmegini soraýar. Onuň islegi kanagatlandyrylýar we 1719-njy ýylyň 15-nji aprelinde Beneweni Eýran şasynyň adyna gramotany we Astrahan häkimiýetleriniň adyna "ony deňiz boýunça syýahat eden döwründe garawul bilen üpjün etmek" barada buýruk alýar.

Deňiz gämileriniň örän haýal taýýarlanandygy sebäpli, ilçileriň ikisem Astrahandan diňe 24-nji iýunda ýüzüp gaýdýarlar. Şemahada Benewenem, Buhara ilçisem mejbury ýagdaýda bir ýyldan gowrak saklanmaly bolupdyrlar.

Ýöne Beneweniniň özüniň Eýran şasynyň ýanyna ugradylmagy baradaky ençeme teklibi we talaby öňkisi ýaly ýene-de ýerine ýetirilmeýär. Ýerli häkimiýetler Beneweniden ýanynda Buhara ilçisiniň bardygy üçin düşündiriş sorapdyrlar. "Rus ilçisini saklaýandyklarynyň sebäbi, onuň bilen Buhara ilçisi hem geldi" diýip A.N.Popow ýazýar.

Beneweniniň Pýotr I-niň Eýran şasyna gramotasyny ibermek üçin, özüniň çaparyny ugratmak haýyşy hem ýerine ýetirilmeýär.

Ahyrsoňy 1720-nji ýylyň 10-njy awgustynda rus hem buhara ilçilerine gitmek barada rugsat berilýär. 9-njy oktýabrda Beneweni Kazbine gelýär we ol ýerde bir aý ýaşap 14-nji noýabrda Tährana barýar, Eýran şasynyň kabul edişligi diňe 18-nji dekabrda bolýar, şonda Beneweni patyşa rus döwletiniň gramotasyny gowşurýar.

Şol wagt Tährana Türkiýäniň hem ilçisi gelýär. Beneweni patyşa bilen üç gezek duşuşyp, özüni ugratman saklandyklary üçin arz edýär. Diňe 1721-nji ýylyň 25-nji maýynda ol Buhara ugrady.

1721-nji ýylyň 6-njy noýabrynda Florio Beneweni Buhara barýar. Ondan biraz soňrak Buhara Eýranyň ilçisi hem gelýär. Heniz resmi kabul edişlikden öň, Beneweni hanyň Eýran ilçisini goňşy döwletiň we soýuzdaşyň wekili hökmünde ilki kabul ediljekdigini, diňe ondan soňra Rus döwletiniň ilçisiniň "Buhara bilen Hywany eýelemek isleýän hökmünde" kabul ediljekdigini kesgitleýär. Ýöne Beneweni Eýranyň ilçisinden öň kabul edilmegini talap edipdir hem-de köşkdäki ýewnuhlara we ministrlere sowgat bermegi wada edipdir.

Han bilen resmi duşuşyk 1721-nji ýylyň 16-njy dekabrynda bolup geçýär. Beneweni hanyň köşgüne atly girýär we ýewropalylaryňky ýaly dik durup baş egýär, şol wagt Beneweniniň yzyndan kabul edilen Eýranyň ilçisi ýere çenli egilip baş egýär.

Şol wagt Buharada kakasy Suwhanguly hanyň we dogany Ubadullanyň tagtyna mirasdarlyk edýän Abdyl-Eziz hanlyk edipdir. Abdyl-Eziziň gizlin duşmanlary Buhara rus ilçisiniň gelmegine närazy bolupdyrlar. Ol barada bolsa Beneweni bilipdir. Han bilen ýekelikde gürleşmäge näçe çalşan hem bolsa, ol oňa başartmandyr. Beneweniniň çak etmegine görä, hanyň özi hem ony isläpdir. Ýöne töweregindäkilerden çekinipdir. Hanyň ýanynda söýgüli ýewnuhy bolup, ähli dolandyryş onuň elinde jemlenipdir. Beneweni han bilen ähli gepleşikleri şol ýewnuhyň üsti bilen alyp barypdyr we Russiýa bilen söwda şertnamasyny we goranyş soýuzyny baglaşmagy teklip edipdir. "Ýewnuh söwda şertnamasyny baglaşmaga razylaşyp, goranyş soýuzyny baglaşmak barada hana hasabat bermek islemändir" diýip A.N. Popow ýazýar. Ýewnuha müňkürlik edip, ilçi Abdyl-Eziz bilen onuň aýal doganynyň we enekesiniň üsti bilen birnäçe wagtlap bu aragatnaşygy saklapdyr, han bilen gizlinlikde duşuşypdyr. Han ilki başda hemme zada razylyk berip, soňra ýüz dönderipdir.

1722-nji ýylyň 29-njy iýunynda F.Beneweni Pýotr I-niň doglan gününi resmi ýagdaýda belläpdir. Abdyl-Eziz ilçihana gizlin barypdyr, ilçi bilen gepleşmek isläpdir, ýöne töweregindäkilerden çekinipdir.

Umuman, Buhara hökümeti Benewenide ýakymsyz täsir galdyrypdyr, onuň özygtyýarsyzdygyna göz ýetirip, hiç ynam etmändir.

Kerki töwereginde ilçi özi bilen bile ugran buhara täjirlerinden Amyderýadan geçenden soň, ilçi kerweni talamak maksady bilen, oňa çozuş ediljekdigini eşidýär. Bu bolsa onuň Buhara dolanyp gelmegine sebäp bolýar. Beneweni bolan waka barada Abdyl-Ezize habar berýär, ýöne jogap almaýar. Ol ministrleriň birinden hanyňkyda maslahat bolandygyny, onda bolsa hanyň töweregindäkileriň "yzyna Russiýa goýbermeli däl" diýip, ilçini öldürmegi teklip edendiklerini bilýär. Şeýle ýakymsyz habary alyp, Beneweni Buharadan gizlinlikde

gaçmakçy bolýar we özüniň meýli barada patyşa 1725-nji ýylyň 24-nji martynda ýazan gizlin hatynda habar berýär.

Ilçiniň Buharada bolan döwründe Hywa gelmäge çagyryş edip, birnäçe gezek çapar iberýär.

Beneweni hywalylara ynanmandyr, ýöne Maşadyň üstünden geçmek üçin eden synanşyklary şowsuz bolansoň, Buharadan Hywa gaçmaga mejbur bolýar. Ilçide Russiýa dolanmagyň başga ýoly galmaýar.

Ilçihananyň ähli goşlaryny birr üç täjiriniň garamagynda goýup, Beneweni 1725-nji ýylyň 8-nji aprelinde gije Buhara hanlygynyň paýtagtyndan gizlinlikde gaýdýar, ondan öň dört düýä azyk we içer ýaly suw zapasyny ýükläp, ýol görkeziji bilen ugraýar. Ertesi gün çölde özüniň uly bolmadyk kerweniniň yzyndan yetýär we ýoluny dowam edýär. Ahyrsoňy kerwen Hazaraspa gelýär we Beneweni derýanyň çep kenaryna geçipdir. Bu ýerde olary hywalylar mähirli garşy alýarlar we ony hanyň şäher etegindäki jaýynda ýerleşdirýärler.

Hakykatdanam, hywalylaryň rus ilçisiniň özleriniň hanlygyna gelmegini isländiklerini belläp geçmek gerek. Şirgazy hanyň ýanyndaky ýakyn adamlary onuň knýaz Çerkasskiý bilen gatnaşygynda eden hyýanatly hereketinden närazy bolupdyrlar we Russiýa tarapyndan ar alynmagyna garaşyp, hana hemişe rus otrýadyny esassyz gyrandygy üçin gyjalat beripdirler. Şirgazy gijede, gündizde özüne ýer tapmandyr, eden etmişinden howatyrlanyp ýaşapdyr.

Hywanyň Buhara we Eýran bilen gatnaşyklarynyň duşmançylykly bolandygy üçin, hywalylar güýçli demirgazyk goňşusyndan parahatlygy gözläpdirler.

27-nji aprelde Beneweniniň Şirgazy han bilen duşuşygy bolupdyr we han ilçini şeýle sözler bilen garşy alypdyr: “Gowulyk bilen geldiň, ençeme gezek çagyrylan we köpden bäri garaşylýan ilçi…, sen parahatlyk bilen geldiň, parahatlyk bilen hem gidersiň” diýýär. Nahar hödür edilenden soň, ilçini goýberipdirler.

Remezan aýynyň ähli günleriniň dowamynda Beneweni Şirgazydan Russiýa gitmegine rugsat bermegini sorapdyr, ýöne netijesiz bolupdyr.

Beneweni özüniň ykbaly barada hanyň töweregindäkileriň arasynda oňşuksyzlygyň bardygyny bilýär we hana gitmek üçin gizlinlikde rugsat bermegini teklip edýär. Bu teklip Şirgazy hana ýaraýar we ol basym gije Benewenini özüniň köşgünde kabul edýär. Bir sagada golaý gürrüňdeşligiň dowamynda han ähli rus ýesirlerini ýygnandygyny we olary rus patyşasyndan geljek täze ilçä berjekdigini aýdýar.

Diňe 1725-nji ýylyň aprelinde Beneweni Hywadan gaýdýar we 25 günden soň, Guryewe barýar. Az wagt dynç alandan soňra ilçi ýoluny dowam etdirýär we 17-nji sentýabrda Astrahana gelýär.

Benewenniniň syýahaty barada belläp geçmeli zat bolsa, ne syýasy, ne-de söwda babatda hiç-hili netije gazanmanlygydyr. Ýöne ol Gündogarda uzak wagt bolan döwründe Eýranyň, Buharanyň we Hywanyň taryhy, geografiýasy, geologiýasy we etnografiýasy barada köp gymmatly maglumatlary toplaýar.

Şu ýerden şeýle netijä gelmek bolýar, ýagny Florio Benewenniniň Buhara missiýasy, Russiýa hökümetiniň XVIII asyryň birinji çärýeginde Orta Aziýa eden diplomatik ädiminiň bir bölegidir. Russiýa Orta Aziýa ýol açyp, onuň jümmüşine aralaşmakdan, Hywa we Buhara hanlyklaryny özüne tabyn etmekden asla el çekmeýärdi.

**XIX asyryň I ýarymynda Russiýanyň türkmen ýerlerine ünsüniň güýçlenmegi we sebäpleri.** XIX asyryň başlarynda Russiýa senagat taýdan ösüp başlaýar. Çig mal çeşmeleri söwda bazarlaryň giňeldilmeginiň zerurlygy ýüze çykýar. Ýagny Rus imperiýasynyň dünýäde öz ornuny tapmak üçin özen senagat bilen ýeterlik derejedäki çig mal hem haryt bazarlary zerurdy.

XIX asyryň başlarynda kenar ýakasyndaky türkmenleriň Russiýa bilen söwda-ykdysady, syýasy we medeni aragatnaşyklary ep-esli güýçlenipdir hem-de pugtalanypdyr. 1801-nji ýylda Müňgyşlakda ýaşan abdal türkmenleriniň delegasiýasy Astrahana barypdyr. Türkmen wekilleri rus hökümeti bilen gepleşik alyp barmaga “Müňgyşlak aksakgallary” tarapyndan özlerine ygtyýar berlendigini Astrahan häkimiýetlerine beýan edipdirler. 1802-nji ýylda Müňgyşlak türkmenleri tarapyndan Peterburga deputasiýa iberilipdir we birinjiden, özleriniň Russiýanyň raýatlygyna kabul edilmegini we ikinjiden, özleriniň daşarky çozuşlardan goralmagy üçin hem-de söwda kerwenlerini goramak üçin Kaspi deňziniň kenarynda gala gurulmagyny rus hökümetinden haýyş edipdir. “Türkmenleriň Müňgyşlakdaky abdal taýpasynyň” adyna “patyşanyň haty” (1803-nji ýylyň 27-nji aprelinde) deputatlara gowşurylypdyr, şol hata görä olar Russiýanyň howandarlygyna kabul edilipdir. Bu wakanyň Müňgyşlakdaky türkmen taýpalary üçin uly ähmiýeti bolupdyr, çünki olar XIX asyryň başynda juda agyr ýagdaýa düşüpdirler. Gallanyň düýbünden ýetmezçiligi şeýle bir açlyga getiripdir, ýagny türkmen halkynyň şol böleginiň ölüp gutarmak wehimi ýüze çykypdyr. Rus hökümeti Astrahan bazarlarynda “erkin nyrhlar boýunça” galla satyn almaga abdallara we beýleki türkmenlere rugsat edipdir.

1804-nji ýylda Russiýa-Eýran urşunyň başlanmagy sebäpli rus komandowaniýesi Kaspiniň kenarlaryny goramaklyga taýýarlanmaga girişipdir. 1805-nji ýylyň oktýabrynda general Felkerzam Astrahandan Düýpgaragan burnuna gelipdir we gala gurmak üçin şol ýeriň ýgdaýyny öwrenip başlapdyr. Şol çäreleri türkmenler özleriniň telim gezek eden haşyna jogapdyr öýdüpdirler. Şuňa görä Müňgyşlak türkmenleriniň rus häkimiýetine hemme çäreler bilen kömek etmäge dyrşandyklary geň zat däldir.

Eýran we Hywa goňşy döwletleri hem-de hökümdarlary tarapyndan rehimsiz gysylmagy we zorluk edilmegi hem-de ýaşaýşyň biçak agyr ykdysady şertleri ýomutlary, çowdurlary, igdirleri we beýleki türkmenleri edil ozal bolşy ýaly, Russiýanyň howandarlygyna umyt baglamaga mejbur edipdir. Meselem, 1811-nji ýylda çowdurlaryň we beýleki türkmen taýpalarynyň 5 600 öýlüsi tarapyndan iberilen delegasiýa Astraha gelip özleriniň rus raýatlygyna kabul edilmegini we Astrahan sähralaryna göçüp gelmeklerine rugsat berilmegini haýyş edipdir.

XIX asyryň başlaryndan başlap Kaspi deňziniň gündogar kenarynda patyşa Russiýasynyň pozisiýasyny pugtalandyrmak maksady bilen kenar ýakasyndaky türkmneleriň arasynda rus ekspedisiýalary telim gezek iberilipdir. Ekspedisiýalaryň iberilmegi Angliýa diplomatiýasynyň şol wagtlar Eýran hökümdary Fathali şanyň köşgünde agalyk ediji täsire eýe bolanlygy bilen baglanyşykly bolupdyr. Özüniň däp bolup galan syýasaty bolan “kişi eli bile not gorsamak” syýasatyna eýerip, Angliýa Eýrany özüniň basybalyjylyk meýilleri üçin peýdalanmaga dyrşypdyr. Iňlis kolonizatorlary şanyň goşunlaryny ýarag bilen üpjün edipdirler, 1804-1813-nji ýyllaryň Russiýa-Eýran urşy wagtynda Britaniýa ofiserleri şanyň goşunyna ýolbaşçylyk edipdirler.

Bularyň hemmesine garamazdan, uruş Eýranyň ýeňilmegi bilen gutarypdyr.

1813-nji ýylyň oktýabrynda Gülüstan ýaraşyk şertnamasy baglaşylypdyr, şol şertnamanyň bäşinji maddasy esasynda rus harby gämilerine Kaspi deňzinde ýüzmegi üçin aýratyn hukuk berlipdir. Patyşa Russiýasy şol deňze gözegçilik etmäge mümkinçilik alypdyr. Şol gözegçilik iş ýüzündeamala aşyrmak üçin Kaspi deňziniň diňe bir demirgazyk we günbatar kenarlarynda däl, eýsem gündogar, türkmen kenarlarynda-da harby-deňiz bazalaryny döretmek zerur bolupdyr.

1804-1813-nji ýyllaryň Russiýa-Eýran urşunda gajarlaryň ýeňilmegi Kaspi boýundaky türkmenleriň arasynda Russiýa birikmek ugrundaky hereketiň ondan beýläk-de ösmegine itergi beripdir. Meselem, 1813-1814-nji ýyllarda we soňraky ýyllarda Astrahana we Peterburga çowdurlar tarapyndan, söýünjiler we beýleki türkmen taýpalary tarapyndan telim gezek wekiller gelip, özleriniň goralmagyny we özlerine hossarlyk edilmegini sorapdyrlar.

Demirgazykdaky türkmen uruglarynyň we taýpalarynyň ep-esli bölegi Eýran, özbek we gazak tarapyndan gysylyp, rus döwletiniň çäklerine çykyp gidýär. Gazak urug han-begleriniň zor salmagy astynda 1813-nji ýylda abdal türkmenleri Müňgyşlakdan Astrahan guberniýasyna göçýärler. Özleriniň ýaşulusy Baltanyýaz tarapyndan baştutanlyk edilen türkmenleriň başga bit topary Russiýanyň howandarlygyna geçmäge dyrşyp 1814-nji ýylda Müňgyşlakdan Powolžýä geçýär.

Öz töwereklerini gurşap alan daşary ýurtly hökümdarlaryň zulmyny gerdenlerinde çeken türkmenleriň arasynda Russiýanyň raýatlygyna geçmek islegi aýratyn uly bolupdyr. XIX asyryň birinji çärýeginde Astrahana gelen türkmen delegasiýalaryndan biriniň düzümi şu barada iňňän göreldelidir. “Şu wekiller örän garyplardan bolup, olaryň eklenç üçin hiç hili serişdeleri ýok” diýlip, Müňgyşlak türkmenleriniň 1813-nji ýyldaky delegasiýasy hakynda aýdylýar. XIX asyryň birinji ýarymynda Astrahan türkmenleri arasynda geçirilen ilat ýazuwlary olaryň köpüsini “garyp” adamlar hökmünde häsiýetlendirýär.

Şol döwürde Welikobritaniýa Hindistanda doly ornaşyrpdyr. 20-30-njy ýyllarda Iňlis senagat harytlary Orta Gündogara aralaşyp başlapdyr. Beýle ýagdaý Welikobritaniýa bilen Russiýa ýaly uly ýurtlaryñ arasynda Merkezi Aziýa üçin başdeşligi ýitileşdiripdir.

Goňşy döwletler bilen yzygiderli çaknyşyklar, birsyhly özara oňuşyksyzlylar türkmenleri güýçli döwletlerden çynlakaý haraý gözlemäge mejbur edipdir. Beýle ýagdaý kaspiniň kenarlaryndaky we Müňgyşlakdaky türkmen taýpalarynyň Russiýa ýykgyn etmegine eltipdir. Sebäbi, birinjiden, olara Hywa hanlarynyň, goňşy gazak taýpalarynyň hem-de demirgazykdan galmyklaryň yzygiderli çozuşlaryna döz gelmek agyr düşüpdir, ikinjiden, Russiýa bilen deňiz arkaly öňüräkden dostlukly, syýasy, söwda-ykdysady gatnaşyklar saklapdyr. Şeýtmek bilen türkmenler, güýçli döwlete daýanyp özbaşdaklygyny goramak isläpdirler. Iň bolmanda, öz ýerlerinde parahat durmuşy saklamaga çalşypdyrlar. Patyşa Russiýasynda pajarlaýan hökmirowanlyk syýasatynyň düýp mazmunyna – täze-täze ýerleri eýelemek niýetine entek türkmenleriň doly göz ýetirip bilmandigini-de boýun almak gerek.

XIX asyryň başlarynda rus-eýran urşy döwründe türkmen-rus gatnaşyklary esasan Kawkazyň üsti bilen alnyp barylypdyr. Türkmen kethudalary Kawkaz şäherlerine ýygy-ýygydan gatnap ugrapdyrlar. Eýran şalarynyň eden-etdiligine garşy göreşde goldaw sorap Russiýa ýüz tutpdyrlar.

Deňiz söwdasy güýçlendirilipdir. Russiýa bolsa kenarýaka ýerleri bilen içgin gyzyklanyp başlapdyr.Şol ülkäni hem-de şol ýerde ýaşaýan ilaty öwrenmeklik gerekdi. Şol ülkäni we türkmen taýpalaryny hemme taraplaýyn öwrenmek üçin 1819-1821-nji ýyllarda ekspedisiýa iberýär. Şol ekspedisiýa maýor Ponamarýow M. we kapitan N.Murawýow ýolbaşçylyk edipdirler.Kenarýaka türkmenleri ekspedisiýa hiç hili päsgelçilik döretmändirler, gaýtam ýakyndan kömek beripdirler. Ekspedisiýa ýakyndan kömek beren Kyýat han bolupdyr. Ekspedisiýa wagtynda Murawýow diňe bir kenarýaka türkmenleri hakynda däl, eýsem bütin Zakaspi we Hywa hanlygy hakynda hem giň taryhy, geografiki we etnografiki materiallar toplapdyr.

1825-nji ýylyň sentýabrynda Kazan uniwersitetiniň professory E.I. Eýhwald ylmy gözegçilik geçirmek maksady bilen Krasnowodsk we Balkan aýlaglarynyň kenarlaryna hem-de Çeleken adasyna aýlanyp görüpdir. Eýhwaldyň sözlerine görä, Çeleken adasynda türkmen taýpalarynyň biriniň 180-e golaý öýlüsi bolupdyr, bulara rus raýatlygyny kabul eden Kyýat aga baştutanlyk edýär eken.

1830-njy ýylda rus komandowaniýesi Tiflisden Türkmenistana, ýomutlaryň arasyna ýasawul Lalaýewi iberip, oňa "türkmenleriň Eýran, Hywa we Russiýa baradaky garaýyşlaryny hem-de piker hyýallaryny, Kyýat hanyň we beýleki türkmen ýaşulularynyň üsti bilen bilmeli" diýlip tabşyrylypdyr. Lalaýew Çelekene gelensoň Kyýat hanyň garyndaşlaryndan ybarat bolan 30 öýli oba aýlanyp görendigini, şol ýerden bolsa Kyýat hanyň özi bilen birlikde Astrabada çenli kenary barlamaga gidendigini gaýdyp gelenden soň habar beripdir. "Türkmenler Russiýa iňňän ygrarly we ony başga döwletlerden gowy görýärler", olaryň hemme "nesilleri syýasy taýdan öz aralarynda agzybir" diýip, Lalaýew soňra habar berýär.

1832-nji we 1836-njy ýyllarda rus hökümeti G.S. Kareliniň baştutanlygy astynda iki sany ekspedisiýanyň şaýyny tutup, birini Kaspi deňziniň demirgazyk-gündogar kenarlaryny gözden geçirmek we täze gala gurmakdan ötri ýer saýlap almak üçin iberipdir, ikinjisini Kaspi deňziniň günorta-gündogar kenarlaryna iberipdir. Kareliniň ikinji ekspedisiýasy resmi suratda "söwda-ylmy" ekspedisiýa diýlip atlandyrylypdyr, çünki ol taryhy, geografiki we etnografiki maglumatlary toplamak bilen meşgullanypdyr; emma welin bu işiň esasy maksady harby-syýasy pähimlerden – Eýranda we aýratynda Geratda barha işeňňirleşip ugran Angliýanyň agressiw syýasatyna rus hökümetiniň garşylyk görkezmek isleginden ybaratdy. Britaniýa agenturasy Käbilde, Buharada, Hywada güýçli iş görüp, Russiýa garşy iş geçiripdir we Hindistandan

Orta Aziýa we Kaspi deňzi sebitlerine tarap hüjüm edijilik hereketi üçin esas taýýarlapdyr. Grigoriý Silyç Karelin Gurýewde 1801-nji ýylda doglupdyr. 1872-nji ýylda aradan çykypdyr. Kadet korpusyny gutaryndan soň Arakçeýewiň kanselýariýasyna işe iberilipdir; emma öz hojaýyny dogrusynda ýazan epigrammasy üçin Orenburga sürgün edilipdir. Karelin şol ýerde tebigat bilimi bilen gyzyklanypdyr we Gyrgyssystan sährasynyň dürli ýerlerine, Başgyrdystana, Kaspi deňziniň kenarlaryna aýlanyp çykypdyr. 1852-nji ýylda Karelin Gurýewe göçüp baryp, şol ýerde ýigrimi ýyllap hiç ýerik çykman ýaşapdyr, zoologiýa barlaglary bilen meşgullanypdyr. Onuň ölmeziniň öňüsyrasynda öýüniň ot almagy onuň köp sanly golýazmalaryny ýok edipdir. Karelin örän oňat naturalist eken. Ol botanika (şonuň ýaly-da zoologiýa) barada ençeme gymmatly eserleri çap edipdir. Onuň eserleriniň ep-esli bölegi ýangyn wagtynda ýok bolupdyr. Onuň Türkmenistanyň kenarlaryna eden syýasaty hakyndaky golýazmasy saklanyp galypdyr. Şol eser 1883-nji ýylda çap edilipdir we XIX asyryň birinji ýarymyndaky Türkmenistany öwrenmek üçin ähmiýetli maglumatlardan biri bolup durýar.

Kareliniň ekspedisiýalarynyň beren netijeleri örän uly bolupdyr. Karelin hem-de Blaramberg (ekspedisiýanyň ştab naçalnigi) Kaspi deňziniň gündogar kenarynyň jikme-jik beýanyny beripdirler, Türkmenistan hakynda örän gymmatly hem-de jikme-jik geografiki we etnografiki maglumatlary toplapdyrlar, türkmenleriň, esasan-da ýomut türkmenleriniň durmuşyny, gylyk-häsiýetlerini, adatyny beýan edipdirler; Astrabat aýlagyny hem-de Kaspi deňziniň gündogar kenarynda Hywa we Astrabatdan Merkezi Aziýa ýurtlaryna barýan kerwen ýollaryny suratlandyryp beýan edipdirler. Olaryň kenar ýakasyndaky türkmenleriň ykdysady durmuşy hakynda we hususan-da söwdasy we senedi hakynda, türkmen taýpalarynyň özara gatnaşyklary hakynda, olaryň Russiýa we beýleki goňşy

döwletlere garaýşy hakynda toplan maglumatlary aýratyn hem gyzyklydyr.

Karelin özüniň ekspedisiýasy wagtynda kenar ýakasyndaky türkmenler tarapyndan mähirlilik bilen garşylanypdyr. Kenar ýakasyndaky türkmenleri Russiýa birikdirmek hakynda 40 müň öýli kenar ýakasy türkmenleriniň adyndan Kyýat han Esenguly obasynda Karelin bilen uzak wagtlap gepleşik geçiripdir. Kareliniň berýän maglumatyna görä, 1836-njy ýylyň 15-nji iýulynda şol gepleşikleriň biri wagtynda Kyýat han "türkmenleriň bölünendigine we ýomut halkyna iki sany güýçli duşman: Eýran we Hywa tarapyndan howp salynýandygyna gynanýardy. Ýomutlaryň şol döwletleriň garaz biriniň häkimi astyna düşmän galyp bilmejekdiklerini öňünden görýärdi we bu halatlaryň ikisiniň-de alyp barjak netijesini degşirip, öz taýpasynyň bölünjekdigini we heläk boljakdygyny duýýardy". Soňra Kyýat han Kareline şeýle diýipdir: türkmenler özleriniň ýagdaýynyň howpludygyna düşündiler we "agzybirlik bilen özleriniň nazaryny Russiýa dikip, onuň ak ýürekli howandarlyk etjekdigine berk ynanýardylar…".

Kenarýaka türkmenleriň arasynda Russiýanyň täsiriniň artmagyndan Eýran täjirleri, Astrabat häkimiýeti howatyr edipdirler. Dürli ýollar bilen päsgel bermäge çalşypdyrlar, talaňçylykly çozuşlar gurapdyrlar.

Esenguly obasynda kenar ýakasyndaky ýomutlaryň 40 müň öýlüsi tarapyndan saýlanan wekilleriň ýygnagy bolan mahalynda, olaryň ruhany ýolbaşçysy Mämmet Tagan öz nobatynda: "diňe Russiýa özüniň howandarlygy bilen halky halas edip biler, özi üçin bolsa ak göwünli hyzmatkärleri we esgerleri tapyp biler" diýip aýdypdyr.

Kenar ýakasyndaky türkmenleriň ýygnagy ilatyň "Russiýanyň belent howandarlygyna" kabul edilmegi hakynda 160 müň ilat tarapyndan Russiýa hökümetiniň adyna ýazylan haýyşnamanyň Kareline gowşurylmagy bilen gutarypdyr. Şol

wakalara türkmen aýallaryň-da gatnaşandyklary häsiýetli zatdyr.

1841-nji ýylda Kaspi deňziniň (Aşyrada) Eýran we türkmen kenarlarynda hemişelik rus kreýserligi döredilýär. Onuň komandiri edilip kapitan Ýe.W.Putýatin bellenilýär. Gürrüň Kaspi deňziniň g.o. böleginde rus harby-deňiz kontrollugyny bellemek barada barýardy. Kreýserligiň yzy bilen Aşyradada rus harby deňiz bazasy döredilýär.

Türkmenleriň rus raýatlygyna ýykgyn etmekleri patyşa Russiýasynyň öňden besleýän matlaby – basyp almak syýasatyny durmuşa geçirmekde aýratyn ýeňillik döredipdir.Şol syýasatyny bolsa XIX asyryň II ýarymynda amala aşyrdy.

**Türkmen-rus gatnaşyklarynda Kyýat han.** XVIII-XIX asyrlaryň sepgidinde türkmen-rus gatnaşyklarynda Kyýat hanyň tutýan orny uly bolupdyr. Russiýadan gelenleriñ ählisi diýen ýaly şol sanda ýañy ady tutulan Karelin hem Kyýat handan kömek alandygyny nygtapdyr. Kyýat han ýomutlaryñ jafarbaý bölüminiñ nuraly –kör tiresinden eken. Ol 1754-nji ýylda Esenguly sebtinde demirçi ussanyñ naşgalasyndan eneden dogulypdyr. Kyýat han Eýran şasynyñ yzarlamasyndan gaçyp, birnäçe wagt Kümüşdepede ýaşapdyr. Soñra Çelekene göçüp barypdyr. Kyýat han Eýran şasynyñ Kaspide agalyk etmegine garşy çykyp, Russiýa bilen gatnaşykda bolupdyr. Russiýa, öz gezeginde ony ýaka türkmenleriniñ aksakgaly hökmünde ykrar edipdir.

1813-nji ýylda Etrek-Gürgen türkmenleri Fataly şanyň garşysyna uly gozgalaň turuzýarlar we patyşa Russiýasynyň Russiýa-Eýran urşuna gatnaşýan Kawkazdaky goşunlary bilen gatnaşyk açýarlar. Russiýa-Eýran urşy gutaryp, Gülüstan şertnamasyna gol çekilende, Kyýat han öz egindeşleri bilen şol ýerdedi. Kyýat hany özüniň ýakyn adamlary bilen wekil hööküminde gepleşik geçirmek üçin Kawkaza iberýärler. Ol türkmenleriň Russiýanyň raýatlygyna geçmeginiň tarapdary bolup çykyş edýär. Astrahan, Baku we Eýran bilen söwdany

ýaýbaňlandyryp, uly baýlyk gazanyp, kenarýaka türkmenleriniň hanyna öwrülýär. Kyýat han Russiýadan gelen ekspedisiýalara ýardam berenligi, patyşa Russiýasynyň öňünde bitiren hyzmatlary üçin altyn medal, gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglanýar.

XIX asyryň 20-30-njy ýyllarynda Kyýat han we onuň agullary Astrabat, Mazenderan, Gilýan bilen Bakuwyň, Astrahanyň arasynda deňiz ýollary arkaly bolup geçýän söwda gatnaşyklarynda esasy täjirleriň birine öwrülip, barlyşyksyz bäsdeşlik göreşine gatnaşýar.

Köp söwda gepleşikleri, diplomatik gatnaşyklar Kyýat han bilen baglanşyklydyr. Russiýanyñ iki ýüzli dolandyryş syýasatyna düşünse-de, Kyýat han aragatnaşygy bes etmändir. Ruslar üçin Eýran bilen parahat gatnaşmak zerurdy. Şol sebäpli rus patyşasy türkmenleriñ arkasynda Eýran bilen hem gepleşikler geçiripdir. 1837-nji ýylda Mazenderan hökümdary Ardaşir Mürze Çelekene ýöriş edende, rus gämileri ony goldapdyr. Kyýat han mümkinçilikden peýdalanyp, söwda – satyk işlerini oñarypdyr, öz täsirleriniñ ýetýän yerlerini giñeldipdir.

1821-nji ýylda Kyýat han bir ogluny Tbilisidäki aziýalylar üçn açylan gimnaziýa okuw iberýär. Beýleki ogly Kädyrmämmedi we agtyklaryny Tbilisiniň, Sankt-Peterburgyň okuw jaýlarynda okadýar, terbiýeledýär. Kyýat hanyň özüniň ýörite öz adyna ýüzüne atyň suraty çekilen möhri bolupdyr. 1838-nji ýylda Kyýat han öz hanlyk häkimýetini ogly Ỳagşymämmede tabşyrypdyr.

Kenar ýakasyndaky türkmenleriñ Russiýa bilen ysnyşyp, söwda gatnaşyklaryny ösdürmekde Kyýat hanyň we onuň ogullarynyň ýolbaşçylyk etmekleri Eýrany, hususan-da Muhammet şany ynjalykdan gaçyrýar. Eýran bu ýerlerini hut öz ýerleri hasap edipdir. Şonuň üçin hem şa häkimleri her edip – hesip edip, Kyýat hany we onuň ogullaryny ýok etmegiň ýollaryny agtarýarlar.

Gülüstan we Türkmençaý şertnamalary boýunça Eýranyň Kaspi deňzinde flot saklamaga haky ýokdy. Duz, balyk, nebit satmakda Kyýat hana bäsdeşlik edýän eýranly söwdagärleriň kömegi bilen dildüwşik guralýar. Rus kreýseriniň komandiri kontr-admiral Ýe.W. Putýanin 1842-nji ýylyň iýulynda Ýagşymämmedi tussag edýär.

Ömrüniñ soňky ýyllarynda Kyýat han Russiýadan eden tamasynyñ hasyl bolmanlygy üçin närazylyk bildiripdir. Onuň arza üstüne ýazan arzalaryna, haýyşlaryna hiç kim gulak gabartmaýar. Kyýat hanyň 30 ýylyň dowamynda rus-türkmen aragatnaşyklaryny berkitmekde bitiren hyzmatlary nazara alynmaýar. Dürli bahana aralyp, Kyýat han Kawkaza eltilýär we şol ýerde resmi bolmadyk tussaglykda saklanýar. Ogullary Ỳagşymämmediñ, Annamuhammet Garaşyñ we ýomutlardan ýene dört adamyñ zamuna alynmagy hem Kyýat hany azatlyga çykarmaýar. 90 ýaşynyñ içinde, ýagny 1843-nji ýylda Tiflisde Kyýat han iki gözi gapylyp, ýalñyzlykda wepat bolýar. Soñra ogly Ỳagşymämmet Woroneže sürgün edilip, ol hem 1849-njy ýylda şol ýerde aradan çykýar. Gelejekki Ỳomudskileriñ nesilbaşy Annamuhammet Garşyñ diñe 1885-nji ýylda ata Watanyna gaýdyp gelmek başardýar.

## 6. Müňgyşlak türkmenleri XVII-XIX asyryň I ýarymynda.

**Türkmen taypalarynyñ Müňgyşlak yerlerine göçmegi.** Sarygamyş kölüniň ýuwaş-ýuwaşdan guramagy bilen türkmen taýpalarynyň göçhä-göçlükleri ýüze çykýar. Hywa hanlygy bilen gatnaşyklar ýitileşýär. Türkmen taýpalarynyň özara oňşuksyzlygy we başga birnäçe ýagdaýlar türkmenleriň uly böleginiň Russiýa döwletinden haraý gözlemäge itekläpdir, olaryň raýatlygyna geçmeklerine getiripdir. XVII asyryň soňky çärýeginde Müňgyşlak türkmenleriniň uly bölegi Russiýanyň raýatlygyna geçdiler. Olaryñ sany käbir maglumatlara görä 90-

müñ adam (18-ün hojalyk) hasaplanýar. Müňgyşlak türkmenleriniň rus raýatlygyna geçmekleri (Müňgyşlak türkmenleri – abdallar, çowdurlar, igdirler,ärsary hojalarynyň toparlary) tä Russiýa Hywany basyp alynça dowam edipdir. Häzirki Stawropol, Astrahan türkmenleri şolaryň nesilleridir.

Türkmen-rus gatnaşyklary XVIII asyryň 30-50-nji ýyllarynda gaýtadan güýçlenýär. Oňa esasan Nedir şanyň hem-de Abulgazy hanyň türkmenlere garşy agressiw syýasatlary sebäp bolýar. Türkmenlerde rus raýatlygyna meýil artýar. Söwda gatnaşyklary alynyp barylýar. Muňa 1741-nji ýylda Tebelewiň, 1745-nji ýylda kapitan Kopytowskinyň gämilerine söwda –satyk üçin niýetlenen harytlaryň, esasan unuň ýüklenendigi hem şaýatlyk edýär. Olar türkmenleri rus raýatlygyna çekmeklige wagyzy güýçlendirýärler.

1741-nji ýylda Müňgyşlak türkmenleri (çowdurlar) kapitan Tebelewe şeýle diýipdirler: "…biz, ozalkymyz ýaly, häzir hem, hemişe onuň imperator aly hezretleriniň döwleti astynda durýarys, siziň ýaly, biz hem rus patyşasyny hormatlaýarys". Bu türkmenler rus raýatlygyna geçmäge erjellik bilen dyrjaşypdyrlar we 1745-nji ýylda Peterburga öz aksakallaryny iberip, özleriniň Russiýanyň raýatlygyna kabul edilmegini hem çožuşlardan we talaňlardan goramak üçin özleriniň ýurdunda galalaryň salynmagyny haýyş edipdirler. Şonuň ýaly-da, Ýelizaweta Petrownanyň dolandyran döwründe ýomut aksakallarynyň birnäçesiniň Peterburga imperiratrisanyň ýanyna barandyklary mälimdir. Olar onuň "aly hezretleriniň adyndan hat" alypdyrlar, şol hatda şeýle diýilýär: "Müňgyşlak ilatyna deňiz üsti bilen Astrahana barmaga we şol şäherde söwda etmäge rugsat berilýär". XVIII asyryň ikinji ýarymynda Orta Aziýa bilen, şol sanda türkmenler bilen-de söwdanyň ösmegi mynasybetli türkmenleri rus raýatlygyna kabul etmek hakyndaky we Kaspi deňziniň gündogar kenarynda Orta Aziýa bilen söwda etmek üçin baza bolup hyzmat edip biljek galany

gurmak hakynda mesele patyşa häkimiýetleriniň öňünde ýene-de peýda bolupdyr.

Müňgyşlak türkmenleri bilen söwda aragatnaşyklaryny ýola goýmaklygyň zerurlygy we olary Russiýanyň raýatlygyna kabul etmek mümkinçiligi hakynda Astrahanyň general-gubernatory, knýaz M.Golisyne daşary yurt işleri kollegiýasynyň beren görkezmesinde gyzykly maglumatlar getirilýär: "...Ilki bilen ol ýere un bilen we başga galla bilen azrak sanly adamlary barlag üçin ibermeli, özünem täjirlik işine ökde adamyň baştutanlygynda ibermeli we oňa şol halkyň känligini, aýratyn-da nähili ýagdaýdygyny hem-de nähili piker-hyýaldadygyny we özüniň nirede bolmak isleýändigini mümkin boldugyça jikme-jik barlamagy tabşyrmaly we eger-de onuň imperator alyhezretiniň bähbitleri üçin peýdasy bar bolsa, onda bu halatda galla bilen ýene-de adam ibermeli hem-de olaryň tanymal adamlaryndan birnäçesini öz ýanyňyza çagyrmaly we olar bilen giňden gepleşik geçirip, onuň imperator alyhezretiniň merhemetliligine olary ynandyrmaly. Haçan-da atly-abraýly adamlary tapsaňyz, onda olary onuň belent imperator alyhezretiniň öz howandarlygyna kabul etmegini tüýs ýürekden haýyş etmek üçin onuň imperator alyhezretiniň köşgüne öz aralaryndan abraýly tanymal kethudalary ibermelidiklerini öz adyňyzdan aýdyp bilersiňiz, ýanyňyza gepleşmek üçin gelen şol atly-abraýly adamlary ýanyňyzdan ugradanyňyzda olara mylaýymlyk edip, sowgatlar berip bilersiňiz hem-de olar Astrahanda bolanlarynda olary kwartira we azyk önümleri bilen üpjün edip bilersiňiz we şeýlelikde, galmyk hanyndan sowalykda ähli zatlar barada olary siz bilen aragatnaşyk saklamaklary üçin ýagdaý döredersiňiz...".

XIX asyryň başlarynda kenar ýakasyndaky türkmenleriň Russiýa bilen söwda-ykdysady, syýasy we medeni aragatnaşyklary ep-esli güýçlenipdir hem-de pugtalanypdyr. 1801-nji ýylda Müňgyşlakda ýaşan abdal türkmenleriniň delegasiýasy Astrahana barypdyr. Türkmen wekilleri rus

hökümeti bilen gepleşik alyp barmaga “Müňgyşlak aksakgallary” tarapyndan özlerine ygtyýar berlendigini Astrahan häkimiýetlerine beýan edipdirler. 1802-nji ýylda Müňgyşlak türkmenleri tarapyndan Peterburga deputasiýa iberilipdir we birinjiden, özleriniň Russiýanyň raýatlygyna kabul edilmegini we ikinjiden, özleriniň daşarky çozuşlardan goralmagy üçin hem-de söwda kerwenlerini goramak üçin Kaspi deňziniň kenarynda gala gurulmagyny rus hökümetinden haýyş edipdir. “Türkmenleriň Müňgyşlakdaky abdal taýpasynyň” adyna “patyşanyň haty” (1803-nji ýylyň 27-nji aprelinde) deputatlara gowşurylypdyr, şol hata görä olar Russiýanyň howandarlygyna kabul edilipdir. Bu wakanyň Müňgyşlakdaky türkmen taýpalary üçin uly ähmiýeti bolupdyr, çünki olar XIX asyryň başynda juda agyr ýagdaýa düşüpdirler. Gallanyň düýbünden ýetmezçiligi şeýle bir açlyga getiripdir, ýagny türkmen halkynyň şol böleginiň ölüp gutarmak wehimi ýüze çykypdyr. Rus hökümeti Astrahan bazarlarynda “erkin nyrhlar boýunça” galla satyn almaga abdallara we beýleki türkmenlere rugsat edipdir.

1804-nji ýylda Russiýa-Eýran urşunyň başlanmagy sebäpli rus komandowaniýesi Kaspiniň kenarlaryny goramaklyga taýýarlanmaga girişipdir. 1805-nji ýylyň oktýabrynda general Felkerzam Astrahandan Düýpgaragan burnuna gelipdir we gala gurmak üçin şol ýeriň ýgdaýyny öwrenip başlapdyr. Şol çäreleri türkmenler özleriniň telim gezek eden haşyna jogapdyr öýdüpdirler. Şuňa görä Müňgyşlak türkmenleriniň rus häkimiýetine hemme çäreler bilen kömek etmäge dyrşandyklary geň zat däldir.

Eýran we Hywa goňşy döwletleri hem-de hökümdarlary tarapyndan rehimsiz gysylmagy we zorluk edilmegi hem-de ýaşaýşyň biçak agyr ykdysady şertleri ýomutlary, çowdurlary, igdirleri we beýleki türkmenleri edil ozal bolşy ýaly, Russiýanyň howandarlygyna umyt baglamaga mejbur edipdir. Meselem, 1811-nji ýylda çowdurlaryň we beýleki türkmen

taýpalarynyň 5 600 öýlüsi tarapyndan iberilen delegasiýa Astraha gelip özleriniň rus raýatlygyna kabul edilmegini we Astrahan sähralaryna göçüp gelmeklerine rugsat berilmegini haýyş edipdir.

**Nurmuhammet işan we başgalar.** Kyýat han Çelekende we Kaspi deňziniň günorta-gündogar kenarlarynda nähili çäreleri geçiren bolsa, Nurmuhammet işan hem Müňgyşlakda şonçarak işleri amala aşyran adam bolupdyr. Ol çowdurlaryň dyşgy tiresinden bolupdyr. Nurmuhammet işan 1806-1871-nji ýyllar araygynda Müňgyşlakda ýaşapdyr. Onuñ kakasy Bekdurdy işan (1737-1807) öz döwründe türkmenleriñ, hywalylaryñ, buharlylaryñ, gazaklaryñ, ruslaryñ hormatlaýan adamlarynyñ biri eken.

XVIII asyryň ahyrlarynda, XIX asyryň başlarynda Rus-Müňgyşlak gatnaşyklaryny ýola goýmakda, Astrahan-Müňgyşlak söwda ýoluny ygtybarly açmakda, şol esasda-da rus-hindi gatnaşyklaryny guramakda Russiýanyň wekilleri bu ýarym adada uly abraýdan peýdalanýan, täsirli şahsyýet hökmünde Bekdurdy işana bil baglapdyrlar.

Çowdurlaryň daşgy tiresiniň bir uly toparynyň nesilbaşysy bolan Bekdurdy işan Russiýanyň daşary syýasatyny diňe bir goldamak bilen çäklenmän, eýsem işleri oňat ýola goýmak üçin, öz hususy teklibi bilen-de çykyş edipdir. Ol, takmynan, 1801-1802-nji ýyllarda Astrahanda söwda meselesinde belli wekil bolan Nikita Kalustowa hat üsti bilen ýüzlenip, Kendirli aýlagynyň kenarynda söwda merkezini döretmegi haýyş edipdir. Emma N.Kalustowyň bu wajyp meselä öz wagtynda ýeterlik üns bermändigini Astrahan gümrükhanasynyň direktory S.I.Iwanow 1805-nji ýylyň 24-nji iýulynda nebsiagyryjylyk bilen ýazypdyr.

Ol patyşa wekillerine ýüzlenmesinde Hindi-Rus söwda ýollarynyň iň amatlysynyň Müňgyşlagyň üstünden geçýändigini, şol ýoluň Kaspi deňziniň Gündogar kenaryndaky türkmenlerde bar bolan uly baýlyklary-da ulanmaga

mümkinçilik döredip biljekdigini aýratyn nygtaýar. Müňgyşlakly türkmenleriň dowar satmaga taýýardygyny, şol ýerde tebigy duzuň hem çykýandygyny, ony peýdalanmak bilen eti, balygy duzlap saklap boljakdygyny hem-de ýerli ilatdan alyş-çalyş arkaly mal derilerini-de alyp boljakdygyny ol nygtap, zynharlap ýazypdyr. Şonda S.I.Iwanow Astrahandan Kabula Müňgyşlagyň üsti bilen gidilende kerweniň 84 günde, Eýranyň üstünden gidilende bolsa 236 günde baryp biljekdigini hem hasaplap çykypdyr. Müňgyşlakda söwda merkezini döretmegiň zerurdygyny delillendiripdir. “Iň esasy meseleleriň biri-de Müňgyşlakda Russiýanyň daşary syýasatyny doly goldaýan, türkmenleriň,özbekleriň, gazaklaryň, hywalylaryň we buharalylaryň arasynda uly hormatdan peýdalanýan Bekdurdy işan ýaly ygtybarly adamyň bolmagydyr” diýip, ol belleýär.

Bekdurdy işan Müňgyşlak etraplaryndan geçýän söwda ýollarynda rus söwdagärlerini goldamak bilen çäklenmän, ýesir düşen rus wekillerini ençeme gezek satyn alyp, ýurduna ugradypdyr.

Abraýly işanyň Mämmedesen atly akylly-başly körpe ogly Kaspi deňzinde gark bolup aradan çykýar. Bu ahwalat işany agyr ýagdaýda goýýar, bütin maşgala, olaryň dogan-garyndaşlarynyň, il-ulusyň arasynda tukatlyk aralaşýar. Şol hasratly günlerde ahunyň huzuryna zyýarata gelenleriň biri hyzmatyňy eder diýip, Sarygyz atly bir nogaý gyzyny Bekdurdy işanyňkyda goýup gidýär. Ep-esli wagt geçensoň Bekdurdy işanyň aýaly Ogulhan daýza Sarygyza öýlenmegi adamsyna maslahat berýär. Işan şol döwürde ýetmiş ýaşa golaýlaşyp ýören gartaşan adam eken.

Şeýlelikde, 1806-njy ýylda Bekdurdy işanyň Sarygyzdan bir ogly bolýar. Oňa Nurmuhammet diýip at goýýarlar. Bäbejik ýaňy bir ýaşyna ýetende, Bekdurdy işan 70 ýaşap, dünýäden ötýär. Bekdurdy işan atly gonamçylyk Maňgyşlagyň Gyzylgum diýen ýerinde häzir hem saklanyp galypdyr. Uly iliň kethudasy bolan bu işanyň öz döwründe

gazdyran guýulary, ýetişdiren baglary köp nesillere asyrlar boýy hyzmat edip gelipdir.

Nurmuhammet işan hem kakasy ýaly sowatlylygy, önden görüjiligi, gönümelligi bilen giñden tanalypdyr. Eýýäm 20-i ýaşlaryndan ol taryhy arena çykyp başlan eken. 1835-nji ýylda onuñ tagallasy bilen Müňgyşlakdaky çowdurlardan, igdirlerden, ärsarylardan 1800 öýli rus raýatlygyna kabul edilýär.

Nurmuhammet işan türkmen –rus gatnaşyklaryny has ysnyşdyrmagyñ tarapdary bolýar. Russiýanyñ howandarlygynda Müňgyşlakda öñki güllän durmuşyñ gaýtadan joşmagyny küýseýär. Dürli sebäplere görä ol ýerden giden türkmenleri ýygnap, gazak taýpalarynyñ eýelän guýularydyr öri meýdanlaryny gaýtaryp alyp, ilaty suw bilen üpjün edip, türkmenleri birleşdirmegiñ janköýeri bolýar. Ol Müňgyşlakda berkitmeler gurmagy, Hywadyr Buharanyñ üsti bilen Hindistana söwda ýoluny açmagy rus hökümetine maslahat berýär. Öñ ýesir düşen ruslary öz hasabyna satyn alyp, azatlyga goýberýär. Türkmen halkynyñ bähbidini arap, birnäçe gezek rus emeldarlary bilen gepleşär. Patyşa Aleksandr II bilen Kawkazda ýörite duşuşyk guraýar. Birnäçe gezek Hywa hany bilen hem duşuşýar. Türkmenleri öz gününe goýmagy, güýçli rus döwleti bilen parahat gatnaşmagy oña maslahat berýär. 1871-nji ýylda Seýit Muhammet Rahym han bilen aç-açan gürrüñden soñ Nurmuhammet işan yzyna gaýdanda, ýolda şübheli ýagdaýda keselleýär we aradan çykýar, şol yerde-de jaýlanýar.

Ol türkmen-rus gatnaşyklarynyň tarapdary bolup çykyş edipdir.

Kyýat han, Nurmuhammet işan dagylar şol galagoply döwürlerde-de öz halkynyň bähbitlerini aýgytly gorap bilipdirler.

Kaspiniñ günorta – gündogar kenarlarynda agalygy berkitmek üçin 1841-nji ýylda Aşyradada (Eýranda) rus

kreýserligi (geljekde Aşyrada deñiz stansiýasy) esaslandyrylýar. Onuñ komandiri edilip, kapitan Ỳe.W. Putýatin bellenipdir. Tizara kapitan butin deñz ýakalarynda agalygy öz eline alýar. Ol rus balykçylaryny, täjirlerini “alamandan goramak” bahanasy bilen türkmen gämilerini islän wagtlary islän ýerinde barlamaga görkezme berýär.

Kaspiniñ kenarlarynda doly ornaşmak üçin 1846-njy ýylda Baş ştabyñ polkownigi M.M.Iwaniniñ ekspedisýasy Düýpgaraganda Nowa-Petrowsk berkitmesini gurýar. Polkownik Dandewiliñ 1859-njy ýyldaky ekspedisýasy hem şeýle maksat bilen guralypdyr.

Rusýanyñ türkmen ülkesinde gazanýan üstünligi Beýik Birtaniýany ynjalykdan gaçyrýardy. Bäsdeşlik esasda iñlis wekilleriniñ Russiýa garşy wagzy güýçlendirmek niýeti bilen Astrabat welaýatynda peýda bolandygyna çeşmeler şaýatlyk edýär.

Şeýlelik bilen, XIX asyryñ ortalaryna çenli türkmen-rus gatnaşyklary ýygjamlaşýar. Şu döwürde parahat dürmuşa ymtylýan türkmenler rus imperýasynyñ raýatlygyna ýykgyn edýärler. Bu bolsa patyşa Russiýasynyñ kalbynda ýugrup ýören matlabyny – türkmen ýerlerini doly eýelemegi amala aşyrmaga ýeñillik döredýär.

## 7. XVII-XIX asyrlaryň I ýarymynda türkmenleriň Watanymyzyň çäklerinde göçhä-göçlükleri we ýerleşen ýerleri.

Türkmen ruhunyñ dördünji eýyamy XVII –XX asyrlary alýar. Bu eýyäm ruhuñ taryhy –işjeñlik taýdan iñ gowşan döwri bolup çykdy. Şonuñ üçin bu eýýamda türkmen kän öýünden çykman, daşaryk seredmän, öz güni bilen boluberdi. Bu döwrüñ ruhy ýolbaşçysy Magtymguly Pyragydyr.

Dördünji eýýam XVII-XIX asyrlar türkmenleriñ durmuşynda iñ agyr döwürdir. Şol döwürlerde Magtymguly, Molanepes, Kemine, Seýdi, Zelili, Misgingylyç, Mätäji ýaly beýik akyldar şahyrlarymyz ajaýyp goşgylaryny döredipdirler. Olar berkarar döwlet isläp, öz arzuwlaryny goşgylarynyň üsti bilen beýan edipdirler.

Şol asyrlarda Türkmenleriñ agzyny alartdylar. 1820-nji ýylda Ors patyşasy öz çykaran gizlin kararynda. “Türkmenleri agzala ediñ, türkmenleriñ tirelerini özara çaknyşdyryñ türkmenlerden ýolbaşçy goýanyñyzda samsygyragyny, kemakylyny goýuñ” diýilip görkezme berilipdir. Şeýlelikde, tekeleriñ, ýomutlaryñ, salyrlaryñ, saryklaryñ, ärsarylaryñ we beýlekileriñ tire arasynda agzalalyk saldylar. Şol döwür türkmen halkynyñ taryhynyñ iñ agyr döwridir. Şol döwürde halkymyz göçüp gonup ýaşady “daş oklasañ, düşen ýeri Türkmeniñ ýurdy” diýildi. Türkmenleriñ SSSR-iñ düzimine giren döwri şol eýýama degişli bolar”.

Milli bähbidini arap, XVII-XIX asyrlarda birnäçe döwletler türkmen halky barada erbet häsiýetnamalary ýaýratdylar. Türkmenler alamançy, adam ödürmäni hiç zatça görmeýän, biri-birini hem öldürip ýören wagşy halk, gara öýli, bilimsiz, medeniýetsiz, göçüp- gonup ýören millet diýip sypatlandyrylýar.

XIX asyrda türkmen taýpalarynyñ oturumly ýerleri belli bir derejede kadalaşýar. Özara oñuşüksyzlyklar azalýar we merkezleşen döwlet döretmäge meýiller döräp başlaýar. Esasan hem Bäherden, Bamy, Gökdepe, Sarahs etraplarynda teke türkmenleriniñ agalygynyñ we agzybirliginiñ güýçlenip başlamagy goñşy döwletleriñ patşalaryny ynjalykdan gaçyrýar…

Soñky sekiz asyryñ dowamynda türkmen halkynyñ özbaşdak döwleti bolmandygy üçin onuñ bütewi goşuny hem bolmandyr. Ỳone bu ýagdaý türkmenlerde serkerde ýigitleriñ bolmandygyny añlatmaýar. Ilat ondan-oña göçüp-gonup ýörse-

de, olar öz mekanlaryny daşarky howupdan goramagy başarypdyrlar.

Türkmene soñky iki ýüz ýylyñ dowamynda alamançy , çapawulçy diýilen töhmet atylyp gelindi, şol töhmet şu asyryñ 30-njy ýyllarynda basmaçy sözi bilen çalşyldy .Ol tagma türkmeniñ ýurduny basyp almak üçin gaýry bir bahana tapmadyk ýurtbasarlaryñ goýan bahana ýaragydy.

Türkmen ruhunyñ dördünji eýýamynda milletiñ ruhy sypatynda taryhy döredijilik alamatlary ýiteñkirledi. Taryhy ýadawlykdan egwarlan türkmen özüni millet hökmündäki aýratynlyklaryny saklap galmagyñ gamyny iýdi. Sansyz hem çylşyrymly taryhy gaýtgynlar- daşgynlar sebäpli synasy bölek-bölek bölünen tire –taýpalara baş bolan halkyñ iñ wepaly ogullary milletiñ ruhunda bitewilik sypatynyñ ýitip gitmezliginiñ aladasyny etdiler. Türkmene taryhy tejribäniñ paýhas eleginden geçirmek üçin, indiki galkynyşyñ gözýetimlerini kesgitlemek üçin pursat hem asuda durmuş gerekdi. Şeýle hem döwletsizlik, bölek-büçeklik hatda taryhy hakydanyñ bir az kütelşmegine sebäp boldy. Gündogaryñ özge ýurtlaryna düşen kowumdaşlar bilen aragatnaşyklar selçeñleşdi.

XX asyr bolsa has hem agyr geldi taryhda hiç mahal özge döwletiñ ýüküni çekmedik türkmen başga döwletiñ elgaramalygynda galdy.

Şeýlelik bilen Türkmenistanyň hemme ýeri patyşa Russiýasynyň gol astyna geçýär.Türkmenistanyň Russiýanyň gol astynda bolmagy, bilşimiz ýaly, türkmen ýerleriniň dürli ýerlerinde birmeňzeş bolmandyr. Hywa hanlygyň, Buhara emirligiň eýelik edýän ýerleriniň düzümine giren raýonlarda ýaşan türkmenler Orta Aziýa hanlyklary basylyp alnandan soň şol hökümdarlaryň raýatlary bolup galdylar.

Türkmen ýerlerini rus goşunlary, rus ýaragynyň güýji bilen basyp alyndy. Käbir ýerler söweşsiz boýun bolupdy. Emma bu ýagdaýlar ol türkmen ýerleriniň parahatçylykly

birikmesi däldi. Türkmenler gan dökülmegiň tarapdary däldiler, pidanyň köp bolmagynyň öňüni alypdylar.

Patyşa Russiýasy Türkmenistany öz koloniýasyna öwürdi.

**Türkmenleriň ýerleşen ýerleri we taýpa birleşmeleri.** Türkmenler XVII- XIX asryň ortalarynda dagynyk ýagdaýda giň territoriýada  ýaşapdyrlar. Olaryň ýurdy gündogarda Amyderýanyň boýlaryndan günbatarda Kaspi deňzine çenli, demirgazykda Müňgyşlakdyr Hywa etraplaryndan günortada Türkmen-Horosan daglaryna çenli aralygy öz içine alypdyr. Elbetde bu uzak dsöwrüň içinde türkmen tireleriniň ýaşan ýerleri özlerine bagly bolmadyk sebäplere görä birnäçe gezek üýtgäpdir.

XVI-XVII asyrlarda türkmenler esasan Uly we Kiçi Balkanlarda, Müňgyşlakda, Kaspiniň kenar ýakalarynda, Uzboýda, Üstýurtda, Sarygamyşda, Ahalda, Merwde, Pendide, Horezmde, Lebap etraplarynda  we Garagumda ýaşapdyrlar.

XVII asyrdan başlap, Ata-Watanymyzyň gadymy künjekleriniň biri bolan Amyderýanyň orta akymlarynda türkmenleriň sany ýene-de artyp başlaýar.

Bu ýerde mekan tutan tireleriň iň köp sanlysy ärsarylardyr. Olar bu töwereklere XVII asyrda göçüp gelipdirler. XVII-XVIII asyrlarda Amyderýanyň boýlarynda salyrlaryň we saryklaryň –da uly  topary ýerleşýärler. Soň olaryň bir bölegi ýerli tireler bilen garyşýarlar, beýleki bölekleri bolsa XVIII asyryň ikinji ýarymynda Merw, Ýolöten,Sarahs etraplaryna geçýärler.

XVII-XVIII asyryň sepgidinde Sarygamyş-Uzboý ýerlerinden Demirgazyk Türkmenistanyň üsti bilen Lebap topragyna tekeleriň bir bölegi-de göçüp gelipdir.Olar XVIII asyryň ahyrlarynda Merwe göçüp, ol ýere Ahal tarapdan gelen tiredeşleri bilen birleşipdir.

XVIII-XIX asyrlarda Amyderýanyň orta akymlarynda baýatlar, alililer, çendirliler, hydyr ililer, agarlylar, igdirler,

çowdurlar, saýatlylar, halaçlylar, garlyklar we beýlekiler ýaşapdyrlar.

XVI-XVII asyryň göçhä-göçlügi döwri türkmenleriň tire düzüminde uly öwrülşikleriň bolan wagtydyr. Oňa öňki köp sanly , uly tireleriň ownamagy, täze uly tireleriň peýda bolmagy, öňki tire birleşmeleriniň ýerine täze birleşmeleriň döremegi häsiýetlidir. Takmynan, XVII asyryň ortalaryndan başlap, içki, daşkjy salyr birleşmeleri, Esen han, Söýün han ili, ýaka türkmenleri ýatlanmandyr. Onuň tersine, XVII asyrda täze güýçli teke-ýomut-saryk birleşmesi döreýär. Türkmenleriň durmuşyndaky tire birleşmeleriniň taryhynda teke-ýomut-saryk birleşmesi iň söňky uly tire birleşigidir. Bu birleşik, megerem, XVII asyryň ikinji ýarymyna – soňky çärýegine çenli dowam edipdir. Teke-ýomut-saryk birleşigi türkmen halkynyň taryhynda uly rol oýnapdyr. Ol esasanda, şol döwürde Orsýetiň raýatynda hasaplanýan, gowy ýaraglanan galmyklaryň türkmen ýerlerine çozuşlarynyň öňüni almaklyga türkmen tireleriniň agzyny birikdirmeklige ýardam edipdir. Şeýle ýagdaýda tekeleriň ,ýomutlaryň we saryklaryň töwereginde jebisleşýän ownuk türkmen tireleriniň sany barha artypdyr. Netijede, XVII asyrda öňki az sanly tekeler, ýomutlar,saryklar türkmenleriň iň uly tirelerine öwrülipdir.

XVII asyryň ortalaryndan başlap türkmen tireleriniň Orsýetiň günorta ýerlerine geçmekleri-de başlanýar. Bu prosses ilki bilen Müňgyşlak türkmenleriniň üstüne galmyklaryň çozmagy bilen baglydyr.

Ors ýerlerine ilki aralaşan türkmenler çowdurlardy. Eger olaryň ilkinji topary ors ýerlerine XVII asyryň ortalarynda aralaşan bolsalar, , beýleki bir uly bölegi ol ýere soňrak – XVIII asyrda bardylar. Ors ýerlerine çowdurlardan başga-da igdirler, abdallar, hojalar göçüpdir. Olar soň Demirgazyk Kawkazda mekan tutunypdyrlar. Şondan soňam, - Stawropol, Astrahan türkmenleri diýen düşünje döräpdir. Şolaryň nesilleri täze Watanlarynda biziň günlerimize çenli ýaşap gelýärler.

Türkmenleriň uly tireleriniň biri bolan tekeleriň köp sanly bolegi XVII asyryň ahyrlarynda Günorta Türkmenistana süýşip başlaýar. Galan kiçiräk bölegi bolsa, şol döwürde ilki Amyderýanyň aýak, soň hem onuň orta akylaryna barýarlar. Tekeleriň bu topary XVIII asyrda Murgap oazisinde ýurt tutunýarlar.

XVII asyrtň ahyrlarynda-XVIII asyryň başlarynda tekeleriň Günorta Türkmenistana gaýdan toparyna belli türkmen serkerdesi Keýmir kör ýolbaşçylyk edipdir.

Tekeleriň täzeden Ahala gelmekleri we ekerançylyk zonalarynda ýerleşmekleri ol ýerleriň ilatynyň etniki düzüminiň üýtgemegine getirýär. Ahalda öňden bäri ýaşap gelýän mihinlileriň, garadaşlylaryň , alilileriň, ýemrelileriň, gökleňleriň köpüsi Hywa ýa-da Etek oazislerine göçmäge mejbur bolýarlar Ýöne olaryň bir bölegi öňki ýurtlarynda galýarlar.

XVII asyrda Müňgyşlagyň kenar ýakalarynda türkmen tireleri ýaşamaklaryny dowam etdiripdirler. Olar esasan hojalar, şyhlar, çowdurlar, abdallar, ärsarylar we beýlekilerdi.

**Türkmenleriň göçhä-göçlükleriniň sebäpleri.** XVIII asyr – XIX asyryň ortalary türkmen tireleriniň bir ýerden başga ýere köpçülikleýin göçmekleriniň soňky etaby boldy. Ýokarda belleýşimiz ýaly XVIII asyryň 80-nji ýyllarynda tekeleriň Ahaldan gaýdýan uly topary 10 müň öýli hojalyk Mopak serdaryň ýolbaşçylygynda Tejende ýurt tutunýarlar. Ýöne XVIII asyryň ahyrlarynda – XIX asyryň başlarynda Mopak serdaryň ili Tejen-Merw-Tejen-Mäne-Çäçe-Sarahs-Tejen-Merw aralygynda telim gezek ýurtlaryny çalyşmaly boldular. 1857-nji ýylda bolsa Gowşut hanyň ýolbaşçylygynda Merwe göçüp bardylar.

XVIII asyryň 80-nji ýyllaryndan bäri Merwde saryklar ýaşaýardy. Olar bu ýere iki ugurdan : Ahal we Lebap taraplaryndan göçüp gelipdirler.

XVIII asyryň 20-nji ýyllarynda saryklar Durunyň we Mehiniň töwereklerinde ýaşapdyrlar. Olar soň kem-kemden Etege, Mäne-Çäçe olýerdenem, Murgabyň boýlaryna barypdyrlar.

Lebap etrabyndan Gutlamet Sopynyň ýolbaşçylygynda göçüp gaýdan salyrlar XVIII asyryň ikinji ýarymynda köne Sarahs galasynyň töwereginde ýerleşýär. Emma Eýran şasy olara bu ýerde uzak ýaşamaga mümkinçilik bermeýär. Şol sebäpden salyrlar Ýolöten-Merw sebitlerine göçmäge mejbur bolýarlar. XIX asyryň 80-nji ýyllaryna çenli bolan döwürde salyrlaryň ýagdaýy ýeňil bolmaýar. Olar birnäçe gezek Merw-Sarahs aralygynda göçmeli bolýarlar.

XVIII asyryň başlaryna çenli uly tireleriň birine öwrülen ýomutlar esasan Astrabat, Etrek we Gürgen etraplarynda ornaşýarlar.Öňden bäri ol ýerlerde ýaşap gelýän söýünhan türkmenleri saýylýan salyrlar, eýmirler, oklylar bolsa Günorta Türkmenistana süýşýärler. Ýöne şol döwürde ýomutlaryň käbir toparlary Ahalda we Merwde ýaşapdyrlar.

XVIII asyrda ýomutlar iki topara bölünýärler. Olaryň kenar ýakasyndaky topary täze tebigy şertlere çalt öwrenşip ol ýerde galýarlar. Olara Japarbaýlar we Atabaýlar tireleriniň wekilleri degişlidir.

Ýomutlaryň ikinji topary - Baýramşalylar XVIII asyryň başlarynda Hywa topragyna aralaşýarlar we ýurt tutunýarlar.

Türkmenler goňşy ýürtlar bilen özara gatnaşyklaryň iki tarap üçin-de bähbitli bolmagyna hemişe uly ähmiýet berýärdi we berýär. Biziň ata-babalarymyz gaýry ýurtlaryň ilçilerinin hiç-haçan kemsiden olaryň mertebesine şek ýetiren däldir. Iki döwletiň arasynda baglaşylan şertnamalaryň birkemsiz berjaý edendir. Bu däbiň gözbaşlary gojaman gadymiýetden başlanýar.

Şeýlelikde XVII-XVIII asyrlarda türkmenleriň göçhä-göçlügiň güýçlenmeginiň esasy sebäpleri şulardan ybarat: birinjiden, Hywa hanlygynda ýaşaýan türkmenler han

hökümeti, aýratynam, Abulgazy tarapyndan syýasy we ykdysady taýdan gysylyşa sezewar edilipdir. Han türkmenleriň ekerançylyk ýerlerini suwdan kesipdir. Ikinjiden, Amyderýa öz akymyny Aral deňzine tarap öwrüpdir. Netijede, Sarygamyş gurap başlaýar we Derýalykda ekerançylyk pese düşýär. Şu sebäpli ilat ekerançylyk üçin täze ýerleriň gözlegine çykýar. Bu ýagdaý Balkan sebitlerini hem öz içine alypdyr.

Türkmenleriň göce göçlügi syýasy we ykdysady sebäplere görä soňky döwürlerde-de az-kem dowam edipdir. Bu ýagdaý XIX asyryň ortasynda esasan tamamlanyp, häzirki geografiki ýerleşişi ýaly durkuny saklaýar. Uzak wagt dowam eden göçe-göçlük türkmen halkynyň oturymly durmuşa geçmegine merkezleşdirilen döwlet gurmagyna uly päsgelçilik döredipdir.

## 8. XVII-XIX asyryň I ýarymynda türkmenleriň syýasy we durmuş-ykdysady ýagdaýy.

**Jemgyýetiň dolandyrylyşy. Geñeş, Maslahat.** Ata-babalarymyz adamalaryñ agzybir gatnaşykda bolmagy üçin köp tagallalar edipdir. Eger bir säw bilen ara tow düşen bolsa, sylanýan ýaşulular bilen töwellaçy barýarylypdyr. Töwellaçynyñ töwellasy alynmasa, türkmençilikde erbet görülýär.

Biziñ ata-babalarymyz köp işleriñ başyny geñeş bilen tutupdyr. Şol geñeşlerde ýa bir adamyñ, ýa-da tutuş iliñ ykbaly çözülipdir. Geñeşe, esasan, iliñ ýaşulysy, han-begleri ýolbaşçylyk edipdir. Olar meseläni orta alyp , iliñ pikirini jemläpdir. Kä halat geñeşilýän mesele hakynda iki pikir ýüze çyksa haýsy tarapyñ sesi köplük bolsa, şolaryñ sesi sana geçipdir.

Biziñ halkymyzyñ öz –özüni dolandyryş düzgüninde geñeş, maslahat esasy orny tutýar. Bu soñky ýüz ýyllyklaryñ

döreden däbi däldir. Maslahat geçirmek , il halk bilen geňeş edip, mesele çözmek Oguz han atanyzdan gözbaş alýar.

Türkmenistany Russiýanyň basyp almazyndan öňki türkmençilik zamanynda syýasy ýagdaýlaryň çylşyrymly bolmagy zerarly, umumy taýpa maslahatlary ýygy-ýygydan geçirilipdir. Şonda ilatyň ähli agzalaryna degişli möhüm harby - hojalyk meseleleri, uruş yglan etmek, ylalaşyk gazanmak, şertnama baglaşmak, täze ýere – ýurda göçmek, suwaryş desgalaryny, ýaplary gazmak, arassalamak, bent gurmak we olara gözegçilik etmek , ilaty , ekinleri, mallary duşmandan goramak, gala salmak, ýeri-suwy tireler arasynda paýlamak ýaly meseleler ara alynyp maslahatlaşylypdyr hem-de belli karara gelinipdir.

XIX asyrda türkmen taýpalarynyň oturumly ýerleri belli bir derejede kadalaşýar. Özara önüşyksyzlyklar azalýar we merkezleşen döwlet döretmäge meýiller döräp başlaýar. Esasan hem Bäherden, Bamy, Gökdepe, Sarahs etraplarynda teke türkmenleriniň agalygynyň we agzybirliginiň güýçlenip başlamagy goňşy döwletleriň patşalaryny ynjalykdan gaçyrýar.

XIX asyryň oratalarynda Eýran bilen Hywanyň arasynda türkmen topragy ugrundaky göreş has-da ýitileşýär.

1855-nji ýylda Sarahs söweşinde,1857-58-nji ýyllarda bolup geçen Garrygala söweşinde, 1861-nji ýylda Mary söweşinde daşarky güýçleriň derbi dagyn edilmegi türkmen tire-taýpalarynyň agzybirliginiň netijesidi. Bu söweşlered teke, ýomut, gökleň, salyr, ärsary we beýleki tireler birleşip, ýow gaýtardylar.

Söweşde serdara uly orun degişli bolupdyr. Çaknyşykda garşydaşyňdan rüstem gelmek, agyr goşuny söweşden kän bir ýitgisiz alyp çykmak serdaryň –goşunbaşynyň söweşjeň tilsimlerini kesgitläpdir.

Harby demokratiýanyň kada-kanunlaryna laýyklykda türkmenler han, goşunbaşy, serkerde saýlap-seçenlerinde nesilden-nesle geçirmek düzgünine eýermändirler.

Türkmenler öz serkerdelerini seçenlerinde, diñe şonuñ ykybyna- gujuryna, añyna-düşünjesine seredip, hemmataraplaýyn ölçerip-döküp, çynlakaý pikir alyşmak arkaly saýlapdyrlar.Diñe bir goşunbaşy, han, serkerde saýlanjak adamyñ özüniñ däl, hatda maşgalasynyñ hem ähli ahlak sypatlaryny nazarda tutupdyrlar.

Serdar, serkerde, goşunbaşy harby tälime ussat bolanda, ol her hili ýagdaýlarda-da üstünlikli hereket etmäge ukyply bolýar.

Soñky sekiz asyryñ dowamynda türkmen halkynyñ özbaşdak döwleti bolmandygy üçin, onuñ bitewi goşuny hem bolmandyr. Ỳone, bu ýagdaý türkmenlerde serkerde ýigitleriniñ bolmandygyny añlatmaýar. Ilat ondan-oña göçüp-gonup ýörse-de, olar öz mekanlaryny daşarky howupdan goramagy başarypdyrlar.

Eýsem , türkmen bäş müñ ýyllyk taryhda ýetmişden gowrak döwleti nähili gurupdyr? Olary nähili saklapdyr? Sekiz asyrlyk döwletsizlik döwründe ýurduny nähili gorapdyr?

Elbetde, munuñ aslynda türkmeniñ gahrymançylykly ruhy – halkymyzyñ edermenlik, mertlik ýaly ajaýyp gylyk-häsiýetleriniñ jemi ýatandyr. Türkmenler özüniñ söweşjeñlik sypatlarynyñ aýdyñ mysallary bilen taryha giren halk. Döwletiñ wezipesini türkmençilik hem adat tutupdyr we halky agzybirlikde dolandyrypdyr.

Türkmen ruhunyñ dördünji eýyamy XVII –XX asyrlary alýar. Bu eýyäm ruhuñ taryhy –işjeñlik taýdan iñ gowşan döwri bolup çykdy .Şonuñ üçin bu eýyamda türkmen kän öýünden çykman , daşaryk seredmän , öz güni bilen boluberdi. Bu döwrüñ ruhy ýolbaşçysy Magtymgly Pyragydyr.

Milli bähbidini arap , XVII-XIX asyrlarda birnäçe döwletler türkmen halky barada erbet häsiýetnamalary ýaýratdylar. Türkmenler alamançy, adam ödürmäni hiç zatça görmeýän , biri-birini hem öldürip ýören wagşy halk , gara öýli,

bilimsiz, medeniýetsiz, göçüp-gonup ýören millet diýip sypatlandyrylýar.

Türkmene soñky iki ýüz ýylyñ dowamynda alamançy, çapawulçy diýilen töhmet atylyp gelindi, şol töhmet şu asyryñ 30-njy ýyllarynda basmaçy sözi bilen çalşyldy .Ol tagma türkmeniñ ýurduny basyp almak üçin gaýry bir bahana tapmadyk ýurtbasarlaryñ goýan bahana ýaragydy.

**Türkmenleriň hojalygy.** XVII-XIX asyryň birinji ýarymynda türkmen hojalygy köppudakly bolupdyr.

XVII-XVIII asyrlarda Orta Aziýa döwletleri, olaryň durmuşynyň ähli ykdysady, medeni we syýasy oblastlaryna agyr täsir eden, uzaga çeken çökgünligi başdan geçiripdirler.

XVIII asyryň başlarynda Pýotr Russiýasy Zakawkazýäniň we Orta Aziýanyň çäklerine çykýar. Pýort I şwedler bilen urşy üstünlikli tamamlansoň, Kaspi deňziniň üsti bilen Orta Aziýa, Eýrana we Hindistana barýan söwda ýoluny gurmagyň mümkinçiliklerini gözlemäge girişýär.

XVIII asyryň başy Orta Aziýanyň taryhynda Kaspi deňziniň gündogar kenarlaryna rus ekspedisiýalarynyň aralaşmagy 1717-nji ýylyň tomsunda bolsa A.Bekowiç-Çerkasskiniň ekspedisiýasynyň Hywa hanlygyna gelmegi bilen meşhur bolýar.

Heläkçilikli tamamlanandygyna garamazdan ekspedisiýa XVIII asyryň başynda Orta Aziýanyň taryhynda uly syýasy waka bolupdyr.

Şondan soňam Orta Aziýa bilen Russiýanyň arasynda söwda-ykdysady, syýasy we diplomatik gatnaşyklar ösüpdir.

XVIII asyrda türkmen taýpalary gündogarda Amyderýa we günbatarda Kaspi deňiz, demirgazykda Maňgyşlak, Üstýurt we Hywa we günortada Türkmen-Horasan daglary aralygyndaky uly giňişligi eýeläpdirler. Bu uly ýerleriň esasy bölegini Garagumyň çäksiz çägeligi düzüpdir. Şu ýerleriň ählisi eýýäm XVIII asyryň başlarynda "türkmenleriň ýurdy" diýip atlandyrylypdyr.

XVIII asyrda türkmenleriň esasy ýaýran ýerleri Amyderýa basseýni (derýanyň orta akymy, Hywa hanlygynyň demirgazyk-günbatar we günbatar raýonlary), Murgap, Gürgen, Etrek, Tejen derýalarynyň basseýinleri, Günorta Türkmenistanyň daglyk we dag etek raýonlarynda ekerançylyk bilen meşgul bolupdyrlar.

Türkmen ilatynyň maldarçylyk bilen meşgullanýan topary döwürleýin örilerde we Kaspi kenaryndaky we Balkan etegindäki raýonlarda, Maňgyşlagyň we Üstýurduň öri meýdanlarynda göçüp-gonup ýörüpdirler.

Şu ekerançylyk we maldarçylyk ojaklarynda XVIII asyryň başynda türkmen taýpalarynyň hojalyk işjeňligi geçipdir.

XVIII asyryň başynda türkmen taýpalarynyň esasy meşgul bolan kärleri ekerançylyk we maldarçylyk bolupdyr.

Ekerançylar we maldarlar belli bir derejede öý hünärmentçiligi, balyk, nebit, duz önümçiligi, awçylyk we ş.m. bilen meşgullanypdyrlar.

Çarwa hem-de çomur ilat öz aralarynda berk hojalyk aragatnaşygyny alyp barypdyrlar. Tebigy, ykdysady, hukuk, maşgala we beýleki sebäpler bilen çarwanyň çomura, çomuryň çarwa öwrülýän halatlary hem az bolmandyr.

Köp halatda tiräniň, uly maşgalanyň agzalarynyň bir topary çölde, beýlekisi bolsa ekin meýdanlarynyň zonasynda ýaşapdyr.

Tebigy we howa şertlerine laýyklykda derýalaryň, dag çeşmeleriniň töwereklerinde ýaşaýan ilat, esasan ekerançylyk, suw çeşmelerinden uzakda, garagumda ýaşaýan ilat bolsa çarwaçylyk bilen meşgullanypdyrlar.

Tohum türkmen atlary Ýewropa syýahatçylarynda uly täsir galdyrypdyr/ Eger-de türkmen öýleriniň ýanynda at daňylgy bolsa, onda ol maşgalanyň maddy üpjünçiliginiň alamaty hasaplanypdyr. Türkmen atlary ýyndamlygy,

çydamlylygy we owadanlygy bilen tapawutlanypdyr. Türkmenleriň ahal-teke we ýomut atlary dünýä belli atlardyr.

Daglyk raýonlarda ýaşaýan türkmenler esasan ýyrtyjy haýwanlary awlapdyrlar. Türkmenlerde awçylyk däpleri nesilden nesle geçirlipdir.

Kaspi etegindäki türkmenler esasan balyk tutmak bilen meşgullanypdyrlar.

Halkyň durmuşynda söwda-täjirçilik hem uly ähmiýete eýedir. XVIII asyrda türkmenler diňe bir Russiýa bilen däl-de Hywa, Buhara, Eýran bilen hem söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyrlar.

Türkmenistanyň ähli iri oazislerinde gadymdan bazarlar we söwda meýdançalary işläpdir. Has belli we gadymy bazarlar Maryda we Astrabatda ýerleşipdir. Köneürgenç, Gazawat, Çärjew, Kerki bazarlary hem örän uly bolupdyr. Bu bazarlarda türkmenler ekerançylyk, maldarçylyk we hünärmentçilik önümlerini satypdyrlar we alyş-çalyş edipdirler.

Türkmenleriň tutýan ýerleri, olaryň watany, ýerleşişi barada XIX asyryň ýazarlary medeni zolaklara gelmeýän, suwarymly ekerançylygy bilmeýän, çöllük sähralara çekilen we diňe çarwaçylyk bilen meşgul bolýan halk hökmünde suratlandyrylýardy. Bu elbetde, türkmenleriň ýaşaýşyna bir taraplaýyn baha bermekdir, şonuň üçin hem nädogrydyr. Garagumyň çöllükleri, Maňgyşlagyň, Balkan daglarynyň, Üstýurduň sähralyklary, gyrlary XVIII-XIX asyrlarda türkmenler üçin esasan gaçybatalga, tebigy gala bolup hyzmat edipdir.

Türkmen taýpalarynyň etniki taryhy, olaryň genealogiýasy, urug-tire düzümi, haýsylarynyň haçan we nirede ornaşandygy, göçüp-gonuşlary baradaky mesele taryhçylar, etnograflar tarapyndan dürli wagtlarda beýan edilendir.

Etrek-Gürgen boýlarynda ýaşaýan gökleňler we ýomutlar barada Russiýanyň Tährandaky ilçihanasynda işlän, 1836 we 1841-nji ýyllarda şol ýerlere iki gezek aýlanyp gören

K.Bodäniň berýän maglumatlary has ygtybarlydyr. Ol Gürgen boýlarynda ýaşaýan gökleňleriň ajaýyp sypatlaryny, olaryň öndürýän örän nepis önümlerini şol ýerleriň gözel tebigaty bilen deňeşdirýär we özüniň haýran galandygyny aýdýar. Ýazar şol ýerde ýaşaýan janypkeş türkmenleri jany-teni bilen söýendigini boýun alýar we olara diňe bir zadyň – asuda, howpsuz, parahat durmuşyň ýetmeýändigini belleýär.

K.Bode gökleňleriň arasynda birinji gezek baran wagty (1836 ý.) olaryň sany gaty azalan eken. Bir wagtlar olar 12 müň öýli bolup, diňe bir Gürgen boýunda däl, eýsem köpüsi Çendir, Sumbar (Sünt) derýalarynyň boýlaryna-da ýaýrap, Garrygalada-da oturýar ekeni. Indi bolsa olar Hywa hanlarynyň zor bilen göçürip äkitmegi netijesinde hem-de 1836-njy ýylda Muhammet şanyň olaryň üstüne dökülip, zulum etmegi zerarly gaty azalyp, 3 müň öýli bolup galypdyr we diňe Gürgeniň boýuna ýygnanypdyr. Olaryň Gündogar çeti Gürgeniň gözbaşyna, ýagny derýanyň başlaýan ýerlerine ýetipdir. Gökleňleriň 9 müň öýlüsi Hywa zor bilen göçürilipdir ýa-da soň Eýran häkimleriniň zulmuma çydaman, özleri Hywa tarapa göçüp gidipdir. Hywada ýerlemän, yzyna gaýdyp gelýänler-de bolupdyr. Emma Hywa hanlary olara yzyna – watanyna gaýtmagyny gadagan edipdir, ele düşenlerini ile göz edip jezlandyrýardy, ýagny dirikä topuň niliniň agzyna daňyp atýardylar.

Gökleňler bilen goňşuçylykda ýaşaýan ýomutlaryň tutýan ýerleri Kümmet-Kabusa we Germerud derýajygyna, günortada Gürgen derýasyndan ilerde Elburs daglarynyň etegindäki tokaýlara çenli, günbatarda Kaspi deňzine, demirgazykda-da tä Hywa barýança ýatan çöllükleri tutupdyr.

Hywa hanlygyndaky türkmen obalarynyň meýdanlarynyň yhlas bilen işlenilip bejerilip, hasylyň bolsa bihasap bolandygy barada dürli maglumatlarda bellenilýär. N.N.Murawýow türkmen obalarynyň töwereklerindäki meýdanlarynda şaly, bugdaý, künji, jöwen, äpet gawunlar we garpyzlar bitýändigini

aýdýar, hemmesiniň hem ýokary hasyl berýändigini telim gaýta nygtaýar. Ol Horezmde türkmen obalarynyň köpdügi, adamlaryň geýim-gejiminiň, daşky görnüşiniň göze ýakymlydygy, kenarýakasy türkmenlerden has gurpludygy barada ýazýar.

XIX asyrda Horezmde ýaşan türkmen taýpalarynyň sany baradaky maglumatlar dürli-dürlidir. Ýazuw çeşmelerinde Hywa ýomutlarynyň sany 8 müňden 17 müň öýlä çenli aralykda kesgitlenilýär. Hywa hanlygynyň 1873-nji ýylda Russiýa tarapyndan basylyp alnan wagtynda şol ýerde ýaşaýan türkmenleriň umumy sany 30-40 müň öýlä barabar hasap edilipdir. Bu bolsa her öýde hasapdan bäş adamdan çen tutsaň, jemi Hywada oturýan türkmenleriň sany 150-200 müň çemesi adama barabar bolýar, şonuň hem gylla ýarysy ýomutlar hasap edilýär. Ýomutlardan soň sany boýunça çowdurlar, ýemreliler, gökleňler, garadaşlylar, alililer we atalar bolupdyr.

XVII asyryň iň soňky çärýeginde (1670-nji ýyllardan soň) iň köp sanly türkmen taýpalarynyň biri bolan ärsarylar Maňgyşlakdan we Balkan daglarynyň töwereginden gaýdyp, günorta Türkmenistanyň üsti bilen Mary, Ýolöten, Marçak ýaly ýerlerden geçip, Lebaba aralaşypdyr. Olaryň Marynyň we Pendi çölüniň üsti bilen geçip gidendigine Baýramaly, Ýolöten, Türkmengala, Tagtabazar etraplarynda häzirem ärsarylaryň wekilleriniň ýaşaýandygy şaýatlyk edýär. Ärsarylaryň çarşaňňy tiresiniň bolsa XIX asyryň birinji ýarymynda Pendi çöllüginde, Marçak töwereginde ýaşandygy käbir maglumatlar beripdir.

Amyderýanyň orta akymynda (Lebapda) ärsarylardan başga-da sakar, saýat, narazymly, esgi, arabaçy, bujakly, şyh ýaly kiçeňräk taýpalar, salyrlaryň, çowdurlaryň bölekleri ýaşapdyr. Ärsarylaryň, umuman Lebap türkmenleriniň sany barada bir-birine çapraz gelýän dürli maglumatlar gabat gelýär. Emma has takyk maglumatlar XIX asyryň 70-80-nji ýyllaryna degişlidir. Şol maglumatlardan mälim bolşuna görä, Amyderýanyň sag kenarynda 23.170 türkmen, 7.210 özbek we

800 täjik hojalygy, çep kenarynda bolsa 62.450 türkmen, 3.240 özbek hojalygy bolupdyr. Şonça hojalyk bolup ýaşaýan türkmenleriň 34.150 hojalygy Çärjew begliginde, 23.300 hojalygy Kerki begliginde, galanlary demirgazyk Owganystanda ýasapdyr. Jemi 94 müň hojalygyň 83,5 müňi türkmen, 10 müň gowragy özbek, 800-si täjikler bolupdyr. Bykowyň hasap etmegine görä, 83,5 müň öýli türkmeniň 60 müňi ärsarylar bolupdyr.

Ýokarda getirilen maglumatlaryň XIX asyrda Amyderýanyň orta akymynda ilatyň örän gür ýerleşendigini äşgär görkezýär. “Ilat adatdan daşary gür ýerleşipdir, ýer gytlyk edýär. Umuman, Amyderýa jülgesiniň orta bölegi tä Dänewe barýança şeýle gür ilatly bolup, mundan beter hiç mümkin däl” diýip Bykow ýazýar.

Mary oazisinden gajarlary doly kowup çykarmak ugrunda türkmenler iki ýüz ýyllap göreş alyp barypdyr. Şol döwürde oazisde Mary, Türkmengala we Apbasabat esasy merkezlere öwrülipdir. Apbasabat galasyny şah Apbasyň döwründe gurupdyrlar. Bu gala häzirki Garybata stansiýasynyň 3-4 km. gündogarynda Murgap derýasynyň köne hanasynyň boýunda ýerleşip, onda, esasan seýitler diýen öwlat taýpa ýaşapdyr.

XIX asyryň başynda Mary oazisinde oturan türkmen ilaty saryklar, salyrlar we tekeleriň utamyş böleginden ybarat bolupdyr. Mary oazisiniň merkezi bölegini saryklar, Ýolöten töweregini salyrlar, derýanyň aýak ujundaky Garaýabyň ýerlerini bolsa tekeler eýeläpdir. Şeýle ýagdaý XIX asyryň ortalaryna çenli dowam edipdir. 1856-1857-nji ýyllarda bu oazise sarahsda oturýan tekeler köpçülikleýin gelipdir.

**Ýere-suwa we öri meýdanlaryna eýeçiligiň görnüşleri.** XVIII-XIX asyrlaryň sepgidinde Demirgazyk Türkmenistanda ýaşaýan türkmenlerem, esasan oturymly durmuşa geçipdirler. Olar Hywa hanlaryndan atlyk düzgüni boýunça ýer-suw alýardylar. Ýone Demirgazyk

Türkmenistandaky türkmenleriň gum eteklerinde, Garagumda maldarçylyk bilen meşgullanýan toparlary-da bardy.

Türkmen çarwalary öz nobatynda ussat ekerançy bolupdyrlar. Ekerançylykda ak ekinler(bugdaý, arpa, jöwen dary, künji), bakja ekinleri(gawun, garpyz, kädi), belli derejede pagta we s.m. ekipdirler.Geçen asyrlarda diňe Günorta Türkmenistanyň ýerlerinde ýabany ösýän bugdaýyň 40-dan gowrak görnüşleri bolupdyr. Umuman alanyňda bolsa XIX asyryň ortalarynda Türkmenistanda bugdaýyň ýabany we eldekileşdirilen 150-160 çemesi görnüşi bolupdyr. Ata-babalarymyz gawun-garpyzyň hem ýüzlerçe sortuny ösdürip ýetişdiripdirler. Köpetdagyň eteklerinde, Murgapdyr Lebap etraplarynda belli bir derejede bagçylyk hem ösüpdir.

Tut agajynyň köpçülikleýin ekilmegi ýurdumyzda ýüpekçiligiň ösmekligine we onuň hojalygyň bir pudagyna öwrülmekligine şert döredipdir.Ekerançylyk iki usulda (düme we suwarymly) alnyp barylypdyr. Düme ekerançylygy esasan dag eteklerinde giňden ýaýrandyr.

Ata-babalarymyzyň köppudakly hojalygynda hünärmentçilik, söwda, kireýkeşlik, awçylyk ýaly ugurlary-da uly ähmiýete eýe bolupdyr.Türkmen hünärmentçiliginde senetçiliginde haly, dürli matalar, dolak, saçak dokamak, keçe etmeklik, jorap örmek ,kümüş şaý-seplerini, demir, küýzegärçilik önümlerini öndürmek, telpek we aýakgap tikmek ýaly onlarça işler uly orun tutupdyr.

Türkmen hojalygynda gadymdan bäri kireýkeşlik uly ähmiýete eýe bolupdyr. Mal eýeleri täjirlere, syýahatçylara oduna gidýän ýer işläp bejerýän adamlara iş mallaryny kireýine beripdirler. Hojalygyň bu ugry mal eýelerine köp peýda getirpdir.

XVI asyrda – XIX asyryň ortalaryna çenli bolan döwürdäki çylşyrymly syýasy ýagdaý argyşa gidýan, söwda edýän adamlara kerwenlerini daşky güýçlerden, talaňçylardan gorar ýaly ýörite garawul tutmaga mejbur edipdir.

## 9. XVII-XIX asyryň birinji ýarymynda türkmen halkynyň medeniýeti.

**XVII asyrda turkmen halkynyñ medeniýeti.** Birnäçe ýüz ýyllap döwletli bolmasa-da, biziñ halkymyz mlli egin-eşigini, dilini, dinini, atyny, halysyny saklapdyr. Bir bitewi döwleti bolmadyk tire-taýpalaryñ bu zatlary saklap bilşi taryhda örän seýrek zatdyr, beýle häsiýet her bir halka mahsusam däldir.

XVI-XVII asyrlardaky çylşyrymly durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaý döwrüň medeniýetine öz täsirini ýetiripdir. Bu döwürde Watanymyzyň çäklerinde galalaryň gurluşygyna uly üns berlipdir. Belli bir derejede daşky duşmandan goranmak üçin niýetlenilen, diňli, çaklaňja galalar gurulypdyr. Şeýle galalar esasan Günorta Türkmenistanda, şol sanda Ahal sebitlerinde köp bolupdyr. Uly bolmadyk az sanly dini desgalar hem salnypdyr.

Ýurdumyzyň ilaty gara öýlerde, kepbelerde, palçykdan (pagsa-pagsa edilip), çig kerpiçden ýa-da daşdan salnan tamlarda ýaşapdyr.Gara öý esasan çarwa ilatyň tiz sökülip-düzülýän, kämilleşen ýaşaýyş jaýydyr. Onuň düýbüni gözenek-gözenek tärimler düzýär. Aşaky ujy tärime berkidilýän uguň ýokarky ujy tüýnügiň ýörite deşiklerine jebis sokulýar. Şol uklar tüýnügi göterip durýar. Olar örite agaçlardan (taldan , söwütden) ýasalýar. Tüýnügiň depesi onuň özüne laýyk edilen tegelek serpik bilen örtülýär. Ondan aşakda üzük bilen durluk gelýär, üzük uguň üstüne ýazylýar, durluk tärimiň daşyna aýlanýar. Durlugyň daşyna ýörite çykalan gamyş çekilýär. Öýleriň gapysy iki tarapa açylýan agaç gabsalardan we olaryň daşyndaky çarçuwadan durýar. Gapa ýörite taýýarlanan keçe, palas, gamyş tutulýan wagty-da bolýar, oňa “tarpýapar” hem diýilýär. Öý täze tutulan wagty , onuň ähli zady, hatda keçeleri-de täze (ak ýa-da agymtyl) bolany üçin, türkmenlerde ýaş çatynjalar babatda “Ak öý tutuldy” diýilýändir. Wagt

geçdigiçe, öýüň içinde  - ojakda ýakylan oduň tüssesi zerarly, ýeliň –günüň täsiri bilen öýüň ähli bölegi garalýar. Türkmen öýleriniň “gara öý’ diýip atlandyrylmagy hut şonuň üçindir. Türkmenlerde öý tutmak özboluşly sungat hasaplanýar. Türkmen taň herisinde diýen ýaly halk arhitekturasynyň milli aýratynlyklary saklanypdyr. Ol gurluşygy planlaşdyrmakda-da, ýerli materiallary ulanmakda-da, diwarlary bezemekde-de görnüpdir. Halk arhitekturasyny döredenler gelmişekler däl-de , ýerli ussalar bolupdyr. Dogry,  türkmen taýpalarynda goňşy halklaryň, meselem , özbekleriň gurluşyk tejribeleriniň täsiri mese-mälim duýlupdyr. Keramika önçiliginde teýmirler döwrüniäpleri saklanypdyr. Keramikanyň täze görnüşlerini döretmäge synanşyk hem bolupdyr. Ussalar agymtyl-goňur, ýaşyl, mawy zolakly  ýa-da gara nagyşly syrçaly keramiki önümini öndüripdirler.Ol önümler tagaşyksyz hem-de az bolupdyr. Umuman bu döwürde küýzegärçilik pese gaçypdyr.

Türkmenleriň adaty el sungaty täze däpler bilen baýapdyr. Onuň esasy görnüşleriniň biri zergärçilikdir. Beýik Saparmyrat Türkmanbaşy öz Mukaddes Ruhnamasynyñ ikinji kitabynda  şeýle belleýär: “Türkmen şaý-sep, zergärçilik sungatyna  keramat hökmünde garaýar.Biziñ gadymy şaý-seplerimiz peri-peýker ýaly  gözelleriñ bezegi bolup geldi.Türkmen bedew atyny hem  şaýlamagy hökmany bilýär.”

Kümüş hem altyn şaýlar öz inçeden nepis tehnikasy, ýokary çeperçilik hili bilen tapawutlanypdyr. Türkmen zenanlarynyň dakynýan ýüzük, gulakhalka, çapraz-çaňňa,gülýaka, gupba, heýkeldir düwme  ýaly köp sanly şaýlary olara özboluşly görk beripdir. Bezeg şaýlary ony dakynýanyň müçesine görä ulanylypdyr .Umuman, her taýpa-tiräniň şaý-sepleri aýratynlyklara eýe bolupdyr. Şaýlaryň köpüsi känbir üýtgeşmezden , öz görnüşini XXI asyra çenli saklapdyr. Türkmenler janyndan eý görýän atlarynyň esbabyny-da gylyçdyr pyçak ýaly ýaraglaryny-da bezäpdirler.Bezegler galyplaýyş wehaşamlaýyş tehnikasyny ulanmak bilen ýerine

ýetirilipdir. Olara gymmat bahaly daşlardan gaş goýulup, birnäçesine altyn çaýylypdyr. Çeperçilik senedine keçe etmek, eşikleri keşdelemek, jorap örmek ,mata, haly, palas, haly önümlerini dokamak degişli bolup, ol taýpalaryň arasynda belli-belli aýratynlyga eýedir.Mürçeli, nohurly, garadaşly tirelerinde tara dokamak has ösüpdir. Olaryň dokaýan ýüpek matalaryna halkara bazarlarynda-da uly isleg bildirilipdir.

Hywanyň ,Buharanyň, Owganystanyň , Eýranyň we beýleki goňşy ýurtlaryň arasynda çäkmenlik matalar has ýörgünli bolup, ondan agarçäkmen dokalypdyr. Ol köplenç torum ýüňünden edilipdir. Şeýüňi tapmadyklar oňa derek ogşugyň ýa-da uly düýeleriýüňini, kähalatlarda gögümtil öwsýän şirazy reňkli ýazlyk goýun ýüňüni-de peýdalanypdyrlar. Agarmatany dokamak saryk türkmenlerinde has-da rowaç bolupdyr. Olar agara niýetlenen erşi ýugrulan hamyrdan çykan süýt reäki suwuklyk – peti bilen berkidilipdir. Onuüçin petini tä ýelim häsiýetine eýe bolýança gaçemesi saklanypdyr. Munuň özi agarçäkmene niýetlenen sapaga berklik we öwşgün beripdir.

Öňden däp bolup gelşi ýaly, türkmen zenanlary dünýä belli halylar dokamagy dowam etdiripdir. Her taýpanyň öz koloriti (reňk öwşgini) bolupdyr. Onda dürli hili gerb şekilli, geometrik görnüşli hem-de haýwandyr ösümlik keşbini özüne siňdiren zoomorf formaly göller saýlanyp alnypdyr. Şoňa görä-de köplenç teke göli, ýomut göli, (“gabsa göl, dyrnakgöl”), saryk göli, salyr göli, ärsary göli (“gülligöl,demirjikgöl”), çowdur göli (“kertikgöl”) biri-birinden parhlanypdyr. Bir taýpanyň öz içinde-de haly gölleri dürlüçe atlandyrylypdyr. Meselem , ärsary halyçylygynda “Gyzylaýak göli, Beşir göli, arabaçy göli” diýen toparlar has ýörgünli bolupdyr.Köpçülikleýin göçe-göçlük , goňşy döwletler bilen uruşlar haly sungatyna oňaýsyz täsir edipdir.

Saparmyrat Turkmenbaşynyñ Ruhnamasynda şeýle beýan edilýar: “Erkanalygy goran türkmen ýurdunda uruş

adaty ýagdaýda. Şol sebäpli türkmen edebiýatynyñ genji hazynalary bolan “ Gorkut atanyñ kitaby”, “Görogly ”, “Döwletýar ” eposlary “Ỳusup-Ahmet ” dessany , Ỳunus Emräniñ, Garaja oglanyñ, Burhanetdin Siwasliniñ , Baýramhanyñ, Abdyrahym hanyñ, Şabendäniñ, Andalibiñ , Magrupynyñ, Magtymgulynyñ, Seýdiniñ, Zeliliniñ, Mollanepesiñ, Keminäniñ, Mätäjiniñ ähli eserleri türkmeniñ ýanyp duran watanparazlygy, merdi-merdanlygy, edermenligi, gahrymançylygy baradaky eserlerdir”.

Halk döredijiligi halkyň özi tarapyndan döredilen, formasy boýunça köp dürli , ideýasy boýunça çuň manyly ruhy gymmatlyklardyr. Eposlar, rowaýatlar, dessanlar, ertekiler, atalar sözi we nakyllar, matallar, läleler, sallançagyň ýanynda aýdylýan zenan aýdymlary we ş.m. –ler folkloryň esasy žanrlarydyr. Şeýle gymmatly ýadygärlikleriň biri bolan “Görogly”

Saparmyrat Turkmenbaşynyñ Ruhnamasynda şeýle beýan edilýa: “Biz Gorkut ata, Görogly eserlerini edebi miurasymyz hökmünde öwrenýäris, çeper eser hökmünde kabul edýäris, aslynda bolsa, ol eserler öz döwurlerinin, eyyämyñ atalyk okuw kitaplarydyr. Görogly eposy, çak edilşine görä, XVI-XVII asyrlarda döredilipdir. Eseriözünde agzalan ýer-ýurt , taýpa-tire atlary ondaky wakalaryň esasn Türkmenistanda we oňa golaý ýerlerde bolup geçýänliginden habar berýär.Eposuň baş gahrymany Görogly özüniň ygrarly 40 ýigidi bilen adalatyň tarapynda durup, sütemkärlige, zorluga garşy çykyş edip, hemişe garyp-gasarlary hem-de ejizleri goldapdyr. Göroglynyň obrazynda halkymyza mahsus bloan watansöýüjilik, namysjaňlyk, gaýduwsyzlyk, durnuklylyk, ýanýoldaşyňa ikilik etmezlik ýaly häsiýetler jemlenipdir.Gyratyň obrazynda haýwanyň ynsana bolan wepadarlygy beýan edilýär.

Şu döwürde türkmenler “Oguznama”, “Dädem Gorkut kitaby” ýaly eserleri-de dilden-dile geçirip, üstüni ýetirip timarlapdyr.

Türkmen halkynyñ irki döreden iri halk döredijilik eserleriniñ, esasan, harby-gahrymançylyk babatda bolmagy ýöne ýerden däl. Çünki, türkmen her zatdan ozal Watany, ony goramagy  ilkinji orunda goýupdyr. Watany öz ömrüniñ manysy hasaplapdyr.

Türkmen şahyrlarnyñ içinde harby-gahrymançylyk temasynda  goşgy ýazmadyk ýekeje-de söz ussady ýok. Olar batyr ýigitleriñ  edermenliklerinden Watansöýüjiliklerinden ylham alypdyrlar. Il arasynda dessanlar hem giň ýaýrapdyr. Dessan žanry Gündogar halklara mahsus bolup, kyssa bilen goşgynyň utgaşmagynda döredilen epik ýadygärlikdir. Watansöýüjilik, ata-enä we aşygyňa wepalylyk, dostluk, mertlik-namartlyk, millilik ideýasy olaryň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Halk arasynda “Asly-Kerem”, “Huýrlukga-Hemra”, “Şasenem-Garyp”, “Helelaý-Garyp”, Kasymoglan”, “Nejepoglan” ýaly anonim dessanlar-da, “Leýli-Mejnun”, “Zöhre-Tahyr” ýaly awtorly dessanlar-da ürç edilip aýdylypdyr. Mazmuny boýunça dessanlaryäbirlerinde wakalaryň bolup geçýän ýerlerini blimek bolýar. Patyşa gyzy Şasenem hem-de weziriň ogly Garybyň söýgüsine bagyşlanan dessandaky wakalar Derýalyk boýlarynda bolup geçýär. Şasenemgalanyň harabaçylygy Köneürgenjiň günortasynda ýerleşýär. Diwarlarynyň uzynlygy bir kilometreýetýär, ýykylman galan ýerleriniň beýikligi 2,5-9 metre golaýdyr. Galanyñ töwereginde jaýlaryň , mazarlaryň, suwaryş desgalarynyň, keramiki peçleriň galyndylary şu güne çenli saklanypdyr.

Türkmen edebiýaty şu döwürde hem şahyranalyk ugry bilen ösüpdir. Şahyrlaryň aglabasynyň döredijiligi agalyk eden yslam ideologiýasyna, yşky lirika ýugrulandyr. Döredijilik ugurlarynyñ  baýlygy bilen tapawutlanan şahyrlar hem bolupdyr.

Sopy Allaýar musulman edebiýatynda öçmejek yz galdyran şahyrlaryň biridir (1606-1706/20). Ol häzirki Özbegistan Respublikasynyň territoriýasynda eneden doglupdyr, bilim alypdyr. Kakasy Allaýar barly türkmen eken. Sopy Allaýar türkmen, özbek, pars dillerinde birnäçe poema ýazypdyr. Ol sopuçylykda yslam dinini mistiki-asketik (terkidünýälik) ugry boýunça wagyz etmekde gowy tanalypdyr.

Onuň " Ejizleriň erjelligi" atly poemasy giňden ýaýrapdyr. Awtoruň öz adyny, ýagny "Sopy Allaýar" adyny alan bu eser birnäçe asyrlap musulman mekdeplerinde okuw kitaby hökmünde ýörgünli ulanylypdyr.

XVIII asyr türkmen edebiýatynyñ ösüş taryhynda uly öñegidişlikler bolupdyr. Döwletmämet Azady, Şeýdaýy, Gaýyby, Magrupy, Şabende ýaly bir topar görnükli şahyrlar ýüze çykypdyrlar. Türkmen klassyky edebiýatynda çuň yz galdyran şahyrlaryň biri Döwletmämmet Azadydyr (1700-1760).O Türkmenleriñ özbasdak bir bitewi döwlet bolmagyny arzuw edipdir. Ol ömrüni daýhançylyk we oglan okatmak bilen geçiripdir. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy özüniñ Mukaddes Ruhnamasynda Döwletmämmet Azady bilen baglanşykly rowaýatlar jaydar ulanmak arkaly adamlara diñe gowylyga tarap hereket etmekligi öndeýär . Onuň eserleriniň iň görnüklisi "Wagzy-Azad" poemasy bize gelip ýetipdir. Alty müň setirden durýan bu eser ynsan terbiýesine bagyşlanypdyr. Ondaky esasy ideýalaryň biri türkmen halkynyň bitewi döwlete birleşdirmekdir.Şahyryň pikirine görä , döwletişynda düşünjeli, adalatly, öz halkyna berlen şa durmaly, adam adamy ezmeli däl.

**Magtymguly Pyragy – beýik turkmen akyldary.** Alym şahyryň beýle pikirlerini onuň meşhur ogly Magtymguly Pyragy (1733-1797) has çuňlaşdyrýar.

Döwletsizlik, bölek-büçeklik hatda taryhy hakydanyñ biraz kütelemegine sebäp boldy. Gündogaryñ özge ýurtlarynda düşen kowumdaşlar bilen aragatnaşyklar

selçeñleşdi. Taryhy išjeñlik şol kowumlaryñ eline geçdi. Emma şonda-da halkdan çykan Magtymguly beýik dag bolup döredi, ondan birnäçe derýalar halka tarap akyp başlady. Onuñ ýegeni Zelili bütin ömrüni Magtymgulynyñ watançylyk, Seýdiniñ gahrymançylyk, Mollanepes, Kemine yşky söýgi, Mätäji durmuş pikirlerini ösdürdi. Olar türkmeniñ öz milletlerine guwanmagyny gazanmaga, ruhuny galjyndyrmaga jan edipdirler.

Türkmen taryhynyñ dördunji eýýamynyñ döreden şahsyýet nusgasy –goçýigitdir. Goçýigit ýokary ahlak sypatlary özünde jemlän şahsyýetdir. Oña rehimdarlyk, kiçigöwünlilik, iliñ bähbidi üçin ýaşamak, pespällik we ruhybelentlik mahsusdyr. Magtymguly Turkmene mert ýigit nusgasyny berdi.

Beýik akyldar türkmeni agzybirlikden, syýasy bitewilik bolan döwletden daşlaşdyran gylyk-häsiýetler, düşünjeler barada köp oýlanypdyr.

“Erkin, rahat” manyny aňladýan lakamly Pyragynyň aradan çykan senesi hökmünde 1791-93-nji, 1813-nji ýyllary hem görkezýärler. Magtymguly deslapky bilimi obada öz kakasyndan – Döwletmämmet Azadydan hem Nyýazsalyh ahundan alypdyr. Soňra ol sowadyny “Idris baba” (Halaç etrabynyň Gyzylaýak – häzirki Esenmeňli obasynda), Buharanyň “Gögeldaş” hem-de Hywanyň “Şirgazy” medreselerinde ýokarlandyrypdyr. Dogduk mekanyna gaýdyp gelip, kakasy ýaly, çagalara bilim beripdir, zergärçilik we ýonaçylyk bilen meşgullanypdyr. Magtymguly öz goşgularyny halka ýakyn öz ene dlinde ýazypdyr. Goşgularynda ene-ata hormat goýmagy, ulyny sylamagy, watany söýmegi, halal zähmek çekip, halal iýmegi, söýgä wepaly bolmagy ündäpdir. Namartlyk, ygrarsyzlyk, haramylyk ýaly pis gylyk häsiýetleri näletläpdir. Ynsanperwer şahyr türkmen taýpalarynyň birleşmeginiň , keseki basybalyjylaragarşy göreşde rowaçlygyň

esasy çeşmesi hökmünde  taýpa-tire ara oňşuksyzlygy ýok etmegiň  tarapdary bolupdyr.

XIX asyryň birinji ýarymynda öňde baryjy türkmen edebiýatynda demokratik esaslar we öňde baryjy,(progressiw) ynsanperwerlik pikirler birleşip hem-de ösüp başlaýar. Şol edebiýatda Türkmenistandaky jemgyýetçilik-syýasy durmuşyň içki we daşky garşylyklary, giň zähmetkeşler köpçüliginiçydap bolmajak agyr ýagdaýy, olaryň Eýran, Hywa we Buhara basybalyjylarynyň talaňçylykly ýörişleri we salgytlary bilen tozdurylmagy, zähmetkeşleriň feodallar we ruhanylar tarapyndan çäksiz ezilişi şöhlelendirilýär.

Eline ýarag alyp Buhara emirine we Eýran şasyna garşy göreşen hem-de käbir maglumatlara görä Eýran ölen meşhur şahyr – esger Seýdiniň (Seýitnazar – 1768-1830) şahyrlyk döredijiligi. Onuñ ýokary çeperçilik görnüşi bilen tapawutlanýan şygyrlary watany çuňňur söýmek duýgularyna ýugrulandyr.

Seýitnazar Seýdiniň döredijiligi ýokary çeperçilik görnüşi bilen tapawutlanýan şygyrlary watany çuňňur söýmek duýgularyna ýugrulandyr.

Zähmetkeş halkyñ şahyry Keminäniň poeziýasynda ýokary gatlak han-begleriñ ezişlerine, süýthorluga we musulman ruhanylaryň nadanlaryna garşy zähmetkeşleriň närazylygynyň ösüşi aýdyň, dogruçyl we sosia belany uly joşgun bilen paş etmek ruhunda şöhlelendirilipdir.

Kemine XVIII asyryň 70-nji ýyllarynda häzirki Sarahs etrabynda dogulypdyr we 1840-njy ýylda Mary etrabynda häzir onuň ady dakylan obada aradan çykypdyr. Onuñ hakyky ady Mämmetweli bolup, Kemine onuň edebi lakamydyr.

Kemine özüniň şahyrçylyk döredijiliginiň iň oňat böleginde öz zamanasynyň hakykatdan-da öňde baryjy, progressiw ideýalaryny şöhlelendirip, türkmen halkynyň jemgyýetçilik syýasy pikiriniň ösüşinde demokratik ugruň pugtalanmagyna kömek edipdir.  XVIII asyryň 80-nji

ýyllarynda doglan we 1844-nji ýa-da 1845-nji ýylda aradan çykan Zelili Seýdiniň we Keminäniň zamandaşydyr. Zeliliniň döredijiliginde başga bir taryhy döwür, Hywa hany Muhammetrahym tarapyndan gökleňlere güýçli azar berlen döwür şöhlelendirilýär. Zelili beýleki gökleňler bilen birlikde ýesir edilip Hywa äkidilipdir. Zeliliniň şol waka bagyşlanan goşgulary zamananyň gymmatly dokumenti bolup durýar.

Zeliliniň Seýdä ýazan başga bir hatynda "Watanym saňa" diýen goşgusynda ýesirleriň Garagum çölünden nähili kynçylyk bilen geçendikleri, olaryň Tähranda gul edilip satylyşlary we olaryň horluk çekip ygyp ýörendikleri beýan edilýär.

Türkmen edebiýatynyň we bütin türkmen jemgyýetiniň taryhy ösüşiniň aýratynlyklary özüniň köp sanly liriki goşgulary hem-de "Zöhre-Tahyr" dessany bilen meşhur bolan Mollanepesiň döredijiligine we dünýägaraýşyna hem güýçli täsir edipdir. Mollanepes 1810-njy ýylda Wekilbazarda doglupdyr, 1861-nji ýylda ýa-da 1862-nji ýylda aradan çykypdyr.

Abdysettar Kazynyň 60-njy ýyllarda ýazylan "Jeňnama" poemasy zamananyň edebi dokumenti hökmünde taryhy taýdan gymmatlydyr, şol kitapda birleşen türkmen taýpalarynyň 1858-nji we 1861-nji ýyllarda Eýran şasynyň goşunlaryna söweşleri iki setirli –mesnewi formasynda beýan edilýär.

Abdysetdar kazynyñ Jeñnama poemasynda Garrygala söwşiniñ gidişi Türkmen batyrlarynyñ gahrymanlygy beýan edilýar. Eserde türkmen batyrlarynyñ atlary, olaryñ edermenligi jikme-jik beýan edilipdir.

Türkmenistanyň XVI-XVIII asyrlardaky we XIX asyryň birinji ýarymyndaky medeniýetinde, umuman alanymyzda, öňden gelýän ruhy däpler dowam etdirilip, döwrüň syýasy, durmuş-ykdysady wakalary medeniýete öz täsirini ýetiripdir hem-de ony täze mazmun bilen baýlaşdyrypdyr.

## 10. Turkmenistany patyşa Russiýasynyň basyp almagynyň sebäpleri.

**Basyp almagyň syýasy, ykdysady, halkara sebäpleri.** Patyşa Orsýetiniň Türkmenistany basyp almakdaky harby ýörişlerine gatnaşyp, wakalary amala aşyran, müňlerçe türkmeniň bigünä ölümine dünäkär bolan patyşa ofiserleri, generallary öz işlerinde türkmenleriň zalymlyk bilen tabyn edilendigini boýun alypdyrlar. Bu babatda M.A. terentýewiň "История завоевания Средней Азии", N.I. Grodekowyň "Война в Туркмении" diýen işlerinde we beýleki onlarça işlerde anyk durlup geçilýär. Ors ofiserlerinden başga-da Günbatar Ýewropaly we Amerikaly birnäçe awtorlar hem wakany bolşy ýaly beýan edip , ony bayp almak diýip häsiýetlendiripdirler. Basyp almaklygyň sebäbinibolsa , ilki söwda-ykdysady , soňra strategiki maksatlar , bilen düşündiripdirler.

XX asyryň 20-30-njy ýyllarynda marksistik sowet taryh ylmynyň kemala gelmegi bilen öňki wakalara "täzeçe" çemeleşmek peýda bolup ugrady. Sowet professional taryhçylary türkmen iliniň boýun egdirilmekligini iki hili,ýagny, basylyp alynmak we birikdirilmek häsiýetinde beýan edip başladylar.

1959-njy ýylda Daşkent şäherinde geçirilen ýörite ylmy konferensiýada dürli pikirleriň aýdylandygyna garamazdan , Orta Aziýa halklarynyň , şol sanda, türkmenleriň hem patyşa Orsýetine birigenligini resmileşdiren konferensiýa öwrüldi. Bu pikir ýurdy dolandyryjy kompartiýanyň talaby boýunça gelnen pikirdi we hakykatyň ýoýulmagyna tarap ädilen ädimdi.

80-nji ýyllarda sowet taryh ylmy öňki SSSR-iň birnäçe halklarynyň patyşa Orsýetiniň düzümine meýletin girenligini ylmy taýdan "esaslandyrypdy". Onuň esasy maksady şol halklaryň indi ençeme ýüzýyllyklardan bäri dostlugyny , doganlygyny subut etmeklikdi. Yene-de iki syýasat , ýagny ,

patyşa Orsýetiniň kolonial syýasaty we sosializm ýyllarynyň birek-birege bolan gatnaşygy bir perdede goýuljak bolnupdy. Bu ýöntem , durmuş logikasyna laýyk gelmeýän syýasatdyr. 1983-1984-nji ýyllarda M.G.Gapurowyň, A.A.Roslýakowyň, M.Annanepesowyň “Baky doganlyk” kitabynyň çap edilmegi bu konsepsiýanyň finaly bolupdy.

“Meýletinlik” konsepsiýasynyň türkmenistanly awtorlary türkmen tireleriniň 80 % we ilatynyň 92-96% Orsýetiň düzümine meýletin girenligi hakyndaky delillere esaslanýarlar.

Islendik uly uruşda her bir ilatly punktda aýgytlaýjy , urşuň ykbalyny kesgitleýji uruş bolmaýar. Ol belle-belli ýerde bolýar. Patyşa Orsýetiniň Türkmenistany basyp almak ugrundaky urşundaky Gazawat we Gökdepe söweşleri-de şeýle söweşlerdir.

Türkmenistan patyşa Orsýeti tarapyndan koloniýa edinmek üçin basylyp alnypdy. Bu babatda imperialistik döwletler bolan Orsýetiň weAngliýanyň arasynda göreş gidipdi we ol Orsýetiň peýdasyna çözülipdi. Öz taryhynda hiç bir basybalyja-da doly boýun egmedik türkmen halky XIX asyryň ikinji ýarymynda ors ýaragynyň öňünde durup bilmändi we imperialistik Orsýetiň düzümine mejbury ýagdaýda giripdi.

Taryhy wakalara ser salsak, onda Orsýediň Orta Azoýa hüjüm etmekliginiň esasan ol ýurtda kapitalistik gatnaşyklaryň ösüşi bilen baglydygyna göz ýetirýäris. 1861-nji ýylda Orsýetde krepostnoýçylyk düzgüniniň ýatyrylmagy netijesinde we kapitalistik gatnaşyklaryň giňişlikleýin ösüp başlamaklygy bilen sarizm täze ýerleri , ýurtlary özleşdirmeklige , basyp almaklyga ýüz uruldy. Ondanda başga XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Orsýet amerikan pagtasyndan kesilensoň dokma senagatyna çig mal pagta eker ýaly ýer gözläp başlapdy.Şeýle ýer hökmünde hem Orta Aziýa, şol sanda Türkmenistan amatly hasaplanypdy.

XIX asyryň ortalaryna çenli bolan döwürde sosial ösüşde yza galan we kiçi döwletleriň dünýäniň imperialistik döwletleri tarapyndan özara paýlaşylmagy soňky basganjagyna ýetipdi. Iňlisler Eýrana, Owganystana, Hindistana gelipdirler we Orta Azoýada hojaýynlyk sürmekligiň planlaryny biçýärdiler. Bu ýagdaý heniz özbaşdaklygyny saklamany başardan Orta Aziýanyň baý ýerlerine ors höwesini-de güýçlendiripdi we patyşa Orsýediniň bu ýerleri eýelemek ugrundaky göreşiniň esasyny düzüpdi.

Görşümiz ýaly, patyşa Orsýedi Türkmenistana dostlukly, türkmen halkynyň sosial-ykdysady ösüşini ýokalandyrmak maksady üçinä gelmändi. Onuň öňde goýan esasy maksady dünýä paýlaşygyndan hakyny almak, koloniýa edinmek, ony talamak we onuň hasabyna hem baýlaşmakdy. Bu maksat ors sarizmine başardypdam. Ine , şu hakykatdan ugur alsak, onda Orsýediň, Orta Aziýanyň beýleki ýerleri ýaly Türkmenistany hem basyp alanlygy köre mälim bolar. Türkmenistanyň Orsýet tarapyndan basylyp alnyşyny beýan etmezden öň ýene bir meselä üns bermelidiris. Taryh ylmynda ýurdumyzyň Orsýet tarapyndan basylyp alynmaklygy ýa-da onuň birikmekligi hakynda gürrüň edilende näme üçindir köplenç öňki Zakaspi barasynda gürrüň edilýär-de, umumy netije çykarylýar.

Bu meselä täzeçe çemeleşmek zerurdyr. Türkmenistanyň basylyp alnyşy hakynda gürrüň edilende öňki Hywa hanlygynda we Buhara emirliginde ýaşan türkmenleriň boýun egdirilişini-de nazara almalydyrys. Eýran-ors , owgan-ors gepleşigi , özara “ylalaşygy” esasynda türkmenleriň böleklere bölünişini we olaryň uly toparynyň Watanyndan jyda düşüşlerini , soňra bolsa eýranlydyr owganly türkmenlere öwrülişlerini unutmaly däldiris. Ine, şu faktlaryň hemmesi birin-birin derňelip , okyjylar köpçüligine ýetirilip netije çykarylsa, diňe şonda Türkmenistanyň patyşa Russiýasynyn

düzümine meýletin birigenligi ýa-da basylyp alnandygy mälim bolar.

**Patyşa Russiýasynyň Türkmenistany basyp almagy meselesi barada taryh ylmynda dürli garaýşlar.** XVII asyrdan başlap ruslaryñ Hazar deñzinin kenaryna gelmegi bilen, rus-eýran gatnaşyklarynda türkmeniñ ykbalynyñ kemsidilendigine, oturymly ýereriniñ azaldylandygyna, türkmen halkynyñ taýpa-tire agzalalygynyñ, goñy döwletler bilen ýer-suw dawalarynyñ daşyndan gurnalandygyna taryh şaýat.

Tä 1983-nji ýyla çenli taryhy edebiýatda ykrar edilen ýeke-täk kesgitleme bardy. Ol “Türkmenistan Russiýa döwletine birikdirildi” diýen garaýşdan gelip çykýardy. Şol ýyl TKP MK-nyň “Türkmenistan SSR-niň we TKP-niň döredilmeginiň 60 ýyllygy we Türkmenistanyň Russiýanyň düzümine meýletin girmeginiň 100 ýyllygy hakda” diýen kararyň jar edilmegi şeýle kesgitlemäniň özgerdilmegine getirdi. Şunlukda “birikdirildi” diýen esasy konsepsiýa “meýletin girdi” diýen konsepsiýa bilen çalşyryldy.

Bir konsepsoýanyň ýerine beýleki biriniň ornaşdyrylmagy “ýokardan”, resmi guramalar tarapyndanemeli ýol bilen amal aşyryldy. Munuň özi taryh ylmynda uly bulaşyklygyň ýüze çykmagyna alyp bardy. Şeýle ýagdaý şol döwürde jemgiýetde başyna giden hökmürowanlygyň bolanlygy zerarly wolýuntarizm we subýektiwizm meýilleriniň agalyk edýänligi sebäpli döräpdi.

“Meýletinlik” konsepsiýasy ylmy analiziň netijesi bolman, ol diňe ideologik ýörelgeleriň barlygyndan peýdalanyp, ony-da görnetin gyşartmalara daýanyp girizilipdi. “Meýletinlik” konsepsiýasy ylmy jemgiýetçilik tarapyndan goldaw tapmady. Şol konsepsiýany tasa getirmek maksady bilen soňky iki-üç ýylyň dowamynda käbir alymlar , ozaly bilen-de , onuň awtorlary synanyşyk baryny etdiler. Emma ol garaşylan netijäniň çykmandygy indi hemmä-de aýan.

Patyşa Orsýeti Türkmenistany zora daýanyp güýň bilen imperiýanyň düzümine birikdiripdi. Türkmen iliniň ägirt uly imperiýanyň tabynlygyna alynmagy patyşa Orsýetiň Orta Aziýada we Gazagystanda alyp baran umumy basybalyjylykly syýasatynyň düzme bölegi bolupdy.

Patyşa Orsýetiň türkmen ilini boýun egdirmek maksady bilen alyp baran syýasaty ýerli ilat tarapyndan görkezilýän garşylygyň barha güýjemegine alyp barypdyr. Munuň hut şeýledigini geçen asyryň 70-nji ýyllarynda , ylaýtada Krasnowodsk harby bölüminiň döredilmegi bilen basybalyjylykly häkimiýetleriň alyp baran talaňçylykly syýasaty sebäpli ilat arasynda dörän närazylyk görkezýär. 1873-nji ýylda Hywa hanlygyndaky türkmenleriň arasynda ,soňrak gökleň ilinde ýaýbaňlanan “kiçi partizan” uruşlary , iň soňunda-da Gökdepe sebitlerindäki ýaragly çykyşlary munuň anyk subutnamasydyr. Bu bolsa öz gezeginde türkmen ilinde garaşsyzlyk ugrundaky göreşiň ýaýbaňlananlygyny alamatlandyrdy.

Türkmenleriň özleriniň milli döwletiniň bolmanlygy , garaşsyzlyk ugrundaky halk hereketiniň başyny çatmaga maý bermändir. Bu bolsa şol mahalky taryhy şertleriň aýratynlygy bilen baglydyr.

Türkmen jemgyýetiniň tehniki-ykdysady taýdan juda asgyn bolmagy güýli döwletiň öňünde durmagy gurmakda köp päsgelçilikleri döretdi. Ors döwleti tarapyndan diplomatik ýollar arkaly amal edilen çäreleriň birnäçesi türkmen taýpalary üçin bilinmän hem galypdyr. Şeýle hem bu ülkede durmuşa geçirilen ykdysady çäreler aňylman geçip gidipdir. Basypalyjylykly syýasatyň düýp maksatlaryny-da ýerli ilatyň özüçe düşünip ondan degerli manyny çykaryp bilmän heläkçilige sezewar edilen ýeri az bolmandyr. Haçan-da patyşa hökümeti zora daýanmak syýasatyny aç-açan geçirip goşun çekip ugranda ,ýurt öz garaşsyzlygy ugrundaky göreşe çynlakaý aýaga galypdyr.

Problemanyň düýpli öwrenilmegi döwletimiziň garaşsyzlygyny pugtalandyrmak ideýalary bilen gös-göni baglydyr. Hakyky garaşsyzlygyň alnandygyny taryhy materiallar arkaly adamlaryň aňyna, ylaýta-da, ýaşlaryň kalbyna ornaşdyrmak häzirki wagtda esasy wezipeleriň biri bolup durýar.

Türkmen ilimiziň patyşa Orsýeti tarapyndan boýun egdirilenligine 120 ýyl çemesi wagt bolýar. Bu döwrüň içinde türkmen halkymyzyň soňky müňýyllyklardaky taryhyndaky iň bir pajygaly waka edebiýatda nähili beýan edildikän , edilýärkän we indiden beýläk, geçmişimiziň adalatly , dogruçyl beýan ediljek halatlarynda nähili häsiýetlendirilmelikän?

Bu meselä bagyşlanyp ýazylan işler ýüzlerçedir, müňlerçedir. Bir dokladda olaryň iň bir göwrümlileriniň käbirinde-de syn bermek asla mümkin däl.

Patyşa Orsýeti tarapyndan türkmenistanyň basylyp alynyşynyň edebiýatda beýan ediliş taryhyny 5 döwre bölmek mümkin. Olar:XIX asyryň ikinji ýarymy – XX asyryň 30-nji ýyllarynyň ortalaryna çenli bolan döwür; üstümizdäki asyryň 30-nji ýyllaryň ortalary–50-nji ýyllaryň ahyry; 60-80-nji ýyllaryň ortalary; 80-nji ýyllaryň ikinji ýarymy–90-nji ýyllar we häzirki döwürdir.Bu döwürleriň häsiýetli aýratynlyklary nämeden ybarat?

## 11. Hywa hanlygynyň patyşa Russiýa tarapyndan basylyp alynmagy.

**Hywa hanlygynyň Russiýa tarapyndan basylyp alynmagy.** Türkmen mydama-da erkanalygyny namys –aryny gorap geldi, bu oña ýeñil düşmedi hut geçen asyryñ özünde ol birnäçe uruşlaryny başdan geçirdi. Turkmenabat bilen Daşoguzda bolan sansyz uruşlar sowet eýýamynda halkdan ýygşyryldy. Patyşa Orsýeti takmynan XVIII asyrdan başlap

Hywa hanlygyny özüniň çig mal bazasyna, ýagny, koloniýasyna öwürmek maksadyny tizleşdirip başlady. Ol bu wezipäni diplomatiki usul bilen amala aşyrmak üçin edilen synanyşyklar netije bermänsoň, ýaragyň güýjüne daýanmaly boldy.

1873-nji ýylyň martynda patyşa goşunlary Hywa üç tarapdan harby ýörişe başlapdyrlar. Ony yzyna serpikdirmäge han hökümetinde guramaçylyk ýokdy, harby tehnika bilen üpjünçiligi pes derejededi. Onuň üstesine-de hanlykda özara agzalalyk hem dowam edýärdi. Türkmenler bolsa patyşa goşunlaryna gaýtawul bermegiň berk tarapdary bolupdyrlar. Sebäbi, türkmenler Hywa goşunynyň esasyny düzýärdiler we hanlygyň syýasy ýagdaýynda uly rol oýnaýardylar, aýratyn hukuklardan peýdalanýardylar. Patyşa hökümetiniň golastyna düşseler, bujagaz oňuşyklarynyň bolmajagyna, syýasy we ykdysady taýdan gysyljakdygyna türkmenler gowy düşünipdirler. Hut şonuň üçin birnäçe harby çaknyşyklardan soňra, 1973-nji ýylyň 28-nji maýyndan, Hywa galasy basylyp alynandygyna garamazdan türkmenler Orsýete tabyn bolmak islemändirler. Beýleki bir tarapdan bolsa öz tagtyna täzeden oturdylan Seýit Muhammet Rahym han patyşa hökümetiniň öňünde özüni “ak guş” edip görkezipdir we türkmenleri ors-hywa çaknyşyklaryň günäkäri hasaplapdyr.

Patyşa goşunlarynyň komanduýuşisi K.P.Kaufman türkmenleri ykdysady taýdan örän çykgynsyz agyr ýagdaýda goýup, özüne tabyn etmek maksady bilen ors goşunlary üçin azyk harytlary getirmegi, soňam gysga wagtda 610 müň manat harby kontribusiýa tölemegi talap edipdir. Türkmenleriň bu buýrugy ýerine ýetirip bilmejegini öňünden bilýän K.P.Kaufman, ony bahana edip ýomutlaryň garşysyna jeza beriji ekspedisiýany gurnaýar.

K.P.Kaufmanyň general Golowaçewa beren buýrugynda görkezilişi ýaly, türkmenler patyşa goşunlaryna garşylyk görkezse-de, dogduk mekanyny taşlap uzak çöllere

gitmäge synanyşsalar-da olaryň maşgalalary gutarnykly tozdurylmalydy we özlerini gyrmalydy. Sebäbi patyşa Orsýeti özüniň syýasy we ykdysady strategiki planlaryny göz öňünde tutup, türkmenleriň ýaşaýan territoriýasynyň boşap galmagyny-da islänokdy. Seýit Muhammet Rahym han hem türkmenlere temmi bermekde kişi eli bilen ot gorsamak usulyny ulanypdy.

**Gazawat gyrgynçylygy.** General Golowaçewyň jeza berijilik otrýady bilen türkmenleriň arasynda harby çaknyşyklar 1873-nji ýylyň 7-22-nji iýuly aralygynda bolýar. Şonda Zeýkeş kölüniň ýanynda 2 müň we Ýylanlynyň golaýynda Çandyr obasynda bolan söweşde 800 türkmen gyrylýar. Olaryň ençemesi bigünä çagalar, aýallar, garrylardy. Çandyryň etegindäki söweşe türkmenleriň ýomut, gökleň, garadaşly, çowdur, ýemreli we alili taýpalardan 10 müň çemesi adam gatnaşypdyr. Patyşa generallary Kaufmanyň we Goloçewyň türkmenler babatdaky adamkärçiliksiz hereketini Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň neşirleri, şol sanda, F.Engels hem örän ýazgarypdyr.

Bu aýylganç taryhy wakany dogry we adalatly häsiýetlendirmek üçin şu aşakdaky esasy faktorlary bellemelidiris: Hywa hanlygynda ýaşaýan türkmenleriniň esasy köpçüligi ors kolonizatorlarynyň türkmen topragyna aralaşmagyna düýbünden garşy bolupdyrlar. Biziň "ors raýatlygy" diýen ýörgünli sözümiz ýaragly gyrgynçylyk arkaly amala aşyryldy. Hywa hanlygy basylyp alnandan soň, bu ýerde harby-kolonial dolandyryşyň formasy berkarar edildi.

Türkmenler ykdysady we syýasy özbaşdaklykdan mahrum bolup, patyşanyň we Hywa hanynyň bilelikdäki zulumyna sezewar edildi. Kolonial döwürde türkmenleriň ýaşaýan territoriýasynda oba hojalyk, senagat, medeniýet babatda hiç-hili çare geçirilmedi. Tersine, ol ýerdäki suwarymly ýerleri türkmenleriň garşylyk görkezmegine garamazdan, ors kolonizatorlary 99 ýyllyk möhlet bilen konsessiýa alyp başladylar.Ýöne, ol hem netijesiz gutardy.

Şu faktlaryň hemmesi, öz ene topragynda erkana ýaşap ýören türkmenleriň üstünde agyr ýaraglanan patyşa goşunlarynyň gelip elhenç gyrgynçylyk etmegini basybalyjylyk diýmäge doly esas berýär.

Ýöne şu basybalyjylygyň soňky beren käbir oňaýly netijelerini hem inkär etmek bolmaz. Emma şol oňaýly netijeler patyşa hökümetiniň tagallasy bilen däl-de, eýsem ýönekeý ors halkynyň tagallasy boldy. Şonuň üçinem ors halkynyň syýasatyny patyşa hökümetiniň syýasatyndan düýpli tapawutlandyrmalydyrys.

Şu nukdaý nazardan ugur alyp, geçmişiň taryhy hakykatyny dogruçyl beýan etmak taryh ylmynyň mukaddes borjudyr.

Hywa hanlygyndaky türkmenleriň patyşa Orsýetine zalymlyk bilen tabyn edilişi baradaky maglumatlar ors taryhy edebiýatdan başga-da Günbatar Ýewropaly we Orta Aziýaly ýerli awtorlaryň birnäçesiniň işlerinde-de beýan edilýär. Biz olardan 2 sany bitarap adamynyň-amerikaly Mak Gahanyň we özbek Muhammet Ýusup Baýanynyň (Baýany onuň lakamydyr) işlerinde Gazawat gyrgynçylygynyň beýan edilişi barada durup geçmekçi. Sebäbi bu adamlaryň ikisi-de Orsýetiň dolandyryjy toparlaryna garaşly bolmadyk awtorlardyr. Ikinji bir tarapdan bolsa, biziň pikirimizçe, Mak Gahanyň we Baýanynyň işlerinde gazawat gyrgynçylygy hakykata has golaý beýan edilýär.

Wakalaryň janly şaýady Artur Ýanuarius Mak Gahan “Nýu-Ýork gerald” atly amerikan gazetiniň habarçysydyr. Ol patyşa Orsýetiniň 1873-nji ýylda Orta Aziýany basyp almak ugrundaky ýörişine źurnalist hökmünde gatnaşýar we gören zatlaryny öz okyjylaryna ýetirýär. 1874-nji ýylda iňlis dilinde Mak Gahanyň “Oguzlaryň üstüne ýöriş we Hywanyň syndyrylmagy” atly kitaby çap edilýär. Baýany 1958-nji ýylda Hywanyň golaýyndaky Badarhan obasynda eneden bolýär. Ol Hywa medresinde kakasy Abdyl-Kerim begiň elinde bilim

alyp, taryhçy we tebip hünärlerine eýe bolýar. Baýany arap we pars dillerinden terjime etmegi başarypdyr. A.N.Samoýlowiç Baýanyny gowy tanapdyr we onuň ors dilini-de gowy bilýäbligini ýazypdyr. Baýany Hywada halk rewolýusiýasy ýeňenden soň, öz ýurdunda halk magaryf sistemasynda işläpdir. Ol 1923-nji ýylda Daşoguz şäherinde aradan çykyp, Hywanyň golaýyndaky Akýap obasyndaky gonamçylykda jaýlanypdyr.

15 ýaşly Baýany bu pajygaly wakalary gözi bilen görüpdir. Baýanynyň golýazmasy Gazawat gyrgynçylygyny anyk faktlaryň üsti bilen beýan edýän ýerli awtoryň ýeke-täk işidir. Dürli döwletlerde ýaşan, dürli halklaryň bähbidini goran, özara hiç-hiligatnaşygy bolmadyk, ýone patyşa Orsýetiniň Orta Aziýany basyp almaklygyna dürlüçe düşünen we netije çykaran Mak Gahan we Baýany köp babatlarda Gazawat gyrgynçylygyny bir-birine meňzeşräk beýan edipdirler. Olaryň ikisi-de Orsýetiň harby komandowaniýesiniň türkmenleriň garşysyna guran gyrgynçylykly, wagşyçylykly syýasatyny ýazgarypdyrlar. Hywa hanlygyndaky türkmenleriň batyrgaýlyk bilen özbaşdaklyk ugrunda göreşenligini aýdypdyrlar.

Baýany patyşa Orsýetiniň kolonial syýasatyny ýazgarypdyr. Hywa hany Seýit Muhammet Rahymyň patyşa generaly K.P.Kaufmana gowy görünmek üçin türkmenlere ikilik edenligini tankytlapdyr.

Mak Gahan Orsýetiň harby komandowaniýesiniň türkmenler baradaky syýasatynyň düýp mazmunyny "ýakyş operasiýasy" diýip atlandyrypdyr. Ol patyşa goşunlarynyň türkmen ilatyny gyrmaklygy we olara mazaly göz görkezmekligi niýet edinendiklerini ýazypdyr. Patyşa goşunlarynyň türkmen obalaryny, ekin meýdanlaryny ýakyp-ýandyryp küle öwürýändiklerini ýazgarypdyr. Ol, "Biziň yzymyzda ýomutlaryň üç mile golaý giňişlikdäki ýerleriniň köräp duran külünden başga zat galanokdy" diýip ýazypdyr. Mak Gahan Gazawat gyrgynçylygy hakynda "Men şuňa meňzeş urşuň ilkinji gezek şaýady boldum. Bu zamanda bular

ýaly uruş örän seýrek duşýar” diýip nygtapdyr. Mak Gahanyň we Baýanynyň işleri XIX-XX ýüzýyllyklaryň sepgidinde ýazylan, patyşa Orsýetiniň türkmen ülkesini basyp almaklygyny gözi bilen gören awtorlaryň işleriniň biridir. Olar bize şol wakalara düşünmäge we türkmen iliniň ýarag arkaly boýun egdirilendigine ýene bir gezek göz ýetirmäge mümkinçilik berýärler.

## 12. Kenarýaka türkmenleriniň Russiýa biriktirilmegi.

**Kaspi deňziniň gündogar kenarynda Rus goşunlarynyň ornaşmagy.** Taryhy wakalara ser salsak , onda patyşa Russiýanyñ  Orta Azya hüjüm etmekligine esasan ol ýurtda kapitalistik gatnaşyklaryñ ösüşi bilen baglydygyna göz ýetirýäris. 1861-nji ýylda Orsýetde kreposnoýçylyk ddüzgüniniñ ýatyrylmagy netijesinde we kapitalistiki gatnaşyklaryñ giñişlikleýin ösüp başlamaklygy bilen sarizm täze ýerleri , ýurtlary özleşdirmeklige , basyp almaklyga ýüz uruldy. Ondan-da başga XIX asyryñ 70-nji ýyllarynda Orsýet amerikan pagtasyndan kesilensoñ dokma senagatyna çyg mal – pagta eker ýaly ýer belläp başlapdy. Şeýle ýer hökmünde hem Orta Aziýa, şol sanda Türkmenistan amatly hasaplanypdy.

XIX asyryñ ortalaryna çenli bolan döwürde sosial ösüşüde yza galan we kiçi döwletleriñ dünýäniñ imperialistik döwletleri tarapyndan özara paýlanyşylmagy soçgyna ýetipdi. Iñlisler Eýrana, Owganistana, Hindistana gelipdiler we Orta Aziýada hojaýynçylyk sürmekligiñ planlaryny biçärdiler. Bu ýagdaý heniz özbaşdaklygyny saklamany başrdan Orta Aziýanyñ baý yerlerini ors höwesini-de güýçlendiripdi we patşa Russiýanyñ bu yerleri eýelemek ugrundaky göreşiniñ esasyny düzüpdi.

Görüşimiz ýaly, patşa Russiýasy Türkemnistana dostlukly türkmen halkynyñ sosial-ykdysady ösüşini

ýokarlandyrmak maksady üçin gelmändi. Onuñ öñünde goýýan esasy maksady düñýä paýlaşygyndan hakyny almak, koloniýa edinmek, ony talamak we onuñ hasabyna hem baýlaşmakdy. Bu maksat ors sarizimine başardypdy. Taryhy kitaplarda türkmenleriñ patşa Orsýedi bilen gatnaşygy hakynda gürrüñ gozgalanda ilkinji nobatda Günbatar Türkmenistan göz öñünde tutulýar we onuñ Orsýede parahatçylykly meýletin birigenligi nygtalýar. Bu pikir belli bir derejede hakykata ýakyndyr. Sebäbi bu Türkmenistanyñ günorta- gündogar etraplarynyñ ilaty: ýomutlar, gökleñler, abdallar, igdirler, çowdurlar, hojalar we beýlekiler XVIII asyrdan başlapOrsýet bilen ýakynlaşmak , beýleki duşmanlardan goranmak üçin onuñ penakärliginden peýdalanmak syýasatyny saýlap alypdyrlar. Ors raýatlygyna geçmeklik syýasatyny öñe sürenlerde az bolmandy we XIX asyryñ ortalaryna çenli bolan döürde 23 müñ çemesi hojalyk ýa-da 115 müñ çemesi adam ors raýatlygyny kabul edindi.

Ýone Günbatar türkmenleriñ Orsýet bilen ýakynlaşmaklygy şeýle bir meýletinem bolmandy. Orsýet türkemleriñ milli bähbitlerini göz öñüne tutmazdan , olara sala salmazdan Eýran bilen araçäk meselelerini maslahatlaşmak ugrunda we bu babatda ylalaşyklara gol çekipdi. Eýýäm 1837-nji ýylda Tiflisde ors patşasy Nikolaý I bilen Eýran şasy Muhammet şanyñ ynamaklygynda Etrek derýasyna araçäk hökmünde kesgitlemek barada ylalaşyga gol çekilipdi. Üns berip görüñ , Günbatar türkmenler entek ors raýatlygyna ýuridiki taýdan geçmänkäler, Orsýet özüniñ Eýran bilen araçägini kesgitleýär.

Orsýet 1869-njy ýylda Eýran bilen türkmen meselesine ýene-de dolanyp gelýär we täze ylalaşyga gol çekýär. Bu ylalaşykda türkmenleriñ milli bähbidi göz öñüne tutulmaýar we ors-eýran täsir zonasy Etrek derýasy boýunça kesgitlenilýär. Netijede Etrekden añyrdaky türkmenler eýran, bärdäkiler bolsa ors agalygyna degişli hasaplanylýar. Bu faktlar megerem

günbatar türkmenleriñ Orsýede bolan garaýşyna täsir eden bolsa gerek.

Patşa Orsýediniñ günbatar türkmenler baradaky syýasaty XIX asyryñ ortalaryna çenli hoşniýetlidi. Ol döwürde ors-türkmen gatnaşyklarynda birek-birege ynam esasy ugurdy. Emma soñ bu meselede düýpli özgerişlikler bolýar. Orsýedi dolnadyryjy toparlar hiç kime boýun egmeýän türkmenleri ýaragyñ güýji bilen boýun egdirmek syýasatyny saýlap alýarlar. Ol syýasat Patşa Orsýediniñ umuman , Orta Aziýanyñ basyp almaklyga başlan agressiw syýasatynyñ sostaw bölegidir.Deñiz kenaryndaky türkmenleriñ Orsýet raýatlygyna meýletin girenligi ykrar edilen fakt. Ýöne ol meýil bütin türkmen kenaryna däl- de diñe Maññyşlak – Çeleken aralygyna degişlidir. Sebäbi bu ýerleriñ ilaty has irräkden orslar bilen gatnaşykda bolupdylar. Olaryñ bir bölegiu Orsýediñ raýonlaryna göçseler , beýleki bir bölegi Orsýete wepalylyk barada kasam edipdirler we patşa Orsýetine howandar hökmünde seredipdirler. Emma olar patyşa Orsetiniñ startegik maksatlaryndan bihabardylar. Ỳöne soñraky wakalar garşylýan netijeleri bermändi.Indi giçdi.

Gürgen, Etrek, Balkan, gündogarda Gyzylarbada (Ahala) çenli töwereklerde ýaşaýan çarwa ilat ors goşunynyñ barlag-serenjam işleri netijesinde Orsýetiñ düzimine giripdi. Olar Orsýetiñ garşysyna durup bilmejekdiklerine, durasalarda jeza aljakdyklaryna göz ýetiripdirler we alaçsyz ýagdaýda ak patyşanyñ raýatlygyna geçmäge razylaşypdyrlar. Şeýle pikiri tassyklaýan arhiw dokumentleri bolsa ýeterlik. Şonuñ üçin ýokarda agzalan ýerleriñ ilaty Orsýete meýletin birigipdir diýip bolmaz.

XIX asyryñ 60-njy ýyllaryna çenli bolan döwürde patyşa hökimeti Kaspiniñ kenar ýakasynda peýda bolmaklygyny ykdysady – söwda bähbitleri bilen düşündirýärdi. Soñ onuñ üstine syýasy bähbitler hem goşuldy. 1865-nji ýylda Kaspiniñ Gündogar kenaryny eýelemek meselesi boýunça ýörite

komissiýalar döredilipdi. 1874-nji ýylda bolsa Orsýetiñ Kawkaz gosunynyñ Baş komanduýuşşysy harby ministrine ýazan hatynda Krasnawodskiniñ eýelenmeginiñ Orsýet üçin diñe harby ähmiete eýdedigini nygtaýär. Diýmek XIX asyryñ 70-nji ýyllarynda Patyşa Orsýeti günbatar türkmenleri hakyndaky syýasatyñ düýp mmazmunyny açyk beýan edip ugrady. Ol bolsa kenar ýakalaryny eýeläp beýleki türkmen ýerlerine aralalşmak we eýelemek-di.

Türkmen ýerlerini eýeläýmek Orsýet üçin ýeñil, ýüz ugryna çözäýmeli mesele däldi. Bu babatda Orsýet Angliýanyñ, Owganystanyñ, Eýranyñ, Turkiýanyñ kömegi bilen garşy çykyp biläýmek mümkinçiligi bilen howatyrlanýardy. Şona gorade Orsyetin dasary isler ministrliginin gosun yolbascylaryna yazan hatynda “Turkmenler bilen doslukly gatnasygy” saklamagyn, olary Orsyet bilen gatnasyk etmekliginin peydalydygyny dusundirmekligin zerurlygy nygtalyardy. Patysa hokimeti turkmeleri ozüne öwrenişdirjek bolup olara az kem azyk komegini berýärdi. Tire-oba çylaryna sowgat serpaý ýapýardy. Emma bu fakta kä bir taryhy işleriñ edilişi ýaly, patyşa sarizimine “Parahatçylykly syýasaty hökiminde garalsa ýalñyş bolar. Şol wagtky patyşa hökimetiniñ nähili çäräni durmuşa geçirjek bolandygyna garamazdan, ol syýasy imperiýalistik döwletiñ koloniýal, başganyñ ýurdyna basyp almaga niýetlän syýasatydyr.

Orsýetiñ goşun komandowaniýasy uzak wqagtlap boş ýatmandyr. Eýýäm 1870-nji ýylyñ Baýdak aýynda Uly Balkan daglarynda rozwetka işlerine başlapdy we Daş Arbatgalany eýelek maksada laýyk hasaplanypdyr. Mollasara we Mihaýlow aýlagyndaky Mihaýlow lpunktyny eýelenipdi. Şeýlelikde, 1870-nji ýylyñ Alp-Arslan aýynda Türkmenitanyñ Günbatar etraplarynyñ patyşa sarizimi tarapyndan eýelenmekligi başlanypdyr. Elbetde, bu prosede uruş hereketleri, gan döküşlik bolmady. Ỳerli halkyñ orslar bilen söwda edip, olara düýeleri kreýine beredikleride az bolmandyr.

Patyşa Russiýasy Türkmen ýerlerini eýeledigiçe ony resmi ýagdaýda öz düzimine goşýardy. Eýyäm 1868-nji ýylyñ Garaşsyzlyk aýynyñ 21-de çap edilen “Orenburg we Günbatar Sibir general gübernatorlynyñ sähraýy oblastlaryny dolandyrmak baradaky wagtlaýyn düzgünnnama” boýunçä Mañgyşlak aýratyn pristawlyk diýlip yglan edilýär. Ol Orenburg general – gubernatorlygynyñ Ural oblatyna degişli edilip, onuñ başynda harby adam goýulýar.

Russiýanyñ täsiri astyna geçýän ýereleriñ hasabyna 1870-nji ýylda Krasnowodsk uprawleniýesi esaslandyrylyp, tizdenem ol pristawlygy öwrülýär we Kawkaz goşunlarynyñ baş komanduýuşşisinyñ Garamagyna berilýär. Şol bir wagtda Maññyşlak pristawlygy hem “asudalygy we tertibi berk saklamak üçin” Dagystan oblast goşunlarynyñ komanduýuşisiniñ ygtyýaryna berilýär.

**Zakaspi harby bölüminiñ döredilmegi.** Iki pristawlygyñ bir elde jemlenmezligi patyşa Russiýasynyñ türkmen ýerlerine alyp barýan aktiw syýasatyna laýyk gelenokdy. Şonuñ üçin 1874-nji ýyllyñ Gurbansoltan aýynda “Zakaspi (“Zakaspiniñ añyrsy”,ýagny Russiýanyñ paýtagty Peterburakdan seredeniñde “Kaspi deñziniñ ayrsy” diýmekdir) ülkesini harby taydandolandyryşyñ wagtlaýyn düzgünnamasy” kabul edilýär. Şol düzgünnama boýunça Jansyz goltukdan (Sesarewiç aýlagy-Maññyşlagyñ çeti bolan Buzajy ýarym adasynyñ demirgazygyndan gury ýere süsñäp girýän aýlag) tä Etrek derýasyna çenli Kaspiniñ kenar ýaka raýonlary, ýagny Maññyşlak hem-de Krasnowodsk pristawlyklary Zakaspi harby bölümine administratiw we harby taydan garaşly edilýär. Bölüm Kawkaz harby okrugyna hem Kawkaz goşunlarynyñ baş kamanduýuşisine tabyndy. Bölüm naçalnigi Rus patyşasynyñ permany bilen harby adamlardan bellenýärdi. Ol harby taýdan-a Zakaspi bölimindäki goşunlaryñ komanduýuşisi hukugyna, administratiw taýdan bolsa gubernator hukugyna eýe bolýar. Zakaspi harby bölümi iki

piristawlykdan-Maññyşlak pristawlygyndan (merkezi Aleksandrows portynda) we Karasnowodsk pristawlygyndan durýardy. Dogry, Krasnowods Etrek aralygyndan ýerleriñ bu bölüme girizilişi şertlidi. Bölümiñ serhetleride takyklanmadykdy. Bu bolsa patyşa Russiýasynyñ indiki basyp alyşly hereketleri üçin amatly şert döredýärdi.

Rus goşunlarynyñ Gyzylarbady (1877) we Çekişleri (1878) eýelemegi bilen, Zakaspi harby bölümi gutarnykly emele gelýär.

**Rus goşunlarynyň türkmen ilaty barada syýasaty.** Türkmenler barasynda parahatçylykly syýasaty ýöreden polkownik Stoletowyñ ornuna 1871-nji ýylyñ tomsunda podpolkownik Markozowyñ Krasnowodsk otrýadyna naçalnik bellenmekligi ors goşunlarynyñ basybalyjylyk syýasatynyñ has aktiwleşmekligine getirdi. Sebäbi podpolkownik Morkozow Zakaspide sarizimiñ kolonial syýasatyny ýerine ýetiriji iñ bir gödek we rehimsiz ofiserleriñ we elmydama ors ýaragynyñ güýjini görkezmekligiñ tarapdarynyñ biridi. Şoña göräde onuñ syýasaty türkmenlerde kanuny taydan närazylyk döredip başlapdy. Esasan-da onuñ “düýe” salgytlary ýomut çargalaryna diýseñ agyr düşýärdi. Şonuñ üçin hem olar ata-watany taşlap Eýrana-da göçüp gidýärdiler.

Eýýäm 1872-nji ýylda polkownik çinine ýeten Markozowyñ türkmenler baradaky syýasaty netijesinde Ahalda we Hywa ýomutlarynyñ arasynda orslara garşy meýiller ösüp başlandy we patyşa goşuny bilen bolaýjak çaknyşyklara taýýarlyk görülip ugralypdy. Şeýlelikde bu wakalar rus goşuny Hywa howup salanda türkmenleriñ olara garşy çykmagyna esas bolandyr diýip aýdyp bolar.

1880-1881-nji ýyllarda Kaspi deñziniñ kenaryndaky Mihaýlow aýlagyndan Gyzylarbada (Serdar) çenli çekilen Zakaspi demir ýoly hut stategik pähimden ugur alynyp gurulypdy. Oña harby ýol diýilýärdi. 1880-nji ýyllyñ tutuş dowamynda ol diñe harby ýükleriñ daşalmagyny üpjun edipdi, patysa goşunlarynyñ

türkmen sähralaryna çuññur aralaşmagyna mazaly ýeñilleşdiripdi. Bu demir ýoly soñky ýyllarda-da hut şu wezipeleri yerine ýetiripdi.

## 13. Türkmen halkynyñ 1879-1881 ý.ý. Watançylyk urşy.

**Türkmen halkynyñ 1879-1881 ý.ý. Watançylyk urşy.** Gökdepe urşyna gatnaşan daşary ýurtlylar, gyrgynçylygyñ onlarça harby serkerdeleri bu söweşiñ taryhy, umuman, türkmen topragy barada ýazan senenamalarynda, ählisi dil birikdiren ýaly, türkmende ýeke dönügiñ hem bolmandygyny, dönük beýlede dursun, ýol salgy alar ýaly, onýedinji derjeli maglumaty alar ýaly adamy hem tapyp bilmediklerini, watana, ýurda gezek türkmene pul, altyn diýilýän zatlaryñ gymmatynyñ ýokdygyny dogruçyllyk bilen beýan edipdirler. Arassa türkmen ganly adamlaryñ dönüklik etmeýändigine halkymyz asyrlarboýy ynanyp, göz ýetirip gelýär. 1880-nji ýyllyñ dekabr aýynyñ 11-de gije Gökdepe galasyny goraýjylara Marydan 2000 adam kömege gelýär. Güýjümiz köpeldi diýip,Gökdepäni goraýjylar şol gije duydansyz hüjüme geçibermeýärler. Şol güniñ ertesi olar Skobelewiñ goşununyñ alkymyna baryp: “Marydan kömek geldi, biz taýýar geliberiñ!” –diýip habar berýärler. ”Geçen asyryň soňky çärýeginde bolup geçen Gökdepe uruşlary barada gürrüň etmeklik, şol wakalaryň yz ýanlaryndan Peterburgda ýoň bolupdyr.

1993-nji ýylyñ ýanwar aýynyñ 12-nde Hatyra güni hakyndaky kabul edilen Permanda şeýle bellenýär: “Şu topragyñ astynda garaşsyzlyk üçin baş goýan gerçekler, edermen adamlar bigünä naçarlar, neresse çagajyklar ýatyr. Her dabanýeri atlaryñ ganyna boýalan ýurdumyz biz üçin iñ uly mukaddeslik, iñ uly buýsanç .

Her näçe ýüregimiz agyrsa-da, biz tutuş sekiz asyrlap bütewi döwletsiz ýaşadyk. Halk, hököminde dagynyklyga

düşdik . Halkyñ merdana ogullary, paýhasly ärler, ojagyna wepaly aýal diganlarymyz hemişe şu dagynyklykdan ejir görüpdirler. Hut şu dagynyklyk zerarly hem biz öz döwletimize ýetmämiz kyn bolupdyr.”

Gökdepe galasynda, Sarahsda, Maryda, Garrygalada, Gazawat türkmenleriñ, Lebap türkmenleriniñ başynda gopan gawgalar şu toprak üçin gopan gawgadyr. Türkmeniñ ýurduna edilen her bir sütem, türkmene salynan her bir gylyç, türkmene atylan her bir ok biziñ halk hökmündäki abadanlygymyza palta urmaga edilen synanşykdyr. Şonuñ üçinem biz öz ýurdumyzy gorap, öz ata-baba topragy üçin baş goýan her bir ynsana öz ykbalymyzda beýik ýadigärlik gurmalydyrys.

Gökdepe gasay baradaky ýatlama bolsa biziñ halkymyzyñ ýüreginiñ başynda dömeñ bejerip bolmajak ýara bolup sorkuldap durandyr. Çünki bu galada türkmen halkynyñ ar-namysy, onuñ eldegirilmesizligi , özbaşdaklygy ugrunda janlaryny gurban eden merdana ýigitlerimiz bilen bu günä enelerimiziñ, uýalarymyzyñ jennetiñ guşy ýaly mukaddes çagajyklaryñ kertilen ömürleri ýatyr.

Watan üçin, il-günüñ ar-namysy üçin janyny berenler hiç haçan ölmeýärler. Olar Watançylyk urşunyñ gahrymanlary. Türkmen halky üçin, Gökdepe galasy üçin jan berenler ölmez-ýitmezdir. Gökdepe galasy keseki ýurt basarlartarapyndan weýran edilip, onuñ halky ýowuz jeza höküm edilenem bolsa, bu gün Gökdepe galasy biziñ halkymyzyñ ýüreginde hiç haçan yeñilmejek gala bolup durandyr. Halkyñ kalbyndaky mukaddes ymytlaryny, onuñ erkinlik, bagt baradaky mukaddes arzuwyny ýeñmek hiç kime başartmaz .

Gökdepe söweşleri türkmen milletiniň watansöýüjiliginiň we gahrymançylygynyň iň täze nusgasy bolup taryha girdi. Şonuň üçin “Hatyra güni” hem 1881-nji ýylda Gökdepe urşunyň bolan gününde bellenilip geçilýär. Saparmyrat Türkmenbaşy Gökdepe söweşiniň taryhyny halkymyza ýetirmek bilen çäklenmän, galany gorap,

gahrymanlarça şehit bolan gerçekleriň hatyrasyna bu ýerde ajaýyp metjit gurdurdy. Minnetdar halkymyz bu metjide uly hormat bilen “Saparmyrat hajy metjidi” diýen at berdi. Şu ýyl hem däp bolşuna görä bu ýere ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda adamlar ýygnandylar. Hormatly Prezidentimiz G.Berdimuhamedow öz çykyşynda: “Bu pajygaly wakalar taryhyň sahypalaryna ýazylyp, nesillerimiziň hakydasynda ömürlik galdy. Gökdepe galasyny goraýjylaryň gahrymançylygy, edermenligi halkymyzyň watansöýüjiliginiň gaýduwsyzlygynyň we erkinliginiň ajaýyp nyşanyna öwrüldi” diýip belledi.

**Birinji Ahal-teke harby ekspedisiýasynyñ guralmagy we onuñ netijesi.** Patyşa Russiýasy Günbatar Türkmenistany, Lebap we demirgazyk türkmenleriniň ýerlerini eýeländen soň, Ahala aralaşyp başlaýar. Ol Ahal ýerlerini eýelemek üçin has öňräkden bäri taýýarlyk işlerini alyp barýardy. 1874-nji ýylda Zakaspi harby bölümi döredilip, onuň baştutany general Lomakine türkmenler bilen arany sazlamak tabşyrylýar. Ol Dykma serdar, Sopy han, Garaja han ýaly türkmen wekilleri bilen hat alyşmagy ýola goýýar. Emma ruslar bilen gatnaşyk saklamak babatynda ahal türkmenleriniň hemmesi entek belli bir netijä gelip bilmändiler. Şonuň üçin Ahalyň obalarynda, Gökdepe galasynda ruslar bilen nähili gatnaşykda bolmalydygy barada yzly-yzyna maslahatlar geçirilýärdi. Ahaldaky içki syýasy ýagdaýyň durnukly däldigi sebäpli patyşa hökümeti özüniň bakna edijilik syýasatyny örän seresaply alyp barýardy. General Lomakin Nurberdi han bilen gowy aragatnaşyk saklap, Ahal türkmenlerini tabyn edip bolar diýip göwün ýüwürdýärdi. Emma ol beýle bolmady. Ahalyň ilatynyň arasynda patyşa Russiýasynyň basybalyjylykly syýasatyna garşy duşmançylyk barha güýçlenip ugrady. Indi Lomakin Ahaly ýarag güýji bilen basyp almakdan başga ýoluň ýoklugyna düşünýär. 1877-nji ýylyň Magtymguly aýynda Serdar (Gyzylarbat) şäheriniň golaýynda türkmenler bilen rus goşunyň arasynda ilkinji

çaknyşyk bolýar. Şondan soň rus goşunlary Mollagara çekilip, harby ýörişe taýýarlyk görüp başlaýarlar.

Indi Ahalda hem ata Watany goramak üçin hakyky ählihalk göreşi başlanýar. Ahal türkmenleri 1877-nji ýylda köne Gökdepäni taşlap, Diňlidepäniň töweregine galyň diwarlary çekip başlaýarlar, ýöne onuň gurluşygy doly gutarmandy. Gökdepe galasy dört burç şekilinde bolup, onuň diwarlarynyň uzynlygy 511 metrden 1533 metre çenli bolupdyr, onuň köp çykalgalary bar eken. Diwarlaryň galyňlygy bolsa düýbünde 11 metre çenli, diwarlarynyň gerşiniň galyňlygy 6 metre golaý bolupdyr.

1877-1879-njy ýyllarda rus goşunlary Sumbaryň boýlaryna, Kürendaga barlag-aňtaw işlerini geçirip Hojagala, Bendesene çenli gelýär. 1879-njy ýylyň başynda Ahaly eýelemek üçin harby ýöriş guramak barada patyşa hökümeti karar edýär.

1879-njy ýyldaky ruslaryň 1-nji Ahalteke harby ekspedisiýasy barada, rus ofiserleriniň daşary ýurt ýazarlarynyň ýazan işleri gaty köp. Bu ýazarlaryň içinde tekelere garşy rus harby ekspedisiýasyna gatnaşyp hut öz gözi bilen görenleri-de bar, şeýle-de urşa gatnaşan adamlaryň gündeliklerine, ýazyp galdyran maglumatlaryna salgylanyp, ýazylan işler hem bar. Elbetde, bu işleriň käbirleriniň hakykata gabat gelmeýän pursatlary hem duş gelýär, emma biz taryhçylar şu goýberilen nogsanlyklary jikme-jik öwrenip, diňe anyk maglumatlaryň üsti bilen taryhy öwrenmelidiris. Rus harby taryhçysy, N.I.Grodekow özüniň “Türkmenistandaky uruş” diýen meşhur eserinde türkmenler barada ägirt köp maglumatlar berýär. Ol möhüm wakalaryň ençemesiniň gözli şaýady bolmagyndan başga-da, öz işine resmi dokumentleri hem ulanypdyr, şeýle hem birentek görnükli türkmenler bilen gürrüňdeş bolup olaryň sözlerini hem öz kitabyna girizipdir. Emma ol watanparaz rus ofiseri bolansoň, wakalara ruslaryň nukdaýnazaryndan çemeleşip, olary daraldypdyr we türkmenler

öz ýurtlaryny kanuny suratda goranlarynda, olaryň görkezen gahrymançylyklaryna ýeterlik derejede ýokary ähmiýet berip bilmändir.

W.A.Tugan-Mürze Baranowskiniň “Ruslar Ahaltekede” diýen kitaby, tutuşlygyna 1-nji Ahalteke harby ekspedisiýasy barada gürrüň berýär.

Iňlis habarçysy Marwiniň “Ahalteke türkmelerine garşy ruslaryň weýrançylykly kampaniýasy hakynda gözi bilen gören şaýadyň hasabaty” atly bu işi rus ekspedision güýçleriniň Ahaldaky operasiýasyna gatnaşan rus habarçylarynyň, hususanda, Arskiniň maglumatlaryna esaslanýar.

1879-njy ýylyň mart aýynyň 11-ne ruslaryň Trans-Kaspidäki goşun güýçlerine komandir edilip täzeden bellenen general Lazarewiň Ahaly basyp almak niýeti bilen Çekişlere gelendigi we Türküstanyň General-Gubernatory general Kaufmanyň Amyderýa tarapyndan hüjüm edip Maryny almaga taýýarlanýandygyny habar berilendigini, Marwin belläpdir.

Ahalda we Maryda türkmenleriň harby güýçleriniň sanynyň takyk näçedigini aýtmak kyn, çüňki, sözuň häzirki manysynda, olar statistik sanlary hiç görkezmeýärler. Emma welin, şeýle-de bolsa, 1878-nji ýylda Britaniýanyň Tährandaky Baş ilçisi edip bellenilen Sir Ronold Tomsonyň «Kaspi bilen Oksusyň (Amyderýa) aralygyndaky mantagalary eýeleýän türkmen taýpalary hakynda» diýen raportynda türkmen goşun güýçleriniň hereketdäki sany 40 müň adam çemesi hasap edilýändigini, her bir türkmen taýpasynyň ululygyna-kiçiligine garap, esasy goşun güýçlerine goşan goşandy dürli-dürli bolandygyny aýdýar. Şeýle-de Ahal tekeleriniň 8.000 at we 12.000 pyýada berendiklerini, salyrlaryň 1.500 at we 2.500 pyýada goşandyny goşandygyny habar berýär. Emma başga bir iňlis çeşmelerinde Berdimyrat hanyň we onuň ýoldaşlarynyň baştutanlygynda Ahaly goramaga çykan türkmen güýçleriniň sany 15.000 töweregi adam bolupdyr. Saryk, teke we salyrlaryň goşulyşan

güýçleriniň sany hem 5.000 adamdan ybarat bolup, olar gerek bolan wagty Ahal güýçlerine kömek bermäge taýýar bolup durupdyrlar. Ähli türkmen esasan, köne hyrly tüpeňleri we egri gylyçlar bilen ýaraglanandy. Olaryň diňe az sanlylarynda eýranlylardan, owganlardan we ruslardan şondan öňki ýyllarda olja hem-de satyn alnan täze tüpeňleri bardygyny habar berýän materiallar bar. Gysgaça aýdanymyzda, türkmenleriň ýaraglary gaty ejizdi we olaryň özleri hem täzeki uruş tilsimleri barada hiç zat bilmeýärdiler.

Beýleki tarapdan aýdanymyzda bolsa, patyşa Russiýasy eýýäm öz taýýarlyklaryny tamamlapdylar diýen ýalydy. 1879-njy ýylyň Baýdak aýynyň başynda Russiýa hökümetiniň Ýörite komiteti Türkmenistana harby ekspedisiýa ibermegi karar edipdi we Kawkazdaky hem-de Trans-Kaspidäki häkimiýetlere bolsa zerur bolan taýýarlyklary görmek barada buýruk beripdi. Kawkazyň birinji goşun korpusynyň komandiri general-adýutant Lazarew ýörite komitet tarapyndan harby ekspedisiýanyň baştutany edip saýlanylypdy we oňa Trans-Kaspi harby raýonyndaky goşunlaryň Wagtlaýyn komandüýüşisi diýen at berildi. General Lazarew özüne erk edip bilýän berk düzgün-tertipli adamdy. Rus häkimiýetleri we Kawkaz halklary ony «Kawkaz serbazy» diýip atlandyrýardylar, sebäbi ol türklere garşy hem-de Kawkazdaky Şa Ysmaýylyň hereketlerine garşy bolan uruşlar wagtynda özüniň batyrlygyny hem-de biçak gujur-kuwatynyň bardygyny görkezipdi.

Tugan-Mürze Baranowskiý Lazarewiň komandirlik edýän harby ekspedisiýasynyň goşun düzümini şeýle suratlandyrýar: «Ozal Orta Aziýa tarap ýöriş geçiren rus otryadlarynyň möçberine garanynda biziň otryadymyz göräymäge örän uly yalydy, onuň düzüminde pyýada gosun batalionlarynyň 16-sy (parahatçylyk döwürdäki möçberde), atly gosundan 1800 atly we 2 eskadron, 26 top, raketa batereyasy we sapyorlar rotasy bardy. Kawkazdaky gahrymançylykly

gosunlaryň iň saýlama bölümleri, yagny Leyb – Erwin polky, grenaderlariň gruzin polky. Kabardin, Şirwan, Kura, Apşeron, Dagystan, Ahalsyh, Nowaginsk we Aleksandrapolsk polklary öz wekillerini iberdi. Kawkazdaky regulyar we regulyar däl goşunuň, Terek we Kuban kazaklarynyň ýygyndylarynyň hem wekilleri bolup olar şulardan ybaratdy: dragunlaryň peryaslaw polkunyň diwiziony, Dagystan regulyar däl atlylar polkunyň 600 atlysy, Wolga polkunyň 2 ýüz atlysy, Taman polkunyň 4 ýüz atlysy, Poltawa polkunyň 4 ýüz atlysy, kazaklaryň Labansk polkunyň 2 ýüz atlysy, artilleriyanyň hem üç kysymynyň, ýagny pyýada, atly we dag artilleriyasynyň wekilleri, şeýle hem örän köp umyt baglanylýan raketa batareýasyda ekspedision otrýadynyň düzümine gosulypdy» diýip öz kitabynda belleýär.

1878-nji ýylyň mart aýynyň aýaklarynda general Lazarew Krasnowodskä geldi hem-de Çekişlerde we Çatda ýerleşýän ähli goşunlaryny gözden geçirdir. Şondan soň «Kawkaz serbazy» haýal etmän türkmenlere garşy psihologik uruş kompaniýasyna başlady. Türkmenlere iberen hatynda ol özüniň goşunlary bilen öňe hereket etjekdigini we olaryň ýurduny rus häkimiýetleriniň gol astyna geçirjekdigini aýtdy, şeýle hem türkmenleriň ýa-ha şöweşmekçidigini, ýa-da boýun egjekdiklerine ikiden birini belli etmeklerini talap etdi. Munuň üstüne-de ol haýsysyny saýlap alanlarynda-da, onuň Patyşanyň emrini ýerine ýetirjekdigini kesgitli aýtdy». Emma türkmenler onuň hatyna jogap bermändirler-de özleriniň goranyş galalaryny berkitmeklerini çaltlaşdyrypdyrlar. Grodekowyň meşhur işinde, ruslaryň öňe hereket edýändikleri baradaky habarlar Berdimyrat hana we onuň geňeşçilerine gelip ýetendigini, olaryň derrew Bendesen geçelgesine tarap 4.000 atlyny we 2.000 pyýada goşuny duşmanyň garşysyna ýola salandyklaryny belläp geçipdir. Iki hepde geçenden soň awgust aýynyň 16-syna türkmenler Tersakany ruslaryň alandygyny bilip galdylar. Berdimyrat han Hojagalany ruslaryň eýelemeginiň öňüni almak üçin haýal etmän şol ýere köp

mukdarda atlylary iberipdir. Emma onuň adamlary ruslaryň atly goşunlary tarapyndan yzyna serpikdirildi. Grodekowyň işine salgylanyp M.Saraý şeýle ýazýar: «Ruslaryň ýaraglarynyň artykmaçlygyna göz ýetiren Berdimyrat han öz ýigitlerini Hojagaladan ilki Bendesen geçelgesine, soň bolsa Börmä tarap yza çekýär we şol ýerde gyssagly suratda maslahat geçirýär. Duşmanyň çaklanylyşyndan öňe has tiz hereket edýändigi barada pikir alyşyp bolanlaryndan soň, goranyş planynyň ikinji nobatyna geçmegi karar edýärler bu şert bolsa ähli ilaty Ahalyň günbatarynda, Gökdepede jemlemekden ybaratdy. Emma ähli ilaty Gökdepe galasyna jemlemek üçin hem-de goranyşa taýýarlyk görmek üçin, Dykma Serdary Sopy hany ruslaryň içine ibermegi (Grodekowyň ýazyşyna görä) karar etdiler: Dykma Serdar we Sopy han ruslaryň içine baryp, olaryň raýaty astyna geçýändiklerini aýdyp, öz hyzmatlaryny teklip etmelidiler, şeýlelikde ruslaryň öňe hereket etmegini mümkin gadar gaýra çekdirmelidiler». Dykma Serdar bilen Sopy han maslahatyň kararyna buýun bolup, ruslaryň öňdäki goşunynyň komandiri Dolgorukowyň huzuryna bardylar. Emma ruslar olary tä söweş kampaniýasy gutarýança tussaglykda saklapdyrlar. Tugan-Mürze Baranowskiý hem öz ýatlamalarynda Dykma Serdaryň tussaglyga alynmagyny belläpdir. Dykma Serdar oazisde hemmeler tarapyndan hormatlanylýan we gepi diňlenilýän az sanly hanlaryň biridi. Teke oazisiniň günbatar böleginde ol has-da abraýlydy. Uzyn boýly, uzyn çal sakgally we murtly, nurana, görmegeý ýüzli, pähim-parasat bilen balkyldap duran okara gözli we hoşsypat adam hemmeleri dessine özüne imrindirýärdi.

Lazarewiň saglygynyň ýaramazlygy zerarly, wakalaryň gidişi has hem pajygaly bolup ugrapdyr. Gorkut aýynyň aýaklarynda Lazarewiň kebzesinden bir çyban çykyp, iki hepde geçenden soň bolsa, doktorlaryň Lazarewi operasiýa edipdirler. Onuň ganynyň zäherlenendigi anyklanyp hem-de Lazarewe

hemme zady taşlap bütünleý kesel bejermäge ýatmagy maslahat beripdirler.

General Lazarew Çekişlerden gelýänçä ýolda arkasynda we ýeňsesinden çybanlaryň çykandygyna garamazdan Çata geleninden soň ýoluny dowam etdirmegi ýüregine düwüpdir we daňdan sagat dörtde ýola ugramak üçin ähli zatlaryň taýýar bolmagy barada awgust aýynyň 13-nde agşamara buýruk beripdir. Lazarew ölenden soň general-maýor Lomakin öz harby derejesi beýlekileriňkä garanyňda ýokarydygyna esaslanyp, otrýada ýolbaşçylyk etmegi öz üstüne wagtlaýyn alypdyr. Şeýle hem ol Lazarewiň meýillerini ýerine ýetirmäge girişipdir. Bu meýilnama boýunça ol Bendesen geçelgesinde pyýada we atly goşunlaryň sekiz batalýonlaryndan hem-de ýeterlik mukdarda toplardan ybarat bolan harby lageri gurmaklygy we azyk ýeterlik derejede jemleýänçä, iki aýyň dowamynda şu pozisiýany saklamagy karar edipdirler. Lomakin bu meýili ýerine ýetirmek üçin örän taýýarlyklydy. Türkmenleriň ýurduna gaty beletdi, 1873-nji ýyldan bäri türkmenlere garşy ençeme ekspedisiýalar geçirip, peýdaly tejribe toplady.

Awgust aýynyň 19-na Bendesende öz goşun güýçlerini jemländen soňra, Lomakin bu ekspedisiýanyň geljekki meýilnamasyny nähili geçirmelidigini kesgitlemek üçin uly serkerdelerini maslahata çagyrypdyr. Ulag gulluklarynyň we goşunlary azyk-sülsat bilen üpjün etmekligiň örän kynçylykly ýagdaýdadygyna garamazdan, olar öz ýollaryny boşadyp, Gökdepede jemlenen türkmenlere aýgytly zarba urup biljekdiklerine heniz hem umyt baglaýardylar. Söweş maslahatynda hasaplap çykaryşlaryna görä, türkmenler şu boluşlaryna baş söweşe girişseler, onda olar gutarnykly suratda derbi-dagyn edilinip bilner.

Ruslar Gökdepä barýan ýolda öňlerinden çykan her bir obany we galany eýeläpdirler we weýran edipdirler. Bu obalarda we galalarda bolsa Gökdepe gaçyp gitmäge maý

tapmadyk ýüzlerçe maşgalalar bolupdyr. Ruslaryň barýan ýoly Bamynyň, Börmäniň, Arçmanyň we Sünçaniň üsti bilen geçip, Duruna eltipdir. Durunda ruslaryň iki kolonnasy birigipdir, çüňki olar şu nokatdan aňryk öňe hereket etmekligi karar edipdirler. Durunda awgust aýynyň 26-dan 27-ne geçilen gije daşky garawullar bilen türkmenleriň arasynda ok atyşygy bolupdyr. Şu ýagdaýlar bilen bir hatarda Gökdepede uly maslahat bolupdyr. Bu maslahata türkmenler Gökdepäniň töweregindäki galany beýgeltmekligi hem-de özleriniň iň soňky damja ganlaryna çenli galada goranmagy karar edipdirler. Grodekow hem öz işinde bu babatda türkmenleriň gala gurmak işinde haýal etmän başlandyklaryny, özleri-de bu galany uly möçberlerde, ýagny onuň işine ähli ilat sygar ýaly edilip salýandygyny we oňa «Täze şäher» diýip at berendiklerini ýazypdyr. Grodekowyň pikirini dowam etsek ol, ruslaryň öňe süýşüşiniň juda çaltdygyny, awgust aýynyň 28-ne ruslar galanyň demirgazyk tarapyndan gelendiklerini, onuň haýaty bolsa doly gurulup gutarmandyklaryny, galanyň gündogar ganatynyň bolsa diňe ýarsynyň gutarandygyny aýdýar. Şeýlede ol, galanyň beýikligi islenilşi ýaly ýokary galdyrylmandygy we onuň içindäki ähli gara öýleriň depesi görünip durandygyny belläpdir. Marwiniň işinde, awgust aýynyň 27-de ruslar Ýarajyda öz goşun güýçlerini jemläp, ikinji söweş maslahatyny geçiripdirler. Şol maslahata bolsa olar indiki gün irden hüjüme geçmeli diýen karara gelendiklerini aýdýar. Şeýlelikde ruslar awgust aýynyň 28-ne Ýarajydan Gökdepä öňe süýşüp başlapdyrlar. Grodekow rus goşun kolonnalarynyň Gökdepä tarap bäş ýarym milýa öňe süýşenlerinde gaty kän türkmen atlylarynyň galadan çykyp duşmana tarap hüjüme geçendigini, oňa Berdimyrat hanyň buýrugy boýunça, ruslaryň ýük çekýän ulag kolonnasyny esasy goşunlardan kesip aýyrmagy Garabatyra tabşyrylypdygyny ýazýar. Türkmenler edil ýanar ot ýaly öňe syçyrap, ruslaryň yza çekilmäge mejbur edipdirler. Türkmenler kazaklara garanyňda atlaryna has çalasyn münüp

düşýärdiler we atlaryny has çalt çapýardylar, olar ýüzbe-ýüz çaknyşanlarynda türkmenler öz egri gylyçlaryny çakgan işledýärdiler, kazaklar bolsa özlerini tüpeňleriň gundagy bilen goraýardylar. Egerde general Borh toplaryny öz goşunlaryndan üstaşyr atyp, hüjüm edýän türkmenleri oka tutmagy buýurmadyk bolsa, türkmenleriň kazaklary gylyç bilen çapyp, kerçem-kerçem etjekdikleri doly suratda ähtimaldy. Şol gyrgynçly top oklary ulanylmadyk bolsa, türkmenler kazaklardan dynjakdylar, emma kazaklar derrew şol top oklarynyň oduna dallanyp, öz kolonnalarynyň ýeňsesine gaçyp, gutulmak mümkinçiligini aldylar. General Lomakin türkmenleriň galadan çykyp gitmäge synanşyk edýändiklerini görüp, polkownik Çawçabadze Aşgabada gidýän ýoly kesmegi buýrupdyr. Rus goşunlary bu buýrugy doly suratda ýerine ýetiripdirler. Ruslaryň ähli goşunlary özleriniň çozuş orunlaryny eýelänlerinden soň, general Lomakin, galanyň üstünden top okyny ýagdyryp başlapdyr. Ol türkmenler bilen gatnaşyk açmaklygy gadagan edipdir we gyrgynçylygyň içinden çykyp gitmäge synanşyk edenleri bolsa atly goşun iberip, olary güýç bilen ýene-de gala salypdyr. Gysga wagtlyk garpyşma söweşi başlanypdy. Berdimyrat han we onuň urşujylary hut şu pursada garaşan bolsalar gerek. Ruslar türkmen topragyna girip başlanlary bäri türkmenleriň duşman bilen deňme-deň garpyşyp söweşmäge hiç mümkinçiligi bolmandyr. Şu pursat şol mümkinçilik gelip ýetipdir, Berdimyrat han öz ýigitlerine, Allany çagyryp, duşmanyň üstüne dökülmelidigini, indi gaçara ýeriň ýokdugyny aýdypdyr.

Rus esgerleri demirgazyk we günbatar tarapdan galanyň diwarlaryna ýetibernelerinde, türkmenler duşmanyň üstüne ýolbars kimin okdyrylypdyrlar. Şeýlelik bilen Gökdepäni goraýjylar bilen ruslaryň arasynda üýtgeşik bir söweş başlanypdyr. Gökdepäniň günbatar diwaryndaky söweş rus toparlarynyň guran, bir depesinde syn eden rus žurnalisti Arskiý tarapyndan şeýle suratlandyrylypdyr: «Biz adamlaryň

yzly-yzyna ýykylýandyklaryny görýärdik, bir adamyň elinden baýdagy gaçdy we ony golaýyndaky soldatlar alyp göterdiler, bir ofiseriň aty çarpaýyna galdy we ofiser onuň yzyna ýere ýykylyp, gymyldysyz galdy, ak köýneklileriň (rus soldatlary) uly topary birden öňe haýdadylar we galynyň düýbüne ýetdiler. Şondan soň bütin hatar boýunça ýeňiş gykylyklary eşdildi we soldatlar öňe ýüwürdiler-de, indiki pursatda galanyň düýbündäki tot-tozanyň içinde ýitip gitdiler. Top atmasyny bes etdi, gykylyklar tarpa ýatdy, birsalym dym-dyryslyk aralaşdy... Hemmeler indi iş bitendir öýtdiler. Emma, biz ruslar, gynansak-da, ýagdaý asla beýle däl eken. Ýarym sagat geçip-geçmänkä, soldatlar ýene galany goraýjylaryň öňünde peýda boldulr. Bu sapar olar yzdaky öňki goranyş zolaklaryna tarap aýak aldyklaryna gaçýardylar. Olar kynlyk  bilen galadan yzlaryna aşanlarynda olaryň yzy bilen çirkin gygyryşyp, egri gylyçlaryny bulaýlap türkmenleriň gazaply toparlary peýda boldular» Şu wakadan soň bahym ruslar yza çekilip başladylar. 1879-njy ýylyň awgust aýynyň 28-däki bolan Gökdepe söweşi tamam boldy. Bu söweşde ruslardan hem kän ýitgiler boldy, galany goraýjylaryň hem 4.000 adamsy çemesi bolup, olaryň köpüsi parahat ilatdy. Şeýlelikde ruslaryň 1879-njy ýyldaky harby ekspedisiýasy şowsuz tamam boldy.

Gökdepe galasyny goramaga gatnaşan şahyrlardyr bagşy-sazandalaryň edermenligi bolsa hakyky watansöýüjiligiň yokary nusgasy boldy. Olar, hem tüpeňleri bilen, hem goşgydyr aýdym-sazlary bilen duşmana garşy çykypdyrlar. Bagşy-sazandalaryň halypasy, ussat sazanda Amangeldi Gönübeg hem duşmanyň gala birinji ýörişinde Gökdepe urşuna gatnaşyp, şol ýerde „Gökdepe mukamyny“ döredipdir. Ol Diňlidepäniň ýanynda duşman granadynyň ýarylmagy bilen şehit bolýar. Türkmen mukamynyň ussady Amangeldi Gönübegiň şägirtleri Kör bagşy bilen Kel bagşy dagy hem Gökdepe galasyny goramaga gatnaşypdyrlar. Olar halypasy Amangeldi Gönübegiň jeň içinde döreden „Gökdepe mukamyny“ çalmagy soň hem

dowam etdirip, ilatyň göwnüni göteripdirler, Watan ugrundaky göreşde galany goraýjylary ruhlandyrypdyrlar.

1879-njy ýylyň Gökdepe söweşinde Gara batyr, Berdimyrat Hanýazy türkmen gerçekleriniň birnäcesi wepat bolan bolsalar-da ýeňiş gazanan ýerli ilat özüni buýsançly duýupdy. Şol gazaply söwewşe türkmen şahyrlary Öweztagan Kätibi we Annagylyç Mätäji hem öz ogly Molladurdy bilen gatnaşypdyrlar. Olar özleriniň goşgularynda bu aýylganç wakany, halkyň gahrymançylygyny beýan edipdirler.

**Ikinji Ahal-teke harby ekspedisiýasy. General M.Skobelew.** Birinji Ahal-teke ekspedisiýasyndan masgaraçylykly ýeňilen ruslar Ikinji Ahal-teke ekspedisiýasyny taýýarlamaklyga gorka-gorka girişdiler. Şol wagt türkmenler hem agyr söweşden soňra özlerini ele almaklyga girişdiler.

Duýdansyz ýolugan dertden aýňalandan soň Nurberdi han haýal etmän Gökdepä ugrady. Bu ýere ol 15-nji sentýabrda gelip ýetdi. Rus top oklaryndan aýylganç jebr çeken Gökdepäniň ýeňişli goraýjylary Nurberdi hany oňat garşy aldylar. Şol wagtda, aýratyn hem, olaryň duýgylary örän garyşykdy. Duşmanyň gaçyp gidenini görmek olarda uly buýsanç döredýärdi, emma örän köp adam ýitgisini çekendikleri zerarly “ýürekleri ýaraly” bolansoň, olar öz ýeňişlerini dabaralandyryp durmadylar. Birinjiden, olar gam-gussa bilen ýas tutup, öz wepat bolan dostlaryny we garyndaşlaryny jaýlaýardylar. Ondan soň olar Halk maslahatyny geçirip, Nurberdi hanyň Baş han edilip saýlanandygyny ýene bir gezek tekrarladylar. Halk maslahatyndan soň Nurberdi han Gökdepe bilen Aşgabadyň arasyndaky Yzgant obasynda Uruş maslahatyny çagyrdy, şol ýerde “ruslaryň ýene dolanyp gelip, ýurda hüjüm etmekleri mümkin, şonuň üçin-de Gökdepe galasynyň ýetmez ýerlerini täzeden berkitmeli” diýen karar edildi. Gala ýygnanan türkmen maşgalalaryna ruslaryň hüjüminden öň taşlap gaýdan obalaryna, eger özleri isleseler, tä Gyzylarbada çenli dolanyp

barmaga rugsat edildi. Şeýle hem türkmen halkyny birleşen ýagdaýda saklamak üçin hem-de ýurtda düzgün-tertibiň hem-de howpsuzlygynyň berjaý edilmegini üpjün etmek üçin 1000 adamdan ybarat ýasawul güýçlerini düzmeklik hem karar edildi. Bu ýasawul güýçlerine Orazmämmet han (Beg urugyndan), Öwezdurdy han (Syçmaz urugyndan), Myrat han (Wekil urugyndan) we Hezretguly han (Bagşy urugyndan) serkerdelik etmelidirler. Bu kararlary berjaý etmek bilen bir hatarda Nurberdi han ruslaryň bolýan ýerlerine we olary çozup durmak üçin we şunlukda olara mümkingadar zarba urup durmak üçin öz atly goşunlarynyň uly bölegini ýola saldy.

Indi öz halkynyň arasyna dolanyp gelen Dykma serdar bilen Sopy han Uruş maslahatyndan soň Nurberdi hanyň huzuryna bardylar we öz başlaryna düşen ýagdaýy düşündirdiler, günälerini geçmeklerini haýyş etdiler we ruslara garşy söweşjekdiklerine kasam etdiler. Şondan soň Nurberdi han täze bir Maslahat çagyrdy we şonda Maslahata gatnaşanlaryň her birinden bulary dönük diýip hasap etmezligi haýyş etdi. Dykma serdaryň düşündirişiçe, ol ruslaryň matlaplaryny we güýçlerini öwrenmek üçin olara birigipdir, onuň pikiriçe, indi ol ruslaryň matlaplaryna-da, güýçlerine-de beletmişin. Megerem, Dykma Serdaryň batyr güýji we oňar serkerde hökmünde türkmen jemagatyna öňki hyzmatlary göz öňünde tutulandyr. Maslahat bu meseläniň çözgüdini kesgitlemegi Nurberdi hana tabşyrdy. Şeýle hem Maslahat ruslara garşy nähili uruş etmelidigine diňe Dykma serdaryň düşünendigi baradaky onuň aýdan hekaýatyna ynandy. Dykma serdar Maslahata ruslaryň otrýadlaryna ýomut taýpasyndan iki sany türkmeniň ýol görkeziji bolup gelendigini, biriniň Musa han we beýlekisiniň Molla Düňderdigini aýtdy. Ol şeýle hem Musa han bilen dilleşendigini, rus otrýadlarynyň matlaplary barada onuň habar berip durjakdygyny-da aýtdy. Molla Düňder barada bolsa ol şeýle diýdi: “Ol ruslara jany-teni bilen hyzmat edýär. Her etmeli, hesip etmeli welin, ony ýok etmeli”. Şondan

soň Dykma serdar duşmanyň matlabyny bilip durmak üçin we oňa özüni dürsemäge mümkinçilik bermezlik üçin rus goşunlarynyň hem-de olaryň gatnaw ulaglarynyň üstüne yzyny üzmän çozup durmaklygy teklip etdi.

Ýurduň içinde şeýle wajyp çäreleri görenden we öz halkynyň başyny jemländen soň Nurberdi han öz çäreleri tagallalaryny goňşy ýurtlar bilen dostlukly gatnaşyklary berkitmeklige gönükdirdi. Büjnürdiň hany Ýarmuhammet han Eýranyň Horasandaky iň bir güýçli häkimdary hem-de ol Nurberdi hanyň oňat dostudy. Ol Ýarmuhammet han bilen dostlukly gatnaşyklary gurandan bäri Eýran-türkmen serhedinde ol tarapdan hiç hili çozuş edilmeýärdi. Türkmenleriň Baş maslahaty belli bir karara gelenden soň, Nurberdi han Ýarmuhammede şeýle hat gönderdi: "Eger-de ruslar ýene-de biziň üstümize çozsalar, biz soňky adamymyza çenli özümizi goramaga karar etdik. Biziň bütin ilatymyz ruslara boýun bolmaklygy bir agyzdan ret etdi. Ruslaryňkydan türkmenleriň gany hem aýry, jany hem aýry we bu iki halkyň arasynda ylalaşyk mümkin däl". Şondan soň Nurberdi han Biritaniýanyň Eýrandaky wekillerini türkmenleriň Baş maslahatynyň kararyndan habardar etdi we özüniň Britaniýa barada dostlukly duýgular bilen gaplanandygyny beýan etdi.

Türkmenler Gökdepeden Gyzylarbada çenli aralykdaky öz weýran bolan obalaryna dolanyp barmaga başladylar. Ähli türkmen halkynyň arsaynda Nurberdi hanyň täsiri öňkisi ýaly ýokarydy. Türkmenleriň arasynda ol giňden meşhurlyk gazanypdy we oňa türkmenler doly ynam bildirýärler, bu bolsa bütin Türküstanda zor galkynyş döredýärler. Ol ruslaryň ýeňilmezligi baradaky pikiriň nädogrydygyny subut etdi. Munuň özi bolsa türkmenleriň hemme taýpalaryny birleşdirmäge we umumy duşmana garşy durmagyň zerurdygyna öz aralarynda düşünişmäge ruhlandyrdy. Hatda ýomut türkmenleriniň ilkibaşda ruslara garşylyk görkezmedik japarbaý şahasy hem indi Nurberdi hanyň buýrugyna

eýerjekdigini bildirdi. Olar, eger-de, ruslar ýene-de hüjüme geçseler, onda özleriniň elleri ýarag tutjak ähli erkek adamlaryny duşmana garşy söweşmek üçin Nurberdi hanyň ygtyýaryna ibermäge taýýardyklaryny oňa habar berdiler.

Şeýle bir wagtyň özünde Russiýada Orta Aziýa meselesi barasyndaky syýasy pikirler örän dartgynlaşyp başlady. General Lomakiniň Gökdepeden aljyraňňy ýagdaýda gaçmagy diňe bir Russiýanyň jemgyýetçiligini däl, eýsem Russiýanyň hökümetini-de, ylaýta-da, aldawçylyk syýasatyny goldaýanlaryny-da kellelerine saňsar daşy degen ýaly edip, ynjalykdan düşürdi. Russiýanyň Harby ministry, hökümetiň aldawçylyk syýasatynyň öňbaşçysy Milýutin "Lomakiniň binamyslyk bilen yza çekilmegi rus goşunynyň namysyna gara ýokuşdyrýar we Russiýanyň Orta Aziýadaky ýaragynyň güýç-kuwwatyny pese düşürýär" diýip piker edýärdi. Dogrudan-da, Russiýanyň Orta Aziýadaky aldawçylyk syýasatynyň taryhynda birinji gezek rus goşunlary duşmany ýeňip bilmän, gaçmaga mejbur bolupdyrlar. Rus goşunlary indi mundan beýläk Orta Aziýadaky ýeňilmez güýç hasap edilmeýärdi. Munuň özi bolsa Türküstanyň halklaryna rus häkimiýetlerine garşy gozgalaň turuzmaga belli derejede gylaw berip biljekdi. Emma Berlin Kongresiniň netijeleri zerarly düşen uly şowsuzlyklaryndan soň ruslar Türküstandaky öz ykdysady we syýasy artykmaçlyklaryny ýitirmek islemeýärdiler. Şonuň üçin-de Russiýanyň syýasat eýeleri Russiýanyň Orta Aziýadaky mertebesini her edip, hesip edip saklamagy jana-jan wezipe diýip hasap edýärler.

Şol bir wagtyň özünde Nurberdi han rus agressiýasyna garşy durmak üçin öz ýurduna we halkyna arkadag we hemeýatkär gözlemegini dowam etdirýärdi. Iňlis-türk gatnaşyklarynda soňky bolup geçen üýtgeşmelerinden bihabar bolup, Nurberdi han Britaniýanyň Maşatdaky agenti Abbas hanyň üsti bilen Britaniýa häkimiýetlerine kömek we hemaýat sorap ýüz tutdy. Öz hatynda Nurberdi han şeýle ýazypdy: "…

Ilki başda ruslar bize aýtdylar: “Eger Siz, türkmen taýpalary, bize boýun bolsaňyz we Russiýa imperiýasyna raýat bolsaňyz, Siziň her haçan islän mukdaryňyzdaky toplary, ýaraglary, sülsatlary, puly we hormat lybaslaryny bizden alyp bilersiňiz. Biz Siziň işigiňizi altyn teňňeler bilen örteris we Sizi Onuň Aly Hezretleriniň goşunlarynyň bir baştutany ederis”.

Olaryň tekliplerini kabul etmäg–ä beýlede dursun, eýsem biz olar bilen söweşmäge başladyk.

Hudaýa şükür, biz olary her ýyl ýeňlişe sezewar edip geldik we ruslardan uruşdan başga hiç bir zat almadyk. Eger Siz hakykaty bilmek isleýän bolsaňyz, şony aýdaýyn: bu halk (türkmenler) Türkiýäniň Soltanyny özleriniň hojaýyny ýaly görýärler we munuň özüniň bizi Osman imperiýasynyň namysyny saklamaga borçly edýändigini boýun alýarys. Indi biz, aýratyn-da, iňlis hökümetiniň Türkiýe bilen birleşendigini we bu iki döwletiň mertebesiniň birdigini görýäris, eşidýäris we muňa ynanýarys. Şonuň üçin-de, biziň halkymyz iňlis hökümetine tabyn bolmaklygy teklip edýär we eger merhemet edilip, bize pul, top, tüpeň we hormat lybaslary berilse, biz hökman ony goldardyk we ýardam ederdik. Özüniň pynhan duýgularynda türkmen halky, ahally bolsun, ýa-da maryly bolsun, iňlis hökümetine göz dikýär we oňa ynanýar”. Nurberdi hanyň medeniýetli dünýäden üzňelikdäki ýurdunda Ýewropa syýasatyndan juda az baş çykarýandygy hakykatdy, emma ol geň-taň görerlik däldi. Şoňa şaýat diýen ýaly, Britaniýa häkimiýetleri bu hata hatda jogap hem gaýtarmadylar. Emma olar türkmen problemalaryna degişli başga bir çözgüdi taýýarlamaga girişipdiler.

Iki sany wajyp waka türkmen problemalaryna Britaniýa hökümetini 1879-njy ýylyň sentýabrynda ýamaşgandan goşulyşmaga mejbur etdi. Birinjiden, Gökdepäniň eteginde ruslaryň ýeňilmegi Britaniýa hökümetini ruslaryň Türkmenistanda Hindistan tarapyna öňe süýşmeklerini togtatmak üçin täze synanyşyk etmäge gylawlandyrdy.

Ikinjiden, Owganystanda täze turan galagopluklar barada Britaniýa häkimiýetleri örän biynjalyk bolýardylar. Britaniýalylar, öň düşündirip geçişimiz ýaly, 1876-njy ýyldan bäri Orta Aziýada çäklendirilen öňe gidiş syýasatyny ýöretmeli bolupdylar. Munuň-da sebäbi ruslaryň bu etraplary basyp alyş syýasatyny deňeçeleşdirmek bolýandyklaryndan gelip çykýardy. Şu maksat bilen Britaniýa Owganystanda öz tasirini täzeden ýaýratmak maksady bilen, bu ýurda goşun girizipdi. Owganystany 1878-nji ýylyň aýaklarynda we 1879-njy ýylyň başlarynda Britaniýanyň eýelän döwründe ýurduň britaniýalylara garşy bolan häkimdary Şir Aly Russiýa gaçyp gidipdi. Britaniýanyň Hindistandaky Wise-Koroly lord Litton uzaga çeken gepleşiklerden soň Owganystanyň täze häkimdary edip, Şir Alynyň ogly Ýakup hany ykrar etdi. Şondan soň ol Britaniýanyň goşunlaryny Kabuldan Owganystanyň günortasyna tarap çekdi. Emma Ýakup han öz ýurdunda britaniýalylar dostlukly şertleri döretmäge ukypsyzdygyny görkezdi. Lomakiniň Gökdepeden çekilip gitmeginiň bir hepde öň ýanynda Britaniýanyň Kabulda gurlan missiýasynyň baştutany jenap Louis Kawagnari özüniň segsen iki adamdan ybarat garawulynyň köpüsi bilen bilelikde öldürdi. Bu waka Britaniýa goşunlarynyň Owganystana, yzyna, getirilmegine sebäp boldy. Şeýlelikde, Owganystan Britaniýa üçin bir galagoply ýere öwrüldi. Wakalaryň bu täzeçe öwrülişikleri Britaniýa häkimiýetlerini Hindistany goramak üçin öz görýän çärelerini üýtgetmeklerine mejbur etdi. Bu çäreler Littonyň, Salisburiň we Tomsonyň Britaniýanyň syýasy babatdaky işeňňirlik merkezini Owganystandan Eýrana geçirmegi we Eýrany Hindistany goramaklykda esasy daýanç meýdanyna öwürmekligiň gerekdigini Littona subut etjek bolýardylar. Bu pikiri durmuşa geçirmek üçin Hyradyň üstünden häkimlik sürmegi eýranlylara teklip etmegi we eýranlylary Maryny öz raýatlaryna alýandyklaryny yglan etmäge yrmagy karar etdiler.

Şu maksat üçin, eýranlylara Britaniýanyň goldawy kepillendirilmelidi.

Eýranlylary britaniýalylaryň tekliplerini kabul etmäge yrmak Tomson üçin beýle bir kyn däldi. Göreşsiz-söweşsiz şeýle utuşa eýe bolmak Eýran şasynyň tüýs göwnünden turaýjak zatdy. Ol britaniýalylaryň meýilini haýal etmän kabul etdi. Ol Maryny öz territoriýasy hasap edýändigini aýtdy we şonuň üçin-de, indi Russiýa Maryny basyp almaga täze synanyşyk edäýse, Eýranyň diňe bir protest bilen çäklenmejekdigini, eýsem özüniň ähli güýji bilen şoňa ýol bermejekdigini yglan etdi. Munuň özi Tähranda Zinowýew bilen uzaga çeken diplomatik çaknyşyklarynda Tomsonyň gazanan uly ýeňişidi, özi-de Tomsonyň bu tagallalaryny ilkibaşda onuň hökümeti doly goldady.

Eýran hökümeti Daşary işler wezirliginden bir resmi wekili, Seýit Mürzäni Mara iberdi we ol türkmenlere Eýrana raýat bolmaklygy teklip etdi hem-de, eger şeýle edilse, 1861-nji ýylyň başynda eýranlylardan olja alnan ähli toplary hem türkmenlerden yzyna aljak bolmajakdygyny aýtdy. Emma Nurberdi han eýranlylaryň bu tekilibini ret etdi, çünki olaryň bu teklibinde Ahal asla agzalmaýardy. Onuň üstesine-de, Nurberdi han eýranlylara asla ynam etmeýärdi. Bu barada ol Abbas hana şeýle ýazdy: “Men Ahala gaýdanymdan soň Hajy Seýit Mürze diýen birisi Eýrandan ilçi hökmünde Mara gelipdir. Men onuň hatlaryna hiç hili üns bermedim we men özümi Angliýanyň garaşyk edýän adamsy diýip aýtdym we Eýrana raýat bolmak teklibine hiç hili jogap bermedim”. Munuň özi türkmenleriň baştutanynyň öz ýurdunda bolan ýagdaýlardan örän razydygyny hem-de Britaniýanyň garaşyk etmegine belli derejede umyt baglaýandygyny görkezýärdi, şonuň üçin-de ol öz hatyny şeýle dowam edýärdi: “Hudaýa we Siziň Şamçyragly Zenan Patyşaňyza şükür edýärin, bu ýurtdaky işler gülala-güllük. Häzirki wagt men uly bir gala salmak bilen meşgul we şony salmak üçin gaty kän işgär toplaýaryn. Bu gala örän uly

bolmaly, uzynlygy 60 ýard we örän giň bolmaly hem-de dag ýaly beýik bolmaly. Muňa Siziň Şamçyragly Zenan Patyňyzyň adynyň dakylaýmagy hem mümkin. Iş ýüzünde, eger Siz dogry garasaňyz, türkmen taýpalarynyň Iňlis hökümetiniň raýatydyklaryny görüp bilersiňiz”. Şondan soň Nurberdi han özüniň 1879-njy ýylyň aýagynda Britaniýa hökümetine ýazan haýyşnamasyna jogap berilmegini haýyş edýär.

Eýranda britaniýalylaryň işeňňirlik görkezýändiklerini Russiýanyň Tährandaky ilçisi Zinowýew derrew, haýal etmän, Sankt-Peterburga habar berýär. Zinowýewiň bu habarlary Russiýanyň baştutanlarynyň arasynda täze bir geň galyjylyk duýgusyny döredýär. Milýutin: “Britaniýanyň täze synanyşygynyň Eýrany Britaniýanyň golasty döwletine öwürmegi hem-de eýranlylary Russiýanyň syýasatyna garşy ugry tutmaga mejbur etmegi mümkin” diýen pikiri dyzmaçlyk bilen öňe sürýär. Russiýada Britaniýa garşy duýgular ýene-de möwç alyp ugrady. Emma Britaniýadaky konserwatiw hökümetiň iş başyndan aýrylandygy hakyndaky garaşylmadyk habarlar Russiýanyň baştutanlarynyň köpüsiniň kalbyna uly ýeňillik duýgusyny saldy. 1880-nji ýylyň başynda zor gapma-garşylykly saýlawlardan soň Liberal Partiýanyň baştutany we Russiýanyň Orta Aziýadaky medeniýet getiriji maksadynyň uly tarapdary Gladson häkimiýet başyna geçdi. Onuň hökümetiniň ilkinji ädimlerinden biri Hyrat we Mary barasynda Eýran bilen alnyp barylýan gepleşikleri ýatyrmakdan ybarat boldy, çünki şol gepleşikler Orta Aziýada öňe süýşmek syýasatyna eýermekligi niýet edinýärdi. Munuň özi bolsa Tomsony cetin we aljyraňňy ýagdaýa salýardy. Onuň hemişelik bäsdeşi Zinowýew ýagdaýy Russiýanyň peýdasyna işletmekde wagtyny biderek geçirmeýärdi. Gysga wagtyň içinde Zinowýew Tähranda britaniýalylara garşy şertleri döretmegi başardy. Şonuň netijesinde, Eýran Britaniýanyň täsirinden kem-kemden çykyp, Russiýanyň täsiri astyna ýykgyn edip başlady.

Gladsonyň öz ýurdunyň aldaýjylygyna garşy syýasaty we onuň Russiýa baradaky dostlukly garaýyşlary Russiýanyň baştutanlarynyň Türkmenistanyň üstüne çozmak üçin niýetleýän agressiw meýilleri baradaky pikirlerini belli bir wagtyň dowamynda ikä böldi. Maliýe ministry S.A. Grig we ştab naçalnigi F.L.Geýden suwsuz çöllükleriň içinde harby ekspedisiýa etmek üçin mundane buýana biderek pul harçlamazlygy teklip etdiler. Olar Türkmenistana garşy nitejesiz harby kampaniýalar üçin biderek harç çekeninden, gowusy, puly Orenburgdan Türküstana çenli demirýol gurluşygyna harçlamak gerekdigini tekrarlaýardylar. Emma bu iki adamyň garşy çykmagy Milýutin tarapyndan baştutanlyk edilýän "allaýjylar syýasatyna" meýil edýänler tarapyndan aňsatlyk bilen syndyryldy. Milýutin Türkmenistany basyp almaklyk Russiýanyň Orta Aziýadaky jana-jan bähbitlerine gabat gelýär we gaýra goýulmazdan bu iş amala aşyrylmalydyr diýip piker edýärdi. Onuň teklibi Russiýanyň esasy komandirleri, diplomatlary we metbugaty tarapyndan goldanyldy. Harby komandirler, aýratyn-da, general Skobelew Orta Aziýada şeýle hüjüme girişmegiň zerurdygyny, "sebäbi, Britaniýanyň agressiw syýasatynyň howp salýandygyny" tekrarlaýardy. Russiýanyň Tährandaky ilçisi we Türkmenistanyň üstüne Russiýanyň agressiw meýilini çekijileriniň esasylarynyň biri Zinowýew Russiýanyň Gökdepäniň eteginde ýeňilmeginden heniz hem namys edip, Milýutini haýal etmän herekete geçmeklige itekleýärdi.

Ol ähli Ahal ýurduny büs-bütin basyp almaklygy we türkmenleriň arasynda Russiýanyň mertebesini diňe bir ýaňadandan dikeltmek bilen çäklenmän, eýsem Orta Aziýada Britaniýa garşy geljekki işeňňirlik üçin ýörite bir strategic bazany döretmekligi hem teklip edýärdi. Galyberse-de, Berlin Kongresinde Britaniýanyň ruslara garşy meýilleri äşgär bolany bäri, Russiýanyň metbugaty Britaniýany özleriniň Aziýadaky esasy duşmany hökmünde suratlandyrýardy. Gökdepäniň

eteginde Lomakiniň goşunlary ýeňlişe sezewar bolanlaryndan soň, Britaniýa rus metbugatynyň hüjümi üçin esasy nyşana boldy. “Sankt-Peterburg Gerald” gazeti: ”Russiýa entek hem oňat zarba urup biler. Munuň özi biz iňlisleriň Orta Aziýadaky sapaklaryna küşt berip bileris diýildigidir” diýip ýazdy. “Новая время” hem şeýle ýazdy: “Türkmenlere garşy soňky ekspedisiýalaryň şowsuzlyga düşmegi Orta Aziýanyň bir böleginde ruslaryň mertebesini ep-esli derejede sarsdyrdy. Türkmenlere hiç bir gaýra goýulmazdan derrew zarba urulmalydyr”. Şondan soň ol gazet Britaniýanyň Orta Aziýada we Eýranda ýöredýän syýasatynyň üstünden düşdi: “Soňky ekspedisiýa Eýrandan biziň garaşýan umytlarymyzyň berjaý bolmandygyny görkezdi. Napieriň agentleriniň hüşgär hereket edendikleri we Tomsonyň degerli syýasat ýöredendigi sebäpli, Eýran hökümeti biziň Trans-Kaspi serhedimize ýanaşyk bolan demirgazyk welaýatlarynda düýe we azyk-sülsat satyn almagymyza rugsat bermekden boýun gaçyrdy… Iňlisleriň puly hemişe-de biziňkiden köpdi, emma biziň arkasynda 200 000 adamlyk Kawkaz goşuny bolan Baş ilçimiz başga çäreleri-de işledip biljekdi, şol çäreler şu günki günler hem öz gymmatlyklaryny ýitirmezdi, biz bu ýerde haýbatly abaý-syýasaty göz öňünde tutýarys”. Öz gezeginde bu azmly talaplary Milýutin patyşanyň dykgatyna ýetirýärdi we şonlukda ol Türkmenistany basyp almak üçin ondan rugsat alyp bildi. Ol patyşanyň dykgatyna wakalary has çişirip aýdýardy: hamala Britaniýa Türkiýede we Owganystanda Russiýa garşy hüjüm syýasatyny ýöredýärmişin hem-de ol türkmenler bilen ýakyn gatnaşyk gurup we Eýrany hem öz tarapyna çekmäge dyrşyp, Tran-Kaspi etrabyň howp salmakçy bolýarmyşyn.

Mälim bolşy ýaly, Milýutin patyşa berýän maglumatlarynda diňe bir çişirilen hekaýatlar däl, eýsem hakykatdan-da, birentek nädogry zatlar hem bardy. Britaniýanyň türkmenler bilen ýakyn gatnaşyklar guryandygy nädogrydy. Öň düşündirip geçişimiz ýaly, faktlar bolsa şeýledi:

“Britaniýa türkmenler bilen ýakyn gatnaşyklar gurýar” diýilmegi – Britaniýanyň örän az sanly ofiserleriniň, aýratyn-da, kapitan Napieriň türkmen serhedine birnäçe gezek baryp gaýdandyklaryndan başga zat däldi. Bu ofiserleriň şol ýere baryp gaýtmaklarynyň maksady-da Türkmenistandaky ýagdaýlar barada we Russiýanyň bu ýurtdaky işeňňirligi barada maglumat toplamakdan ybaratdy. Ruslar Gökdepeden yza çekilenlerinden soň, türkmenleriň baştutany Nurberdi han Britaniýa bilen ýakyn gatnaşyk gurmak üçin birnäçe gezek synanyşyk etdi. Emma Britaniýanyň häkimiýetleri Nurberdi hanyň iberen sargytlaryna we hatlaryna jogap hem gaýtarmady. Beýleki tarapdan, Milýutiniň eden şyltagynyň tersine, Russiýanyň Trans-Kaspidäki tutýan orunlaryna Britaniýa hiç wagt howp saljak bolup synanyşyk etmändi.

1879-njy ýylyň ilkinji Ahalteke ekspedisiýasy, şowsuz tamamlanandan soň, Russiýada Orta Aziýa meselesi barasyndaky syýasy pikirler örän dartgynlaşyp başlapdy. Bu ýörişiň şowsuz gutarmagy patyşa Russiýasynyň hökümdarlarynyň lapyny keç edýär. Merkezi Aziýada rus ýaragynyň abraýy gaçýar. Indi, her edip - hesip edip türkmenlere temmi berip, rus ýaragynyň abraýyny dikeltmelidi. General Lomakiniň Gökdepeden aljyraňly ýagdaýda gaçmagy diňe bir Russiýanyň jemgyýetçiligini däl, eýsem Russiýanyň hökümetine-de, ylaýtada basypalyjylyk syýasatyny goldaýanlaryň-da kellelerine saňsar daşy degen ýaly edip ynjylykdan düşüripdi. Russiýanyň harby ministri, şol syýasatyň öňbaşçysy Milýutin, Lomakiniň binamyslyk bilen yza çekilmegi, rus goşunynyň namysyna gara ýokuşdyrýar we Russiýanyň Orta Aziýadaky ýaragynyň güýç-kuwwatyny pese düşürýär» diýip pikir edýärdi. Patyşa hökümeti haýal etmän Ahalyň ilatyndan ar almak we onuň ýerlerini basyp almak üçin ikinji harby ýörişe güýçli taýýarlyk görüp başlaýar. Dogrudan-da Russiýanyň Orta Aziýadaky kolonial syýasatynyň taryhynda birinji gezek rus goşunlary duşmany ýeňip bilmän, gaçmaga

mejbur boldular. Grodekowyň aýtmagyna görä, rus goşunlary indi mundan beýläk Orta Aziýada ýeňilmez güýç hasap edilmändir. Munuň özi bolsa Türküstanyň halklaryna rus häkimiýetlerine garşy gozgalaň turuzmaga gylaw berip biljekdi. Emma welin Berlin Kongresiniň netijeleri zerarly düşen uly şowsuzlyklardan soň, ruslar Türkmenistandaky öz ykdysady we syýasy artykmaçlyklaryny ýitirmek islemändirler. Şonuň içinde Russiýanyň syýasat eýeleri Russiýanyň Orta Aziýadaky mertebesini her edip, hesip edip saklamagy jana-jan wezipe diýip hasap edipdirler. Milýutin Patyşadan 1880-nji ýylyň 6-njy martynda rugsat alandan soň, ol Türkmenistanyň üstüne täze harby ýöriş guramagy taýýarlamalydygyny, Kawkaz goşunynyň ştab naçalnigine telegramma iberipdir. Russiýanyň iň ukyply komandirlerinden biri we Orta Aziýanyň köne tanşy general Skobelew harby ýörişiň baştutany edilip bellenilipdir we bu maksat üçin 10.000.000 manat pul goýberilipdir.

Russiýa Türkmenistany basyp almak baradaky ähli meýillerinden el çekmegi karar edipdir diýen gürrüňleriň nädogrydygyna türkmenler göz ýetiripdirler. Ilki Çekişlerde we Çatda ruslaryň täze harby ýörişe giňden taýýarlyk görýändikleri baradaky habarlar indi yzly-yzyna gelip durupdyr. Grodekowyň aýtmagyna görä basypalyjy duşman ýene-de yzyna gelipdir, ýöne bu sapar örän köp goşun we kän top alyp gelipdir. Nurberdi han täze rus komandiriniň ýaş generaldygyny, köp söweşlere gatnaşandygyny we Kokandy basyp alandygyny hem-de onuň bu ýere ýöne-möne iş üçin gelmändigine anyklapdyr. Bu maglumaty alandan soň Nurberdi han derrew Yzgantda uruş maslahatyny çagyrypdyr. Maslahatda hem ähli ilatyň Gökdepäniň içine ýygnamagyny Karar edilipdir we şu çärelere doly ygtyýarly ýolbaşçylyk etmeklik Dykma Serdar bilen Gurbanmyrat işana ynanylypdyr. Nurberdi han bütün gyşyň dowamynda kesel bolmagyna garamazdan, goranyş işlerini çaltlandyrmak üçin ýurduň bir ujundan gelse, beýleki ujuna haýdap gidýärdi. Ol Gökdepäni goraýjylaryň üstüne

Marydan tekelerden, saryklardan we salyrlardan ybarat bolan 4.000 adamlyk goşmaça güýç getiripdir. Emma Nurbedi han general Lazarewiň Çekişlere gelenden soň düşen ýagdaýy ýaly ýagdaýa uçrady. Onuň janyna agram berip köp işlemegi we öz halkynyň gelejegi barada edýän gaýgysy onuň saglygyny ýaramazlaşdyrypdyr. Nurberdi han 1880-nji ýylyň 23-nji aprelinde aradan çykyp ýurduny we halkyny taryhynyň iň bir jygba-jygly wagtynda baştutansyz galdyrypdyr. Nurberdi hanyň sag eli hasaplanýan Gönübek hakyndaky hekaýatyň awtory Öwezbaýewiň ýazmagyna görä, Nurberdi han rus içalylary tarapyndan awy berilip öldürilipdir. Emma Grodekowyň işleriniň, habar berişine laýyklykda, Nurberdi han janyna bijaý agram salyp işlänligi üçin öz halkynyň gelejegi barada biçak köp gaýgy edenligi netijesinde ganynyň zäherlenenliginden ölüpdir. Önuň ölüminiň türkmenleriň arasynda salan aljyraňly ruslar top okuny ýagdyrýan wagtynda galanyň içinde emele gelen aljyraňlykdan pes bolmandyr. Tomsonyň habar bermegine görä, 1880-nji ýylyň maý aýynda türkmenler Nurberdi hanyň ikinji ogly Magtymguly hany täze Baş han we Orazmämmet hany onuň weziri edip saýlapdyrlar. Gurbanmyrat işan bolsa ähli türkmen taýpalarynyň Baş kazysy edilip bellenipdir we Dykma Serdar türkmenleriň harby güýçleriniň Baş serdary edilipdir.

Şol wagtyň özünde ruslar öz taýýarlyklaryny tamamlap barýardylar. Täze Ekspedision güýçleriň wagtlaýyn kommanduýuşisi edilip bellenilen general Skobelew harby ministrden jikme-jik taýýarlanylan instruksiýany alypdyr. Ol Patyşa tarapyndan makullanypdyr. Şol instruksiýanyň görkezmlerine laýyklykda, Trans-Kaspi raýonynda (Zakaspide) ähli goşunlara, ştaba we ýerli hökümete Skobelewiň buýrugy ýöremelidi. Emma welin ol Kawkaz goşunynyň Baş kommanduýuşisina tabyn bolmalydy. Şonuň bilen birlikde, zerur transport we aragatnaşyk wezipeleri berjaý eder ýaly Krasnowodskiden Gyzylarbada barýança strategik ähmiýetli

demir ýoluny gurmaga oňa rugsat berilipdir. Iňlis çeşmelerindäki maglumatlara görä, şu maksat bilen Russiýanyň meşhur hem tejribeli gurluşyk inženeri M.Hugowiçiň garamagyna berilipdir. Bu demir ýoluň taslamalary we kartalary eýýäm taýýar edilipdir we 1880-nji ýylyň oktýabr aýy tamam ediler diýen tama bolupdyr.

**Gökdepe gyrgynçylygy.** Türkmenistany basyp almak meselesi Sankt-Peterburgda çözülen bolsa-da şol ekspedisiýa üçin üpjünçilik harajatlary Kawkazda toplanypdy we 1880-nji ýylyň ýanwar aýyna çenli olaryň hemmesi taýýar edilip goýulypdyr. 1880-nji ýylyň 13-nji aprelinde general Skobelew öz ştab ofiserleri bilen taýýarlyklaryny gutarnykly jemlemek üçin Kawkaza gidipdir. Ol Kawkaza gelip görse, zerur bolan harajatlaryň hemmesi toplanypdyr we taýýar edilip goýulupdyr. Derrew ol şol zatlaryň Trans-Kaspi (Zakaspi) ülkesine ýüklenip iberilmegi barada buýruk beripdir. Skobelew öz ştabynda birnäçe üýtgeşikler edipdir, geljekgi «Türkmenistandaky uruş» diýen kitabyň awtory polkownik N.I.Grodekowy ştabyň naçalnigi edip we general Petrusewiç harby işler barada özüne kömekçi edip belläpdir. Grodekowyň ýazmagyna görä, Skobelew haýal etmän öz planlaryny amala aşyrmaga girişipdir. Krasnowodskide Çekişlerde, Çatda we Düzolumda azyk we ulag serişdelerini köp mukdarda jemläp bolandan soň, Skobelew Gyzylarbady we Bamyny almak üçin polkownik Grodekowy, ýagny özüni iberipdir. Gyzylarbat bilen Bamynyň aralygy Ahalyň derwezesi hasap edilipdir we olar Gökdepeden 80 mil çemesi uzak bolupdyr. Tomsonyň habar bermegine görä, öňdebaryjy otrýad öz taýýarlyklaryny jemländen soň, Skobelew tekelere şu aşakdaky hat bilen adam iberipdir: «Hökmürowan ak patşanyň emri bilen men şu çöldäki goşunlaryň komandiri we ilatyň hem Häkimdary edilip bellenildim. Ak patşanyň emri bilen siz onuň köp millionly musulman raýatlarynyň hataryna goşulýarysyňyz we parahatçylykly zähmete, söwda hem-de sabyr kanagatly işe ýüz öwürmelisiňiz, şeýdip bolelinlikde

ýaşamalysyňyz. Biziň üstümize çozujylar bada-bad ýok ediljekdir we meniň hökmürowanymyň erkine garşy çykýanlar gazaply jezalandyryljakdyr, Tükeniksiz Merhemetli Hökmürowanymyzyň wekil edip bellenmek bilen, men kimde-kim parasatlylyk edip, bize gol ýapsa, şoňa hoşniýetlilik bilen garajakdyryn we olara Kuranyň keramatly sözleriniň manysyndan ugur alyp, Russiýa häkimiýetine raýat bolmagy we şonluk bilen özlerini, öz maşgalalaryny hem-de öz emläklerini weýrançylykdan halas etmegi maslahat berýärin».

Türkmenler bilen Russiýa baýdagynyň mertebesine-namysyna zeper ýetirjek her bir hili ylalaşygy baglaşmaga Ak patşa öz goşunlaryna rugsat berjek däldir diýip, Skobelew türkmenlere habar beripdir. Eger gepleşik geçiriläýende-de, şol gepleşikleriň esasynda, onuň pikiriçe, şeýle bir meseleler bolmalymyşyn, ýagny ol gepleşikler ýewropalylaryň we bütin musulman dünýäsiniň aňyndan ruslaryň 1879-njy ýylda ýeňilendigi hakyndaky pikir-düşünjeleri pozup aýyrmalymyşyn; Türkmenistanyň ähli baýlyklary-emläkleri Russiýanyň öz serhetlerini goramak zerurýetligine gönükdirilmelimişin hem-de Kaspiden Samarkanda çenli bolan aralygy Russiýanyň täsir zolagy hökmünde kesgitlemelimişin. Grodekowyň eserinde getirilmegine görä, türkmenleriň ruslar bilen ýaraşyk etmegi üçin şu aşakdaky şertler öňe sürülipdir:

1. Ýarym million manat paç tölemeli edilipdir
2. Iň atly-abraýly maşgalalardan ençeme oglanlary girew bermeli edilipdir. Olaryň Russiýada okadylmagy üçin harçlanjak puluň öwezi wagtal-wagtal takyk doldurylyp durmaly edilipdir.
3. Russiýanyň Gyzylarbady, Arçmany, Gökdepäni, Aşgabady we beýleki birentek punktlary wagtlaýynça eýeläp, olarda goşun saklanmagyna türkmenler razy bolmaly edilipdir.
4. Ahalteke welaýaty Russiýa imperatorynyň raýatyna geçmeli we Russiýa imperatory öz işlän düzgüni boýunça ol welaýata häkimdarlyk etmeli edilipdir.

5. Ähli taryhy dokumentler, köne golýazmalar we kitaplar rus häkimiýetiniň eline geçmeli edilipdir.
6. Welaýatyň beýleki etraplaryny hem eýelemek üçin goşunlarynyň öz üstlerinden erkin geçmegini kepillendirmeli we olary düýeler hem-de azyk-sülsatlar bilen üpjün etmeli edilipdir.
7. Türkmenleriň baştutanlarynyň ençesini girew hökmünde göz tussagy edip saklamaly edilipdir.

Bu hatyň manysyndan görnüşi ýaly, Skobelew türkmelere söweşmekden başga hiç bir hili ýol goýmak islemändir. Şonuň üçin-de türkmenler Skobelewiň hatyna jogap hem bermändirler.

Täze türkmen baştutanlary ruslaryň hereketine örän huşgärlik bilen gözegçilik edýärdiler. Bu babatda Tomsonyň aýtmagyna görä, Skobelewiň Bama tarap çalt hereket edip başlandygyny bilensoňlar türkmen baştutanlary haýal etmän Dykma Serdaryň ýolbaşçylygynda türkmen atly goşunlarynyň bir bölegini, Skobelewiň yzyndaky ýoluny urmak üçin gönderipdirler. Iýun aýynyň başynda Dykma Serdar rus goşunlarynyň hereketlerini eserdeňlik bilen yzarlapdyr we Çat bilen Ýaglyölümiň arasynda ruslaryň harby kerweniniň üstüne çozupdyrlar we uzaga çekmedik gazaply çaknyşykdan soň Dykma Serdar agyr ýükli iki sany furgony we birnäçe ýükli düýeleri gola salypdyr hem-de ruslaryň telegraf simini gyrypdyr.

2-nji iýulda Skobelew kiçi hem bolsa, örän gujurly we ýeterlik derejede ýaraglanan otrýad bilen Gökdepäniň üstüne ugrapdyr. Şonuň bilen bir wagtda Skobelew, ýerli ýagdaýlary bilmek üçin, tükeniksiz razwedka çozuşlaryny geçiripdir, hut Gökdepä çenli ähli türkmen obalaryny tozdurypdyr, olara hojalyk işleri bilen meşgul bolmaga (ekin ekmäge, hasyl ýygnamaga, mal bakmaga we ş.m.) mümkinçilik bermändir. Russiýanyň Eýrandaky wekilinden we serhet ýakasyndaky häkimiýetlerden Goçontdaky hem Büjnürtdäki Horasan kürtleriniň Ahal tekeleriniň garşysyna çozuşlar gurap

durmagyny haýyş edipdir. Grodekowyň aýtmagyna görä, 12-nji iýulda otrýad Ýegenbatyr obasyna baryp ýetipdir, bu bolsa Gökdepäniň sekiz mile golaýynda bolupdyr. Skobelew hiç wagt beýle çalt, garşylyksyz öňe süýşüp bilerin öýtmändir. Ol Gökdepä gaty ýakyn baransoň türkmenlere göz görkezmek isläpdir. Ruslar Gökdepä tarap hereket edip başlanlarynda Dykma Serdar paýhaslyk bilen hereket edip 400 atlyny depeleriň aňyrsynda bukuda taýýar edip goýupdyr. Emma welin, onuň hereketini ruslar aňypdyrlar we derrew öz batareýalaryny işledip, olary top okuna tutupdyrlar. Dykma Serdar öz adamlaryny top okunyň ýetäýjek zolagyndan çykarmaly bolupdyr. Öz atly goşunlarynyň bir ýana çekilişini gören Magtymguly han derrew süýşüp gelýän ruslara garşy öz pyýada goşun toparlaryny iberipdir, emma olar hem ruslaryň toplary tarapyndan yza çekilmäge mejbur edilipdir. Tomsonyň aýtmagyna görä, türkmenler basym özlerine gelipdirler we şol günüň öýläni ruslaryň üstüne duýdansyz çozmak üçin taýýarlyk görüpdirler. Agşamara Dykma Serdar öz atly goşunyna baş bolup, Ýegenbatyr galasynyň üstüne ugrapdyr hem-de özüniň pyýýada goşunlaryna-da Gökdepeden çykyp, şol tarapa ýörelmegi buýrupdyr. Tekeleriň köp sanly goşuny Ýegenbatyryň etegine iýul aýynyň 12-ne irden baryp ýetirpdirler. Emma şondan öňe süýşmäge olar ikirjiňlenipdirler, ruslaryň lagerindäki dym-dyryslyk olary howatyrlandyrypdyr.

Awgust aýynyň aýagynda Dykma Serdar öz atlylarynyň güýçli toparyna baş bolup, Bamynyň ýanynda atly kazaklaryň üstüne çozupdyr. Bu söweşde Dykma Serdaryň eňegine naýza çümüp ýaralanypdyr. Bu habary eşiden badyna Skobelew öz ofiserlerine şeýle duýduryş beripdir: «Baştutany özüni garşydaşynyň naýzasynyň üstüne oklap bilýän duşmandan biçak seresap bolmaly we ähli komandirler bir zady berk bellemelidirler; biziň harby durmuşymyzyň her bir ýagdaýlarynda harby hüşgärligi berjaý etmelidirler hem-de üstlerini gapyl basdyrmaly däldiler».

Şol bir wagtyň özünde türkmen atlylarynyň ýene-de bir topary Bendesen geçelgesiniň ýanynda ruslaryň beýleki bir gorowçy goşun bölegini derbi-dagyn edip, duşmanyň bäş adamsyny öldüripdirler. Astrabat agentiniň Tomsona hatynda, türkmenler şeýle hem ruslaryň Gyzylarbatdan Mihaýlowska gidýän aragatnaşyk linýasyny kesipdirler. Türkmenleriň bu duýdansyz we üstünlikli çozuşlary general Skobelewi birbada howsala salypdyr. Goşunlaryň azyk bilen oňat üpjün edilendigine we umumy hüjüme oňat taýýardyklaryna garamazdan Skobelew hiç bir hili töwekgelçilige ýüz urasy gelmändir. Şonuň üçinde ol öz orunbasarlarynyň biriniň ýolbaşçylygynda kiçiräk otrýady Eýrana iberip we olara goşmaça azyk, mal satyn almaklygy tabşyrypdyr. Bu işleri oktýabr aýynyň ahyrlarynda gutarnykly jemlemek tabşyrylypdyr.

Şol bir wagtyň özünde Skobelew Gökdepäniň üstüne etjek esasy hüjümine taýarlyklaryny gutarypdyr.

Rus goşunlary umumy hüjüme geçip öňe süýşüp başlanlarynda, türkmenler 9-njy noýabrda Gökdepede ýörite maslahata ýygnanypdyrlar. Maslahatda Britaniýanyň Eýrandaky ilçisine kömek bermegi haýyş edýändikleri barada hat iberipdirler. Emma türkmenleriň bu ýüzlenmesine Britan häkimiýetleri jogap bermändirler.

Dekabr aýynyň 2-sinden 11-ne çenli Skobelewiň goşunlary öz bolýan ýerleriniň töweregine goranyş garymlaryny gazmak, türgenleşik işlerini geçirmek, partlaýjy jisimleri ulanmak arkaly hüjüm etmekligiň tärlerini özleşdirmek we Bamydan gelýän azyk gorlaryny goramak ýaly dürli işler bilen meşgul bolupdyrlar. Skobelewiň maglumatlaryna görä, dekabr aýynyň 11-de we 12-de bolsa ol Dykma Serdaryň adamlarynyň goranyş düzgünlerini takyk aýan etmek üçin Gökdepäniň töweregine ýene-de iki gezek aňtow işlerini geçiripdir, çüňki Dykma Serdaryň adamlarynyň rus

hüjümine gözsüz batyrlyk bilen garşy çykyp, özlerini goraýyşlary Skobelewde örän çuň täsir galdyrypdyr.

Galany goraýjylar esasan sowuk ýarag bilen ýaraglanypdyrlar. Olaryň bary-ýogy 4-5 müň tüpeňi bar eken hem-de Garrygala söweşinde (1858) olja alnan ýekeje mis topy bolupdyr. Şonuň üçin galany goraýjylar kömek sorap Mara, Demirgazyk türkmenlerine çapar iberýärler. Şeýlelikde dürli tire-taýpalardan bolan türkmen goşuny jemlenýär. Dekabr aýynyň 11-inde gije Gökdepe galasyny goraýjylara Marydan 2000 adam kömege gelýär.

1880-nji ýylyň dekabr aýynyň 15-ne polkownik A.N.Kuropatkiniň komandirligi astyndaky Türküstan polky Ýegenbatyr galasyna ýetip gelipdir.

Indi Skobelewiň gol astyndaky ýaragly güýçler gutarnykly suratda jemlenipdir diýseň boljakdy. Gökdepe galasyndan 12 wýorstlyk (1 wýort – 1,067 km.) Günbatarda ýerleşýän Ýegenbatyr galasyna çekilipdir. 1880-nji ýylyň dekabr aýynyň ortasyna çenli ol ýerde 38 rota, ýüz sany atly otrýad, eskadronlaryň 11-si, 72 top, 11 raketa stanogy, 5 müňe golaý naýzaly, iki müň gylyçly goşun, müň topçy jemlenipdir. Bamydan bärigem ýene 7 rota, 4 top gaýdypdyr. Jemi 30 müňe golaý dürli kalibrli snarýadlar, mortirallar üçin granatlar getirlipdir. 150 put däri, bir million bir ýüz kyrk müň ok, köp mukdarda azyk daşalypdyr» Skobelew 19-njy dekabrda gabaw niýetli hereket etmeler barada goşunlaryna görkezmeler berýär. Ol öz goşunlaryna türkmenleriň aýry-aýrylykda söweşlerde biçak batyrlyk görkezýändiklerinden ägä bolmagy duýdurypdyr. Skobelew 23-nji dekabrda daňdan galanyň günorta-gündogar çüňküniň garşysynda Gökdepäniň diwarlaryndan 700 ýard uzaklykda ilkinji esger saplaryny ornaşdyrmaklygy karar edipdir.

Birinji zolakda edilýän gazuw işlerinde türkmenleriň ünsüni sowmak üçin galanyň sag ganatynda Aşgabat ýoly tarapynda göz üçin güýçlerini görkezmekligi we türkmenleriň

iň bir ätiýaçly ýerine garşy, ýagny türkmenleriň yza çekiläýmegi ähtimal ugruna garşy hereket etmekligi karar edipdir. Bu güýçlere komandirlik etmekligi Petrusewiçe tabşyrlypdyr we bu güýçler atly goşunyň baş eskadronyndan hem-de otly-dag toplarynyň bir batareýasyndan ybarat bolupdyr. Mundan başga-da Skobelewiň ýatlamalaryna görä, rus goşunlary Gökdepe galasyna baryp ýetende, türkmenler olaryň üstüne gazaply ok ýagdyrypdyrlar. Petrusewiç atdan düşüpdir-de, öz soldatlarynyň öňüne geçip, galanyň derwezesiniň içine topulyp giripdir. Ruslaryň zabt edişini gören, Dykma Serdar duşmana garşy öz pyýada goşunlarynyň uly bir bölegini gönükdiripdir we rus goşunlaryny galanyň içinden çykarypdyr. Türkmenleriň köpçülikleýin atan ilkinji gülleleri general Petrusewiçiň we köp-köp atly kazaklaryň janyny jähenneme iberipdir. Rus soldatlary galanyň diwarynyň ýeňsesinde bukulyp, türkmenleriň çozuşlaryny tä goşmaça güýçler gelýänçä saklapdyrlar we şondan soň olar öz komandiriniň jesedini söweş meýdanyndan alyp çykypdyrlar. Skobelew, 26-njy dekabrda birinji gabaw zolagyndan ikinji gabaw zolagyna geçelge edilendigini we dekabr aýynyň 27-si – 28-i gije ruslaryň gabaw zolagynyň ikinjisini taýýar edendiklerini öz işinde ýazypdyr.

Iňlis çeşmeleriniň maglumatlaryna görä, türkmenleriň baştutanlary, aýratynda Dykma Serdar bilen Magtymguly han Ýaňgala elden gidenden soňra ruslar gös-göni zabt edişe geçerler diýip çaklapdyrlar. Şonuň üçinem ruslary şol öňküsi ýaly garşylyklaýyn zabt edip, ýeňmekçi bolupdyrlar. Şu nukdaý-nazardan Skobelewiň hilesine aldanypdyrlar. Türkmenler özleriniň geçmişdäki ähli tejribelerine uýuşlaryna görä, özlerini we öz ýurtlaryny halas etmek üçin ýekeje mümkinçilik bardygyny bilipdirler – bu-da bolsa duşmany ýakyndan garpyşyk söweşinde garşylamakçy bolupdyr. Ruslar gabaw zolaklary bilen galany gurşap başlanlarynda-da türkmenler nämäň-nämedigini bilip bilmändir, sebäbi Skobelew

türkmenleri yzygiderli çozuşlary we top okuna tutmagy bilen başagaýlykda saklapdyr. Emma türkmenler ruslaryň gijelerine emeli yşyklar bilen işläp, gabaw-gazuw işlerini alyp barýandyklaryny anyklapdyrlar. Şeýlede, ruslaryň gabaw işleriniň haýal hem bolsa, yzygiderli suratda özlerine ýakynlaşýandygyny görüpdirler. Şonuň üçin-de türkmenler her edip, hesip edip duşmanyň gabaw işlerini ýumurmaklygy karar edipdirler.

28-nji dekabr güni garaňky düşenden soň Skobelew gabaw işlerini dowam etdirmek üçin işçi soldatlaryň täze toparyny öňe ýollapdyr. Indi gabaw-gazuw işleri Gökdepe galasynyň düýbüne diýen ýaly ýetipdir. Skobelewiň ýazmagyna görä, agşam sagat 9-larda Dykma Serdaryň baştutanlygynda ägirt köp mukdardaky türkmen pyýada ýigitleri öz galasynyň daşky diwarlaryndan sessiz-ünsüz çykypdyrlar. Türkmenler birden rus goşunlarynyň polkownik Kuropatkiniň gol astyndaky sag ganatynyň üstünden «dagdan daş inen ýaly» duýdansyzlykda uly gykylyk bilen dökülipdirler. Rus goşunlary büs-bütin diýen ýaly gapyl galypdyrlar. Türkmenler olaryň sapýorlarynyň we işleýän adamlarynyň köpüsini gylyçlap parçalapdyrlar, galanlaryny bolsa kowalap, goranyşyň ikinji zolagyna tarap gaçyrypdyrlar. Türkmenler ruslaryň goragçy saplaryny hem bowsüp geçipdirler we garymlary saklaýan adamlary-da çykyp gaçmaga mejbur edipdirler. Şondan soň türkmenler garymlaryň çatlyşýan ýeriniň ýokarsyndaky birinji zolagyň içine dökülipdirlerde, dag toplarynyň batareýasynyň üstüne çozupdyrlar, batareýany goraýan topçularyň hemmesini gyran-jyran edipdirler we toplarynyň birini hem olja alyp gaýdypdyrlar.

29-njy dekabrda irden rus goşunlary Apşeron polkunyň baýdagynyň Gökdepäniň mukaddes galasynyň üstünde galgap durandygyny görüp, gaty hapa bolupdyrlar, türkmenleriň bolsa üçdantutma hemmesi muny görüp, begenipdirler. Öz hüjümleriniň üstünlikli bolany üçin türkmenleriň ruhy

göterilipdir, wagtlaýynça keýipleri örän kök bolupdyr. Rus goşunlaryň bolsa şol gijeki çeken ýitgilerinden ýaňa ruhy pes we göwünleri çökgün bolupdyr. Skobelew garşylyklaýyn zarba urmak arkaly öz adamlarynyň ahlak ýagdaýyny ýokary götermekçi bolupdyr. Skobelewiň ýazmagyna görä, bu wezipäni ýerine ýetirmek üçin saýlanyp alynan goşunlar Kuropatkiniň gol astyndaky ähli bölümlerden, sapýorlar rotasynyň ýarsyndan we deňizçiler otrýadyndan ybarat bolupdyr. Deňizçiler otrýady bolsa partlaýjy ýaraglar we granatlar bilen ýaraglanypdyr. Toplardan bir sagadyň dowamynda ot açylandan soň Kuropatkiniň gol astyndaky bölümler hüjüme geçipdir. Bu hüjüm türkmenleri agyr ýitgilere sezewar edipdir. Öz ýeňişlerinden soň ruslar yzyna - lagerlerine tarap topar-topar bolup şadyýan oýun edip baýdak pasyrdadyp gaýdypdyrlar.

Ertesi gije sagat 11-de türkmenler öz gezeklerinde garşylyklaýyn çozuş edipdirler, bu sapar olar ruslaryň gabaw-gazuw işlerini geçiriýän işçileriniň çep tarapyna çozupdyrlar. Duşman batalýonynyň uly bir rotasyny kül-peýkun edipdirler, onuň komandirini öldüripdirler, olardan bir dag topuny we birnäçe ýüz tüpeňini hem-de gaty köp mukdarda ok olja alypdyrlar.

31-nji dekabrda türkmenler ýene-de Baş maslahatyny çagyrypdyrlar, şonda 1881-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda ýene-de bir gezek uly çozuş etmegi karar edipdirler. Türkmenler ahyrky umytlaryny-da şol hüjüme baglapdyrlar. Söweşden soň türkmenleriň özleriniň ruslara aýdyşlaryna görä, şol söweşe meýletin gatnaşanlaryň sany 12 müň adam töweregi bolupdyr.

Bu söweş barada Skobelew şeýle ýazypdyr: «Ýanwaryň 16-synda irden türkmenler özleriniň iň soňky hüjümine geçdiler. Emma öz komandirlerinden alan görkezmlerine laýyklykda rus soldatlary türkmenleriň bu hüjümine taýýarlyk görüpdirler we olar eýýam öz garymlaryny penalap, garaşyp durdylar. Türkmenler ruslaryň garymlaryna ýakyn gelenlerinde

rus soldatlary olary tüpeňlerinden güýçli ot açyp garşyladylar. Türkmenler ähli ugurlarda yzlaryna serpikdirildi. Olar uly ýitgiler bilen öz galalaryna çekildiler we duşmanyň ýekeje top ýatagyny ýumuryp bildiler. Ruslar şol söweşde diňe bir ofiserini we 10 kiçi ofiserini hem-de soldatyny ýitirdiler, olaryň 3 ofiseri we kiçi ofiserdir soldatlaryndan hem 60 adam ýaralandy». Türkmenler indi duşmanyň iň soňky çozuşyna her bir pursatda başlamagynyň mümkindigine garaşýardylar.

Ýanwar aýynyň 6-dan 11-ne çenli ruslar ýeriň aşagyndan partlaýjy jisim guýmak üçin ötük-nagym gazmaklaryny dowam etdiripdirler. Skobelewiň ýazmagyna görä, Ýanwar aýynyň 11-ne ir bilen bu işlere ýolbaşçylyk edýän inžener oňa şu gijäniň içinde üç sany ötük-nagym işleri gurulyp gutarandygyny we olara 23,04 CWt (72 pud, ýa-da 1152 kg) mukdarynda däri guýup boljakdygyny habar beripdir. Bu habary alandan soň Skobelew Türkmenbaşy aýynyň 12-ne çozuş etmek barada derrew buýruk beripdir. Ol «duşman» galasynyň esasy berkitmegi günorta-gündogar burçundan zabt ediljekdigini aýdypdyr. Ol şonuň üçin üç kolonna bilen hüjüm berjaý etmegi buýrupdyr. Birinji kolonna polkownik Kuropatkiniň gol astynda bolup, ol «Beýik Knýaz», «Türküstan» we «Atyjy» diýip atlandyrylan berkitmelerden çykyp çozmalydy we uly partladyşyň açan gädiginden zabt etmeli bolupdyr. Ikinji kolonna polkownik Kozelkowyň gol astynda bolup, ol üçünji zolagyň garymlaryndan çykyp çozmaly bolupdyr we top oklary arkaly ýumurylan gädiklerden galanyň içini zabt etmeli bolupdyr. Üçünji kolonna polkownik Haýdarowyň gol astynda bolup, galanyň günbatar ganatyndan 450 ýard çemesi aralykda bolan «Suw degirmeni» obaçylygyny zabt etmek bilen türkmenleriň ünsüni sowmaly bolupdyr. Skobelewiň gös-göni buýrugy boýunça hereket edýän güýçler ikinji zolagy eýeläp, ýagdaý talap edende herekete girmäge taýýar bolup durmaly bolupdyrlar.

Ýanwar aýynyň 12-sine irden sagat 6-da ruslaryň ähli goşunlary (7.400 adam çemesi) eýýäm çozuşa ugramaly zolakda taýýar bolup durupdyrlar. Ir sagat 7-de polkownik Haýdarowa öňe topulmaly diýen buýruk berilipdir. Onuň kolonnasynyň iki tarapyndan hem pyýada soldatlar bilen goragly toplar «Suw degirmeni» obaçylygyna tarap ot açypdyrlar.

Ir sagat 11-de Skobelew därili haltalaryň galanyň arasyndaky ötük-nagymlarda üýşürip goýlandygy we olaryň sagat 11.20-de partladylyp bilinjekdigi baradaky maglumaty alypdyr. Skobelew derrew Kuropatkine ýasawul iberip, oňa öz goşunlaryny öňdäki garymlardan çykarmagy buýruk beripdir, çüňki partlaýyş wagtynda atylyp zyňyljak uly-uly daş we kesek bölekleriniň soldatlara degip olary maýyp etmegi mümkin bolupdyr. Skobelewiň ýatlamasyny dowam etsek, gös-göni sagat 11.20-de kesekdir tozan we tüsse sütüni Gökdepäniň gündogar ganatyndan gümmürdäp asmana galypdyr. Däriler ýarylyp partlapdyr we şonuň netijesinde ini 140 fut (1 fut = 30,48 sm) bolan uly geçelge gädik emele gelipdir. Garaşylmadyk partlaýyşyň türkmenlere eden täsiri şeýlebir eýmenç bolupdyr, ýagny olaryň soň ruslara aýtmagyna görä, galadakylar büs-bütin saňsar ýaly bolup galypdyrlar we hiç bir adam näme-nämeleriň bolandygyny düşünip bilmändirler. Köp adamlar ýer titirändir öýdüpdirler. Şeýle ýagdaýda-da türkmenler ejizlik etmändirler, gahrymançylyk bilen goranmaklaryny bütin gün dowam etdiripdirler. Emma güýçleri deň däldi.

Galanyň ilatynyň 45 müň töweregi bolandygy, uruşmaga ukyply adamlaryň 20 – 25 müň adam bolandygy, urşa hatda 14 – 15 ýaşly çagalaryňam gatnaşandygy başga-da köp çeşmelerde agzalýar.

Galanyň içine ýygnanan ilatyň we öýleriň sany barada rus harby işgärleri dürli döwürlere degişli dürlüçe maglumatlary getirýärler. Grodekow bir ýerde: „Galanyň içi

öýlerden doludy, olaryň sany 13.000-e ýetýärdi; öýleriň arasynda demirgazykdan günorta tarap giň ýol goýlupdyr“ diýip ýazýar. Başga bir ýerde galadaky öýleriň , çatmalaryň sanynyň 15.000-e golaýdygyny aýdýar. Ýene bir ýerde galadaky ilatyň 14.000 öýlüdigini ýazýar. Her öý başyna 5 adamdan hasap edip, galadaky ilatyň sanyny aýallardyr çagalar bilen bilelikde 70.000 hasaplaýar. Ýöne ol gala göçüp gelýän maşgalalaryň sanynyň köpelýändigini, şonuň üçinem Diňlidepäniň ähli ilatynyň 100.000-denem geçjekdigini ýazýar. Marydan gelen adamlar bilen bilelikde ýarag götermäge ukyply adamlaryň sanyny bolsa 25-30 müňe ýetýär. Başga bir ýerde bolsa galadaky erkek adamlaryň sanyny 12 müň hasaplaýar.

Gökdepe galasyndaky tekeleriň sany hem ýaraglanyşy barada Grodekow şeýle ýazýar: „Gökdepedäki goraýjylaryň sany 30.000-e çenlidi, olardan atly goşun 10.000-e çenlidi, galada ýaşaýan ähli ilatyň sany bolsa 45.000-e ýetýärdi. Goraýjylaryň 5.000-e golaý tüpeňi bardy, olardan 600-si tiz atýan tüpeňdi, 6 funt kalibrli bir mis top we iki sany stanok ly çoýun zemburek bardy. Sowuk ýarag, gylyç hem naýza goraýjylaryň hemmesinde bardy“.

Spolatbog Gökdepä 25 müň maşgalanyň ýygnanandygyny, marylylary, çarwalary, alilileri hasap etseň, galada 35 – 40 müň adamyň bolandygyny ýazýar.

Gala synandan soň guma gaçyp barýan 10 wýorsta çenli , atly goşun bolsa 15 wýorsta çenli kowalap gidipdir. Bosgunlaryň giden ýoly çaga – aýal – erkek jesetlerinden doly dolupdyr. Kowguçylar mazalay garaňky düşüp göz baglanandan soň yzlaryna dolanypdyrlar. Gökdepe galasaynda gaty köp pida çekilipdir. Türkmenler 1880 – nji ýylyň dekabr aýynyň 23-ne 1881-nji ýylyň ýanwar aýynyň 12-i aralygynda 7 müňe golaý, gala alnan güni bolsa, 6 müňe golaý adamy ýitiripdirler. Olaryň arasynda Kerimberdi işan, Orazmämmet han, Dykma serdaryň ogly Hakberdi han we başgalar bar ekeni. Bosgunlaryň yzyndan kowlanda bolsa olaryň 8 müňe

golaýynyň gyrlandygy, 1881- nji ýylyň 21-nji fewralynda Kawkaz goşunlarynyň Baş komanduýşşisine iberen maglumatrynda Skobelew hut öz eli bilen ýazypdyr.

Galanyň synan günüň ertesi Skobelew dört günüň dowamynda talaňa ygtyýar berýär. Esgerler, serkerdeler galadan örän köp mukdarda gelin-gyzlaryň dürdäne elinden çykan nepis halylaryny, aýallaryň we çagalaryň şaý-seplerini, geýim-gejimlerini we beýleki zatlaryny alypdyrlar.

Gökdepe söweşinde türkmenler bilen bir hatarda patyşa Russiýasy tarapyndan mejbur edilip, öz isleg-umydynyň, erkiniň garşysyna sürlen rus esgerleriň hem birnäçesi heläk boldy. Sebäbi bu pajygaly waka rus ýa-da türkmen halkynyň günäsi bilen bolmandy, ol şol döwrüň syýasy düzgni we onuň başynda duran hökümdarlaryň erki bilen bolupdy.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Gökdepe urşuny türkmenleriň Watançylyk urşy diýip yglan etdi. Şol uruşda ata Watany gorap wepat bolanlara bolsa „Watançylyk urşunyň Milli gahrymanlary“ diýip at berildi.

Her näçe ýitgi, pidalar çekilse-de, ýowuz duşmanyň zarbasynyň garşysyna türkmenler mertlerçe durup, ene topragyň her daban ýeri üçin, özbaşdaklyk ugrunda göreşip janyny orta goýdular. Bu gün olaryň umytlary, gyrmyzy gan döken Gökdepe topragy mukaddes boldy, külli türkmen merhumlaryň hatyrasyny tutýar, olaryň baky ruhunyň öňünde baş egýär.

## 14. Marynyň, Murgap sebtiniň Russiýa birikdirilmegi.

**Russiýa hökümetiniň Ahaldan soň türkmenler baradaky syýasaty.** Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamasynda: “Umuman, türkmen halky ýaly sansyz urşy başdan geçiren başga halk ýokdyr, men muňa gaty ynanýaryn! Ylahym, indi

hiç mahal uruş bolmasyn!” diýip belleýär. Şeýle hem Saparmyrat Türkmenbaşynyñ ikinji Mukaddes Ruhnama kitabynda: Biziñ ata-babalarynyz köp işleriñ başyny geñeş bilen tutupdyr. Şol geñeşlerde ýa bir adamyñ , ýa-da tutuş iliñ ykbaly çözülipdir. Geñeşe , esasan , iliñ ýaşululary , han-begleri ýolbaşçylyk edipdir. Olar meseläni orta atyp, iliñ pikirini jemläpdir. Kä halat geñeşilýän mesele hakynda iki pikir ýüze çyksa, haýsy tarapyñ sesi köplük bolsa , şolaryñ gepi sana geçipdir.

Patyşa hökümeti Mary oazisine uly ähmiýet beripdir. Patyşa generallara we diplomatlara Gökdepä edilen ýöriş “Mary hakyndaky meseläni gutarnykly çözmek üçin ” “ Birinji we esasy” ädim bolmalydyr diýip hasap edip, baryp Ahal-Teke oazisini basyp almazdan öñ Mary oazisini eýelemegi göz öñünde tutupdyrlar. Şunda olaryñ birentegi türkmenler hut Maryda rus goşunlaryna iñ köp garşylyk görkezerler diýip çak edipdir. Hatda parahatçylykly ýol bilen hereket etmek mümkin bolan halatlarda-da ýarag güýjüni ulanmaga jan çeken general Skobelew we patyşanyñ başga käbir goşunbaşlary Maryny Ruusiýa imperiýasyna parahatçylykly ýol bilen birikdirmek duýbünden mümkin däl diýip hasap edipdirler.

Türküstan general-gubernatory Çernýaýew hem Maryny parahatçylykly ýol bilen birikdirmek mümkin däldir diýen pikirde bolupdyr. Marydaky ýagdaý çylşyrymly bolupdyr. Türkmen han –begleriniñ arasynda ruslara umyt baglan ep-esli we güýçli toparlanyşyk bilen bir hatarda Russiýa birikmeklige garşy bolýanlar-da çykyş edipdirler. Hususan-da , kä bir feodallar Eýran şasynyñ häkimiteni ykrar etmäge tarapdar bolupdyrlar. Başgalary Hywanyñ gowşak hanynyñ az –owlak zatlara borçly edýän raýatlygynyñ tarapyny çalypdyrlar, üçünjileri bolsa iñlisleriñ ýa-da owganlaryñ kömegine umyt baglapdyrlar. Iñlis-rus garşylyklary mynasybetli Mary hakyndaky mesele halkara ähmiýetine eýe bolup, birentek

ýurtlarda diplomatiýanyñ we metbugatyñ ünsüni özüne çekipdir.

Patyşa hökümeti daşary syýasat ýagdaýyny çynlakaý nazara almaga mejbur bolupdyr we Hywa hany tarapyndan iberilen hökümdary Maryda oturdyp, Mary oazisiniñ üstünden özüniñ agalygygny perdelenen formada berkarar etmäge synanşypdyr. Mary tekeleriniñ kä bir tireleriniñ wekilleri Hywa gidipdirler we "Hywa hany tarapyndan bellenen dolandyryjynyñ üsti bilen Rus hökümetine tabyn bolmaga taýýardyklaryny bildiripdirler" . Türküstan general-gubernatoryndan rugsat alyp, Hywa hany Mara özüniñ dikmesi Ỳusup begi iberipdir. Ỳusup beg 1882-nji ýylyñ tomsunyñ başlarynda Mara gelipdir. Salgytlar ýygnamak bilen ilatyñ närazylygyny döredipdir we tiz wagtdan soñ tarpa-taýyn ölüpdir. Ỳusup begiñ ornuna gelen Babajan bege Mary tekeleriniñ köp bölegi tabyn bolmak islemändir. Hywa dikmesi tä oazis Russiýa birikdirilene çenli Maryda bolupdyr, emma onuñ hakykat ýuzünde ygtyýary bolmandyr. Patyşa häkimiýetleri şu synanyşykda şowsuzlyga sezewar bolup, Mary oazisini tabyn etmek maksady bilen Aşgabat tarapdan ondan buýanky syýasy we harby häsiýetdäki çärelere taýýarlyk işini geçiripdirler.

1883-nji ýylyñ aýaklarynda Marydaky ýagdaý hakynda, hususan-da oazisiñ ilatynyñ öz üstlerine Eýran goşunlarynyñ ýöriş etmeginden gorkýandygy hakynda dürli maglumatlar Aşgabada gelip başlapdyr. Aşgabatdan polkownik Muratowyñ baştutanlygynda onçakly uly bolmadyk ýaragly otrýad şol ýerik iberilipdir. Şol otrýadyñ öñünde goýlan gos-göni wezipe Mary oazsindäki ýagdaýy añlaşdyrmakdan ybarat bolara çemeli, şunuñ bilen birlikde gepleşikler arkaly ilaty rus raýatlygyny parahatçylyk ýol bilen kabul etmäge yrmak hem tabşyrylypdyr.

Polkownik Muratow öz otrýady bilen Garrybende baryp, patyşa goşunynyñ Kawkaz daglaryndan bolan ofiseri – Alyhanowy Mary şäherine iberipdir. Alyhanowa we

Magtymguly hana marylylaryñ pikir-hyýalyna göz ýetirmek we "olar barada bolşuna görä hereket etmek" "tabşyrylypdyr".

**Mary geñeşi we onuñ taryhy netijesi.** Biziñ halkymyzyñ öz-özüni dolandyryş düzgüninden geñeş , maslahat esasy orny tutýar. Bu soñky ýüzýyllaýklaryñ döreden däbi däldir. Masahat geçirmek , il-halk bilen geñeş edip, mesele çözmek Oguz han atamyzdan gözbaş alýar.

Türkmenistany Russiýanyñ basyp almagyndan öñki türkmençilik zamanynda syýasy ýagdaýlaryñ çylşyrymly bolmagy zerarly, umumy taýpa maslahatlary ýygy-ýygydan geçirilipdir. Şonda ilatyñ ähli agzalaryna degişli möhüm harby - hojalyk meseleleri , uruş yglan etmek, ylalaşyk gazanmak, şertnama baglaşmak, täze ýere-ýurda göçmek, suwaryş desgalaryny, ýaplary gazmak , arassalamak, bent gurmak we olara gözegçilik etmek , ilaty , ekinleri, mallary duşmandan goramak , gala salmak, ýeri-suwy tireler arasynda paýlamak ýaly meseleler ara alynyp maslahatlaşylypdyr hem-de belli karara gelinipdir.

Eýsem , türkmen bäş müñ ýyllyk taryhda ýetmişden gowrak döwleti nähili gurupdyr? Olary nähili saklapdyr? Sekiz asyrlylyk döwletsizlik döwründe ýurduny nähili gorapdyr?

Elbetde, munuñ aslynda türkmeniñ gahrymaçylykly ruhy – halkymyzyñ edermenlik, mertlik ýaly ajaýyp gylyk-häsiýetleriniñ jemi ýatandyr. Türkmenler özüniñ söweşjeñlik sypatlarynyñ aýdyñ mysallary bilen taryha giren halk. Döwletiñ wezipesini türkmençilik hem adat tutupdyr we halky agzybirlikde dolandyrypdyr.

Ahalyň nähili ýagdaýda Orsýet tarapyndan basylyp alnandygy mälimdir. Sebäbi Ahalyň Orsýet tarapyndan basylyp alnandygyny hiç bir awtor hem inkär etmeýär. Bu babatda XIX asyrda ýaşan orsyýetli, Günbatar Ýewropaly awtorlaryň hemmesi-de örän anyk ýazypdyrlar.

Orsýet tarapyndan Ahalyň basylyp alynmagy iş ýüzünde türkmen meselesini çözüpdir. Ondan soň Orsýede ýaragly

garşylyk görkezmekligiň türkmen halky üçin doly gyrgynçylyga deňligine türkmen hanlary, serdarlary we umuman jemagat ýolbaşçylary doly düşunipdirler. Çünki 10 ýyl çemesi wagtda üçünji gyrgynçylyk (Gazawatdyr Gökdepeden soň ) gaýtalanaýsa, onuň halky nämä eltjekdigi her bir akylly-başly adama bellidir. Diňe özüne bagly bolmadyk sebäplere görä 700 ýyl çemesi wagtlap dürli uruşlary, gergynçylyklary, köpçülikleýin göçe-göçlügi başdan geçiren halk muňa gaty gowy düşünýärdi.

Orsýet hem öz gezeginde Etekden-Pendä çenli bolan aralygy basyp almaklykda ilki diplomatiýa daýanypdy. Ol ýerleriň uruş-söweşsiz eýelenmegini isleýärdi. Ol wakanyň ýitileşmeginiň Angliýanyň türkmen meselesindäki täsiriniň güýçlenmegine getire öýdüp gorkýardy. Ýöne şol bir wagtyň özünde goşunyny kem-kemden Merwe tarap sürýärdi. 1883-nji ýylyň dekabr aýynda ors goşunlary Garrybentde (Tejende) jemlenipdir.

Merwiň ilaty üçin örän möhüm meseläniň, ýagny Orsýet bilen uruşmalymy ýa-da parahatçylykly ýoly saýlap almalymy diýen meseläniň gönüden-göni ýaşaýyş gün tertibinde goýlan halatynda ýerli hanlar ýeke-täk dogry pikire gelendikleri hakdyr. Bu meselede Güljemal hanyň taryhy rolunyň uludygyny inkär edip bolmaz. Şonuň bilen bir hatarda Merwiň ilatynyň Orsýete meýletin (has dogrusyny aýtsak uruşsyz) birikmekliginiň aňyrsynda ors imperiýasynyň güýçlidiginiň ýatanlygyny, şonuň üçin hem ýerli hanlary, serdarlary, aksakallary patyşa Russiýasyna raýat bolmak ýoluny saýlap almaga mejbur edenligine göz etirmelidiris.

Merwden soň patyşa Russiýasyna raýatlygyna uruşsyz Tejen, Saragt, Pendidir – Ýolöten etraplary-da geçipdir.

**Marynyň patyşa Russiýasynyñ düzimine birikdirilmegi.** Gökdepe galasy synandan soň, Mary oazisindäki ýagdaý çylşyrymlaşypdyr. Sebäbi rus goşunlary ýuwaş-ýuwaşdan süýşip gelýärdiler. Patyşa hökümeti Mary

oazisine uly ähmiýet beripdir. Entäk Gökdepä edilen ýörişler wagtynda onuň generallary we diplomatlary Maryny eýelemegiň aladasyny edipdir. Marynyň ilaty emele gelen ýagdaýdan çykmagyň dürli ýollaryny ölçerip döküpdir. Ahyry bu meselede iki topar emele gelýär. Birinji topar ruslara uruşman, parahatçylykly ýol bilen birikmegiň tarapdary bolup çykyş eden bolsa, ikinji topar ýurdy goramak üçin patyşa goşunlary bilen uruşmagy ündäpdir.

Ondan başga-da Mary oazisi bilen baglanşykly 1881-1883-nji ýyllarda iňlis-rus bäsleşigi üzül-kesil ýitileşipdir. Iňlisleriň we beýleki goňşy döwletleriň agentleri – jansyzlary türkmenleri ruslara garşy öjükdirmäge çalyşypdyrlar. Şeýle hem olara kömek bermäge wada beripdirler. Şeýlelik bilen olaryň özleri agalyk sürjek bolupdyrlar. Ýöne türkmenler olara kän bir gulak asmandyrlar. Sebäbi olar iňlislere-de, parslara-da ynam etmändirler.

Mary etraplarynyň ilatyny patyşa Russiýasyna birikdirmek üçin patyşa hökümeti dürli hilegärliklere ýüz urupdyrlar we köp çäreler geçiripdirler. Ilki bilen ol ilatyň arasynda täsiri uly adamlara sylag, sowgat , çin bermek arkaly olary öz tarapyna çekipdir. Rus çinownikleri tarapyndan 1882-nji ýylyň başynda Aşgabatdan Mara dürli harytlar ýüklenen söwda kerweni guralýar.Munuň özi ruslar bilen Mary ilattnyň arasynda söwda-satyk işleriniň güýçlenmegine täsir edýär. Ruslar Etegi, Duşagy, Mänäni, Çäçäni özlerine birikdirýärler we kem-kemden gündogara süýşýärler. 1883-nji ýylyň ahyrynda patyşa goşunlarynyň kiçiräk ýygyndy otrýady Tejeni eýeleýär we Mara golaý barýar. Şol ýerden rus goşunlarynyň komandowaniýesi asly kawkazly musulman, türkçe gepläp bilýän, patyşa goşunlarynyň ştabs-kapitany M.Alihanow-Awarskini Mara iberýär. Ol Mara baryp, onuň ýagdaýyny öwrenýär.

1884-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda Geňeş çagyrylýar. Ilki Alihanow söz sözleýär. Ol Mary ilatynyň parahatçylykly ýol

bilen Russiýanyň raýatlygyna geçmegini ündäpdir. Sözüniň ahyrynda eger ilat onuň beren maslahatyny kabul etmese, onda olary rus goşunynyň zor bilen boýun egdirjekdigini aýdypdyr.

Ep-esli wagt dowam eden çekeleşikden, geňeş ahyrsoňy Mary türkmenleriniň patyşa Russiýasynyň raýatlygyna geçmäge razydyklary barada karar kabul edipdir. Emele gelen taryhy ýagdaýda dogry düşünen geňeşiň agzalary ilaty gyrgyna bermejek bolup, mejbury suratda şeýle karara gelipdirler.

Şeýlelik bilen Türkmenistanyň mes toprakly Merw oazisi patyşa Russiýasyna parahatçylykly ýol bilen mejbury ýagdaýda birleşdirilipdir.

Bu prosses Mary ilatynyň tutuşlygyna hammesiniň islegine görä amala aşyrylmandyr. Işan-mollalar, Gajar han we ilatyň käbir topary patyşa Russiýasyna tabyn bolmaga garşy bolupdyrlar.

Russiýanyñ raýatlygyna kabul edilmegi tutuşlygyna, ahyryna çenli halkyñ öz islegine görä bolmandy. Alyhanowyñ ultimatum äheñli sözünden soñ , emele gelen ýagdaýa dogry düşünen ilat Russiýanyñ raýatlygyny mejburu suratda kabul etmeli bolupdy. M.H. Tihomirow hem "Bu erkin isleg bidirilmeginiñ zorluk salynmagy arkaly geçirilendigini " belleýär. Ol hiç ýerde Mary oazisiniñ Russiýa meýletin girendigi hakda ýazanok. Diñe onuñ Russiýa parahatçylykly birikdirilmeginiñ nähili şertlerde geçendigi barada ýazýar. Şonuñ üçinem Marynyñ Russiýanyñ düzümine mejbury parahatçylykly birikdirilmegi hökmünde häsiýetlendirsek has dogry bolardy.

General Kamorow bir bölek otrýad bilen 22-nji fewralynda Aşgabatdan Mara ugrapdyr. Onuň otrýadyny Gajar han 4 müň meýletinçi otrýady bilen 29-njy fewralda Marynyň eteginde ok bilen garşylaýar. Emma bu harby çaknyşykda Gajar hanyň otrýady ýeňilipdir. Soňra rus otrýady Maryda ymykly ornaşypdyr. Günorta Türkmrnistanyň Ýolöten, Pendi we Saragt ýaly etraplarynyň hem ilaty Russiýanyň raýatlygyna kabul

edilmegini sorap ýüz tutupdyrlar. Netijede olar hem 1884-nji ýylyň ýaz-tomus aýlarynda uruşsyz parahatçylykly ýol bilen patyşa Russiýasynyň golastyna düşüpdir.

Mary oazisiniň parahatçylykly ýol bilen patyşa Russiýasyna birikdirilmeginde Güljemal han uly rol oýnapdyr.

Ahalyñ hem Mary tekeleriniñ hany bolan Nurberdi hanyñ ikinji aýaly Güljemal han, takmynan, 1836-njy ýylda Tejende doglup, 1925-nji ýylda hem Maryda aradan çykypdyr. Nurberdi han aradan çykandan soñ, Mary türkmenleriniñ arasynda onuñ täsiri öñküden-de güýçlenýär. Ol ozalky türkmen hanlarynyñ köpsünden tapawutlylykda, Russiýa söweşsiz birikmegiñ tarapdary bolupdyr. Bu meselede Gökdepe galasynyñ syndyralmagynyñ hem aýgytly täsir eden bolmagy mümkin. Güljemal han 1891-nji ýýlyñ ýaz aýlarynda Rus administrasiýasynyñ Aşgabatdaky wekili bilen hat alyşyp başlaýar. Ol Mary türkmenleriniñ Russiýa birikdirilmegi barada 1884-nji ýylyñ 7-nji ýanwarynda ýörite çagyrylan maslahaty-geñeşi taýýarlamaga we ony geçirmäge gatnaşäýr. Şeýle hem ol Mary etraplarynyñ Russiýa "Meýletin" goşulmagy babatda tagalla baryny edipdir. Emma munuñ özi hakyky meýletinlik däldi-de (hiç bir halk azatlygny, erkinligini öz islegi bilen meýletin başga bir halka bagyşlamaýar), örän agyr hem netijesiz gandöküşikligi öñüne almak üçin paýhaslylyk bilen tapylan ýeketäk çykalgady. Munuñ şeýle boljakdygyna şol wagtky halkyñ öñe çykaran adamlary Gökdepe syndyrylandan soñ açyk göz ýetirdiler. 1884-nji ýylda Maryda bolan "geñeşiñ" netijesi hem 1881-nji ýylyñ 12-nji ýanwarynda Gökdepede çözülipdi" Şeýlelikde patyşa goşunlary Maryny kän bir pida çekmezden basyp alýar. Şuny nazarda tutup, Patyşa hökümeti Güljemal hana hem-de onuñ ýakyn garyndaşlaryna gymmat bahaly sylaglar berýär. Ömürlik pensiýa belleýär. Onuñ ogly Ỳusup hana bolsa milisiýanyñ kapitany diýen harby at berilýär. Munuñ özi patyşa hökümetiniñ türkmen han-beglerini öz

tarapyna çekmäge we olary hemişe öz gysymynda saklamaga gönükdirilen syýasatydy.

Güljemal han Nurberdi hanyň aýaly bolupdyr. Nurberdi han ýogalandan soň onuň abraýy Maryda has ýokary göterilipdir. Ol Gökdepe urşunuň netijesine anyk göz ýetirip, Mary oazisiniň patyşa Russiýasyna söweşsiz brikmeginiň tarapdary bolup hereket edipdir.

**1885-nji ýyldaky rus-owgan urşy we onuň netijesi.** Mary türkmenleriniň parahatçylyk ýol bilen mejbury suratda Russiýa birikdirilmegi köp meseleleriň öz-özünden çözülmegine ýardam etdi. Günorta Türkmenistanyň Ýöleten, Pendi we Sarahs ýaly etraplarynyň ilaty hem Russiýanyň raýtalygyna kabul edilmegini sorap ýüz tutupdyr. Bu meseläni çözmek üçin Ýöletene Magtymguly hany we inžener Lessary iberýärler.

Netijede, 1884-nji ýylyň ýaz aýlary Ýolöten – Pendi oazisleri Russiýa birikdirilýär. Bu bolsa iňlis-rus gatnaşyklaryny hasda ýitileşdirýär. 1885-nji ýylyň ýaz aýlarynda rus goşunlary bilen owgan goşunlaryň arasynda söweş bolýar. 10 müň owgan goşuny, 1 müň iňlis goşäuny general Lemsdeniň ýolbaşçylygynda Pendini we Guşgyny eýeleýär. Rus goşunynyň başynda polkownik Alihanow durupdyr. Soňra ruslar general Kamorowyň ýolbaşçylygynda uly goşun iberýär. Rus generally Komarow 1885-nji ýylyň ýanwar aýynda Alyhanowy ýanyna çagyryp oňa Pulhatyn köprüsini eýelemegi buýrupdyr. Onuň esasy maksady Pulhatyny eýelä owgan goşunlarynyň Murgao boýlaryndan yza çekilmegini gazanmakdy. Ol öz buýrugynda şol töwerekde iň gowşak ýeriň Daşköpidigini belläpdir. Daşköriniň ýanyndan owgan goşunlary yza çekiler ýaly edilmese, soň ol ýerlere erk etmek Russiýa üçin juda kyn boljakdygyny Alyhanowa berk duýdurypdyr.

Patyşa goşunlarynyñ günorta tarap ondan beýläk öñe süýşmegine päsgel bermek üçin iñlis hökümeti owgan emirini

Guşgy jülgesini basyp almaga gylawlandyrmagy ýüregine düwüpdir. 1885-nji ýylyñ ýazynda iñlisler rus we owgan goşunlarynyñ arasynda ýaragly çaknyşygy emele getirip bilipdirler. Owgan goşunlaryny ýarag bilen üpjün edip we Owganystana öz ofiserlerini iberip, iñlisler emiriñ Guşgy derýasynyñ jülgesine on müñ adamdan ybarat owgan otrýadyny sürmegini gazanypdyrlar, iñlis generaly Lemsdeniñ müñ adamdan ybarat bolan otrýady şol owgan otrýadyna işeññir kömek etmeli eken. Owganlar Guşgy we Pendi raýonlaryny eýeläp, hereketleri Daşköprä tarap ýaýbañlandyrmagy niýetlerine düwüpdiler. 1885-nji ýylyñ fewral aýynda patyşa komandowaniýesi şol daýanç punktyny eýelemek üçin owganlaryñ garşysyna polkownik Alyhanowyñ uly bolmadyk otrýadyny iberipdir. General Lemsden Alyhanowa hat iberip, eger ol Daşköprini eýeläýse, rusiýa bilen diplomatik gatnaşyklar kesiljekdir diýip hemle urupdyr. Emma welin şol haýwat patyşa goşunlarynyñ öñe süýşmegini duruzup bilmändir. Murgap jülgesine tarap iki kolonna : biri Samarkantdan, beýlekisi Aşgabatda iberilipdir. Şol kolonnalaryñ ikisi-de Nowruz aýynyñ 8-nde general Komarowyñ komandirligi astyndaky Murgap otrýadyna birigipdir. Şol otrýadyñ düzüminde alili kethudasy Seýtnazar ýüzbaşynyñ komandirligi astyndaky türkmen atlylary-da bolupdyr.

1885-nji ýylyñ 18-nji martynda Daşköpriniñ ýanynda rus we owgan otrýadlary arasynda aýgytlaýjy söweş bolupdyr. Owganlar batyrgaý söweşipdirler, emma ruslaryñ has güýçli artilleriýasynyñ we oñat harby täliminiñ öñünde ýan bermän durup bilmän, doly suratda ýeñilipdirler we ep-esli zyýan çekipdirler. Iñlis ofiserleri, şol sanda general Lemsden hem owganlary taşlap ilki gaçypdyrlar. Rus-owgan gatnaşyklarynyñ taryhynda ruslar bilen owganlaryñ arasynda bolan şu ýeke-täk harby çaknyşyk Russiýa bilen Owganystanyñ aragatnaşyklarynyñ ondan bu ýan çylşyrymlaşmalaryna

getirmändir. Britaniýa kolonizatorlaryny ýigrenýän owgan halky hakynda aýtmanyñda-da, Owganystanyn iñlisler tarapyndan konflikte öjükdirilen emiri Abdurahmanyñ özü-de asla Russiýa garşy urşmakçy bolmadyr. Iñlisleriñ kömek bereris diýip eden wadalaryna aldanan şol emir iñlis –rus gatnaşyklarynyñ galagoplugyndan peýdalanmagy umyt edipdir we birnäçe araçäk punktlaryny basyp alamaga meýilli bolupdyr. Emma Pendi oazisini we Guşgy jülgesini Russiýada bölüp aýyrmak synanyşygy şowsuzlyga sezewar bolupdyr. Türkmenistanyñ Russiýa imperiýasyna birikdirilmegi şunuñ bilen tamamlanypdyr. Munuñ özi 1886-njy ýylda "Owgan araçägi" boýunça baglaşylan şertnamada ýuridiki taýdan resmileşdirilipdir. Ondan birneme soñrak, 1887-nji ýylda Zakaspi oblasty bilen Owganistanyñ arasynda gutarnykly serhet bellenipdir, ol serhet şu güne çenli hem Türkmenistanyñ döwlet serhedi bolup durýar.

## 15. Türkmenistanyň patyşa Russiýasy tarapyndan basylyp alynmagynyň taryhy netijeleri.

**Türkmenistanyň administratiw—territorial gurluşy.** Türkmen ruhunyñ dördünji eýýamynda Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparnyrat Turkmenbaşynyñ Mukaddes Ruhnamasynda belleýşi ýaly: " Milletiñ ruhy sypatynda taryhy döredijilik alamatlary ýiteñkirledi. Taryhy ýadawlykdan egwarlan türkmen özüni millet hökmündäki aýratynlyklaryny saklap galmagyñ gamyny iýdi. Sansyz hem çylşyrymly taryhy gaýtgynlar- daşgynlar sebäpli synasy bölek-bölek bölünen tire –taýpalara baş bolan halkyñ iñ wepaly ogullary milletiñ ruhunda bitewilik sypatynyñ ýitip gitmezliginiñ aladasyny etdiler. Türkmene taryhy tejribäniñ paýhas eleginden geçirmek üçin, indiki galkynyşyñ gözýetimlerini kesgitlemek üçin pursat hem asuda durmuş gerekdi" diýip belleýär. Şýle hem Mukaddes

Ruhnamada “Döwletsizlik, bölek-büçeklik hatda taryhy hakydanyñ bir az kütelşmegine sebäp boldy. Gündogaryñ özge ýurtlaryna düşen kowumdaşlar bilen aragatnaşyklar selçñleşdi.

XX asyr bolsa has hem agyr geldi taryhda hiç mahal özge döwletiñ ýüküni çekmedik türkmen başga döwletiñ elgaramalygynda galdy” diýip belleýär.

Şeýlelik bilen Türkmenistanyň hemme ýeri patyşa Russiýasynyň gol astyna geçýär.Türkmenistanyň Russiýanyň gol astynda bolmagy, bilşimiz ýaly, türkmen ýerleriniň dürli ýerlerinde birmeňzeş bolmandyr. Hywa hanlygyň, Buhara emirligiň eýelik edýän ýerleriniň düzümine giren raýonlarda ýaşan türkmenler Orta Aziýa hanlyklary basylyp alnandan soň şol hökümdarlaryň raýatlary bolup galdylar.

Türkmen ýerlerini rus goşunlary, rus ýaragynyň güýji bilen basyp alyndy. Käbir ýerler söweşsiz boýun bolupdy. Emma bu ýagdaýlar ol türkmen ýerleriniň parahatçylykly birikmesi däldi. Türkmenler gan dökülmegiň tarapdary däldiler, pidanyň köp bolmagynyň öňüni alypdylar.

Patyşa Russiýasy Türkmenistany öz koloniýasyna öwürdi.

Türkmenistanyň administratiw gurluşy we dolandyryşy hem Russiýanyň ähli kolonial ülkelerinde patyşa samoderźawiýesiniň bellän kolonial düzgüniň esasy sypatlarynyň häsiýetinde.Sarizmiň täze birikdirilen. Türküstan ülkesini ykdysady we syýasy taýdan “özleşdirmeginiň” ilkinji ädimi şol ülkäniň administrasiw—territarial gurluşy boldy. Buhara we Hywa hanlyklary dogrusynda aýdamyzda bolsa, olaryň syýasy taýdan gurluşy we adminstratiw sistemasy üýtgedilmän diýen ýaly galdyryldy. 1874-njiýylda kenarýakatürkmen ýerleri Russiýa birikdirilenden soň Krasnowodsk we Maňgyşşlak sebitlerinden ybarat Zakaspi Harby Bölümi döredildi. Ahal oazisi basylyp alnandan soň, şol Bölüm Zakaspi oblastyna öwrülýär. Onuň Merkezi Aşgabat boldy. Oblast Kawkaz Harby okrugyna tabyn edildi.

Oblast özüne täze ýerler birikdirildigiçe ulanýardy. 1884-nji ýylda Mary oazisi Russiýa tabyn edilenden soň, Mary uýezdi döredildi. 1885-nji ýylda Pendi oazisi hem tabyn edildi.

1890-njy ýylda patyşa tarapyndan tassyklanan "Wagtlaýyn düzgünnama" esasynda Zakaspi oblasty Kawkaz harby okrugynyň garamagyndan aýrylýar. Russiýanyň beýleki oblastlaryndan tapawutlanyp, Zakaspi oblasty we Türküstan ülkesi umumy dolandyryş tertibinde gös-göni Harby ministrliginiň garamagyndady. Oblast täze administratiw gurluşa eýe boldy. 1897-nji ýylyň 26-njy dekabryndaky buýrugy bilen Zakaspi oblasty administratiw taýdan Türküstan general-gubernatorlygynyň sostawyna birikdirildi, harby taýdan bolsa Türküstan harby okrugyna tabyn edildi.

Patyşanyň 1890-njy ýylyň 6-njy fewralyndaky "Zakaspi oblastyny dolandyrmak baradaky wagtlaýyn düzgünnamasy" boýunça, oblastyň başlygy tarapyndan generallar bellenilipdir. Ähli harby we raýat häkimiýet onuň elinde jemlenipdir. Oblastyň başlygy harby adamlardan uýezd naçalniklerini we prisrawlary belläpdir. Düzgünnamada: "Wolostnaýlar we arçynlar ilat tarapyndan 3 ýyllyk möhlet bilen saýlanýar" diýlip ýazylypdyr. Iş ýüzünde olary oblastyň başlygy "öz adamlaryndan" belläpdir. Şeýlelik bilen "Zakaspiýde harby-kolonial, ýagny "harby-halk" administrasiýasy doly döredilipdir.

Oblastyň Eýran bilen galtaşan ýerinde öň (1837) rus patyşasynyň we Eýran şasynyň arasynda serhet çekilipdi. 1885-nji ýylyňgüýzünde Tejen (Gerirud) derýasy bilen Amyderýa (oksus) aralygynda serhet çekilýär. Ol serhet şol döwürde güýçli iki imperialistik döwletiň—Russiýanyň we Angliýanyň arasynda gol çekilen şertnama boýunça geçirilipdi. Şeýdip, bu gezek hem derhet meselesinde türkmenleriň isleg-arzuwlary düýbünden göz öňünde tutulmandy. Muňa garamazdan, türkmenleriň emeli ýagdaýda bölünmegi halkara derejede resmileşdirilipdi. Rus patyşasynyň "Düzgünnamasy ..."

boýunça ýerli ilatyň içki durmuş obrazy öz adatlaryna laýyklykda, ýagny ýerli sosial—ykdysady we syýasy meselelerini adat boýunça olaryň özleriniň dolandyrmagy bellenýär. Ýöne ýerli ilatdan kolonial administrasiýa çekilen adamlar imperiýanyň umumy kanunlary boýunça sud edilipdir.

Ýola goýlan harby-kolnial administratiw dolandyryş sistemasy oblastynda berk kolonial tertip-düzgüni saklamagy, şeýle hem hojalyk taýdan ony özleşdirmegi üpjün etmelidi. Dworýan harby gatlaklaryň wekillerinden bolan çinownikler ýerli ilata kähalatda ýigrenç we ynamsyzlyk bilen garaýardylar. Ýerli ilatyň artyk hukukly bölegi bilen bilelikde zähmetkeş adamlaryň üstünden agalyk sürmäge dyrjaşýardylar.Türkmen ýerleriniň “Zakaspi oblasty” ady bilen patyşa Russiýanyň düzümine girizilmegi kolonial düzgüniň doly resmilleşdirilmegidi. Şonda-da bu ýagdaý belli bir derejede türkmenler üçin oňaýly şertler döredipdi. Ilkinji nobatda, goňşy döwletleriň çozuşlarynyň, iki taraplaýyn alamançylygyň, şeýle hem özara oňuşmazlygyň öňi alnypdy. Ikinjiden, türkmenleriň oblasta girýän ýerleriniň çäkleri ykrar edilip resmilleşdirilipdi. Munuň özi baknalyk bolsa-da, türkmenleriň ähli ýeri bolmasa-da pozitiw netijedi.

Zakaspiniň patyşa Russiýanyň düzümine girizilmeginiň esasy oňaýsyzlygy halkara derejede türkmen ýerlerine talaň salynýanlygydy. Netijede, türkmen ýerleriniň bir bölegi Eýranyň,ikinji bölegi Owganystanyň düzümine gutarnykly goşulyp, galan territoriýa Hywa hanlygy bilen Buhara emirliginiň düzüminde galypdy. Zakaspi oblasty sözüň doly manysyndapatyşa Russiýanyň koloniýasyna öwrülipdi.Russiýany basyp almagy bilen türkmenleriň patriarhal—demokratik häsiýete eýe bolan sosial—jemgyýetçilik gatnaşyklary düýpgöter üýtgeýär. Imperiýanyň düzümine giren oblastda indi türkmençilik zamanyna mahsus maslahatlara (oba, tire, taýpa, umumy taýpa maslahatlara) bolan zerurlyk aradan aýrylýar. Sebäbi şol maslahatlaryň esasy

funksiýalary (harby-goranmak, hojalyk we ş.m) başgalara geçip başlandy. Taýpa hanlary, urugdyr tire ýaşulylary özbaşdak, awtonom häkimiýet instituty roluny ýitirip, indi täze kolonial administrasiýanyň esasy daýanjyna öwrülýärler.

Zakaspi türkmenleriň bir bitewi administratiw birligi döretmegi, onuň russiýa ýaly imperiýanyň düzümine goşulmagy, jemagatyň üstünden döwlet gözegçiliginiňýola goýulmagy taýpa-tire oňşuksyzlygynyň, yzygiderli alamançylygyň soňuna çykmak üçin deslapky şertleri döretdi. Bu ýagdaý möhüm ähmiýetdi, syýasy wakady. Çünki türkmenler ençeme asyrlap obýektiw we subýektiw sebäplere görä birleşip bilmändi, merkezleşen döwlet döredip bilmändi. Özara oňşuksyzlar milletiň ösüşini bökdäpdi. Ýöne baknalyk döwründe-de öri meýdanlaryny, çeşmeleri, ekin ýerlerini paýlaşmakdaky we ulanmakdaky oblastyň syýasy-durmuş meselelerine tire-taýpa wekilçiligindäki düşünişmezlikler soň-soňlar hem ýüze çykypdy. Şeýle düşünişmezlikleriň bolup durmagy patyşa administrasiýasynyň "türkmenleri özboluşly dolandyrmakdaky" işini ýeňilleşdirýärdi. Sebäbi ol "Agzyny alart-da, höküm sür" diýen kolonial syýasatyň peýdasynady.

**Ykdysadyýetdäki özgerişler.** Şol bir wagtda-da Zakaspi oblastynyň döredilmegi parahat zähmet çekmäge mümkinçilik berdi, öndüriji güýçleriň ösmegine ýol açdy. Türkmenleriň özara syýasy-ykdysady, medeni gatnaşyklaryna şert döretdi. Ol türkmenleriň bütin Türküstan bilen hat-da Russiýanyň merkezi raýonlary bilen ykdysady-söwda we medeni gatnaşyklaryny ýygjamlaşdyrdy. Iň esasy-da türkmenleriň millet hökmünde toplanmagynda (konsolidasiýasynda) uly ädim boldy.

Zakaspi demir ýolynyň gurulmagy bilen ýol boýlarynda wagon-remont depolarydyr ussahanalary gurulýar. Şolar oblastdaky ilkinji senagat kärhanalarydyr.Zakaspiniň Russiýanyň düzüminde bolan döwründe türkmenleriň durmuş ukladynyň ýuwaş-ýuwaşdan üýtgemegi, bu ýerlere senagat

harytlarynyň aralaşmagy netijesinde ussalaryň köp önümlerine isleg kemelip başlaýar.

Russiýadan bolan alymlardyr, hünärmenleriň barlaglary netijesinde oblastda nebit, himiýa, dürli dag-magdan pudaklarynyň baý mümkinçilikleri açylýar.

Zakaspi oblastynda täze ilkinji senagat kärhanalary açylyp başlanýar. Şol kärhanalarda ilkinji türkmen milli professinal işçi kadrlaryň döremegine şertler döredi. XIX-XX asyrlaryň sepgidinde Türkmenistanda milli işçiler synpynyň az sanly bolmagy patyşa hökümetiniň kolonial syýasaty bilen-de baglydyr. Patyökümeti kärhana eýelerine türkmenleri işe almaga rugsat bermeýädi, sebäbi ol türkmenleriň beýleki milletlerden bolan garyp-gasarlar bilen ysnyşyp, Russiýada möwç alýan demokratik göreşe goşulyşmak howpundan öler ýaly gorkýardy.

Pul-haryt gatnaşyklary aralaşýar, söwda gatnaşyklary ösýär. Demir ýol boýlarynda şäherleri döretmek patyşa Russiýanyň kolonial syýasatynyň netijeleriniň biridir. Şäherler öz gezeginde söwda, ykdysady, administratiw we medeni merkezlerine özrüldi.Türkmenistanyň patyşa Russiýasyna baknalyk ýagdaýynyň sosial-ykdysady, syýasy administratiw şertleri türkmen medeniýetine iki hili täsir edipdi. Bu döwürde türkmen medeniýetinde öne gidişlikler hem boldy, yza tesişmekler-de.

**Baknalyk döwrüniň medeniýeti.** Patyşa hökümeti agalyk bähbitlerinden ugur alyp, Zakaspiniň tebigy baýlyklaryny ylmy esasda öwrenilip, özleşdirilip başlandy. Ýerli ilaty, onuň arheologiýasyny, etnologiýasyny, taryhyny we dilini öwrenmek boýunça käbir işler amala aşyrylýar. Oblastda gimnaziýalar, uçilişeler, ýerli-rus mekdepler açyldy. Esasan ýewropylylar üçin niýetlenen gazetler, kitaphanadyr muzeý, medisina we beýleki medeni nokatlar türkmenleriň medeniýetine täzelikler ornaşdyrypdy. Bu ýerlere Ýewropa medeniýeti aralaşyp başlady. Patyşa hökümeti, elbetde

Zakaspidäki ylmy-barlag işleri, medeni çäreleri öz kolonial bähbitleri üçin alyp barýardy. Ýöne rus intelligensiýasynyň, halkynyň, hat-da käbir harbylarynyň bilesigelijigi, ynsanperwerligi, türkmen medeniýetine hormatly garaýşy döwrüň progressiw hadysasydy. Ülkede ýüze çykan özara bagly iki medeniýetiň—ýewropaly we oturymly ilatyň medeniýetiniň biri-birine täsiriniň utgaşýan we çapraz gelýän halatlary baknalyk döwrüniň häsiýetli alamatydy.

Türkmenistany patyşa Russiýanyň basyp almagy bilen, onuň çig mal bazasyna we söwda bazaryna öwrülmegine getirdi.

## 16. Türkmenistan baknalyk döwürde. Zakaspi oblasty.

**Zakaspi oblastyň döredilmegi, administratiw gurluşy we dolandyrylyşy.** XVII asyrdan başlap ruslaryñ Hazar deñziniñ kenaryna gelmegi bilen Rus-Eýran gatnaşyklarynda türkmenleriñ ykbalynyñ kesidilendigine, oturumly ýerleriniñ azaldylandygyna türkmen halkynyñ taýpa-tire agzalalygynyñ, goñşy döwletler bilen ýer-suw dawalarynyñ daşyndan gurnalandygyna taryh şaýat. Milli bähbidini arap, XVII-XIX asyrlarda birnäçe döwletler türkmen halky barada erbet häsýetnamalary ýaýratdylar. Türkmenler alamançy, adam öldürmäñi hiç zatça görmeýän, bir-birini hem ölürüp ýören wagşy halk, gara öýli, bilimsiz, medenýetsiz göçüp-gonup ýören millet diýip sypatlandyrdylar.

Patyşa Russiýasy türkmen ýerlerini eýeledigiçe,ony resmi ýagdaýda öz düzümine goşýardy.Eýelenen ýerleriň dolandyrylyşyny ýeňilleşdirmek üçin rus patyşasynyň 1881-ýylyň 6-njy maýyndaky buýrugy bilen öňki Zakaspi harby bölüminiň we täze eýelenen Ahal oazisiniň bazasynda Zakaspi oblasty döredilýär.1885-nji ýylyň martyndaky Daşköpi söweşinden soň Pendi töwerekleri bu oblasta goşulýar.

Netijede Zakaspi oblasty ýedi pristawlyga bölünen bäş uýezden-maňňyşlak,Krasnowodsk,Ashabat,Tejen hem-de Merw uýezdlerinden duryar.Oblast naçalnigi tarapyndan generallardan bellenipdir.Ähli harby we graždan häkimeti onuň elinde jemlenipdir. 1897-ýylda Zakaspi oblasty Türküstan general-gubernatorlygynyň garamagyna bäşinji oblast edilip berilýär.

Ýerli ilatdan kolonial adminstrasiýa çekilen adamlar imoeriýanyň umumy kanunlary boýunça sud edilipdir.Dönüklik hökümeti boýun egmezlik,talaňçylyk ýaly jenaýatlar üçin hem-de rus we beýlekimilletleriň wekilleriniň öldürendigi,döwlet emlägini ogurlandygy,galp pyl ýasandygy üçin ýerli ilatyň wekillerne harby sudda sud edilipdir.Galan günälere ýerli halk sudlary seredipdir.Sudlar kagyz üzünde „saýlanýar“ diýilse-de,hakykatdawolostnoýlardyr arçyklar ýaly,administrasiýa tarapyndan tassyk-lanypdyr. Oblastyň Ýewropa böleginden göçürilip getirilen ilaty imperiýanyň esasy kada-kanunlaryna-eýran, türkmen-owgan serhet ýakalarynda, şäherleriň golaýlarynda ýerleşdiripdir. Olaryň özbaşdak obalary, posýoloklary döredilip-dir.

Döwlet salgydynyň möçberi ýylsabyn artdyrylypdyr. Türkmen ýerleriniň “Zakaspi oblasty” ady bilen patyşa Russiýasynyň düzümine girizilmegi kolonial düzginiň doly resmileşdirilmegidir.

**Zakaspi oblastynyň ykdysadyýeti.** Türkmen iliniň patyşa Russiýasyna bakna döwründe onuň hojalygynda patyşaçylyga aýratyn üns berilýär.Ol Zakaspini Russiýanyň çig mal bazasyna öwürmek üçin ilkinji ädimdi. 80-90-njy ýyllarda Zakaspide irrigasion desgalar gurmak işi janlanýar.

Zakaspi oblastynda täze gurulýan ilkinji senagat kärhanalary esasan oba hojalyk önümlerini işläp bejermäge niýetlenendi.Ilkinji nobatda pagta arassalaýjy, ýag çykaryjy,sabyn gaýnadyjy, gök işläp bejeriji zawodlardyr ussahanalar,degirmenler gurulýardy.

Baknalyk döwründe Zakaspi oblastynda dag-magdan we gazyp alyş işleri-de janlanýardy.Bu pudagyň esasy önümleri nebitdonyl,tebigy nahar duzy bilen glauber duzudy, kükürti hem-de ýörüte daş, gysp ýaly gurluşykmateriallarydyr.

XIX-XX asyrlaryň sepgidinde Türkmenistanda milli işçiler synpynyň az sanly bolmagy patyşa hökümýetiniň kolonial syýahaty bilen-de baglydyr.

Halyçylygyň güýçli depginde ösdürilmegi onuň hiline oňaýsyz täsir edýär. Halynyň hili pese gaçýar.Türkmen ýerleriniň ykdysady-söwda durmuşyna güýçli täsir eden fontorlaryň biride Zakaspi demir ýoludyr. Ilkinjiplana görä, bu ýol harby-strategiň maksatlar üçin salynmalydy. Patyşa Russiýasy türkmen ýerlerne aralaşdygyça, demir ýol hem öňe süýşüpdi. Onuň gurluşygy ilki 1880-nji ýylda Mihaýlow aýlagyndaky Uzynada stansiýasyndan başlanypdy. 1885-njy ýylda ýagny 30-njy noýabrynda Aşgabada otly gelipdi. Ýol 1886-njy ýylda Mara, şol ýylyň ahyrynda Çärjewe, 1888-njy ýylda bolsa Samarkanda ýetirilýär.

Demir ýolyň baslangyjy bolan Krasnowodsk ähmiýetli söwda-deňiz portuna öwrülýär.Möhüm ýuk geçiriji punkt bolany üçin, şäher “Orta Aziýada derweze” roluny öýnaýar.

Demir ýol boýlarynda şaherleri döretmek patyşa Russiýasynyň kolonial syýahatynyň netijeleriniň biridir.

Taryhy çeşmelerde baknalyk döwri boýunça türkmen jemagatynyñ näceräk işçiniñ bolandygy barda anyk maglumat ýok. Bar bolanlary hem üzlem saplam, haýsyda bolsa bir pudaga degişli. Meselem, 1905-nji ýylda oblastyñ gazyp alyş we işläp bejeriñ kärhanalarynda 2000-töewregi işçi işläpdir. Birinji jahan urşy ýyllarynda nebtiñ alynşynyñ azalmagy sebäpli işçileriñ sany-da azalypdyr.

Türkmenistanda işçileriñ köp toplanan ýeri demir ýol pudagydyr. Onda hem milli işçiler az eken. Arhiw maglumatlaryna görä, 1916-njy ýylda Zakaspi demir ýolynda 219-türkmen bolup, şolaryñam bary ýogy ýedisi ussahanalarda

hünärmentç işçileriñ arasynda işläpdir. 1917-nji ýylda Zakaspiniñ pagta zawotlarynda 350-400 töweregi türkmen dürli işlerde zähmet çekipdir.

Pul haryt gatnaşyklarynyñ aralaşmagy, ösmegi Ỳewropadan senetçiligine iki hili täsir edýä. Bir bada köp adaty pişlere giñ gerime ýuwaş-ýuwaşdan bolsa dagradasiýa sezewar bolýar. Şeýle ýagdaý ilki başdan geçiren halyçylyk senetidir. Ỳewropanyñ ilkinji nobatda hem russiýanyñ bazarlarynda türkmen halylaryna artýan islege görä olaryñ dokalşy ummasyz artýar. Aşgabat şäheri, esasn hem Merw şäheri haly söwdasynyñ belli merkezlerine öwrülýär. Halyçylygyñ güýçli depginde ösdürülmegine onuñ hiline oñaýsyz täsir edýär. Halynyñ hili pese gaçýar. Öçmeýän mineral çöp boýalar indi durnuksyz, ýöne boýamak üçin amatly himiki boýaglar – anilim bilen çalşyrylýar. Türkmen ýerleriniñ ykdysady –fedodal durmuşyna güýçli täşir eden faktorlaryñ biride Zakaspi demir ýoludyr. Ilkinji plana görä, bu ýol harby –strategik maksatlar üçin salynmalydy. Patyşa Russiýasy türkmen ýerlerine aralaşdygyça, demir ýol hem öñe süýşüpdi onuñ gurluşugy indi 1880-nji ýylda Mihaýlow aýlagyndaky Uzynada stansiýasyndan (häzirki Mollagaranyñ golaýynda) başlanypdy. 1885-nji ýylyñ Sanjar aýynyñ 30-na Aşgabada otly gelipdi. Ỳol 1886-njy ýylyñ tomsunda Mara, şol ýylyñ ahyrynda Çärjewe, 1888-nji ýylda bolsa Samarkanda çenli ýetirilýär. Demir ýolyñ Zakaspi uçastogynda uzynlygy 1,5-müñ wýorst (bir wýorst = 1,6 km) töwerekleridi. Gurluşyk işlerine general Annenkow ýolbaşçylyk edýär. Gara işe ikinji Zakaspi demir ýol batalýonunyñ müñlerçe esgerleri, şonçarakda hakyna tuma ýerli ilat çekilipdir.

Zakaspide söwda operasialarynyñ artmagyna Amyderya parahotçylyrynyñ gurulmagy oñaýly täsir edýär. Ol 1888-nji ýylda döredilipdir. Onuñ bazasy Çärjew şäherinde ýerleşipdir. Parahotçylyk derýä porty bolan Çärjewiñ we Kerkiniñ

Owganystan bilen esasy söwda bazaryna öwrülmegine ýardam edipdir.

Demir ýol boýlarynda şäherleri döretmek patyşa Russiýasynyñ koloniýal syýasatynyñ netijesiniñ biridir. Möhüm ýol stansiýalary Jebel, Gazanjyk, Gyzylarbat, Aşgabat , Kaka Tejen, Mary, Baýramaly, Ýöleten gelejekde oblastyñ uly şäherlerine öwrülýär. Şäherler öz gezeginde söwda, ykdysady, adminstratiw we medeni merkezlerine öwrüldi. 1913-nji ýylda şäherlerde şäherçelerde oblastyñ ilatynyñ 21-göterimi, ýagny 93-üñe golaý adam ýaşapdyr.

Ekerançylygyñda pul haryt gatnaşyklarynyñ ösmegi oblastyñ içerki söwdasyna hem oñaýly täsir edipdir. Indi hojalyklarda belli bir derejede ýörüteleşmek meýli döreýär. Pagtaçylyk boýunça ýörüteleşmekde Merw uýezdi esasy orun eýeleýär. Belli bir mukdarda pagtaçylyk bilen meşgullanan Tejen uýezdi oblastyñ ilatyny galla bilen üpjün etmekde aýratyn tapawutlanýar.

Şäherlerdir, şäherçeleriñ döremegi, içerki söwda itergi berýär. Ol ýerlerdäki ilatyñ (harbylar adminstrasiýa işgärleri, söwdegärler, hünärmenler, işçiler) artmagy azyk önümlerine bolan talaby güýçlendirýär. Daýhanlar ilki bilen şäherleriñ golaýlaryndaky gök-bakja önümlerini, miwelerini, et süýt önümlerini köp öndürmäge olary şäher bazarlarynda ýerlemäge çalyşýarlar. Ol bazarlarda söwda pul üsti bilen alynyp barylypdyr. Pul haryt söwda gatnaşyklary türkmenleriñ gadymdan gelýän maldarçylygynyda biýparh goýmaýar. Bu pudakda hem haryt önümçiligi janlanýar. Muña oblast boýunça 1900-nji ýylda 457-mün manatlyk 1911-nji ýylda 1,1-mln manatlyk mandarçylyk önümlerniñ satylandygy şaýatlyk edýär.

## 17. XX asyryñ başlarynda Hywadaky we Buharadaky türkmenleriñ ýagdaýy.

**Hywa hanlygyndaky türkmenleriñ durmuş-ykdysady ýagdaýy.** Hywa hanlygynyñ patşa Rusiýasyna tabynlygy döwründe-de han hökümetiniñ öñki döwlet dolandyryş sistemasy esasan saklanyp galýar. Deaynyñ ozal hanlyga degişli bolan sag kenaryndaky territoriýada Amyderýa bölümi döredilip, ol gös-göni rus administrasiýasy tarapyndan dolandyrylmaly edilýär. Ol ýerde rus harby güýçleri-de bardy . Amyderýa bölüminiñ naçalnigi hanyñ alyp barýan ähli işlerine doly gözegçilik edýär.

Hywa hanlygy administratiw taýdan 20 beglige we 2 naýyplyga bölünip, olar hanyñ islegine görä bellenen häkimler hem-de haýyplar tarapyndan dolandyrylypdyr. Özbek ilatyndan tapawutlylykda türkmenleriñ jemgyýetçilik gurluşynda däp bolup gelýän tire-taýpa boýunça içki dolandyryş sistemasy dowam edipdir.Hywa oazisinde ýaşaýan türkmen tire-taýpalarynyñ umumy baş hany bolmandyr. Hywa ýaly döwletiñ düzüminde ýaşamaklyk öña mümkinçilik hem bermändir.Her bir türkmen tiresi özüni erkin hasaplapdyr. Zerurlyk dörän mahalynda, tire-taýpalar özara düşünişipdirler we güýçlerini birleşdiripdirler. Türkmenler her-hili pajygaly wakalara garamazdan, özüne mahsus bolan milli häsiýetlerine, däp-dessurlaryny, jemgyýetçilik kada-kanunlaryna saklap bilipdirler.

Türkmen jemagatynyñ dolandyryş sistemasy demokratiki häsiýetli bolupdyr.

Türkmen taýpalarynyñ üstünden umumy gözegçilik etmek üçin bellenen emeldarlar esasan şol kethudalary üsti bilen hereket edipdirler. Hywa hanlarynyñ syýasaty her-hili usul bilen türkmenleri tabynlykda saklamaga syrygýardy. Öñden dowam edip gelişi ýaly, XIX-XX asyrlaryñ sepgidinde-de Hywa hanlygynda ýer eýeçiligiñ esasy formalary döwlet

eýeçiligi, mülk, wakyf atlyk bolupdyr. Şol wagt türkmenleriñ ekýän ýeriniñ ýarpysyndan gowyragy (56,4 %) atlyk ýerler eken.

Hywa hanlygy patyşa Russiýasy tarapyndan basylyp alynandan soñ, Türkmenleriñ goşunda nökerçilik gullygy ýatyrylýar. Atlyk ýerler kem-kemden ýuridiki taýdan mülke öwrilipdir we ony ýer eýesiniñ satmaga-da, kärendesine bermäge-de hukugy bolupdyr. Şeýlelikde, baknalyk döwürde "atlyk" diýen düşinje türkmenlerde ýer eýeçiliginiñ bir formasy hökminde däl-de, eýsem ýer ölçegi hökminde saklanyp galypdyr.

Türkmenleri tabynlykda saklamak üçin ýer-suw meselesi esasy tutaryk bolupdyr. Ỳarag güýji bilen türkmen taýpalarynyñ özüne boýun egdirip bilmedik Hywa hanlary olaryñ ekin meýdanlaryna akýan suwy wagtal-wagtal kesipdirler. Gapma-garşylyk ýitileşen halatynda olar patyşa Russiýasynyñ harby güýjine bil baglapdyr.

Türkmenleriñ suwdan mätäçlik çekmegine garamazdan, han hökümeti olardan, öz wagtynda salgyt tölemegi talap edipdir. Bu dartgynly ýagadaý köplenç ilatyñ han hökümetine garşy tolgunmalaryna sebäp bolýar eken.

Hywa hanynyñ eden-etdiligi barada türkmenler Amyderýa bölüminiñ naçalnigini hem habarly edip durupdyrlar.

Haýyşnama netije bermänsoñ ýomutlar hanyñ salgyt ýygnaýjylaryna garşy çykyş edipdirler.

1898-nly ýylda Şamyrat kanaly we Ongulaç kanaly arkaly suwarylýan Kyrk gyz ýerlerinde (Köneürgenç töwerekleri) suw ýetmezçiligi zerarly hasyl bolmandyr. Muña garamazdan, emeldarlar türkmenlerden dahýak salgydyny talap edipdirler. Köneürgençli ýomutlar oña jogap hökmünde tolgunyşyklary başlapdyr. Olary gubadagly türkmenler hem goldapdyrlar.

**Hywa hanlygyndaky daýhan tolgunşyklary.** 1900-njy ýylda köneürgençli ýomutlar suw ýetmezçiligi zerarly oňly hasyl alyp bilmänsoň, salgyt tölemekden boýun gaçyrypdyrlar. Bu ýagdaýa dergazap bolan Hywa hany Seýit Muhammet Rahym han (1865-1910) şol ýylyň dekabyrynda Mätmyrat diwanbeginiň yolbaşçylygynda 500 nökeri köneürgençli ýomutlary “toba getirmäge”, olardan salgyt ýygnamaga ugradýar. 4 müň adamdan ybarat ýomutlaryň topary. Szalahbendiň ýanynda ýygnanyp, han hökerlerini gaýtawul bermäge taýýarlanyp durýar. Ýaragly çaknyşyk bolmasada, ýomutlar salgyt tölemäge däl, eýsem han nökerlerini masgaralap yzyna kowýarlar.

Türkmen – Hywa gapma-garşylygy baradaky habar Amyderýa bölümiň naçalnigi general Galkina ýetýär. Onuň goşulmagy netijesinde türkmenlere gözegçilik edýän emeldarlar täzelenýär. Täze bellenen emeldarlar hem öňkiler ýaly Hywa hanynyň türkmenler babatdaky adalatsyz ýer-suwe syýasatyny dowam etdirýärler.

1912-13-nji ýyllarda türkmen –Hywa gatnaşyklary has ýitileşýär. Onuň esasy sebäbi Seýit Isfendiýaryň (1910-1918) ýer salgyt reformasyny – özgertmesini geçirmäge eden synanşygydyr. Hywa hany türkmenleriň ýer-suw salgydy hökminde töleýän borçlaryny has köpeldipdir.

Türkmen kethudalary bu borçlary berjaý edip bilmejekligini hana çürt kesik aydypdyrlar. Şondan soň türkmenleriň han hökimetine garşy nobatdaky çykyşy başlanýar. Ol çykyşlar basylyp ýatyrylýar. Şeýle hem Hywa hany bilen ýer-suw salgyt meselesini kadalaşdyrmak boýunça Köürgenç türkmenleri bilen şertnama gol çekilýär. Şertnamanyň mdüzgünleri Hywa hökümeti tarapyndan berjaý edilmeýär. Türkmenleriň ekin meýdanlaryna suw akýan kanallary beklemeklik dowam edýärdi. Türkmen –Hywa gatnaşyklarynyň ýitileşmegi zerarly suwaryş kanallarynyň wagtly wagtyna arassalamak işleri ünsden düşirilýär. Bu

ýagdaý 1913-nji ýylda gurakçylygyñ, açlygyñ höküm sürmegine getirýär. Hywa hanynyñ we onuñ emeldarlarynyñ çakdan aşa eden – etdiligi 1912-1913 ýyllarda türkmenleriñ gozgalañynyñ bolmagyna getirýär. Gozgalaña Şammy kel ýobaşçylyk edipdir. Türkmenleriñ 1915-nji ýylda Hywa hanynyñ we patyşa hökimetiniñ bilelikdäki sütemininiñ ýaragly gozgalañy başlanýar. Gozgalañy ýerli Özbek daýhanlarynyñ bir bölegini gollapdy. Bu gozgalañ hem basylyp ýatyrylýar. 1915 – nji ýylyñ iýun aýynda türkmen gozgalañçylary bilen ýaraşyk şertnamasy baglaşylýar. Şertnamanyñ netijesi türkmen ilatynyñ köpçiligini kanagatlandyrmaýar. Ỳer-suw, salgyt dürli jerimeler meselesi oñyn çozülmeýär. Umuman Hywa hanynyñ we patyşa hökümetiniñ türkmenler babatdaky syýasaty üýtgemeýär. Bu ýagdaý 1916-njy ýylyñ başlarynda Türkmen – Hywa gatnaşyklarynyñ hasda ýitileşmegine sebäp bolýar.

**Buhara türkmenleriniñ durmuş – ykdysady ýagdaýy.** XIX asyryñ ahyrlaryna XX asyryñ başlarynda türkmen hojalygy köp pudaklaýyn bolupdyr. Türkmenler ekerançylyk bilen maldarçylygy utgaşykly alyp barypdyr.

XX asyryñ başlarynda Hywa oazisinde her ýylda jan başyna ortaça 19,6 put (1put- 16,38kg deñ ) däne öndirilipdir.

XIX- XX asyryñ seppgidinde türkmenler maldarçylyk hojalygynyda ünsden düşirmändirler. Aýratyn hem türkmenler atçylygyñ argamak görñüşini ösdürmäge yhlasly çemeleşipdir.

Türkmenleriñ köp pudakly hojalygynda hünärmentçilige senetçilige uly üns berilipdir.

XIX –XX asyrlaryñ sepgidinde türkmen hojalygynyñ ýarym natural häsiýetli bolmagyna garamazdan haryt pul we alyş çalyş söwda gatnaşyklary ösüpdir. Türkmenler Rus täjirleri bilen aragatnaşyk saklap daşarky bazarada çykypdyrlar. Şol döwürde hywa hanlygynyñ uly şäherlerinde Russiýanyñ pagta satyn alýan senagat firmalarynyñ kärhanalary, bank bölümleri işläpdir. Ỳerli harytlar oña bazarlarynda täjirler tarapyndan satyn alynyp Russiýa şäherlerinde gaýry ýurtlara iberilipdir.

1910-njy ýylda Daşoguz şäherinde 200 işçini özünde jemleýän 2 pagta arassalaýjy zawod işläpdir. Amyderýa suw ýoly arkaly gatnawlaryñ güýçlenmegi, zakaspi demir ýoluna geçirilmegi Hywa hanlaryna, şol sanda türkmen ýerlerinde hem söwdanyñ, haryt - pul gatnaşyklarynyñ ösmegine giñ mümkinçilik döredipdir.

XIX asyryñ ah.- XX-asyryñ başl. Buhara emirliginiñ tabynlygyndaky türkmen ilaty esasan Çärjew, Kerki, Burdalyk, Kelif, Gabakly we Narazym begliklerinde ýaşapdyrlar. Emirlikde 30 gowrak türkmen tire taýpalary bolupdyr. Türkmen ilatynyñ umumy sany hakyndaky maglumatlar biri-birine çapraz gelýär.

Türkmen ýerleriniñ administratiw-jemgyýetçilik gurluşy Buhara emirliginiñ Özbek raýonlaryndaka meñzeş bolupdyr. Beglikleriñ häkimleri (begi) emir tarapyndan bellenilipdir. Emläkdarlyklaryñ kethudalary, aksakallary emir bilen ylalaşyp, beg tarapyndan bellenipdir. Türkmenlerde jemagaty dolandyrmagy tire-taýpa düzgünleri dowam edip, ilat öz aralaryndan kethudalar, aksakallar saýlapdyr.

Buhara emirligi patyşa Russiýasy tarapyndan basylyp alynandan soñ, emire jemi 11-12 müñ sarbaz (nöker) saklamaga rugsat berilýär. 1881-nji ýyldan başlapp, olarda-da köplenç rus ofiserleri erk edipdir. Sarbazlaryñ esasy bölegi tertip düzgüni berjaý etmek üçin beglilerde ulanylypdyr. Her beglikde ýerli ilatdan 200-500 adamdan düzilen ýörite otrýat begiñ ygtyýarynda durypdyr. Beglikleriñ administratif merkezindäki garnizonlarynda türkmen nökerleride gulluk edipdirler.

Koloniýal döwürde syýasy babatda başga-da kä bir özgerişikler bolýar 1885-nji ýylda Buharada “Russiýanyñ imperatorlyk syýasy agentleri” döredilýär. Onuñ ýolbaşçysy patyşa Russiýasynyñ resmi wekili bolup, Buhara hökimetiniñ ähli işlerine gözegçilik edipdir. Emirligiñ daşary ýurtlar bilen gatnaşyklary diñe syýasy agentiñ üsti bilen amala aşyrylypdyr.

Bu ýagdaý Buhara emirliginiñ sözüñ doly manysynda Russiýanyñ wassallygyna öwrülenliginiñ subutnamasydyr .

Amyderýanyñ orta akymlarynda ýaşaýan türkmen ilaty maldarçylyk, ekerançylyk we hünärmentçilik bilen meşgullanypdyrlar.

Suwarymly ýerleriñ ýetmezçiligine garamazdan, ýerleri tygşytly peýdalanyp, türkmen daýhanlary pagta, däne we bakja ekinleriniñ dürli görnüşlerini ösdürip ýetişdiripdirler.

XIX –asyryñ ahyrlarynda Çärjew begliginde ululy-kiçili suwaryş setleriniñ 279-sy , Kerki begliginde 172-si .bar eken. Suwaryş setleriniñ kadaly saklanmagy köp zähmeti talap edipdir.

Buhara türkmenlerinde ekerançylyk işleri daýhan birleşikleri -şereketler ( ol Günorta Türkmenistandaky, atlyga , serkara , peýkala manydaş guramadyr ) boýunça lanyp barlypdyr. Olara asýlawly mirap ýolbaşçylyk edipdir.

Hojalygyñ ikinji derejeli pugdagy maldarcylyk bolupdyr. XX-asyryñ başlarynda Buhara emirliginde garaköli baganadan gelýän umumy girdejiniñ üçden iki bölegi Kerki begligindäki türkmen maldarlaryñ paýyna düşüpdir.

Ekerançylyk we maldarçylyk hojalygynyñ kyn şertlerde alnyp barlandygyna garamazdan, türkmenler emiriñ gaznasy üçin hyraç, zekat, dekat ýaly salgytlaryñ köp görnüşini tölemage mebur bolupdyr. Sebäbi emirligiñ dolandyrýan administratiw gullukdakylar döwletden aylyk alman, ilatdan ýygnalýan salgytlaryñ hasabyna ýaşapdyr. Bu bolsa begliklerdäki emiriñ emeldarlaryñ eden-etdiligine ýol acypdyr. Emirligin territoriyasynda ýaşaýan türkmen tireleriniñ töleýän salgytlarynyñ möçberi-de, görnüşi-de dürli-dürli bolupdyr.

Amyderýanyñ orta akymynda ýaşaýan türkmenlerde hünärmentçilik, senetçilik ösüpdir. Ỳerli ussalaryñ ýasan dürli önümlerine uly isleg bildirlipdir. Lebapda ýüpekçilik

we ýüpek mata (keteni, alaça ) dokamak uly ähmiýete eýe bolupdyr. Umuman haly, mata dokamaga we keçe basmaga aýratyn üns berlipdir. Olaryñ dokan halylary diñe içerki bazarda däl, eýsem Türkiýäniñ, Kawkzyñ, Eýranyñ, Russiýanyñ bazarlarynda-da satylypdyr.

1888-nji ýylyñ Türkmenbaşy aýynda Amyderýanyñ üstünden gurnalan agaç köprüden Zakaspiý demir ýolunyñ ilkinji otlysy geçýär. 1902 -nji ýylda agaç köprä derek metal köpri gurulýar. Zakaspiý demir ýoly Çärjewiñ üstünden geçip, Buhara emirligini gös-göni Ruussiýanyñ senagat we söwda merkezleri bilen birleşdirilýär. 1885-nji ýylda Russiýa bilen emirligiñ serhetinde gumrukhananyñ ýatyrylmagyna söwdanyñ ösmegine uly itergi berýär. Bu öz nobatynda Amyderýanyñ orta akymynda ýaşaýan türkmen ilatynyñ ýkdysady we söwda işlerine getyşmagyna oñaýly täsir edýär. Çärjewde , Kerkide we demir ýol boýlarynda rus ilatly punktlary hem peýda bolup başlaýar.

1888-nji ýylda Amyderýa flotiliýasynyñ döredilmegi Çärjew şäheriniñ senagat we söwda merkezine öwrülmegine şert döredýär.

Eýýäm XX-asyryñ başlarynda 14-müñ ilatly Çärjew şäherinde depo, gämi remont ussahanalary , Amyderýa pltiliýasynyñ bazasy pagta arassalayjy zawodlaryñ 6-sy , ýag çykaryjy , ýüñ arassalaýjy zawod we başga-da ençeme kärhana bolupdyr.

Gadymy Kerki şäheri ( häzirki Atamyrat ) Owganystan bilen söwda aragatnaşyk saklamak üçin möhüm merkezleriñ biri hasaplanypdyr. Buhara emirliginde haryt önümçiliginiñ ösmegi, onuñ türkmen raýonlarynda içerki we daşarky söwdanyñ has janlanmagyna getiripdir. Türkmen telekeçileri döräp başlapdyr. Söwda alyp -çalşyñ dabaralanmagy bu ýerlerde haryt –pul gatnaşyklarynyñ ösmegine getiripdir. Emirlikde teñňe zikkkelemek gadagan

edilýär. Bu bolsa dolanşykda kem-kemden ýeketäk rus pulunyñ berk ornaşmagyna şetrt döredýär. Şeýlelikde , patyşa Russiýasynyñ kolonial düzgüni Buhara emirliginde ymykly kök urýar.

Buhara emirligi patyşa Russiýasy tarapyndan basylyp alnandan soñ Amyderýanyñ orta akymlaryndaky türkmen ilatynyñ ýagdaýy has kynlaşýar. Olar bir tarapdan , emiriñ emeldarlarynyñ eden etdiligine, ikinji tarapdan kolonial sütüme sezewar edilýar.Ỳerli ilat bilen birlikde türkmenler hem emir Seýit Musaffar (1060-1085) döwründe hem, Seýit Abdyl Ahadyñ (1885 -1910) dolandyran döwründe hem türkmenleriñ azatlyk hereketi yzygigerli gaýtalanyp durlupdyr . Olar esasan emiriñ salgyt ýygnamakdaky düzgünine garşy gönükdirlipdir. Emma bu hereketler hiç-hili netije bermändir.

Birinji jahan urşunyñ başlanmagy bilen salgytlaryñ sany has hem köpelýär, ilatyñ ýaşaýyş durmuşy barha kynlaşýar.

## 18. Türkmenistan XX asyryñ başlarynda we I jahan urşy ýyllarynda.

### Türkmenistanyñ XX asyryñ başlarynda syýasy, ykdysady ýagdaýy .

XX asyr bolsa has hem agyr geldi. Taryhda hiç mahal özge döwletiñ ýüküni çekmedik türkmen başga döwletiñ elgaramalygynda galdy.

1914-1918-nji ýyllarda bolan 1-nji jahan urşyna gatnaşyp, wepat bolan türkmenleriñ sany 80 müñden geçdi.

XX asyryñ başlarynda Russiýada syýasy, ykdysady krizisleriñ alamatlary mese-mälim görnüp başlady. Bu ýagdaýlar rewolýusiýanyñ ýakynlandygyny añladypdyr. 1905-nji ýylyñ 9-njy Türkmenbaşy aýynda Peterburgda işçileriñ

demonstrasiýasy bolup geçdi. Bu wakalar ýurtda rewolýusiýanyñ başlanmagyna getirdi.

Şu wakalar ýagny 1-nji rus rewolýusiýasy (1905-1907) öz täsieini Türkmenistana hem ýetiripdi. Sebäbi Türkmenistan Russiýanyñ iñ yza galak kolonial künjekleriniñ biridi.

Türkmenistanda syýasy wakalaryñ ösüşi Russiýadakydan düýpli tapawutlanýardy. Türkmenistanda ýaşaýan ilatyñ syýasy göreşlere, bäsdeşlige garaýşy , gatnasygyda deñ däldi. Ýerli halk – türkmenler beýleki milletiñ wekilleri, we Russiýadan göçüp we göçürilen ilatdan ybaratdyr.

Şeýlelikde XX asyryñ başlarynda Türkmenistanyñ şäherlerinde dürli syýasy garaýyşly, maksatly gizlin jemgyýetler, kružoklar, guramalar döredilip başlanýar. 1902 – nji ýylda Aşgabatda "Añly- düşünjeli aşgabatlylar topary" döredilýär. Oña patşa düzgüninden nägile adamlar giripdir. Anyk syýasy progressiýa bolmandyr. Esasan listowkalar ýaýratmak bilen meşgul bolupdyr. Topar uzak dawam etmändir. 1903-nji ýylda Krasnawodskide , Gyzylarbatda, Çärjewde dürli mazmunly listowkalar peýda bolup başlaýar. Şondan soñ sosial –demokratik kružoklar , guramlar döräp başlaýar.

Ilkinji sosial –demokratik kružok 1903-1904-nji ýylda Gyzylarbatda guralýar. 1904-nji ýylda Aşgabatda hem sosial – demokratik kružok döreýär. 1904-nji ýylda Ludwir Ludwirowiç Stabrowskiýniñ Aşgabada gelmegi bilen sosial- demokratik pikirler, kružoklar has-da janlanýar. Ol sosial-demokratik we dürli pikirli adamlary birleşdirmegi başarypdyr we kružok döredýär. Ol okuwçylary, gullukçylary, işçileri öz töweregine toplap , köplenç proklomasiýalary ýaýratmagy başarýar. Zakaspiniñ köp ýerinde täze pikirleri ýaýradýar.

Umuman 1905-1904-nji ýyllarda Türkmenistanda sosial-demokratik hereket başlangyç häsiýetdedi. 1905-nji ýylyñ ýanwarynda Peterburgda 9-njy ýanwarda "Ganly ýekşenbe" Russiýada halk rewolýusiýanyñ başlanmagyna itergi berdi. Şu

wakalar Türkmenistanyñ ýewropaly ilatyna öz täsirini ýetirdi. 1905-nji ýylyñ fewral, mart aýlarynda Orta Aziýa demir ýolunyñ ussahanasynyñ we depolaryñ işçileriniñ arasynda iş taşlaýyşlar bolup geçýär. Iñ görnüklisi Gyzylarbatda (häzirki Serdar) bolup geçýär. Iş taşlaýyşa gatnaşanlar diñe bir ykdysady talaplary öñe sürmek bilen çäklenmän, syýasy talaplary hem öñe sürdiler. Çärjewiñ (häzirki Türkmenabat), Gazanjygyñ (häzirki Bereket) işçileri hem olara goşuldylar. Demir ýol administrasiýasy işçiler herekedinden gorkup olaryñ talaplaryny belli bir derejede kanagatlandyrmaga mejbur bolýar.

1905-nji ýylyñ tomsunada RSDIP-iñ guramalary ösýär, pugatalanýar has-da Aşgabatda we Gyzylarbatda, Çärjew, Mary, Krasnowodsk Gazanjykda hem sosial-demokratik kružoklar, toparlar döredilýär. Aşgabatda gizlin tipografiýa listowkalar çap edip başlanýar. 1905-nji ýylyñ 30-njy iýulynda "Işçilere we esgerlere " atly listowka çap edilär. Onda oblastyñ işçilerini we esgerlerini bileleşip gozgalaña patyşa hökümetini agdarmaga çagyrýar.

1905-nji Zakaspiý sosial-demokratlar gozgalaña taýyarlyk görüp başlaýarlar. Gyzylarbatda işçiler söweşjeñ družinalar döredip, olary elde ýasalan ýaraglar bilen ýaraglandyrylypdyr. Syýasy demonstrasiýalar hem guralyp başlanýar. 1905-nji ýylyñ 4-nji iýulynda ilkinji syýasy demonstrasiýa Aşgabatda bolup geçýär.

Türkemenistanyñ zähmetkeşleri 13-14-nji oktýabrynda demirýolçylar iş taşlaýyşa (staçka, sowet we rus taryhy edebiýatlarynda işçileriñ bu hereketi staçka diýlip at berilipdir. Bu hereketiñ ýolbaşçy edarasy Staçkom diýlip atlandyrylýar) başlaýarlar. Aşgabat, Gyzylarbadyny demirýolçylaryna hemme stansiýalarynyñ işçileri we gullukçylary goşulýarlar. Amyderýa harby flotiliýasynyñ Krasnawodsk portynyñ işçileri, matroslary, gullukçylar, okuwçylar hem goşulýar. Bu iş taşlaýyş ähliumumy häsiýete geçýär. Şäherlerdäki iş taşlaýyş

baradky habarlar Peterburg, Berlin , Ženewa gazetlerinde peýda bolýar. Aşgabatda merkezi staçka kommiteti, uly stansiýalarda ýerli staçka komitetleri döredilýär. Esgerler hem işjeň gatnaşyp başlaýarlar.

Hemme ýerlerde iş taşlaýyş toparlaryň (staçka) komitetleri döredilýär. Staçka kem-kemden ýaragly gozgalaña ösüp geçmäge başlaýar. Emma Sanjar wakalary gozgalañçylaryñ iki topara bölünmegine getirär. Birtopar hökümetde diñe dürli ykdysady we käbir syýasy eglişikler gazanmaga razydylar. Beýleki topar ýurda rewolýuson taýdan özgertmek , demokratik döwlet gurmak ugrunda çalyşýarlar. Bu topar az sanlydy.

Moskwada 1905-nji ýylyñ dekabrynda ýaragly gozgalañy basylyp ýatyrylmagy rewolýusiýanyñ kem-kemden yza çekilmek döwri başlanýar. Türkmenistanda köpçülikleýin öý dökmek, rewolýusion herekediñ ýolbaşçylaryny tutmak ýaly hereketler başlanýar.

1906-njy ýylyñ 13-18-nji iýunynda Aşgabat garnizony ýaragly gozgalañ turuzýar. Gozgalaña 6-7 müñ çemesi adam gatnaşýar. Gozgalaña Aşgabat sosial-demokratlary ýolbaşçylyk edýär. Netijede Türkmenistanyñ patşa Russiýasyna baknalyk döwründäki iñ uly harby tolgunşygy döreýär.Emma gozgalañ doly ýeñiş gazanyp bilmändir.

Türkmenisatan Russiýa imperiýasynyñ düzüminde bolany üçin, birinji jahan urşuna çekilipdi. Fronta gerek-ýarak zatlar iberilipdi. Teke atly polky bolsa uruş hereketlerine göni gatnaşypdy.

Türkmen ilini "itiñ gününi görüp " eýelän patşa hökümeti XIX asyryñ ahyrlarynda näme üçindir türkmenleri ählumumy harby borçlulykdan boşadypdyr. Onuñ sebäbini doly anyklamak kyn. Megerem, patşa hökümeti: "Türkmenler imperiýanyñbeýleki halklarynyñ wekilleri bilen gulluk etse, olara-da öz gaýduwsyzlyk häsiýetini geçirer" öýdendir. Belki-de: "Türkmenleri goşuna çekseñ , milli – azat edijilik añy tiz

oýanar, olar imperiýadan bölünip aýrylar” diýip pikir edendir. Her halda türkmenleriñ käbiri rus goşunynda gulluk edipdir. Olardan atly türkmen diwiziony döredilipdir.

**Türkmenistan 1-nji Jahan urşy ýyllarynda.** 1914-nji ýylyñ iýul aýynda birinji imperialistik jahan urşy turdy. Ony ähli buržuaz döwletleriñ imperialistleri, ozaly bilen hem, bir tarapdan, Germaniýanyñ, Awstriýanýñ, beýleki tarapdan bolsa, Fransiýanyñ, Angliýanyn we Russiýanyñ imperialistleri taýýarladylar.

Russiýa urşa taýýarlyksyz girişipdi, onuñ goşuny, rus esgerleriniñ gahrymançylyk we durnuklylyk görkezendigine garamazdan, yzly-yzyna ýeñlişe sezewar bolýardy. Patyşa Russiýasynyñ ykdysady taýdan yza galanlygy, onuñ döwlet apparatynyñ we bütin döwlet gurluşynyñ çüýrükligi frontlardaky şol ýeñlişleriñ esasy sebäpleridi. Uruş millionlarça adamlary maýyp-müjrip edýärdi we olaryñ başyna ýetýärdi. Işçiler we daýhanlar tylda ägirt uly mahrumçylyk we betbagtçylyk çekärdiler.

Uruş we sarizim zerarly güýçli nägilelik Türküstan zähmetkeşlerini, şol sanda türkmen halkyny hem öz içine aldy. Urşuñ mähnet labyry ähli güýji bilen Türkmenistanyñ zähmetkeş köpçüliginiñ başyndan indi. Işçi güýjüniñ gaty ýetmezçilik edendigi sebäpli, Zakaspi oblastyndaky kärhanalar pese düşdi. 1917-nji ýylda Çeleken adasynyda nebit çykarylyşy, 1912-nji ýyldakysy bilen deñeşdireniñde, on esse kemeldi; duz, kömür, kükürt we ş.m. çykarylyşy hem ep- esli pese düşdi. Birentek kärhanalar ýapyldy.

Käbir möhüm senetçilik promyselleriniñ weji gaçdy. Boýag we ýüñ bolmansoñ, haly önümçiligi ylaýta-da kän kemeldi.

Uruş özüniñ mähnet agramy bilen türkmen obalarynyñ olaryñ zähmetkes gatlaklarynyñ gerdenine düşdi. Uruş üçin yzly-yzyna rekwizisiýalar geçirilärdi: gylýal, düýeler rekwizirlenýärdi, etiñ we ot – imiñ hökmany postawkalary

bolýardy, dowar, eýerler, içmekler, türkmen garaköli telpekleri, gara öýler, keçeler we ş. m. rekwizirlenýärdi. Urşuñ diñe ilkinji iki ýylynda Zakaspi oblastynyñ daýhanlaryndan ( Krasnowodsk uýezdini hasap etmeseñ) 6872 gylýal,12805 düye, 299 araba, 32528 telpek, 1659 gara öý, 200 müñ manatlykdan hem gowrak başga her dürli emläk rekwizirlendi. Urşuñ eýýäm birinji ýylynda ýerli ilatyñ serişdelerine türkmen ("teke") atly polky hem düzüldi.

Salgytlaryñ möçberi köpelýärdi; salgytlar hem, beýleki paçlar ýaly, esasan zähmetkeşleriñ gerdenine düşüpdi. Türkmenistanda bugdaýyñ, matanyñ we ilkinji zerurlykdaky beýleki zatlaryñ bahasy 1916-njy ýylda 300-400% gymmatlady, emma welin pagtanyñ berk bahasy 1913-nji ýyldakysy bilen deñeşdireniñde, diñe 50% gymmatlady.

Pagtanyñ bahasy bilen gallanyñ bahasynyñ arasynda uly tapawut bolmagy ýoksul daýhan hojalygynyñ esaslaryny gutarnykly surada ýumurdy. Garyplar hojalyklarynyñ birentegi özleriniñ sähelçe ýerini, iş malyny deger-degmezine satmaga mejbur boldy.

1917-nji ýylda Zakaspi oblasyndaky ähli ekinleriñ 61% kärendesine alynan ýerlerde ekilärdi.

Maldarçylyk etraplarynda hem ýagdaý agyrdy. Mallaryñ baş sany üzül-kesil kemelip, malsyz hojalyklaryñ sany bolsa köpeldi. Zakaspi oblastynyñ esasy maldarçylyk raýony bolan Krasnowodsk uýezdinde 1917-nji ýylda maldarçylyk hojalyklarynyñ 34,4 % bütünleý malsyzdy weolaryñ ýarsyna golaýynyñ iş maly ýokdy.

Balyk tutmaklyk, awçulyk pişeleri we beýleki pişeler epedsli kemelipdi. Uruş göçürilip getirilen ruslaryñ zähmetkeş gatlaklaryny hem betbagtçylyga sezewar etdi. Olar ilatyñ erkek göbeklileriniñ 19 ýaşlydan 43 ýaşla çenlisinin goşunçylyga alynmagy zerarly ylaýta-da güzap görýärdiler. Esger durmuşynyñ agyrlagy, taýaga esaslandyrylan düzgün-nyzam,

kazarmalarda esgerleriñ iýmitiniñ erbetleşmegi sebäpli, oblastyñ garnizonlarynda-da nägilelik artýardy.

Açlyk her aýsaýyn beterleşýärdi. Transportdaky weýrançylyk gallanyn we ýaşaýyş üçin zerur bolan beýleki zatlaryñ Russiýadan Türküstana getirilişiniñ öçberini ep-esli kemeltdi. Gymmatçylyk artýardy, puluñ hümmeti gaçýardy.

**Türkmenleriñ urşa çekilmegi. “Teke atly polky”.** Türkmen atlylarynyñ gullugyndan, tertibinden, wepalylygyndan göwni suw içen patşa hökümeti birinji jahan urşunyñ başlanmagy bilen Köşüde teke atly polkuny döretmäge girişýär. Ol “Teke atly polky” diýip atlanyrylsa-da , onda türkmen taýpa- tireleriniñ köpüsiniñ ýigitleri bolupdyr. Meýletinçiler pugta saýla-seçiş esasynda alnypdyr. Meýletinçiden berk jan saglyk, garnuwsyz (igdiş) at, harby esbap hökmünde gylyç, ak telpek, gyrmyzy don, gara ädik we at üçin ýapynja talap edilipdir. Soñ ol zatlar birinji jahan urşunda türkmen simwolyna öwrülipdir.

Teke atly polky türkmenleriñ öz hasabyna döredilipdir. Meýletinçileriñ sany çak edilenden köp bolupdyr. Bu ýagdaý türkmenleriñ sadalygy, urşuñ häsiýeti hakynda anyk zat bilmezligi we ak patyşany öz patyşasy hasaplandygy bilen bagly bolsa gerek. Goşunda öz döwri üçin ýokary hak tölenendigi-de ýagdaýa täsir edendir.

Polk urşuñ eýýäm ilkinji aýlarynda öñdäki liniýada harby hereketlere gatnaşyp, patyşa goşunynyñ 3-nji atly korpusynyñ hatarynda Awstriýa – Wengeriýa garşy söweşipdir. Türkmenleriñ mertligi, tertipliligi, taktiki ussatlygy hakyndaky habar tizara bütin uruş liniýasyna ýetýär. Türkmen atly ýigitleri hakynda legendalar tutuş fronta ýaýraýar. Ony şol döwrüñ harby adamlary-da nygtap belläpdirler.

Eýýäm 1915 –nji ýylyñ ýanwaryna çenli türkmen esgerleriniñ 70-e golaýy patyşa hökümetiniñ “Georgiý haç” ordeni bilen, onlarçasy “Edermenlik üçin” diýen medal bilen sylaglanypdyr.

Oba wekilleri fronta gidip, atly polkuñ esgerleri bilen duşuşypdyrlar. esgerlere posylkalary iberip durupdyrlar. Olar urşa giden ildeşlerini goldapdyrlar. esgerler bolsa tä patyşa hökümeti tagtdan agdarylýança, oña wepaly gulluk edipdirler.

1915-nji ýylyñ aprelinde Asgabada täze döredilen atly türkmen diwiziony , awgustda bolsa ýörite wzwod urşa ugradtlypdyr. Olaryñ teke atly polkundan aýry söweşen bolmagy ähtimaldyr. Sebäbi türkmen atlylary birinji jahan urşunda iki fronta – Awstriýa- Wengriýada we Türkiýede söweşipdirler. Türkmen jigitleri front üçin ýerli ilata ezýet bermezlige çalşyp, gerek- ýaraklaryny öz pullaryna satyn alypdyrlar.

Türkmen atly polkunda ofiserlige esasan ruslar bellenilipdir. Kiçi çinli ofiserleriñ arasynda türkmenlerden Seýitmyrat Öwezbaýew , Kakajan Berdiýew, Çary Geldiýew, Hajymyrat ýalylar hem bolupdyr. Olaryñ birnäçesi soñra patşy goşunynyñ uly ofiser çinini alypdyr.

Umuman, birinji jahan urşy ýyllarynda türkmenleriñ arasynda kolonial administrasiýasynyñ täsiri pese gaçypdyr. Ony hut patyşa hökümetiniñ ýerli çinownikleri-de boýun alypdyrlar. Krasnowodsk uýezdiniñ naçalniginiñ, Ỳolöten pristawynyñ, Togtamyş hem Utamyş pristawlyklarynyñ, Murgapdaky patyşalyk mülküniñ uprawlýaýuşisiniñ oblast naçalnigine ýazan hatlarynda: “Ỳerli halk patşa hökümetine sarpasyz garaýar, hökümetiñ abraýy we oña bolan ynam pese gaçdy ” diýen zeýreniçli sözler bar.

Russiýa imperiýasynyñ milli – kolonial sütemine garşy göreşe ülkämizde ýaşaýan beýleki milletleriñ wekilleri hem baş galdyrýarlar. Asgabada parslaryñ “Asgabat enjumeny”, ermenileriñ “Daşnak” we “Gnçak” guramalary döredilýär. Olar dürli syýasy garaýyşlara gol ýapan bolsa-da, elbetde, esasan pars, ermeni söwdegärleriniñ, buržuaziýasynyñ bähbitlerini goraýardylar. Olaryñ arasynda Türkmenistanyñ ewropaly ilaty bilen goşulyşyp , ýa-ha sosial-demokratik ýörelgäni, ýa-da

özbaşdak milletparaz ideýalary öñe sürýän toparlary-da bolupdyr.

Taryhy faktlary jemläp XIX-XX asyrlaryñ sepgidinde türkmenler Russiýa imperiýasy möçberinde dürli syýasy partiýalaryñ, toparlanşyklaryñ arasynda möwç uran , häkimiýet ugrundaky syýasy bäsdeşlige doly çekilmändir. Metropoliýadaky wakalar welin olara öz täsirini ujypsyz bolsa-da ýetiripdir. Şonuñ üçinem türkmen añynda sosial- kolonial süteme garşy göreş ideýasy köräpdir. Olar şol göreşe üzlem-saplam bolup gatnaşypdyrlaram, ýöne ol köpçülikleýin häsiýete geçmänidir. Bu faktlaryñ barysy birleşip, 1916-njy ýylyñ milli-azat edijilik hereketi üçin deslapky şertleri döredipdir.

## 19. 1916- ýylyň milli-azat edijilik hereketi.

**Milli azat edijilik hereketiň sebäpleri.** XX asyr bolsa has hem agyr geldi. Taryhda hiç mahal özge döwletiñ ýüküni çekmedik türkmen başga döwletiñ elgaramalygyndsa galdy.

1914-1918-nji ýyllarda bolan birinji jahan urşuna gatnaşyp, wepat bolan türkmenleriñ sany 80 müñden geçdi - diýilip Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyñ Mukaddes Ruhnamasynda belleýär.

Birinji jahan urşunyň başlanmagy bilen. Zakaspidäki ilatyñ durmuşy has agyrlaşypdy.Täze-täze salgytlar alynyp başlady. Harby adamlar eden-etdiligi halkyň närazylygy güýçlndiripdi. Närazyçylygyň çür başy türkmenleriň 1916-njy ýyldaky milli-azat edijilik hereketidir. Hereket Hywa hanlygyndaky, Eýrandaky türkmenleri hem öz içine alypdy.Türkmenleriň bu gozgalaňy Hywada, Tejende we Günbatar Türkmenistanda güýçli ýaragly çaknyşyklara çenli baryp ýetdi. Ýöne bu hereket hemme ýerde bir wagtda başlanmady.

Ykdysady iş taşlaýyşlar bilen bir hatarda gös-göni urşa we samoderžabiýä garşy bolan köpçilikleýyin hereket hem barha mese-malim ýüze çykyp başlaýardy.

Zakaspi oblasty boýunça koöp sanly žandarm swodkalary jaýlaryñ, diwarlarynda, märekeli ýerlerde urşa garşy jenaýatly ýazgylaryñ „patyşa neberesinimasgaralaýan“ „Gelişiksiz“ suratlaryñ şekilleriñ ýygy-ýygydan peýda bolýandygyny görkezýarler.

Nägilelik posýoloklaryñ rus ilatyny hem öz içine aldy olaryñ arasynda açlyk sebapli, goşunçylyga alynanlaryñ maşgalasynyñ azyk paýogyny bermekden ýüz dönderilendigi sebäpli, „heleýler topalañy“ köpeldi .

1915-nji ýýlyñ oktýabrynda Aşgabat uýeszdindäki Durun Pristawlygyna Akdepe obasynda daýhanlar Däli käriziniñ suwynyñ adalatsyz paýlanylýanlygy sebäpli uly ýer eýesi polkownik Magtymguly han bilen aç açan dawa tutdylar Murgap patyşalyk mülkünden suwy idinsiz almak faktlary köpçilikleýin hasiýete geçýärdi.

Daýhanlar we maldarlar salgyt tölemekden barha köp boýun gaçyrýardylar.1916-nji ýylyñ fewralynda Çekişler pristawlarynyñ japarbaýlaryñ birnäçe hojalygy salgyt tölemekdenn ýüz dönderdi.

Düye, gylýal, gara öý hem-de urş hajatlaryüçin gerek bolan beýleki zatlar rekwizirlenen mahalynda daýhanlar arçynlara, wolost dolaandyryjylaryna, pristawlara ýygy ýygydan garşylyk görkezýärdiler.

Nägilelik Hywa hanlygynyñ we Buhara emirliginiñ zähmetkeş köpçiligini hem öz içine aldy.

Türkmen zähmetkeşleriniñ şonuñ ýalyda Orta Aziýanyñ beýleki ýerli milletleriniñ zähmetkeşleriniñ nägileliginiñ artmagy 1916-nji ýylyñ ikinji ýarymynda ülkäniñ hemme raýonlaryny diýen ýaly öz içine alan aktiw çykyşlara öwrildi. Uruş ýyllarynda öñkisinden hem beter ýitileşen çekip çydap bolmajak milli koloniýal sütem gozgalañyñ esasy sebäbi boldy.

Imperiýanyñ koloniýal çet ülkelerindäki ilatyñ erkek göbeklileriniñ 19 ýaşdan 43 ýaşla çenlisini tyl işerine, ýagny okop gazmak üçin garawulçylyk etmek üçin goşunyñ ozal demir ýollarda harby kärhanalarda we ş. m.-larda işleýän rezerwlarynyñ ýerine ertmek üçin mobilizasiýalamak hakynda patyşnyñ 1916-njy ýylyñ 25-nji iýunynda çykara karary şol gozgalañyñ başlanmagyna gös-göni sebäp boldy.

Şol karara laýyklykda, Zakaspi oblastynda 15 müñ adam „Rekwizirlenmelidi - alynmalydy“.

**Hereketiň esasy ojaklary:**

**a. Hywada**

Ilkinji hereketi Hywa hanlygyndaky türkmenler başlapdy. Ol patyşa Russiýasynyň harby-tyl işleri üçin türkmen ilatyndan paleçilige adam alynmagy bilen gös-göni baglanşykly däldir. Patyşa hökümeti Hywadaky türkmen ilatyndan päleçilige adam almak meselesini gozgasada, ony durmuşa geçirip bilmändir. Esasy sebäpleriň biri Türkmen- Hywa gatnaşyklarynda asyrlar boýy dowam edip gelen ýer- suw meselesiniň has ýitileşmegidir. Dürli görnüşli salgytlar, ýerlikli – ýerliksiz jerimelerdir sütemler hem türkmenleriñ sabyr käsesini doldurypdy. Hywa hany türkmenler babatda şeýle agyr sütemi esasan patşa hökümetiniñ goldawyna daýanyp hereket edýärdi. Patyşa hökümeti öz gezeginde ýerli ilatyñ üstünden baknalyk (kolonial) syýasatyny ýöretmekde hany özüniñ iñ ýakyn, ynamdar kömekçisi hasaplaýardy. Şýdip türkmenler Hywa hanynyñ-da , patyşa hökümetiniñ-de bilelikdäki süteminden ejir çekýärdiler. Hywa hanynyň zulumy zerarly diňe türkmenler däl, hanlykdaky özbek, garagalpak ilatyndan hanyň heremhanasy üçin zorluk bilen gyzlaryň äkidilmegi gozgalaňyň başlanmagyny çaltlandyrypdy.Ilat Hywa hanyň eden-etdiligine garşy çäre görmegi talap edip 1916-njy ýylyñ ýanwar aýynda gozgalaňçylaryň uly topary Hywa ýetýär. Gozgalaňçylar Isfendiýar hanyň tagtdan el çekip, tagta dogany Seýit Abdylla töräni tagta çykarmagy talap edýärler. Amyderýa bölüminiň

naçalnigi polkownik Kolosowskiniň goşunynyň güýji Jüneýt hanyň nökerlerine gaýtawul bererden ejizdi. Ol öň ýomutlardan alynan ýaraglary yzyna gaýtaryp berýär. Ýomutlar bilen dostlukly gatnaşykda boljakdygyny polkownik Kolosowskiý söz berýär.

Fewral aýynda gozgalaňyň ikinji döwri başlanýar.Onuň birinji döwri özakymlaýyn, parahatçylykly görnüşde geçip, esasan Hywa hanynyñ sütemine garşy gönükdirilen bolsa, indi ol köpçülikleýin guramaçylykly ýaragly gozgalaña öwrülýär. Onda Jüneýt hanyñ baştutanlygynda gös-göni türkmenler esasy rol oýnaýarlar. Jüneýt han halk hereketini öz bähbidini berkitmek üçin peýdalanmaga çalyşsa, beýleki tarapdan gozgalañ Hywa hanynyñ we patyşa hökümetiniñ bilelikdäki sütemine garşy gönükdirilendi. Gozgalañ milli-azat edijilik häsiýetine eýe bolupdy. 1916-njy ýylyñ fewral aýynyñ 2-11- i aralygynda Jüneýit hanyñ ýaragly topary birnäçe begliklere hüjüm edýär we ykrar edilmedik ýerlerde ilata jerime salypdyr.

Polkownik Kolosowskiý ýagdaýyň agyrlaşýändygyny görüp, Türküstan general-gubernatoryna yzly-yzyna telegram-malar ýollaýar.

Netijede, Syrderýa oblastynyň gubernatory Galkin 5 müň atlysy we pyýada goşun bilen gozgalaňçylara garşy garşy gaýdýar.

Jüneýit han özüni “Hywa hany“ diýip yglan edýär. Emma Kolosowskiý hökümi ykrar etmändir,onuň Hywadan çykmagyny talap edýär. Şol aralykda Galkiniň jeza beriji otrýady Hywa gelýär we gazanly çaknyşyk bolýar.

Şondan soň Galkiniň özünde esasy iki sany wezipe bolupdyr. Biri Jüneýt hany ele salmaly, beylekisi gozgalaňyň esasy sebäpkärlerine jeza bermeli we türkmenleri doly ýaragsyzlandyrlan bolupdyr.

Şeýlelikde hanlygyndaky tükmenleriň 1916-njy ýyldaky gozgalaňy gaýgy gam bilen tamamlanýar.

Merkezi Aziýanyň ähli ýerinde, şol sanda Türkmenistanda-da milli-azat edijilik hereketiniň täze bir ýokary göterilişi 1916-njy ýylyň 25-nji iýunynda patyşa Nikolaý II-niň Russiýa imperiýasynyň gyran-çetlerinden ýerli ilaty frontyň “tyl işlerine“lýubilizlemek barada perman çykarmagy bilen baglydyr.

Päleçilik baradaky perman ilatyň öňden dolup duran sabyr käsesiniň üstüne urna bolýar.

Süteme döz gelip bilmediň ilat aç-açan çykyş etmäge mejbur bolupdyr. Permanlaryň ýerine-ýetirilmedik ýagdaýynda güýç ulanmak zorluk bilen ugratmaga görkezme berilýär. Ol bolsa milli-azad edijilik hereketine itergi berýär.

Zakaspi oblastynda halk hereketiniñ güýçli bolan ýerleriniñ biri Tejen uýezdidir. Uýesdiñ Sarahs pristawlygyndaky ilat ilkibaşdan pälä adam ibermejekdigini, zorluk bilen toplamaga synanşanlary öldürjekdigini aýdýar. Şonuñ üçin uýezdiñ naçalnigi pälä adam toplamaga garşylyk görkezenleri oka tutmaga-da rugsat berýän instruksiýa taýýarlaýar.

Oktýabr aýynyñ başlarynda Ỳazganjyk obasynyñ märekesi köpçülikleýin arza ýazyp, spisok düzmekde oba administrasiýasynyñ eden-etdiligini oblast naçalnigine aýan edýär.Muña garamazdan, pälä adam toplanýar. Şol adamlar Tejene tarap ugradylanda, olary boşatmak üçin Sarahs pristawlygynyñ ilaty aýgytly çykyş edýärler. Olar Garaşsyzlyk aýynyñ başlarynda jemi üç gezek päleçileri alyp barýan otrýadyñ üstüne hüjüm edýärler. Ilkinji ýola gepleşik arkaly ýaragly çaknyşygyñ öñi alynýar. Ikinji sapar Sarahsdan 30 wýorst uzaklykda 257 päleçini boşatmak üçin iki sagada çeken söweş hem netijesiz gutarýar. Üçünji gezekde ýene 50 töweregi adam hüjüm edýär, ýöne çykyş tiz basylyp ýatyrylýar. Pristawyñ kömekçisi Meñli hanyñ baştutanlygyndaky jeza beriji otrýad 22 sany „başbozary“ tussag edýär. Sarahs gozgalañyna baştutanlar hököminde Garaman wolostyndan

Guly işan , Ỳalawaç wolostyndan Döwletnyýaz Galandarow dagy işeññir gatnaşypdyr.

**b. Tejende**

Tizara päleçilige adam bermezlik we oña gitmeli adamlaryñ spisogynyñ adalatsyz düzülendigi baradaky meseläni ara alyp maslahatlaşmak üçin türkmen ýaşulylary Tejen uýeszdiniñ Bagşymiriş obasyna ýygnanýarlar. Maslahatda Patyşa hökümetiniñ zomynlygyna garşy aýgytly göreşmelidigi karar edilýär. Bu habar beýleki obalara-da ýetirilýär.

Netijede, 6-njy oktýabr aýyna geçilýän gije Alty Sopy we Eziz han baştutanlygynda Utamyş wolostyndan 2,5 müňe golaý türkmenler gozgalaň edýär.Olaryň bir topary Tejen derýasynyň üstünden geçýän agaç köprini otlaýar, telegraf simlerini gyrýärlar. Gozgalaňçylaryň beýleki topary Tejen şäherindäki demir ýol stansiýasyna hüjüm edýär. Ol ýerde taýarlykly gaýtawula duçar bolýarlar. Iki sagada golaý dowam eden çaknyşyk gozgalaňçylary yza çekilmäge mejbur edýärler. Gysga wagtyň içinde jeza beriji otrýad tarapyndan gozgalaňa gatnaşanlaryň 45-si tussag edilýär.

Aşgabatdyr Mary uýesdlerinde päleçilige närazylyk duýlsada ilat tarapyndan güýçli garşylyk bolmaýar. Halkyñ nägileliginiñ möwjemeginden howatyr edip, oblast naçalnigi Merwde, Baýramalyda halkyñ gözünden düşen ýerli emeldarlaryñ, arçynlaryñ birnäçesini işden boşatmaga mejbur bolýar.

**ç. Etrek-Gürgende**

1916-njy ýylyñ milli-azat edijilik hereketiniñ has gazaply ýüze çykan ýeri günorta günbatar Türkmenistandyr. Çekişler pistawlygynda ilat ilkinji bolup ýaraga ýapyşýar. Sebäbi päle alynjak adamlaryñ spisogynyñ düzülmegi barasyndaky buýruk haýal etmän ýerine ýetirilmese piristaw ýarag ulanmak barada hemle urýar. Bu bolsa eýýam awgust aýynyñ 17-ne Gurbangaz obasynyñ ilatynyñ ýaraga ýapyşdyrmaga getirýär.

Çarwa ilat bilen patyşa goşunlarynyñ arasyndaky ilkinji çaknyşykdan soñ oblast naçalnigine „Ỳomutlar gozgalañlar“ tuzurdylar diýen telegramma ýollanýar. Ỳerli iltayñ arasynda bolsa: „Ruslar bizi gyryp gutarjak bolýarlar“ diýen gürrün ýaýraýar. Bu waka pälä adam bermekden kesgitli boýun çagyrýan günbatar ýomut tireleriniñ aýgytly herekete girizýär. Olar demir ýoldan uzagraga gunorta tarap köpçülikleýin çekilip başlaýarlar. Ugur ata-baba göçüp-gonup ýoren gyşlak ýurtlary bolan Gürgen sebitlerine tarapdyr. Maksat jeza berijileriñ aýak ýeterinden añyrrak çekilipdir.

Çekişler pirstawy ilaty ok bilen garşy alýar. Serhetdäki postlarda türkmenler bilen serhetçileriñ arasynda çaknyşyklar bolýar. Aýaga galan ilaty saklamak olara başartmaýar. Atly ýaragly ýigitler rus goşunlaryny, narýadlaryny üstüne hüjüm edip telegraf tillerini ýykyp, simlerini kertişdiripdirler. Hatda gepleşige gelen türkmenler bilen öñ köp iş salyşan, rotmistr Požariskiý hem atlyp öldürülýär. Sebäbi tutuş ilatyñ patyşa düzgünlerine ynamy gaçýar. Şonda-da olar bir bada oblastyñ günbatar çäklerine göçürülip getirilen rus ilaty şäherçelere degmändirler.

Ỳagdaýyñ çylşyrymlaşmagyndan heder eden patyşa hökümýeti Ruhnama aýynyñ başlarynda ýomutlaryñ serhetden geçmegine päsgel bermezlik barada sehet postlaryna görkezme beripdir. Çaknyşyklar gowşaşypdyr. Şol wagt serhetden geçenleriñ yzyna gelenleri-de bolupdyr. Bu bolsa patyşa çinownikleriniñ : „Ỳomutlar bölünip Eýranyñ raýatlygyna geçjek bolýarlar“ diýen myş-myşlaryny ýalana çykarýarlar.

Zakaspi türkmenleriniñ aýaga galan döwri Eýranda goýatly türkmenleriniñ hem rus goşunlaryna garşy açyk çykyşlary bilen gabat gelýär. Iki toparyñ hem garyndaş ýomutlaryndan bolmagy olaryñ birleşmegini has çaltlandyrýar. 25-nji sentýabrda rus kazaklary Eýranyñ Astrabad welaýatyna parahat gezip ýoren bäş türkmeni, şol sanda pagta ýygyp ýören zenany öldürýärler. Gahar – gazaba münen ilat gana almak maksady

bilen gazaklaryñ Roždestwenskiý şäherçesini talap, öýlerini otlap, malyny sürýärler. Gowaga – jeñ güýçlenýär. Iki tarap hem barylşyksyz kömege gelen gazak sotniýalarynyñ şäherçeleri goramaga güýji ýetmeýär. Ỳaraglanan ýüzlerçe türkmen Saratow şäherçesine Mihaýilow obasyny pomeýşşikler Lionozoflaryñ Dubiskiniñ ýerli ilatyñ gara žahmetiniñ hasabyna bolan balyk pikirlerini we mülklerini talaýar. Gozgalañ goñşy türkmen obalaryna-da ýaýrap başlaýar. Rus goşunlary-da türkmen obalaryny talap otlamakda ilaty gyrmakda gaýra dutmaýarlar. Eýran ýomutlary bilen Zakaspi ýomutlarynyñ birleşmeginden öler ýaly gorkýan Astrabat hem-de Gürgen rus harby naçalnikleri yzly-yzyna kömek sorap Astarabada we Türkistan general –gubernatorlaryna telegrammalary ýollaýarlar. Olara ýardam üçin gneral G. M. Wolkownikowyñ we polkownik Ỳa.D. Staržalkowiskiniñ Astrabatdan ýollanan jeze beriji goşuny gozgalañçylardan güýçli gaýtawul alýar.

Gürgen töwereginde başlanan gozgalañ tiz Akgala, kümüs depe, Kümmet howuz, Maraw depe ( hemmesi Eýranda) etraplaryna dolýar. Ol ýerlere bärden baranlar hem aralaşyp, ýone olaryñ ruslara garşy çykyşlaryny tassyklaýan resminama ýok. Gozgalañçylar aralaryna ýollanan ahundyr, ak sakgallara: „uruş üçin, pul bereli ýöne adam berjek däl“ diýip jogap beripdirler.

Çykyşlaryñ giñ ýaýramagy, aýgytly häsýete eýe bolmagy diñe Eýrandaky ýa-da Zakaspidäki adminnistartiwýany däl eýsen bütin Türkstan Gubernatorlaryny hem uly alada goýupdyr. Sebäbi çykyşlar bütin Türkistan ülkesini öz içine alan hereket bilen utgaşypdyr.

**Hereketiň basylyp ýatyrylmagy we ähmiýeti.** Hereketiñ has aýgytly häsýete eýe bolan ýeri Etrek – Gürgen ýerlerindäki çykyşlary basyp ýatyrmak üçin täze bellenen general- gubernator N.Kropatkin Daşkentden ýörüte jeza beriji goşun ýollaýar. Goşunuñ başynda Syr derýanyñ gubernatory

jellatlykda ýakasyny tanadan awantýurist general Madridow goýulýar. Onuñ otrýadyna 8-mün adam g oz öñünde tutulsa-da, ýerli goşun bölümleri bilen bilelikde ondaky esgerleriñ sanyn 15-müne ýetipdir. Goşun 18-top, 17-pilmiot we başga ýaraglar bilen üpjün edipdir. Munuñ özi diñe Türkmenistanda däl eýsem Merkezi Aziýa ölçedinde-de kiçi –grim güýç däldi. Ol güýjüñ gowşak ýaraglanan we guramaçylyksyz baş göteren ýomutlary amana getirjegi gümansyzdyr. Şonuñ üçin „Ỳeñiş“ gazanyp olja alyp keýp çemek üçin general spirtli içgilerden ýuküni tutmagy hem ýadyndan çykarmandyr.

Harby ekspedisýanyñ öñunde goýulan wezipeler şeýledi: a) çaknyşyklarda wepat bolaýmasa, gozgalañ ýolbaşçylarynyn barjasyny tutmaly; b) atýan we sowuk ýaraglaryñ hemmesini konfisklemeli; ç) atlaryñ ähliјesini ellerinden alamly; g) mallaryñ ýarpysyny almaly; d)ýleriñ ýarsyny ýygnamaly; ýe) talap edilen işçileri –päleçileri doly toplamaly.

Goşun suw ýoly bilen Çekişleridir Esengulynyñ deñinden geçip, Aşyraýda we Garasuwa (Gürgen welaýatynda) düşýär. Ol ýerde ýomutlar bilen harby çaknyşyklar başlanýar. Ol diñe ýara tutup bilmeýän erkeklere garşy däl, eýsem aýal-gyzlara, çagadyr garrylara garşy gönükdirilen „uruş“ bolýar.

Dürli salgytlary, borçlary bahanalap, Russiýadaky has takygy, Zakaspidäki wakalardan bihabar Eýrandaky türkmen obalary rehimsiz talañçylyga sezewar edilipdir. Türkmen olarynyñ ilatyna diñe ýaraga ýapyşmak galýar. Olaryñ çykyşlary Zakaspili türkmenleriñ milli-azat edijilik hereketine goşýar.

Gürgenden soñ operassalar Etrek boýlarynda geçirilýär. Jeza beriji goşun tarapyndan Eýranyñ Büjünýurt wealaýaty bilen Etrek derýasynyñ aralygyndaky obalar weýran edilýär. 1917-nji ýylyñ başynda Çatda we Ỳaglyolumda (häzirki Gyzyletrek etrabynyñ teretoriasynda Etrek derýasyndaky olymlar) bolan ýaragly çaknyşyklardan soñ ýomut hereketiniñ esasan soñuna çykylýar. Şol söweşde türkmenleriñ 700-e

golaýy wepat bolýar. Serhetde yzyna aşan ilat hem Eýran türkmenleri ýaly, öç alyşdan sypmandyrlar. Krasnawodsk uýezdiniñ hem birnäçe çarwa obasy talañçylyga sezewar edilýär.

Zalymlygyñ talañçylygyýy bolmaýar. Gozgalaň ýatyrylandan sön hem doly bolmadyk maglumatlara görä, ýomutlardan 3200-tüpeñ 5-müñ töweregi düýe 100-müñ töweregi dowar 2,5-mün iri şahly mal 500-öý birgiden haly palas şaý-sep zorluk bilen alynýar. Şonda 5-müñ ýomut atynyñ toplanmagy ýurdumyzda ýomut tohum atlarynyñ köküne palata uran bolsa gerek. Şol zatlaryñ diñe ujypsyzja bölegi gazna düşýär. Aglabasy genaral Madritow bilen onuñ ülpetleriniñ holtumyna gidýar. Bir bölegi „talanan şäherçeleriñ“ ilatyna berilip, beýleki bölegi ýagny „ýomutlardan alynan goýunlar“ Gyzylarbatda we beýleki şäherlerde degere – degmeze satylýar.Mallaryñ ýene bir bölegi soýulup, duzlanyp, kakadylyp, fronta azyk hökmünde ibermek üçin Esengula aşyrylýar. Rekwizirlenen mallara seretmek ücin çopanlar hem ýerli ilatdan goýulýar.

Halk herekedine gatnaşanlaryñ baştutanlary Miri han, Sofyjyk, Şyhy han düýeji, Mergen arçyn dagy kalonial hökümetiñ eline düşýär. Herekediñ esasy ýolbaşçysy Baba Gylyç öz obasynyñ ýakylyp kül edilmeginiñ öñüni almak üçin duşmana „meýletin“ boýun egýär. Şol güniñ özünde , ýagny 1917-nji ýylyñ 18-nji ýanwarynda general – gubernator Kuropatkin: “Orat Aziýada gozgalañyñ soñuna çykyldy “ diýip paýtagta maglumat berýar. Baba Gylyjyñ konwoý bilen Daşkende ýollanadygy barada maglumat bolsa-da , onuñ soñky ykbaly näbelli bolup galýar. Beýleki ýerlerde bolşy ýaly Sarahsda ele düşen bäş sany „Başbozaryñ “ dardan asylmagy baradaky harby suduñ kakaryny göz öñünde tutsak Baba Gylyjyñ ykbalynyñam oñly bolmajakdygyny añlasa bolar.

Şeýlelikde, Türkmenistandaky 1916-njy ýylyñ milli – azat edijilik herekedi basylyp ýatyrylýar. Herekede baş goşanlardan

rehimsiz öç alynýar. Soňundan päle üçin göz öňünde tutulan adamlar hem  toplanýar. 1916-njy ýyldaky milli hereket özakymlaýyn bolup, onuň hereketlendiriji güýçleri esasan türkmen garyp- gasarlaryndan durýardy. Ol adaty daýhan gozgalaňydy.

Oblastyň dürli regionlarynda ýaýbaňlanan hereketleriň arasynda arabaglanşyk ýokdy. Olar biri-birinden üzňelikde bolupdy. Gozgalaňçylaryň anyk maksatnamalryda ýokdy. Göreşe işeňňir gatnaşyp biläýjek milli işçi kadrlary entek kemala gelmändi.

Milli –azat edijilik hereketde halk kopcüligi iki topara bölünipdi . Az sanly milli intelligensiýa, şol sanda ruhanylar hereketde ýolbaşçylyk roly oýnap bilmändi. Onuň tersine türkmen jemgyýetini dolandyryjy toparyň bir bölegi kolonial düzgüne , patşa administrasiýasyna ýapjalyk edipdi. Ine – bularyň ählisi halk hereketiniň  ýeňilmeginiň esasy sebäpleridir.

Häsiýeti boýunça bu halk hereketi Patşa Russiýasynyň kolonial syýasatyna, onuň alyp barýan imperialistik urşuna, Hywa hanynyňdyr Buhara emiriniň gitdigiçe artýan milli-sosial sütemine garşy azat edijilik göreşdir. Muňa garamazdan, bu herekete sowet taryh ylmynda başga hasiýet berildi. Has dogrusy, „reaksion, milletçilikli hereket“, ýagny „ruslara garşy gönükdirilen gozgalaň “ diýip görkezildi. Onda esasy tutaryk Eýrandaky rus şaherçeleriniň, çinownikleriň we harbylaryň emläkleriniň dargadylmagydy. Şol wakalaryň ar almak maksady barada bolsa kelam agyz söz aýdylmaýardy.

Türkmenleriň göreşine gaýry imperialistik ýurtlaram goňşy döwletlerem raýdaşlyk bildirmändirler. Ýogsam Türkiýe, Germaniýa Merkezi Aziýada öňden bäri bäsdeşlik edip gelýän Beýik Britaniýa Türkistany Russiýadan bölüp aýyrmagyň tarapdarydy. Halk aýaga galanda welin, olar dymdylar. Goşa raýatly türkmenlere garşy Russiýanyň şeýle rehimsiz daramagyna Eýran şasy-da , onuň hökümeti-de biparh garady.

Şonuñ üçinem türkmen ilini basyp alandan soñ dörän ilkinji milli hereketi basyp ýatyrmak patşa Russiýasyna ýeñil düşdi.

Türkmen halkynyñ milli-azat edijilik hereketi basylyp ýatyrylsa-da, onuñ taryhy ähmiýeti uludyr. Ol halkyñ gahar-gazabynyñ güýjini görkezdi. Onuñ özi türkmen tire-taýpalary özara birleşen bolsa, olaryñ öñünde durup bolmajakdygyny äsgär etdi. Halk hereketi patşa çinownikleriniñ we ýerli emeldarlaryñ öz edýän sütemlerini gowşatmalydygyna duýduryş boldy. Muny hatda general-leýtenant Madritowyñ: „Biziñkiler ýerlerde halkyñ ynamyny we hormatyny gazanyp bilenoklar“ diýmegi-de tassyklaýardy. Bu ýagdaý patşa hökümetiniñ kolonial syýasatynyñ geljeginiñ ýokdygyny ýene bir gezek ýatladýardy.

## 20. XIX asyryñ II ýarymynda - XX asyryñ başynda Türkmenistanyñ medeniýeti.

**Ulkäniñ baýlyklaryny öwrenmekligiñ zerurlygynyñ ýüze çykmagy we onuñ amala aşyrylyp başlanmagy.** XX asyr bolsa has hem agyr geldi. Taryhda hiç mahal özge döwletiñ ýüküni çekmedik türkmen başga döwletiñ elgaramalygynda galdy.

Baknalyk ýagdaýynyñ durmuş - ykdysady, durmuş - administratiw şertleri türkmen medeniýetinden hem-ä öñe gidişliklere, hem-de yza tesişliklere alyp bardy. Ülkäniñ tebigatyny, ýerasty baýlyklaryny , ösümlik hem-de haýwanat dünýäsini ylmy taýdan öwrenmek, birinjiden , patyşa Russiýasynyñ ösüp gelýän senagatyna zerur çyg mallary tapmak we özleşdirmek üçin gerekdi, ikinjiden, türkmenleriñ hut öz durmuşynda-da gös –göni täsir edipdi. Tebigy baýlyklary öwrenmek işi entek türkmen ýerleri doly boýun egdirilmänkä başalanan bolsa-da , baknalyk döwründe bu ugurda has köp işler bitirilipdir.

Türkmenistanyň patyşa Russýasy tarapyndan basylyp alnandan soň, ülkäni ylmy taýdan öwreniliş hem başlanýar. Emma şeýle barlaglar diňe metropoliýanyň bähbidi üçin alnyp barylýar.Özem hökümrowanlyk dolandyryş ulgamynda döredijilik çygry dar mümkinçilikleriň çäklerinde alnyp barylýardy. Şeýle-de bolsa ençeme rus alymlarynyň şahsy hyzmatlary we käbir jemgyýetleriň inisiatiwasy bilen bu ugurdan belli bir derejede üstünlikler gazanyldy. Bu öňi bilen geologiýa ylmyna degişlidir. Beýleki ugurlardan tapawutlynykda XIX asyr. çenli Türkmenistan babatda bu ylma degişli maglumatlar örän ujypsyzdy. Sebäbi dowam edýan jemgyýtçilik syýasy durmuş ykdysady taýdan etilen dereje muňa zerurlyk hem döredip baranokdy, mümkinçilik hem berenokdy.

Türkmen erleriniň Russiýa birikdirilmeginden soňky döwür rus alymlarynyň täze barlaglary bilen alamatlandy,olar ülkäniň içine köp sanly ekspedisiýlar gurap we meýilleşdirilen gözegçilikler esasynda geçirip,ylym üçin örän gymmatly geografik,monografik materiallar,etnografik we taryhy maglumatlar berdiler, ülkäniň haýwanat we ösümlik dünýasini,onuň tebigy baýlyklar hem-de gazylyp alynýan baýlyklaryny we ş.m. beýan etdiler.

**Türkmenistana gelen rus alymlarynyñ alyp baran ylmy-barlag işleri.**

1879-1883-nji ýyllarda general A. I. Gluhowskiniñ ekspedisiýasy Uzboý sebitlerini öwrenip, ol ýerleriñ kartasyny çekýär. 1881-nji ýylyñ fewral aýynda rus alymlary Garagumda kükürt ýatagyny açýarlar. Ol işe poruçik Kalitin işeññir gatnaşýar. Zakaspiý demir ýolunyñ gurluşygyna inžener hökmünde gatnaşan P.M. Lessar bilen A.M. Konşin 80-nji ýyllarda Garagumy öwrenmäge goşant goşyalar.

Şol döwürde iň möhüm barlaglar A.M.Konşyn, W.A.Obruçew, K.I.Bogdanow we beýleki görnükli rus alymlarynyň atlary bilen baglanyşyklydyr.Eýýam XIX asyryñ

ahyrynda Türkmenistanda geologik barlaglar öz işjeň, özakymlaýyn däl-de, belli bir maksada gönükdirilen häsiýete eýe bolup başlaýar.

Rus geologlary tarapyndan Türkmenistanyň esasan hem Zakaspiniň käbir raýonlary karta geçirilýar. Şonuň bilen birlikde Türkmenistanyň geografiýasyny hem öwrenmeklige uly üňs berildi. Esasy meseleleriñ biri ülkäniň öndüriji güýçlerrini çüň öwrenmekdi. Sebäbi gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ulanyp bilinmegi, gymmatly çig malyň pagtanyň öndürülişini ýokarlandyrmak mümkinçiligi giň giden ýerleri ulanmagyň zerurlygy rus kapitalizmyny gyzyklandyrýardy.

1879-1883-njy ýyllarda general A.M. Gluhowskiniň ýolbaşçylygyndaky ekspedisiýa Uzboýda topografik işleri amala aşyrypdyr.

Oblastyň öndüriji güýçlerini öwrenligiň düýbüni I.W.Muşketow we şägirli W.A.Obruçew (geljekki akademik), K.K. Bagdanowiç we beýlekiler goýundylar. Bu ülkäniň geologiýasi we gazylyp alynýan peýdaly magdanlary hakynda ilkinji maglumatlar şolara degişlidir. Olaryň toplam maglumatlary, gelen netijeleri biziň günlerimizdede öz ähmiýetini ýetirmeýar.

Alymlaryň we spesialistleriň ünsüni Turkmenistanuň nebit zapasly ýerleri hem çekýar.

Geçen asyryň soňky on ýyllygynda Russiýanyñ senagatyň güýçli depginde ösýan döwri boldy. Esasanda dokma senagaty güýçli ösýardy. Şonuň üçin Türkmenistanda pagtaçylygy ösdürmeklige uly üns berilýar. Pagta bolan zerurlyk belli bolşy ýaly, patyşa Russiýasynyñ Orta Aziýanyň, şol sanda Türlmenistanda basyp almagynyň esasy sebäpleriniň biri bolup galýardy.

**Baknalyk döwürde ylym we aň-bilim edaralary.** XX asyryñ başlarynda Zakaspide suwarylýan ýerleri özleşdirme irrigasion desgalary gurmak we ş.m. maksady bilen gözleg işleri geçiriliş başlanýar. Türkmenistanyñ nebit baýlyklaryny

öwrenmek babatda Çelekende, Nebitdagda, Balkan dagda alymlaryñ uly topary (N.I. Andrusow, A.P. Iwanow, K.P. Kaliski, W. N. Weber we beýlekiler) gözleg-başlag işlerini geçirip şol ýerleriñ geologik kartalaryny düzýär. Zakaspini ylmy taýdan öwrenmekde belli rus alymy , biolog W. L. Komarow uly işler bitirýär. Ol Sakt- Peterburg uniwersitetiniñ birinji kursunda okap ýörkä, Russiýanyñ imperatorlyk geografiýa jemgyýetine kabul edilýär. Şol jemgyýetiñ teklibi bilen 1893-nji ýylda, ýagny üçünji kursyñ talybyka, Zakaspä iberilýär. Garagumda toplanan materiallary esasynda talyp W. L. Komarowyñ ýazan ylmy işi jemgyýetiñ kümüş medalyna mynasyp bolýar.

XIX –XX asyrlaryñ sepgidinde Petreburg, Moskwa, Kazan şaherlerde Türkmenistandan toplanan kolleksiýalar türkmen ülkesini, onuñ topragyny , osümliklerini, haýwanlaryny wagyz etmekde bitirilen uly işdir. A. Bekker, A. Regel, G.I.Radde, A.A.Antonow, W.I.Lipskiý,A.N.Krasnow ýaly adamlar Türkmenistanda botanika ylmynyñ döremegine esas goýdular. Rus alymlaryndan N.A. Zarudnyniñ guşlar, L.S.Bergiñ balyklar, S.K.Pontýakowskiniñ dowarçylyk, S.M.Karopowyñ atçylyk barasyndaky ylmy gözlegleriniñ ähmiýeti uludyr.

Özüniñ dokma senagatynyñ öñe çykaran çyg mal zerurlygyny patyşa Russiýasy belli bir derejede Türkmenistanda pagta ekmegiñ hasabyna çözmegi maksat edinýär. Onuñ üçin täze suwaryş desgalary gurup, suw üpjünçiligini gowlandyrar ýaly, barlag işleri geçirilýär. Garagumyñ üstünden kanallar geçirmegiñ meýilleri çekilýär.

Şonuň üçin 1906-1907 ýyllarda injener M.A. Ýermolowyň kspedisiýasy Uzboý sebäplerini öwrenipdir. Şol bir wagytda Amuderýa we Murgap aralygyndada gözleg işleri alynyp barylýar.

Topragy we suw resurslaryny öwrenmeklik üçin köp alymlar zähmet çekipdirler. Meselem, 1911-nji, ýylda Mary we

Tejen oazislerini Amuderýanyň suw resurslary bilen suwarmak mümkinçiligini B.H.Şlegeliň ekspedisiýasy öwrenipdir.

Ylmy barlag işleri Zakaspinyň ösumlik we haýwanat dünýasini hem öz içine alýar. Şu ugurdan materiallar entek Türkmenistan Rus birikdirilmäge-de ýygnalypdy.

Barlagçylar tarapyndan Zakaspiniň haýwanat we ösünlik dünýasy barada baý gymmatly kolleksiýalar döredilýar.

Türkmenistyň öz territoriýasynda ilkinji ylmy edaralar XX-nji asyryň başlarynda esaslandyrylýar. 1898-nji ýallarda Köşi obasynda ýerleşýan Asgabat oba hojalygy tejribe meýdany döredilýar. Ol meýdanda geçirilýan ylmy barlag işleri gowaçanyň we beýleki ýag berýan ösünlikleriň hasyllygyny ýokarlandyrmak barada bolýar. Şeýle maksatly agrotehniki çäreler Baýramalydaky patyşalyk mülkünde-de alynyp barlypdyr. Emma welin Türkmenistaň özünde ylmy işi gurajak bolup edilen synanşyk şowune düşmedi. Bu ugurda alnyp barylýan iş köplenç reklama häsiýetinde bolup, göz üçin edilýardy, onsoňam bu işiniň gazanan üstünlikleri az-owlak adamlaryň ygtyýaryndady, olaryň bähbide hyzmat edýardy.

1899-nji ýylda Aşgabatda Zakaspi oblast muzeýi esaslandyrylýar.

Türkmenistanyň tebigi resurslaryny öndüriji güýçlerini öwrenmek bilen bir hatarda türkmen halkynyň taryhy geçmeşi, arhiologiýasyny we etnografiýasyny öwrenmek barada-da ilkinji ädimler edilýar. Bu ururdap zordan az –owlak zatlar, işler edildi. Emma welin türkmen binaçylarynyň okdelik bilen döreden zatlary, halk zergärleriniň ýasan inçe we nepis nagyşly gyzyl-kümüş onümleri, ellerinden dür dökülýan türkmen halyçylarynyň dokan çeper we dabarasy dag aman, dünýa belli halylary, poeziýa we halk döredejiligi bilen mähäm baglanşykly bolup, diňleýjilerin göwnüni göterýan aýdym sazlary, halkyň baý döredejiligi we edebi mirasy – bu zatlaryň hemmesi rus baglagçylarynyň, syýahatçylarynyň, galyberse-de

sungatyň gadyryny bilýan adamlarynyň ünsüni  özüne çekmän durup bilmedi.

Patyşa hökümetiniň syýasaty ýerli ilaty öwrenmegi talap edýärdi. Kalonial administrasiýanyň başynda kähalatda taryha höwesek, intellektual taýdan soňraky sowet ýolbaşçylarynyň aglabasyndan ösen adamalryň durmagy gadymiýete baý türkmen ülkesiniň arheologiýasynyň we taryhynyň öwrenilmegine deslapky şertler döredýär.

Dünýa belli bolan Nusaý, Änew, köne Marynyň harabaluklary gymmatly taryhy  ýadigärlikler hökmünde barlagçylarynyň ünsüni çekdi. Eýýäm 188-nji ýylda Zakaspi oblastiniň naçalnigi general A.W. Komarow Änewiň depesinde gazuw-agitaryň işlerini alyp bardy. Onuň işine nemes arheology Gubert Şmidt hem gatnaşaýar. Bu ekspedisiýa soň Merw uýezdiniň ýadigärliklerini öwrenýär. General Komarow Kawkazyň ., Merkezi Aziýanyň arheologik ýadigärlikleri baradaky birnäçe ylmy işliň awtoey bolup, ol Maşat Misseriýany- da , Köne Nusaýy-da , Täze Nusaýy-da öwrenýär.1890-njy ýylda professor  W.A. Žukowskiý gadymy Merwiň syrly taryhyny öwrenmäge girişip, soňra Sarahsyň, Abywerdiň ýadigärlikleriniň jümmüşine aralaşýar. Umuman W.A. Žukowskiniň Günorta Türkmenistanyň arheologik medeniýetine bagyşlap çap eden işleri biziň günlerimizde hem möhüm ylmy işler hasaplanýar. 1904-nji ýylda R. Pampelliniň ýolbaşçylygynda amerikan ekspedisiýasy, 1906-1910-njy ýyllarda A.A. Semýonowyň topary tarapyndan Änewde we Maşat Misseriýanda gazuw-agtaryş işleriniň geçirilmegi, soňra hem Türkmenistanyň gadymýeti barasynda makalalaryň, habarlaryň, nutuklar görnüşindäki ylmy işleriň çap edilmegi türkmenşynaslyk ylmynda uly wakady.

XX asyryň başlarynda ülkäniň taryhy ýadigärliklerini öwrenmäge milli intellegensiýanyn wekilleriniň hem goşulmagy guwandyryjy faktdyr. N.N. Ỳomut han baryp 1910-njy ýylda sasaniler döwrüne degişli Hysrowgalanyň gurluşy

barada ýazypdy. Öwrenilen we hasaba alynan ýadigärlikleri sisitemalaşdyrmakdan ötri taryhy söýüji E.E.Teýle Zakaspi boýunça ýadigärlikleriñ sanawyny düzüpdir.

Kolonial hökümetiñ nähili maksady göz öñüne tutandygyna garamazdan , gadymy arhitetura ýadigärliklerini dikeltmäge, käbir halatda rejelemäge synanşylýar. Murgapdaky patyşalyk mülküñ administrasiýasy 1913-nji ýylda Soltan Sanjar mawzoleýiniñ remontyna köp serişde sarp edýär. Munuñ özi soñky ençeme ýüz ýyllykda taryhy ýadigärlikleri goramak babatdaky ilkinji ädimdi. 1885-nji ýylda Russiýanyñ arheologiýa jemgyýetiniñ gündogar bölüminiñ maslahatlarynyñ birinde gadymy Merw oazisi, şol sanda Merwerut barasynda ylmy nutuk diñlenýär. Şol ýyl Sarahsda 1886-njy ýylda Gäwirgalada (Gadymy Merw), 1887-nji ýylda Pendi oazisinde gazuw-agtaryş işleri geçirilýär.

Baknalyk döwründe rus intellegensiýasynyñ tagallasy bilen Merkezi Aziýa halklarynyñ medeniýetini, geografiýasyny, taryhyny, arheologiýasyny, etnologiýsyny öwrenmek boýunça birnäçe ylmy, wagyz edijilik mazmunly jemgyýetlerdir kružoklar döredildi. Olaryñ hatarynda „Arheologiýany söýüjileriñ Türkistan kružogy”, „Russiýanyñ geografiýa jemgyýetiniñ Türkistan bölümi”, „Gündogarşynaslar kružogy”, jemgyýetleri we beýlekiler bardy.

XX-as.başyndan oblastyň arhetiktura ýadygärliklerini öwrenmeklige has ýakyndan girişilýar. 1903-nji ýylda Aşgabatda arheologiýa söýujileriň kružogy esaslandyryldy.

Türkmen halkynyň taryhy geçmişini öwrenmeklige başgada bir näçe barlagçylyr öz goşantlaryny goşupdyrlar. Olardan: A.N. Samoýlowiçi, W.A. Žukowskini, P.M. Lessary we beýlekileriň atlaryny tutmak gerek.

Şu döwürde türkmenleriň etnografiýasynyň degişli materiarlar-da toplanypdyr.

Zakaspi oblast naçalniginiň konselýariýasynyň iş dolandyryjysy A.A. Lamakin 1897-nji ýylda türkmenleriň adaty barada kitabyny çap edipdir.

Türkmenleriň durmuşy, geşmişi hakynda 1900 ýylda F.A. Mihaýlow hem bir kitap çap edýar.

Ilatyň esasy köpçüligi medeni çäreleri diňe köpçüligiň üýşen ýerlerinde-bazarlarda, çaýhanalarda, toýlarda geçirilipdir.

1891-nji ýylda Aşgabatda «Асхабатский вестник объявлений» diýen metbugat organy döredilýar. 1895-nji ýylda «Закаспийское обозрение», 1898-nji ýylda «Асхабат» ady bilen neşir edilip başlanýar. 1914 ýylda imperialistik urşuň frontlerdaky täzelikler bilen ýerli ilaty tanyşdyrmak maksady bilen türkmen dilinde «Zakaspi ýerli gazeti» (Maweren bahri-Hazar) at bilen hepdede iki gezek ýörite bülleten neşir edinmäge başlanupdyr. 1914 ýylda ozal türkmen dilinde gazetler we kitaplar asla neşir edilipdir.

**Mekdepler we medreseler. Türkmen-ors mekdepleri.** Patyşa Russiýasy üçin ýerli ilatyň arasynda öz kolonial-baknalyk syýasatyny durmuşa geçirmek üçin ýaranjaň hyzmatkärler gerekdi. Şonuň üçin rus-ýerli mekdepler açylypdyr. Esasy maksat şol mekdepleriň täsiri bilen ýerli ilaty, patyşa Russiýasynyñ we onuň kanunlaryna tabyn edip saklamakdy. Mekdebiň funksiýasy okuwçylara rus gepleşik dili, okamagy, ýazmagy we arifmetikany owretmek bolupdyr. Şol okuwçylardan dilmaçlar, ýerli mekdep mugallymlar, mürzeler, sudýalar, ofiserler, ýerli administrasiýa işkärleri taýýarlanylypdyr. 1905 ýylda şeýle mekdepleriň Zakaspi oblastynda 21 sanysy bolupdyr. Okuwçylarynyň köp bölegi barlylaryň çagalary bolupdyr.

Şondan başgada umumy bilim berýan dünýewi mekdepler, uçileşeler esasam ewropalylar üçin niýetlenýardy. Bulardan başgada dürli görnüşdäki başlangyç mekdepler bolupdyr.

Dini (konfesional) mekdepler Oktýabr rewolýusiýadan öň türkmen çagalarynyň esasy okuw jaýlary bolupdyr. Dini

mekdepler iki topara, ýagny mekdebe (aşakky) we medreselere (ýokary okuw jaýlaryny) bölünipdir. Mekdepler has giň ýaýran dini okuw jaýydyr. Olar metjitlerde açylýardy açylýardy. Maldarçylyk raýonynda (ilatyň göçüp-gonyp ýorendigi üçin) bolsa garaja öýlerde okadylypdyr.

Okatmagyň täze ususy (jeditçilik) Zakaspide Türkistanyň beýleki ýerlerine garanyňda haýal ýaýrapdyr. Täze (sesli) usul, okuwyň ene dilinde alnyp barylmagy çagalaryň geçilýan sapaklary özleşdirmegini biraz ýeňilleşdiýardy.

**Türkmen dili we edebiýat. Halk döredijiligi.** Şu döwürde türkmen çeper döredejiligi täze özgerişleriň täsirini kabul edip, özune mahsus bolan milli formada ösüpdir. Edebiýatyň esasy wekilleri şahyrlar bolupdyr. Şahyrlar halkyň arasyndan çykýardy. Olar obalarda ýaşap, halkyň hakyky durmuşy bilen ýakyndan tanyşdylar. Türkmen nusgawy edebiýatyň düýbüni tutyjy Magtymgulynyň däplerini dowam etdirip türkmen şahyrlary halkyň hyýalyny, isleg arzuwlaryny wasp edýardiler. Olaryň eserlerinde watana söýgi, azatlyk söýujilik, halka häsiýetiniň iň gowy sypatlary-myhmansöýerlik, dostluga, söýgä wepalylyp, ak ýureklilik, dogryçyllyk we ş.m. meseleler uly orun tutýardylar.

Türkmenistan Russiýanyň düzüminde bolan wagtynda edebiýat barada gürrüň edilende köplenç sanlyjy şahyrlaryň, ýagny halk şahyrlarynyň Körmollanyň, Durdy Gyljyň, Mollamurtyň, Baýram Şahyryň atlary bilen çäklenilýar.

Iki asyryň sepgidindäki türkmen edebiýaty barada aýdanamyzda Döwletmämet Balgyzynyň (1854-1912ýyllarda) liriki häsiýet, Mizgingylyjyň (1860-1922 ýyllarda), köptaraplaýyn, Molladurdynyň (ýaşlukda Durdymuhammed) 1860-1922 ýyllarda ylma , sowatlylyga çagyrýan eserleri agzap geçmelidiris.

Şu döwriň edebiýatynda uly orun, belleýşimiz ýaly, halk şahyrlary Körmolla, Durdy Gylyç, Mollamurt, Baýram şahyra degişlidir.

Körmolla (Suhanberdi, 1876-1934 ýyllarda) 23 ýaşynda iki görejinden mahrum bolýar.Türkmenistanyň patyşa Russiýasyna birikdirenden soň türkmen dili hem käbir alymlaryň ünsüni çekýar. Ýerli ilat bilen aragatnaşygy ýola goýmak üçin, Türkmenistanda rus kapitalizminiň bähbidi üçin işleri alyp barmak üçin Türkmen dilini öwrenmeklik zerurlylyga ýuze çukýar.

Türkmen dili boýunça görnükli iş bitiren adamlaryň biri görnükli rus we sowet türhology, akademik A.N.Samoýlowiç(1880-1938)uly işler bitirýar.

Dünýä belli sowet akademigi Aleksandr Nikolaýewiç Samoýlowiç (Isgender Jahangir, 1880-1938) entek Ptergurg uniwersitetiniñ talyby ýyllarynda türkmen dili, edebiýaty, folklory, medeniýeti we etnologiýasy bilen meşgullanyp başlaýar. Onuñ „Türkmen diliniñ teke şiwesini ligwistik taýdan öwrenmegiñ tejribesi ”diýen işi gündogar diller fakultetiniñ 1904-nji ýyl üçin altyn medalyna mynasyp bolýar. Alymyñ diplom işi-de Türkmenistana 1902-nji ýyldaky komondirowkalary netijesinde ýazylypdyr. Belli alym türkmen şahyrlarynyñ 70-si barada maglumatlar toplap, olaryñ edebi mirasyny öwrenipdir.

Türkmen dilini öwrenmekde görnükli Iwan Alekseewiç Belýaew hem uly işler edýar. Onuň 1913-njin ýylda „Rusça-Türkmençe sözlügi”, 1915-nji ýylda „Türkmen diliniň grammatikasy” diýen işleri çapdan çykýar.

XIX-XX asyrlaryñ sepgidinde türkmen halkynyñ sowatlylygy nä derejede boldyka? Sowet häkimýeti ýyllarynda edebiýatda ýörginli bolan pikire görä , türkmenleriñ şol döwürde sowatlylyk derejesi 0,7 % deñ bolupdyr, ýagny her müñ adamdan ýedisi okap-ýazyp bilipdir. Beýle pikir dogry däldir, şoña görä-de oña täzeçe çemeleşmek zerurdyr. Ony maglumatlar hem subut edýär.

1908-1910-njy ýyllarda bütin Türkistanda , şol sanda Zakaspi oblastynda hem graf K.K. Paleniñ ýolbaşçylygynda

barlag komissiýasy işleýär. Şonuñ maglumatlaryna görä, Zakaspiý oblastynda jemi 451 müñ 470 adam , şol sanda 362 müñ 948 ýerli ilat ýaşaýan eken . şol ýyllarda oblastdaky 557 dini mekdepde 9560 çaga (şolaryñ 900-si gyz) , 85 medresede 911 adam okapdyr. Oblastdaky iki gimnaziýada 43 , dürli uçilişeleriñ 54-sinde 306 türkmen çagasy okaýan eken. 1911-nji ýylda Zakaspidäki on sany rus –ýerli mekdepde 194 ýerli çaga okapdyr. Oblastda 1909-njy ýylda bar bolan 8 sany hususy mekdepdäki 656 çaganyñ bir böleginiñ türkmenler bolandygy ikiuçsyzdyr. Bu sanlar Zakaspi oblastynda 1908-1911-nji ýyllarda dürli okuw jaýlarynda türkmenlerden 10 müñ 914 adamýñ okanlygyna şaýatlyk edýär. Görşümiz ýaly diñe şu sanlary jemlesegem, garalýan döwürde Zakaspiniñ ýerli ilatynyñ 3 % -den gowragynyñ sowatly ekendigini hasaplamak mümkin. B. A. Hojagulyýewa täze derñewler esasynda XX asyryñ başynda türkmenleriñ sowatlylygynyñ 7 % -den gowrak bolandygyny tassyklaýar.

Türkmenleriñ sowatlylyk meselesinde bütin yslam ýurtlaryna mahsys dini mekdep-medreseleriñ roly uludur. Maglumatlara görä, Türkmenistanda medreseler esasan Mary , Çärjew, Halaç ýaly oturumly etraplarda toplanypdyr. Tejende, Kakada, Ahalyñ, Gorjaw obasynda nähili hem bolsa öz medreseleri bolupdyr. XIX-XX asyrlaryñ sepgidinde Mary etraplarynda Molla Töre Ahun (Töremyrat Rahmanguly 1839-1895), Demirgazyk Türkmenistanda Amangeldi ahun (XIX asyryñ II ýarymy- XX asyryñ I çärýegi), Lebap sebitlerinde (Astanababa) Akmuhammet işan , Balkan töwereklerinde Hajyguly ahun ýaly onlarça belli şahslar bolupdyr. Olar türkmen çagalaryny hat-sowatly , bilimli etmegiñ sakasynda duran adamlardyr.

Molla Töre Ahun Sarahsda dogulan. Ol oba mollasynda sowadyny çykyp, soñ 18 ýyl töweregi Buharada bilimini artdyrýar. Belli türkmen magaryfçysy Molla Töre Ahunyñ baý kitaphanasy bolupdyr. Özi aradan çykandan soñ, onuñ

kitaplaryny ogryn-dogryn saklanyp galan uly bölegi Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyñ golýazmalar fonduna (Häzirki Türkmenbaşy adyndaky Milli golýazmalar institutyna ) tabşyrylyp , bir bölegi bolsa onuñ-munuñ eline düşip, dargap gidýär. Ahun syýasy döwlet işine hem baş goşupdyr. Russiýanyñ Türkmenistany basyp alýan döwründe ol Mary oazisinde gan dökmezden, Russiýa birleşmegi ündäp çykyş edipdir we Gökdepe gyrgynçylygynyñ gaýtalanmazlygyna syýasy taýdan hemaýat edipdir.Amangeldi ahunyñ iki basgançakly medresesi bolup, birinji basgançagynda başlangyç, ikinjisinde orta we ýokary bilim berilipdir. Medresede jemi 350- 450 talybyñ okaýan wagtyna hem duş gelinipdir. Birnäçe talyba ulamalyk patasyny beren Hajyguly ahun Balkan etraplarynda giñden tanalypdyr. Ol çagalary okatmaga köp üns berip, şol maksat bilen özi metjit saldyrypdyr. Metjidiñ depesi gümmez görnüşinde edilip, üsti sözen bilen basyrylypdyr. Sözeni kesişdirip, arçap, rejeläp örüp, üsti toýun palçyk bilen suwarylypdyr. Häzir Gazanjyk etrabynyñ Düwünçi obasynda şol metjidiñ diwarlarynyñ ýumurylan sudury saklanyp galypdyr. Dini mekdeplerde esasan 6-9 ýaşly çagalar kabul edilip, olar zehinine , geçilýän derslerdir materiallary özleşdirip bilşine laýyklykda 2-5 ýyl okapdylar. Medreselere mekdebi üstünlikli tamamlan ýaşlar alynypdyr. Olar medreselerde esasan 10 (hatda 20 ) ýyla çenli okapdyrlar. Ýokary dini sowat almak üçin türkmenler köplenç Buhara, Hywa ýaly ýerlere gidip okamaly bolupdyr.

Mekdepdir medreselerde arapça (esasan dini ) kitaplary okamak we ýat tutmak bilen birlikde arap, pars, türk dillerini, geografiýasyny, arfmetikasyny, logikany, filosofiýany, hukugy, edep-ekramy (etikany) , ritorikany we beýleki käbir dünýewi dersleri öwrenipdirler, ylmy jedeller gurapdyrlar. Mekdep programmasynda “Kuranyñ ” aýry-aýry süreleri bilen bir hatarda “Rownak yl-yslam” , “Sopy Allaýar”, şeýle hem Hoja Ahmet Ỳasawynyñ , Haja Hafyzyñ, Nowaýynyñ kitaplary esasy

orny tutsa, medreseleriñ programmasynda ýüzden hem käniräk kitaby özleşdirmek maksat edilipdir.

Dini sowadyñ wajyp ähmiýetini ykrar etmek bilen, şu ýerde bir zady bellemek gerek . Ahun-mollalar türkmenleriñ arasynda gadymdan gelşi ýaly, akyl zähmeti bilen meşgullanan ýeke-täk topar bolup galypdyr. Olar hojalygyñ ähli görnüşleri , kärlerdir pişeleriñ köpüsi bilen meşgullanypdyrlar, ýöne ruhanylar öndüriji güýçleri, ylymdyr sungaty ösdürmek üçin ýeterlik taýýarlykly bolmandyr. Olary sözüñ doly manysynda ýeterlik intellekitli intellegensiýa wekili diýip kabul etmek kyn. Ahun-mollalaryñ esasy sosial funksiýasy dini sowat ýaýratmaga, Alla gulluk etmegi wagz etmäge, yslam idialogiýasyny we dini kada-kanunlar arkaly jemgyýet ruhyýet binýadyny berkitmäge syrygypdyr.

Patyşa Russiýasy baknalyk döwürde ülkämize dünýewi bilim sistemasy ornaşýar. Ol oblastda rus-ýerli mekdepleriñ açylmagy bilen baglydyr. Şeýle ilkinji mekdep 1882-nji ýylda Gyzylarbatda soñra Sarahsda, Garrygalada, Bäherdende, Tagtabazarda, Tejende açylypdyr. 1891-nji ýylda Asgabatda atly dwizionyñ ýanynda-da mekdep açylýar. 1900-nji ýylda Zakaspide şeýle mekdepleriñ 10-sy bar eken. Rus-ýerli mekdeplerde türkmenleriñem, ýewropalylaryñam çagalary bolupdyr. Okuwlar rus dilinde we krilisa elepbiýinde alynyp barylypdyr. Okuwçylar ýazmagy, okamagy, rusça gepleşmegi we hasap-hesip etmegi öwrenipdirler. Ol mekdepleriñ esasy maksady kolanial administrasiýa üçin wepaly işgärleridir dilmçlary taýýarlamakda hem-de ýerli ilaty ruslaşdyryp başlamakdy. Ýerli ilatyñ bir böleginiñ , esasan hem ruhanylaryñ garşy bolmagyna garamazdan, rus-ýerli mekdepleriñ täsiri kem-kemden artýar. Olarda okaýan türkmen çagalarynyñ sany ýuwaş-ýuwaşdan köpelýär. Türkmen magaryfçylary Tatýana Tekinskaýa, Ýomut han şol mekdeplerde çagalara sowat berip, geljekki intellegensiýanyñ döremegine yol arçadylar. Türkmen milli intellegensiýasynyñ

görnükli wekilleri Gaýgysyz Atabaýew , Muhammetguly Atabaýew, Nedirbaý Aýtakow, Kümüşaly Berdiýew , Çary Wellekowdagy ilki rus- ýerli mekdeplerde sowat alýarlar.

Oblas derejesinde iş dolandyryşyñ rus dilinde ýöredilmegi, rus – ýerli mekdeplerde sapaklaryñ rusça geçirilmegi Kirill hatynyñ ýaýramagyna şert döredýär. Bu döwürde Zakaspide rus grafikasynda gazetlerdir kitaplar çykyp, türkmen sözleri-de şol elepbi bilen transkribirlenip başlaýar. Şeýlelikde , Kirill grafikasy Türkmenistanda XIX asyryñ ahyrlarynda resmi hata öwrülýär.

Zakaspide ýörite we orta okuw jaýlary hem açylýar. XIX-XX asyryñ sepgidinde türkmenlerde ilkinji ofiser kadrlary hem ýetişýär. Olardan N. Ỳomut hany, Dykma serdaryñ ogly Oraz serdary, Nurberdi hanyn ogly Ỳusup hany, H. Hajymyradowy, S. Öwezbaýyewi atlandyrmak bolar. Dogry, Annamuhammet Garaş han (Ỳomudskiý) öñuräkden bäru patyşa goşunynyñ abraýly polkownigidi. XX asyryñ başlarynda örän çäkli bolandygyna garamazdan, Zakaspide rus dilinde kitap neşir etmeklik ýola goýulýar. Ony şahsy çaphanalar amala asyrdy.

1896-njy ýylda Asgabatda 15 müñ kitap fondly jemgyýetçilik kitapkanasynyñ açylmagy ýurduñ medeni durmuşynda uly wakady. Ol häzirki milli kitaphananyñ başlangyjydy. 1899-njy ýylyñ 17-nji Nowruz aýynda Asgabatda Zakaspi oblast müzeýi açylýar.Ol hem häzirki Türkmenistanyñ Milli taryhy we etnografiýa muzeýiniñ esasy bolup hyzmat edipdi.Halkyñ medeni derejesiniñ görkezaijileriniñ ýene biri saglygy saklaýyşdyr. Baknalyk döwürde esasan öñden gelşi ýaly, halk medisinasy boýunça işleýän tebipler ilatyñ saglygynyñ goragynda durýardy. Kolanial administrasiýanyñ tagallasy bilen Türkmenistanyñ şäherlerinde, şaherçelerinde keselhanalar hem açylyp başlanypdy, ülkämize dürli-dürli dermanlar getirilip ugralypdy. Dogry, entek medisina işleriniñ derejesi pesdi. 1913-nji ýylda Zakaspi oblastynda bary-ýogy 70 lukman bolup şolardan 13-si

stomatologlardy (diş lukmanlary). Keselhanalarda 277 adam bejerer ýaly orun bardy. Olar hem esasan administratiw işgärlere hyzmat edärdi. Umuman, şäherlerde döredilem medeni ojaklarynyñ ählisi hem hakykatda gelmişek ýewropalylar üçindi.

Halkyň dilden-dile geçýan halk döredijiliginde (folklýorda) XIX-nji asyryň ahyrynda- XX-nji asyryň başynda ösýar. Türkmen halk döredijiligi mazmuny boýünça örän baýdyr.

Türlmen halky bagşy-sazandarlara uly hormat goýupdyr we goýýar. XIX-XX asyrlarda sepgidinde Zakaspide onlarça bahşy has daş raklarda-da tanalupdyr. Meselem: Sary bagşy, Hally bagşy, Oraz salyr, Çowdur bagşy, Agajan bagşy we beýlekiler.Şeýle bagşylarynyň biri, saz sungatynda uly yz galdyryp sazandalaryň biri Kel bagşy bolýar. Ol 1860 ýylda Gökdepäniň Yzgant obasynda eneden dogulýar.

Kel bagşynyň halypasy Amangeldi Gönibek ady bilen halk arasynda tanalypdyr. Türlmen aýdym saz sungaty barada gürrüň edilende Şükür bahşynyň adyny tutman geçmek bolmaz.Halk mümlinçilik topsa diňe aýdym-saz diňlemek bilen çäklenmän, eýsem dürli oýunlarada gümre bolupdyr. Patyşa hökümet kolonial döwürde medisina düýbünden diýen ýaly serişde goýbermändir.

**Baknalyk döwründe maddy medeiýeti.** Asyrlaryň dowamynda türkmen halky özboluşly senetçilik-bezeg sungatyny döretdy.

Bu sungatyň iň ýokary kämillik derejä ösüp ýeteni halyçylykdyr.Türkmen halylarynyň öwrenmekde, olary wagyz etmek Russiýanyñ ylmy belli yz galdyrýar. Russiýanyñ merkezi şäherlerde halylar kolleksiýa hökmünde ýygnalyp başlanýar.

XIX-XX asyrlaryň sepgidinde rus we ewropa jemgiýeti türkmen halylary bilen tanyşýar. Türkmen halylary sergilere gatnaşyp başlaýar.

Türkmen halylary barada rus awtorlary XX-nji asyryň başynda bir-näçe kitaplar ýazýarlar.

XIX asyryñ ahyrlaryndan şäher medeniýeti täzeden ösüp başlaýar. Ol ilkinji nobatda ülkede syýasy ýagdaýyñ kadalaşmagy bilen baglydy. Kolanial hökümet Krasnawodsk, Asgabat, Tejen ýaly täze şäherleriñ düýbini bu döwürde tutupdy. Asgabat şäheri XX asyryñ başynda sözüñ doly manysynda Zakaspiniñ administratiw, ykdysady we medeni merkezine öwrülipdi. Onuñ ýaşaýjylary, harby bölümlerdäki gullukçylary hasaba almanyñda , 40 müñe golaýlapdyr. Onda birnäçe uçilişe, muzeý, kitaphana, iki ussahana, 4 çaphana, 4 klub, sirk we onlarça senagatdyr bank kärhanalary bolupdyr. Asgabatda söwda bazary hökmünde ýewropaly, aziýaly täjirleriñ 100 –e golaýy hem-de söwda nokatlary ýerleşipdir. Asgabat bazary belli gündogar bazaryna öwrülipdir.

Baknalyk dürde esasan halyçylyk önümçiligi hil taýdan aşaklady. Dogry, bir tarapdan, türkmen halysy üçin dünýä bazaryna giñ ýol açylyp , oña bolan isleg artan bolsa, beýleki tarapdan, emeli reñkiñ köp ulanylmagy, önümçilik üçin goýunlaryñ içeden-ýumşak ýüñüniñ ýetmezçiligi halylaryñ hilini göz- görtele peselmegine alyp bardy. Ol indi öñki inçe sungat gözelligini köp derejede ýitiripdi. Gynandyryjy faktlaryñ biri-de zenanlarymyzyñ ukyb başarnyk, zähmet baryny siñdirip, ussatlyk bilen dokap, nepis sungat derejesine ýetiren halylary dürli ýollar –talañçylyk, söwda-satyk arkaly türkmen topragyndan uzaklara düşenligidir. Şeýle nusgalaryñ käbir hat-da häzir biziñ haly muzeýimizde –de ýok. Türkmen halysynyñ keç ykbalyna garamazdan, rus awtorlary ol barada birnäçe kitap çykarypdyrlar. S.M. Dudiniñ, A. Bogolýubowyñ, A.A. Semýonowyñ we A. Selkerzabyñ türkmen halysyna bagyşlanan işleri has ähmiýetlidir.

Oguz han atamyzyñ zamanyndan gözbas alyp gelän üýtgeşik öwüşgini, täsin reñkelri, göni geometrik çyzyklary bilen akylyñy haýran edýän türkmen halylary ösen, bütewi döwletiñ ölmez-ýitmez sungatyna degişlidir. Türkmenler

XVIII-XIX asyrlarda tire-taýpa bolup göçüp-gonup ýören döwürlerinde-de bu beýik sungaty ýitirmän saklap gelipdirler.

Baknalyk döwründe türkmenleriñ alty-kümüş şaý-sepleriniñ ykbaly-da halylaryñka çalymdaş boldy. Netijede, ata-babalarymyzdan, ene-mamalarymyzdan nesilme-nesil aýlanyp gelýän ajaýyp nusgalar ata watandan juda düşdi.

Türkmen şaý-sep, zergärçilik sungatyna keramat hökmünde garalýar. Biziñ gadymy şaý-seplerimiz peri-peýker ýaly gözelleriñ bezegi bolup geldi. Türkmen bedew atyny hem şaýlamagy hökmany bilýär. Dünýä bazarlarynda gadymy şaý-seplerimize örän gymmat baha kesilär. Dünýäniñ meşgur kinoýyldyzlary, teatr ýyldyzlary, sungat, edebiýat bilen dahylly meşgur zenanlary hökmandan-hökman türkmen şaý-seplerini dakynmagy dereje bilýärler.

## Peýdalanylan edebiýatlar


1. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. - Aşgabat, 2009.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. – Aşgabat, 2009.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat, 2009.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. – Aşgabat, 2008.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.
6. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
7. Berdimuha medow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
8. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2008.
9. Berdimuhamedow Gurbanguly. Beýik Galkynyş eýýamynyň Konstitusiýasy hakynda. – Aşgabat, 2008.
10. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
11. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. – Aşgabat, 2007-2008.
12. “Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany. // Türkmenistan, 2007, 16-njy fewral.
13. “Bilim – terbiýeçilik edralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň karary. //Türkmenistan, 2007, 5-nji mart.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Beýik özgertmeleriň ýyl ýazgylary. – Aşgabat, 2007.
15. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. –Aşgabat, 2007.

16. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. – Aşgabat, 2007.
17. Türkmenistanyň Prezidenti G.M.Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. – Aşgabat, 2007.
18. Saparmyrat Tűrkmenbaşy. Ruhnama. –Aşgabat, 2001.
19. Türkmenistanyň taryhy boýunça hrestomatiýa. – Aşgabat, 1992.
20. TSSR –iň taryhy. 1j., 1-2 kitap. – Aşgabat, 1959.
21. Türkmenistanyň taryhy. Ç. Ýazlyýew. Red. bilen. 1 kitap. – Aşgabat,1994
22. Türkmenistanyň XIX – XX a.a. sepgidindäki taryhy we ony okatmagyň problemalary – Ýokary okuw jaýlarara ylmy – praktiki konferensiýadaky çykyşlaryň gysgaça mazmuny. – Aşgabat, 1997.
23. Türkmenistanyň halylary. Aşgabat, 1983.
24. Türkmen halk döredijiligi boýunça oçerk. Aşgabat, 1967.
25. Türkmen edebiýatynyň taryhy. 2 t. Aşgabat, 1976.
26. Sowet Türkmenistnyň taryhy. 1-2 kitaplar (1917-1970) – Aşgabat, 1970.
27. Türkmenistanyň XIX – XX a.a. sepgidindäki taryhy we ony okatmagyň problemalary – Ýokary okuw jaýlarara ylmy – praktiki konferensiýadaky çykyşlaryň gysgaça mazmuny. – Aşgabat, 1997.
28. Magtymguly we dünýäniň ruhy-medeni gymmatlyklary. Halkara ylmy maslahatynyň çykyşlarynyň gysgaça beýany. – Aşgabat, 2008.
29. Medeni miras – dünýäniň medeni we ruhy Galkynyşlarynyň taryhyny öwrenmegiň çeşmesi. Halkara ylmy maslahatynyň çykyşlarynyň gysgaça beýany. – Aşgabat, 2008
30. Türkmen hanlary we serdarlary. – Aşgabat, 1992.
31. Atagarryýew Ýegen, Annanepesow Myrat. Türkmenistanyň taryhyndan materiallar .-Aşgabat, 1995.
32. Abdysetdar Kazy. „Jeňňama“.Tekeleriň uruş kyssa kitaby.-Aşgabat.1992.

33. Abulgazy Bahadur han.“Şejera-i terakime.-Aşgabat,1992.
34. Ataýew K. XVIII asyr türkmen edebiýaty. Aşgabat, 1988.
35. Begjanow A. Gömülen akabalar, göçülen ýurtlar. – Aşgabat, 1992.
36. Begjanow A. Maňgyşlak türkmenleri XVIII-XIX asyrlarda –Aşgabat,1993
37. Восстание 1916 г в Туркмении, Документы и материалы,- Ашхабад, 1938
38. История Туркменистана. Учебные пособия. - Ашхабад, 1966,
39. История сельского хозяйство и дайханства Советского Туркменистана (1917-1970) 1-2 т. – Ашхабад, 1972.
40. История культуры Советского Туркменистана – Ашхабад, 1972.
41. Материалы по истории туркмен и Туркмении,В 2 томах,-М,Л,1938-1939,
42. Очерки истории рабочего класса Туркменистана – Ашхабад, 1972.
43. Памятники архитектуры Туркменистана. Ашхабад, 1974.
44. Присоединение Туркмении к России,Сборник архивных документов- Ашхабад, 1960
45. Русско – туркменские отношения в XVШ – XIX в.в. (до присоединения Туркмении к России)., сб.архив. док-ов, - Ашхабад, 1963.
46. Амантыев О. История Туркменистана XVШ в. – Ашхабад, 1996.
47. Аннанепесов М. Хозяйство туркмен в XVIII – XIX в.в. – Ашхабад, 1972.
48. Аннанепесов М. Укрепление русско – туркменских отношений в XVIII – XIX. – Ашхабад, 1981.
49. Гундогдыев О. Туркменистан глазами европейских авторов XIX - начала XX вв. – Ашхабад, 2008.

50. Довлетов Д., Ильясов А. Присоединение Туркмении к России. – Ашхабад, 1972.
51. Каррыев А. и др. Очерки истории туркменского народа и Туркменистана в VП – XIX в.в. – Ашхабад, 1954.
52. Максимович Ф.К. Социально – экономический строй Закаспийских туркмен на кануне присоединения к России – Ашхабад, 1992.
53. Nuryýew A. XVI-XIX asyryň ortalarynda türkmen-Hywa gatnaşyklary. // Halypa. 1993, N8-9.
54. Язлыев Ч. История и хозяйственное развития населения средного Мургаба (XIX-начало XX вв,)-Ашгабат,1983.
55. Язлыев Ч. Туркменская сельская община – Ашхабад, 1992.

**MAZMUNY:**


| | | |
|---|---|---|
| 1. | **Giriş……………………………………………..** | **7-16** |
| 2. | **XVII-XIX asyryñ birinji ýarymynda türkmenleriñ goñşy döwletler bilen gatnaşygy. Türkmen-Eýran gatnaşyklary……………….** | **17-32** |
| 3. | **Türkmen Hywa gatnaşyklary………………..** | **32-45** |
| 4. | **Türkmen-Buhara gatnaşyklary......................** | **45-50** |
| 5. | **XVII-XIX asyryň birinji türkmen-rus gatnaşyklary……………………………………..** | **50-84** |
| 6. | **Müňgyşlak türkmenleri XVII-XIX asyryň I ýarymynda……………………………………..** | **84-91** |
| 7. | **XVII-XIX asyrlaryň I ýarymynda türkmenleriň Watanymyzyň çäklerinde göçhä-göçlükleri we ýerleşen ýerleri……………………..** | **91-98** |
| 8. | **XVII-XIX asyryň I ýarymynda türkmenleriň syýasy we durmuş-ykdysady ýagdaýy……….** | **98-107** |
| 9. | **XVII-XIX asyryň birinji ýarymynda türkmen halkynyň medeniýeti…………………………….** | **108-116** |
| 10. | **Turkmenistany patyşa Russiýasynyň basyp almagynyň sebäpleri………………………….** | **117-122** |
| 11. | **Hywa hanlygynyň patyşa Russiýa tarapyndan basylyp alynmagy..............................................** | **122-127** |
| 12. | **Kenarýaka türkmenleriniň Russiýa biriktirilmegi...................................................** | **127-133** |
| 13. | **Türkmen halkynyñ 1879-1881 ý.ý. Watançylyk urşy..................................................................** | **133-170** |
| 14. | **Marynyň, Murgap sebtiniň Russiýa birikdirilmegi…...............................................…...** | **170-180** |
| 15. | **Türkmenistanyň patyşa Russiýasy tarapyndan basylyp alynmagynyň taryhy netijeleri..........** | **180-186** |
| 16. | **Türkmenistan baknalyk döwürde. Zakaspi oblasty……......................................................** | **186-190** |

| | | |
|---|---|---|
| **17.** | **XX asyryñ başlarynda Hywadaky we Buharadaky türkmenleriñ ýagdaýy....................** | **191-198** |
| **18.** | **Türkmenistan XX asyryñ başlarynda we I jahan urşy ýyllarynda……………………………** | **198-206** |
| **19.** | **1916- ýylyň milli-azat edijilik hereketi……..…..** | **206-217** |
| **20.** | **XIX asyryñ II ýarymynda - XX asyryñ başynda Türkmenistanyň medeniýeti................................** | **217-233** |